TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY

N. Suwhanow

# F I L O S O F I Ý A

## Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Aşgabat-2010

## Giriş.

Biziň döwrümiz durmuşyň ähli taraplaryny täzeçe gurnamagy talap edýär. Sebäbi türkmen jemgyýeti özgerýär, täze belentliklere galýar. Şonuň üçin onuň ykdysady, syýasy we medeni durmuşy oýlanşykly ölçegler bilen alnyp barylmaly. Netijeli pikir ýöredip, erkin, azat hereket edip bilýän adamlar taplanmaly. Täze zähmet etikasy döremeli bolýar. Şunuň ýaly düýpli özgerişleriň döwründe adamlaryň akyl-paýhasly hereket etmekleri üçin, olaryň jemgyýetde bolup geçýän hadysalara düşünip,ony düşündirip hem-de bahalandyryp bilmekleri wajypdyr. Şeýle pähim-paýhasyň we ukybyň döremekligi üçin bolsa täze aň, täze ýol-ýörelge, umuman, adamlaryň täzeçe pikirlenmekleri gerek.

Aslynda adama pikirlenmeklik mahsusdyr. Ol beýleki jandarlardan tapawutlylykda pikirlenmeklige ukyply bolýar. Emma, bu ukyp ähli adamlarda birmeňzeş bolup bulmeýär. Onuň dürli görnüşleri we dürli derejeleri bolýar. Biz taryha ser salyp, adamyň pikirlenmeklige bolan ukybynyň kem-kemden kämilleşýänligini, onuň täze derejä galyp, degerli logiki we ylmy usullara eýe bolýandygyny görýäris. Şeýle özgeriş adamzat ösüşiniň aýgytly pursatlaryna has hem häsiýetli bolýar. Sebäbi, düýpli özgeriş täzeçe garaýşyň, täzeçe pikirlenmekligiň esasynda ýüze çykýar. Galkynyş eýýamyna hem şeýle ukyba eýe bolan adamlar gerek.

Özgerýän jemgyýetde täzeçe pikirlenmegiň kemala gelmegi has uly meseläniň - täze adamy ýetişdirmek işiniň aýrylmaz bölegi bolup çykyş edýär. Bu ýerde şahsyýet bilen jemgyýetiň özara täziri üýtgeýär. Eger kadaly ösüş döwürlerinde şahsyýet belli bir derejede jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň düzüminiň aýratyn şöhlelenmesi bolýan bolsa, jemgyýetiň düýpli özgerýän döwründe durmuşyň jemgyýetçilik şertleri adam hereketiniň netijesi bolýar. Jemgyýetde adamyň täsiriniň güýjemegi, şol sanda ylmyň we bilimiň ähmiýetiniň artmagy, pikirlenmegiň we akyl ýetirmekligiň täze derejä galmagy bilen bagly bolýar.

Adam görüp, eşidip, gören-eşiden zatlaryny aňynda aýlap, bu dünýäniň çylşyrymly hadysalaryna, wakalaryna akyl ýetirýär. Pikirlenmeklik bu ýerede akyl ýetirmekligiň ygtybarly usuly, iň ýokary basgançagy bolup, barlyk hakykatyny şöhlelendirýär. Ol akyl ýetirmäniň duýgy görnüşinde hakyky dünýäniň gatnaşyklary, häsiýetleri barada alyp bolmaýan maglumatlary almaklyga mümkinçilik berýär. Diýmek, häzirki döwürde adamlaryň täzeçe pikirlenip, hakykata akyl ýetirip bilmekleri gerek. Olar Galkynyş eýýamynyň öňe çykarýan derwaýyslyklaryndan ugur alyp, täze düşünjeleri, täze kesgitlemeleri işläp düzmekligi başarmalydyr. Hormatly Prezidentimiz öz çykyşlarynda ýurtda başlanan köp taraply reformalaryň bizden syýasy-hukuk pikirlenmäni talap edýänligini we Galkynyş eýýamynda öňe sürülen maksatlary amal etmeklik üçin täzeçe pikirlenýän adamlaryň gerekligini yzygiderli belleýär. Täzeçe pikirlenmeklik köp zada bagly bolýar. Onuň üçin ilki bilen dil baýlygy hem-de filosofiki medeniýet gerek. Milletiň pikirleniş örüsiniň giňemekligi üçin ilki bilen onuň dili baýlaşmaly. Diňe milletiň diliniň, onda ulanylýan işlik görnüşleriniň, düşümleriň, sypatlaryň, umuman, baý sözlük düzüminiň kömegi bilen pikiriň örän inçe öwüşgünlerini aňladyp bolýar. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllaryndan türkmen diliniň many goýazlygyny artdyrmak ugrunda başlanan aladalar häzirki döwürde täze hile galdy. Şu gün türkmeniň edebi dili - Hoja Ahmet Ýasawynyň, Magtymguly Pyragynyň, Berdi Kerbabaýewiň dili täze döwrüň adalgalary bilen baýlaşyp, sagdyn görnüşde biziň jemgyýetimize gaýdyp gelýär. Diliň sagdynlygy pikiriň saplygyna we sagdynlygyna esas döredýär. Diýmek, biz türkmen diliniň geljekde hem ösmekligi barada alada edip, adamlaryň ene dilimiziň bu dünýäniň gözelliklerini açmaklyga döredýän çäksiz mümkinçiliklerine eýe bolmaklaryny gazanmaly.

Alymlaryň pikiriçe pikirlenme-de şygyrýetem geçmişde ilkinji goşgudan döräpdir. Umuman, pikirlenmeklik şahyranalyk diýilse ýalňyş bolmasa gerek. Hakyky filosof lar

we hakyky şahyrlar diliň arassa owazyna gulak asyp, şol owazy özlerinde açýarlar. Şonda olar döredijilik derejä galyp, dünýäniň öň aňlanylmaýan taraplaryny aýan edýärler. Türkmeniň beýik akyldarlary, aýratynam dana Magtymguly Pyragy şeýle ukyba eýe bolupdyr. Ol diňe bir halkymyzyň nusgawy şahyry bolman, eýsem, beýik akyldary, filosofy bolupdyr. Beýik Magtymguly türkmeniň Eflatunydyr (Platonydyr). Şahyr akyl ýetirmäniň, filosofiýanyň usullaryny ele alyp, täze pikir gymmatlygyny açmaklygy başarypdyr. Geçmişde akyldarlar akyl ýetirmekligiň nusgalyk taglymatlaryny döredipdirler. Biz täzeçe pikirlenmeklik üçin ilki bilen şol mirasa eýe bolmalydyrys.

Gadymy grek filosofy Platonyň adamlary akyl ýetirmekligiň usullary bilen ýaraglandyrmagyň ähmiýetini görkezýän gowak barada bir ajaýyp mysaly bar. Ol adamlaryň köpüsini gowakda çykalga arkasyny öwrüp oturanlara meňzedýär. Olar yzlaryndan geçip barýan adamlaryň, jandarlaryň, arabalaryň kölegelerini öňlerindäki diwaryň ýüzünde görýärler. Olar özleriniň görýän zatlaryny mümkin bolan ýeketäk, hakyky dünýädir öýtýärler. Eger olaryň ýüzlerini ýagtylyga, hakyky dünýä öwürseň, gözlerini ýumup, ony kabul etmejekdiklerini akyldar belleýär. Ýöne şonda-da olaryň ýüzlerini hakykata öwürmeklik gerek. Filosofiýa sungatyň we diniň edýän işleri ("ýagtylyga" öwürmek) bilen meşgul bolýar. Ýöne sungatdan tapawutlylykda filosofiýa duýga däl-de paýhasa ýüzlenýär, dinden tapawutlylykda bolsa hakyky we sagdyn durmuşyň şu dünýede we şu döwürde boljaklygyny nygtaýar.

Dürli filosofiki akymlar filosofiýanyň şu wezipesini amal etmeklik üçin gadymy döwürlerden biziň döwrümize çenli pikirlenmek usullarynyň degerli görnüşlerini işläp düzüpdirler. Şolaryň üsti bilen adamzat bu dünýäniň gizlin syrlaryny açyp bildi. Akyl ýetirmeklik bolsa ylmy görnüşe eýe boldy. Ylym we ylma esaslanýan tehnologiýa şindi görülmedik derejä galdylar. Ýöne XX asyrda ylmy-tehniki ösüşiň döreden kynçylyklary, adamlaryň ylma bolan ynamyny kemeltdi. Biziň

jemgyýetimizde bu döwür has hem çylşyrymly boldy. Garaşsyzlykdan öňki ýyllar biziň ýurdumyzda agalyk eden marksistik filosofiýa adamlaryň aňyna häzirki Galkynyş eýýamynda jemgyýete işewir ornaşdyrylýan bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryna ýigrenç döretmeklige çalyşdy. Ol ýyllar jemgyýetçilik aňy köpçülikleýin paýhasy kemala getirip, adamyň özbaşdak pikir ýöretmeklik ukybyny peseltdi. Täze döwür şol ýyllaryň pikirlenmeklik işinde başartmajak düýpgöter täze meseleleri öňe çykardy. Hakykatdan hem ozalky ylmy-filosofiki akyl ýetiriş usullary täze meseleleri hakyky manysynda açmaklyga esas bolup bilmeýärler. Şonuň üçin biz indi şol usullaryň döredýän kynçylyklaryny aradan aýryp, täzeçe pikirlenmekligi başarýan adamlary ýetişdirmeli. Bu iş örän wajyp, şol bir wagtda hem örän çylşyrymlydyr. Şeýle ýagdaýdan baş çykarmaklyk üçin filisofiki medeniýet gerek. Onda-da täze döwre kybapdaş medeniýet gerek. Häzirki biziň dünýä – tebigat we jemgyýet baradaky düşünjelerimiziň düýpli üýtgeýän döwründe şol medeniýet pikir ýöretmäniň täze usullaryny özleşdirmeklige esas bolmalydyr. Täze usullaryň gerekliligi bolsa her bir ädimde duýulýar. Sebäbi geçmişde biziň ugur alyp gelen filosofiki ýörelgelerimiziň köpüsi şu gün täzeçe düşündirişi talap edýär. Mysal üçin, XX asyryň uzak döwründe ylymda, soňra bolsa ykdysady we syýasy pikirleniş gurşawynda ýeketäk ýörelge hökmünde ulanylan gapma-garşylyklaryň göreşini we biri-birini ret etmekleri baradaky dialektikanyň kanunyny täzeçe aňlatmaklygyň gerekligini nygtaýanlar az däl. Bu ýerde ýüze çykýan täsinlik gapma-garşylyklara bolan täze garaýşyň, onuň öňki görnüşleriniň çägine sygmaýanlygy bilen baglydyr. Ony biz üstüni ýetirme konsepsiýasynyň mysalynda görüp bileris. Bu konsepsiýany geçen asyryň belli fizigi Nils Bor öz döwründe öňe sürüpdir. Üstüni ýetirme gapma-garşylyklary çözmeklige garşy duran hadysalary täze bitewilige birleşdirmeklik esasynda gazanmaklygyň usulyny açyp görkezýär. Şu hili birleşdirilen gatnaşyga girýän hadysalaryň her biriniň özboluşlylygynyň

saklanyp galýandygyny we olary belli bir çäklemeler esasynda sazlaşdyryp bolýandygyny bellemeli. Bu sazlaşyk häzirki döwürde öňe sürülýän jemgyýetçilik durmuşyny gurmaklygyň täze görnüşlerine itergi berdi. Ol adamzadyň öňünde dörän (mysal üçin, ekologiki, terrorçylyk) we döräp biljek howpa garşy durmaklyk üçin täze bir jemgyýetçilik bitewiligine birleşmeklige esas döretdi. Şonda her bir jemgyýetçilik-syýasy birleşme beýlekini aradan aýyrman, eýsem, onuň üstüni ýetirýänligini bellemelidir. Bu ýerde taryhy özgerişe gatnaşýanlaryň her biriniň öz özboluşlylygyny we saýlan ösüş ýoluny saklap galmaklygyna esas döreýär. Bu özgerişleriň maksady jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşyny döwrebap derejä galdyrmaklykda bolýar.

Häzirki döwürde biziň jemgyýetimizde täze adamlary ýetişdirmeklik üçin ýurduň içerki tagallalaryny daşarky mümkinçilikler bilen utgaşdyrmaklyk gerek. Olary netijeli ulanmaklyk üçin dünýäni, hadysalary, wakalary bitewilikde, ulgamlaýyn görnüşde görmeklik gerek. Eger hünärmen ony başarmadyk ýagdaýynda oňa öňünde duran meseleleri häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda çözmek örän kyn bolar. Diýmek, täzeçe pikirlenmeklik üçin ulgamlaýyn garaýyş esasynda gapma-garşylyklary utgaşdyrmaklyk ukybyna eýe bolmak gerek. Şeýle utgaşdyrmanyň möhümligi bilim ulgamynyň mysalynda aýdyň görünýär. Çünki, olaryň tebigatynyň özi diňe bir milli häsiýetli bolmak bilen çäklenmän, eýsem has köp derejede milli çäklerden çykýanlygy bilen tapawutlanýar. Biziň döwrümizde milli we umumadamzat gymmatlyklarynyň sazlaşykly baglanşygyna, biri-biriniň üstüni ýetirýän bitewi ruhy hadysalar hökmündäki baglanşygyna akyl ýetirmeklik gerek. Şu zerurlyklardan ugur alyp, Hormatly Prezidentimiziň görkezişi ýaly biziň bilimi ösdürmeklik syýasatymyzyň möhüm bölegi dünýäniň esasy ylym we bilim merkezleri bilen halkara hyzmatdaşlyklary ýola goýmakdan ybaratdyr. Häzirki döwürde türkmen döwletiniň syýasaty şeýle hyzmatdaşlygyň esasynda jemgyýetiň ähli ugurlaryny döwrebaplaşdyrmaklygy maksat edinýär.

Jemgyýetiň durmuşynyň ähli ugurlarynda täzeçe pikir ýöredip bilýän adamlaryň ýetişmekleri şu syýasaty amal etmekligiň wajyp şerti bolýar. Bu ýerde bir zady berk bellemeli, netijeli pikir ýöretmezden diňe bir ähli derejedäki ýolbaşçy işgärler däl, eýsem, ykdysadyýetde, syýasatda, medeniýetde işleýän hünärmenler hem Galkynyş eýýamynyň öňe sürýän meselelerini çözüp bilmezler. Şonuň üçin geljekki hünärmenleriň ylym, bilim derejesini ýokarlandyrmaklyk ýurduň bilim ulgamyny kämilleşdirmek barada kabul edilen permanlardyr-kararlaryň aýrylmaz bölegi bolýar. Biziň garaýan meselämize degişlilikde bu ýerde öňe çykýan wezipeler ýokary mekdepde okadylýan ähli dersleri, şol sanda jemgyýetçilik ylymlaryny okatmakda täze derejä galmaklyk bilen baglanyşyklydyr. Soňky döwürde geljekki hünärmenleriň ynsanperwer taýýarlygyny ösen ýurtlaryň ýokary mekdepleriniň tejribesi esasynda kämilleşdirmekligiň ýollary gözlenilýär. Biz bu tejribäni türkmen halkynyň milli aýratynlyklary we ýurdumyzda başlanan Galkynyş eýýamynyň talaplaryna görä özleşdirmelidiris.Şonuň üçin Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalary bilen ýokary okuw mekdeplerinde täzeden okadylyp başlanan jemgyýetçilik ylymlary, şol sanda “Filosofiýa” dersi döwri aňlamagyň ygtybarly guraly bolmalydyr. Şeýle wezipäni amal etmeklik üçin bu ders öwrenilende filosofiýa ylmynda jemlenen adamzat paýhasy Hormatly Prezidentimiziň eserlerinde öňe sürülen Galkynyş eýýamynyň ýol-ýörelgeleri barada oý-pikirleri bilen bilelikde açylyp görkezilmegi gerek. Şonda täzeçe pikirlenip bilýän geljekki hünärmenleri ýetişdirmeklik üçin ylmy we usulyýet esas dörär. Şonuň ýaly-da bu ders öwrenilende, onuň haýsy hem bolsa bir akymyny däl-de, ähli ugurlaryny özünde jemleýän filosofiýa ylmyny öwrenmekligi ýola goýmaklyk gerek. Bu çäreleriň netijesinde logiki we ylmy pikirlenmek usulyna eýe bolan adamlaryň döredijilik we gurujylyk güýçleri artar.

# I bölüm.
# Filosofiýa we onuň jemgyýetiň hem-de adamyň ýaşaýyş durmuşyndaky orny we ähmiýeti.

## Filosofiýanyň predmeti we onuň ylmy, bilimler sistemasyndaky orny.

Filosofiýanyň manysy akyl ýetirmeklik we hakyklygyň gözlegi bilen baglydyr. “Filosofiýa” grek sözi bolup,ol has gadymky ylymlara degişlidir. Grekçe “phileo“-söýgi, “sofia“-paýhas diýmekdir. Şeýlelikde, ol paýhasa bolan söýgi diýen manyny aňladýar. Ýöne bu filosofiýanyň many-mazmunyny açmaklyga doly esas bolup bilmeýär. Filosof bolmaklyk üçin paýhasa söýgi wajyp şertdir, emma, ol ýeterlik däldir.

Filosofiýanyň manysyny anyklamaklyk üçin ilki bilen biz “Paýhas name?” diýen soraga jogap berjek bolalyň. Özem bu jogaby geçmişde şu mesele barada akyldarlaryň öňe süren pikirleriniň üsti bilen düşündirmeklige çalşalyň.

Beýik grek akyldary Pifagor (b.e. öňki VI asyryň aýagy – V asyryň başy) bilen baglanylýan bir jümlä ýüzleneliň. Onda, ýaşaýyş täsin, ol ýaryş meýdanyna meňzeýär: käbirleri oňa ýaryşmaklyk üçin gelseler, başgalar söwda etmeklige, iň bagtyýarlary –seretmeklige gelýärler; şonuň ýaly hem bir entegi, gullar kimin şöhrata we gazanja gysganç bolup dogulýarlar. Filosoflar bolsa olardan tapawutlylykda diňe hakykata mätäç bolýarlar. Görşümiz ýaly, Pifogor “paýhasyň” manysyny hakykylygy gözlemekde görýär. Gadymy grek filosofy Geraklit ( takmyndan b. e. öňki 520- 460-njy ýyllar) hem şu pikire eýeripdir. Ýöne käbir filosofiki akymlaryň wekilleri, mysal üçin, sofistler (grekçe sophists-ussa, suratçy) bu pikir bilen ylalaşmandyrlar. Olaryň pikiriçe “paýhas” hakykylygy gazanmak däl-de, eýsem, her kimiň öz dogry we peýdaly diýen zadyny subut edip bilmeklik ukyby bolupdyr. Dogry we peýdaly hasaplan zadyňy subut etmek üçin bolsa ähli usullary, hatda durli hilegärligi, mekirligi ulanmaklyk mümkin. Şonuň üçin sofistleriň pikir ýöredişi ýalan delillere, esaslara we düşünjeleri çalyşmaklyga daýanypdyr.

Meşhur gadymy grek akyldary Platon (b.e. öňki 428*I*427-347-nji ýyllar) filosofiýanyň wezipesini baky we gutarnykly hakykylyklara akyl ýetirmeklikde gören. Akyldaryň pikirine görä, bu wezipäni diňe doglanda paýhas ukybyna eýe bolan adamlar başarýarlar. Filosof bolup ýetişip bolanok, diňe doga filosof bolup bolýar diýip, Platon belleýär.

Aristoteliň (b.e. öňki 384-322-nji ýyllar) pikiriçe bolsa, filosofiýanyň wezipesi dünýädäki ählumumylyga akyl ýetirmekdir. Onuň predmeti barlygyň başlangyçlary we sebäpleri bolýar. Ol filosofiýany ýeketäk **özüne** gerekli ylym hasaplaýar. Diýmek, Arestotel bilimiň we düşünmäniň ilki bilen özüňe gerekligini ýüze çykarypdyr.

Filosofiýanyň predmeti düşünmekligiň sosial-taryhy şertler bilen baglydygyny hem görkezýär. Mysal üçin, filosofiýa antiki jemgyýetiň dargap başlan döwründe adamy geljek hem-de ezýet gorkusyndan azat etmek üçin gerek bolan taglymatlaryň ýüze çykmaklygyna esas döredipdir. Şeýle taglymaty öz döwründe görnükli grek filosofy Epikur (b.e. öňki 370-241 ýyllar) öňe sürýär. Ol adam üçin ölüm gorkusyny ýeňip geçmekligiň wajyplygyny nygtap: erbetligiň iň elhenji bolan ölümiň bize hiç bir dahyllygy ýok: biziň bar wagtymyzda ölüm şindi ýok, haçan ölüm gelen wagty bolsa eýýäm biz ýok diýip belleýär. Şeýlelikde, ýaşaýanlar üçin hem, ölüler üçin hem ölüm ýok. Sebäbi olaryň biri üçin onuň özi ýok, özi üçin bolsa beýlekiler ýok. Görşümiz ýaly, filosofiýanyň predmeti kem-kemden giňeýär.

Biziň döwrümizde filosofiýanyň wezipesine has giň garaýarlar. Filosoflaryň köpüsi ony dünýä akyl ýetirmekligiň çäginden daşary çykarýarlar. Filosofiýa **özüniň** akyl ýetirmekligiň içki baglanyşygyny dünýäde däl-de, adamda gözlemeli diýip, XX asyryň başynda nemes alymy W. Dilteý (1833-1911) aýdypdyr. Fransuz filosofy A. Kamýu (1913-60) filosofiýa adamyň öz şahsy meselelerini çözmekliginiň görnüşi hökmünde garaýar. Onuň aýtmagyna görä ýaşaýşyň, onuň çylşyrymly ýolundan geçmeklige mynasyplygyny çözmeklik filosofiýanyň iň düýpli meselesidir. Ol "Dünýäniň üç ölçegi

barmy?”, “Paýhas dokuz ýa-da on ölçegden ugur alýarmy?” diýen ýaly meseleler ikinji derejeli meseleler diýip, filosofiýanyň predmetini özüçe düşündirýär.

Köp filosoflar filosofiýany sungata ýakyndaşdyrýarlar. Ispan filosofy M. Unamuno (1864-1936) filosofiýa ylymdan şygyrýete has ýakyn. Haýsy hem bolsa bir döwürde takyk ylymlaryň gazananlaryny soňuna çenli jemleýän görnüşde oýlanylan ähli filosofiki ulgamlar, awtoryň ähli ruhy duýgylarynyň doly aňladylmasy bolan ulgamlardan has az manyly görünýärler diýip belleýär.

Adamzadyň ruhy durmuşynda filosofiýanyň tutýan ornuna bolan garaýyşlaryň şeýle giňligi – dünýäniň başlangyçlaryna göz ýetirmeklik ukybyndan adamyň öz-özüni aňlamaklyk mümkinçiligine çenli, onuň adamyň ruhy hereketiniň ähli görnüşlerini: ylym, sungat, ahlak, din bilen baglanşygyny aýdyňlaşdyrmaklygyň gerekligine şaýatlyk edýär. Şol bir wagtda ýokarda getirlen dürli pikirlerde belli bir umumylygyň barlygyny hem gorse bolýar. Filosofiýa adamyň bähbitleri bilen baglanyşykly meselelere garaýar, emma, ol ýöntem gereklilikden ýokary galýar. Filosofiýa adamyň ýaşaýşynyň manysy baradaky meseläni çözende**,** ony **asla** ýaşaýşyň manysynyň meselesi hökmünde çözýär. Filosofiýa ählumumy, hemme zatlara gerekli jogaplary tapmaklyga çalyşýar. Onsaňam filosofiýa gapma-garşylykly baha berilýänliginiň sebäbi düşnüklidir. Ol filosofiýanyň predmetiniň içki gapma-garşylygy bilen baglydyr.

Filosofiýa ylmynyň özboluşlylygyna köp filosofiki taglymatlary özleşdirmek, öz şahsy filosofiki medeniýetiňe eýe bolmak bilen göz ýetirse bolar. Ýöne onuň ýoluna filosofiýanyň başlangyç kesgitlemesine eýe bolmazdan düşünip bolmaýar. Has umumy manyda filosofiýanyň predmeti adamyň we dünýäniň özara täsiriniň ählumumy şekilleri barada bolan nazaryýet işiň aýratyn görnüşi bolýar.

**Filosofiýa we dünýägaraýyş.** Her bir filosofiýa dünýägaraýyşdyr. Dünýä we onda adamyň tutýan ornuna has umumy garaýyşlar bolýar, emma bu ýagdaý her bir

dünýägaraýşyň filosofiýa bolýandygyny aňlatmaýar. „Dünýägaraýyş“ düşünjesi „filosofiýa“ düşünjesinden giňdir. Bu bolsa birinjiniň ikinjini öz içine alýanlygyny görkezýär. „Miwe“ diýen düşünjäniň almanam, üzümem, injirem we başgalaram öz içine alyşy kimin, „dünýägaraýyş“ düşinjesinem diňe filosofiýa bilen çäkläp bolmaýar. Ol öz içine mifologiki, çeper, dini garaýyşlary hem alýar.

Garalýan meseläniň ýene bir tarapy hakykaty şöhlelendirmekligiň derejeleri bilen baglydyr. Dünýägaraýyş we filosofiýa dünýäni şöhlelendirmekligiň netijesi bolýar, ýöne şöhlelehdirmäniň düýplüdigi olarda dürli hili bolýar. Şöhlelendirmegiň ýöntem görnüşi duýmaklyk derejesinde bolup geçýär. Dünýägaraýşa degişlilikde ol dünýäni duýmaklyk ýa-da dünýä ser salmaklyk bilen baglanyşyklydyr. Bu ýerd**e** diňe barlygyň käbir ýüze çykmalary, onuň manysy däl-de daşky görnüşleri bellenilýär. Şu manyda şöhlelendirmekligiň düýplüliginiň indiki derejesi dünýä duýgurlyk we dünýä düşünmeklik bolýar**.** Şonda eýýam dünýäniň bitewi şekili döreýär, hadysalaryň we hereketleriň özara baglanyşygy görkezilýär. Olaryň meňzeşligi we tapawydy bellenilýär. Ýöne dünýägaraýşyň bu derejesinde duýgulaýyn aňlama oýlanyşykly aňlamadan agdyklyk edýär. Diňe düşünjeleriň üsti bilen şöhlelendirilende hereketleriň we hadysalaryň manysyny açmaklyga ukyply dünýägaraýyş kemala gelýär. Düşünjeleýin şöhlelendirme şöhlelendirmäniň abstrakt oýlanyşykly we nazarýet akyl ýetirmesi bilen baglanyşykly iň düýpli görnüşi bolýar. Dünýägaraýşyň bu derejesine dünýä düşünmeklik diýse bolar. Hut şony hem filosofiýa açyp görkezýär. Şeýlelekde, filosofiýa dünýägaraýşyň iň ýokary derejesi we görnüşi bolup, ol dünýägaraýşyň teoretiki (nazaryýet) özeni, ulgamlaýyn-rasional dünýägaraýyş bolup çykyş edýär. Filosofiýa dünýäniň we adamyň ýaşaýşynyň we ösüşiniň ählumumy kanunlaryny we rasional manysyny açyp görkezmeklige borçly bolýar.

Filosofiýany we dünýägaraýşy çäklemekligiň taryhy tarapyny görkezmeklik hem gerekdir. Taryhy nukdaýnazardan

filosofiýa dünýägaraýşyň mifologiýadan we dinden soňra ýüze çykan iň soňky görnüşi bolýar. Şonuň bilen baglanşykly bir zady bellemeklik gerek. Jemgyýet paýhasa we oýlanşyga esaslanýan filosofiýasyz ozalam oňan, umuman, häzir hem oňup biler. Şeýle ýagdaýda onuň ýerini ynanja we keramatlyklara esaslanýan mifologiki, ýa-da dini dünýäni göz öňüne getirmeklik eýelemeli bolar. Taryh bolsa oňa örän ygtybarly subutnamalary berýär.

**Filosofiýanyň esasy meselesi we onuň iki tarapy.** Filosifiýa gutarnykly düzülen ylym ulgamy hökmünde köp sanly özboluşly meseleleri çözmeli bolýar. „Filosofiýa näme?“ diýen sorag bilen biz ýokarda tanyşdyk. Şu meseläniň çözlüşine görä filosofiýa takyk meseleleri kesgitleýär we ony açyp görkezmeklik üçin ol ýa-da beýleki düşünjeleri ulanýar. Her bir filosofiki ulgamyň özüniň esasy meselesi bolýar. Şol meseleleri çözmeklik onuň manysyny we mazmunyny kesgitleýär. Mysal üçin, antiki filosoflar üçin bu mesele ähli zadyň ilkinji başlangyçlary, Sokrat üçin „öz-özüňe akyl ýetir“ diýen ýörelge, Täze döwrüň filosofiýasy üçin bolsa akyl ýetirmekligiň mümkinçilikleri bilen bagly boldy. Ýöne filosofiki oýlanyşyň häsiýetini açýan umumy soraglar hem bolýar. Ilki bilen, näme ilkinji: ruhmy ýa-da materiýa, ideallylykmy ýa-da materiallyk. Bu sowalyň çözlüşi umuman, barlyga düşünşimiz bilen bagly bolýar, sebäbi ideallylyk we materiallyk onuň çetki häsiýetleri bolýarlar. Ýagny, materiallyk we ideallylykdan başga barlykda hiç zat ýok. Ondan başga-da onuň çözgüdine görä filosofiýanyň uly akymlary bolan materializm we idealizm bölünip aýrylýarlar. Bu filosofiýanyň akyl ýetirmäniň usuly hökmünde açmaklyga esas döredýän düşünjelerini we ýörelgelerini kesgitlemeklige kömek berýär.

Filosofiýa bu ugurlara özüniň dörän wagtyndan bäri bölünendir. Belli nemes filosofy F. Şlegel (1772-1829) bu ugurlaryň klassiki kesgitlemesini berýär. Materializm ähli zady materiýanyň üsti bilen düşündirýär. Materiýany ähli zatlaryň ilkinji başlangyjy, çeşmesi hökmünde kabul edýär. Idealizm ähli zady ruhdan alyp gaýdýar, materiýanyň döreýşini ruhuň

üsti bilen düşündirýär, ýa-da materiýany oňa bagly edýär. Görşümiz ýaly „idealizm“ we “materializm“ düşünjeleriň filosofiki manysyny adaty durmuşda olara berilýän manydan, ýagny materialist diýip maddy baýlyklara gyzykýan adamy we idealist diýip päk, ruhy gymmatlyklara gözükýän adamy göz öňünde tutmaklykdan tapawutlandyrmaklyk zerurdyr.

Materializm we idealizm öz ýüze çykyş görnüşleri boýunça bir sydyrgyn bolmaýarlar. Olaryň dürli görnüşleri bolýarlar. Bu ýerde biziň üçin olaryň özara täsiri baradaky mesele wajypdyr. Filosofiki ylmyň özboluşlylygyna düşünmeklik üçin kä halatlarda bu baglanyşygy aňlatmaga ulanylýan çetki garaýyşlardan daşda durmaklyk gerek. Olaryň biri „materializm bilen idealizmiň arasynda elmydama barlyşyksyz göreş bolan“ diýen düşünje bolsa, beýlekisi „filosofiýanyň taryhynda asla materializmiň idealizma garşy göreşi bolmandyr“ diýen düşünjedir. Biziň pikirimizçe şeýle „göreş“ gürrüňsiz bolandyr. Ýöne şol bir wagtda-da filosofiýanyň ösüşini şol „göreşiň“ kesgitländigi bilen ylalaşyp bolmaz. Bu akymlar belli bir filosofiki meseleleri çözmeklikde galtaşýan, hatda olaryň biri-biri bilen kesişýän ýerleri hem az bolmandyr. Mysal üçin, dünýä akyl ýetirmeklik meselesinde idealizm bilen materializmiň bileligi köplenç duýulýar. Olar bu meseläni çözüp bolýandygyny elmydama gorapdyrlar.

Täze döwrüň filosofiýasy dünýäniň wakalaryny we hadysalaryny diňe bir ylmy hakykatyň üsti bilen däl-de, eýsem gymmatlyklaryň üsti bilen hem açyp görkezmeklige uly üns berýär. Gymmatlyklaýyn oýlanşygyň tebigaty ylmy oýlanşykdan tapawutlanýar. Gymmatlyklaýyn oýlanyş garalýan meseläniň düýp manysynyň bizde ol barada öň dörän düşünjeler bilen kybapdaş bolmaklygyny talap edýär. Gymmatlyk adamyň diňe bir islegini ýa-da zerurlygyny kanagatlandyrýan zat bolman, eýsem, onuň üçin oňaýly ýa-da oaýsyz mana eýe bolýan ýörelge, gözükme we ynanç bolup biler. Diýmek, gymmatlygyň filosofiki aňladylşy haýsy gymmatlyklary ulanmaklyk adamyň, jemgyýetiň tebigatyna, olaryň hakyky bähbidine jogap berýänligini kesgitlemeklige

kömek berýär. Olar ideallary, sosial ideallary taplamaklyga hem esas bolýarlar. Görşümiz ýaly, filosofiýa her bir adam üçin wajyp. Diýmek, ol türkmen jemgyýetinde geçýän özgerişlere hem peýdaly. Aslynda ýokarda bellenilşi ýaly, filosofiýa döwri aňlamaklyga kömek bermelidir.

Şu nukdaýnazardan hünärmenleriň, ýolbaşçy işgärleriň Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe süren we alyp barýan ýurdy galkyndyrmaklyk we döwrebaplaşdyrmak syýasatyny çuňňur aňlamaklary gerek. Bu bolsa olaryň filosofiki medeniýetini ýokarlandyrmagyny talap edýär. Onuň üçin bolsa Hormatly Prezidentimiziň ylmy döredijiligini açyp görkezýän ähli kitaplarynyň, makalalarynyň, çykyşlarynyň şol sanda „Ösüşiň täze belentliklerine tarap“ atly saýlanan eserleriniň birinji we ikinji tomunyň ýokary okuw mekdeplerinde okadylýan jemgyýetçilik ylymlarynda öz beýanyny tapmaklygy gerek. 2008-2009-njy okuw ýylynda ýokary mekdeplerde okadylyp başlanan „Türkmenistanda jemgyýetçilik durmuşyny öwreniş“ dersine „Filosofiýa“, „Sosiologiýa“, „Syýasaty öwreniş“ we „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ atly kurslaryň girizilmegi şu wajyp işiň başlangyjy bolýar. Bu başlangyjyň doly amal edilmegi geljekki hünärmenleriň, ähli işewürleriň täze Galkynyş eýýamymyzyň gurujy, döredijі adamlary bolup ýetişmeklerine we olaryň netijeli iş alyp barmaklaryna gerek bolan ylmy, ruhy esas döreder. Bu kurslaryň ýokary okuw jaýlarynda öwrenilmeginiň ähmiýeti örän uludyr. Umuman,“Filosofiýa” kursy bu ýerde beýleki okuw dersleri bilen arabaglanyşyga girip, dersiň bitewi dünýägaraýyş hökmünde kabul edilmegine gerek bolan paýhas esaslaryny döredýär.

# II bölüm.

# Filosofiýanyň ösüş taryhy

## 1-nji bap. Gadymy filosofiýa.

**Filosofiki oýlanmanyň ýuze çykmaklygy hakynda.** Filosofiýanyň kemala gelmegi örän uzak döwri we giň meýdany öz içine alýar. Adamzat jemgyýetiniň iň ir döwürlerinde onuň nazary başlangyçlaryny görse bolýar. Dünýäniň döreýşi, manysy we onda adamyň orny baradaky soraga jogap gözleýän gadymy filosofiki ulgamlar döremezden ozal paýhasly oýlanyş örän uzak taryhy ýoly geçipdir. Filosofiki ulgamlar bolsa jemgyýetçilik gatnaşyklaryň ösen döwründe ýüze çykypdyr.

Adam şindi tebigata doly tabyn döwründe tebigat bilen gatnaşyga girip, özüniň durmuşyna täsir edýän tejribä we bilime eýe bolýar. Daşky dünýä kem-kemden onuň hereketiniň esasyna öwrülýär. Şol döwürde adam özüniň dünýä bilen gatnaşygyny aňlap we nazary görnüşde beýan edip bilmänligi düşnükli. Adamyň öz daşyny gurşaýan tebigatdan saýlanmagy, onuň tebigat bilen birleşmäge bolan islegini görkezýän dürli hili magiki dessurlar bilen bilelikde bolup geçýär. Adamzadyň oýlanyşynyň bu döwürdäki aýratynlygyny açmaklyga arheologiki açyşlar we deňeşdirme etnografiýa belli bir derejede kömek berýär.

Adamyň amaly hereketiniň ösmekligi, hadysalaryň yzygiderligine esaslanýan öňden görüjilik ukybynyň kämilleşmegine esas bolýar. Bu özgerişe täsir edýän wajyp pursatlara, akyl ýetirmäniň netijelerini düşündirmeklik we şekillendirmeklik baglydyr . Nazary pikirlenmäniň we filosofiýanyň ýüze çykmagy üçin gerekli şertlere ilki bilen abstrakt düşünjeleriň döremekligi we diliň ösmekligi esas bolýarlar.

Ölüleriň jaýlanylyşy, kult häsiýetli dürli zatlaryň galyndylary, adamlaryň örän ir döwürlerden başlap ýaşaýyş

barada, onuň ýüze çykmagy, tamamlanmagynyň sebäpleri baradaky soraglaryň jogabyny tapmaklyga çalyşandyklaryny görkezýär. Bu soraglaryň jogaplary nähili görnüşde beýan edilen bolsa-da, olar sebäpli-netijeli baglanyşygy hem-de giňişlik we wagt baradaky çylşyrymly göz öňüne getirmeler bilen baglydyr. Adamyň ýaşaýşynyň çäkliligi we asman jisimleriniň durnuklylygy bilen baglanyşykda wagt barada düşünjeler dörän bolsa, ösümlikleriň ýaşaýşynyň uzaklygy bilen wagt ölçelipdir. Bu hili garaýyşlar gadym döwürlerde hem üýtgäpdir. Käbir rowaýatlardan görnüşi ýaly, wagt gymmatlyk ölçegi hökmünde kabul edilýär. Baky bolan zat kämildir. Hatyň oýlanyp tapylmagy adamzadyň oýlanyşynyň kämilleşmeginiň wajyp pursaty bolupdyr. Ol diňe bir bilimleri geljekki nesillere geçirmeklige mümkinçilik açman, eýsem, bilimiň özüniň ösmekligi üçin hem şertleri döretdi.

**Gadymy Gündogaryň we Günbataryň filosofiýalarynyň ösüşiniň umumylygy we aýratynlygy.** Nazaryýet oýlanmanyň ösüşiniň şertleri we onuň çäklerinde filosofiki pikirlenmäniň ýüze çykmaklygy birmeňzeş görnüşde geçmändir. Dürli durmuşy-ykdysady şertlerde bolan aýry-aýry sebitler biri-birinden tapawutlanyplar. Adamzat siwilizasiýasynyň gözbaşynda Gündogaryň durýanlygyny hiç kim inkärlemez. Şol bir wagtda filosofiýanyň ylmy häsiýete Günbatarda eýe bolandygy hem bellenilýär. Umuman, Gündogarda we Günbatarda filosofiýanyň ösüşiniň özboluşlylygyna garamazdan, olaryň meňzeşlikleri hem az däl. Gündogarda-da Günbatarda-da filosofiki oýlanma, birinjiden, jemgyýetçilik aňyň ilkinji görnüşi bolan mifleriň (rowaýatlaryň) esasynda kemala gelýär. Miflere adamyň özüni daşky gurşawdan bölüp bilmezligi we hadysalary tebigy esaslarda düşündirip bilmeýänligi häsiýetli bolýar. Olar dünýäni we hadysalary hudaýlaryň we gahrymanlaryň hereketleriniň üsti bilen düşündirýärler. Ýöne ilkinji gezek dünýä nähili döräpdir, nähili ösýär; ýaşaýyş näme, ölüm näme ýaly hut filosofiki soraglar rowaýatlarda goýulýar.

Ikinjiden, Gündogaryň hem, Günbataryň filosofiýasy synpy jemgyýetiň we döwletiň döremegi bilen jemgyýetçilik aňyň görnüşi hökmünde döreýär. Mysal üçin: gadymy Hindistanda filosofiýa biziň eramyzdan öňki döwürde gul eýeçilik döwründe kemala gelip başlaýar. Hytaýda filosofiýa b.e. öňki VI-V asyrlarda jemgyýetiň gatlaklara bölünmegi bilen döreýär. Ýunan filosofiýasy Gresiýada b.e. öňki VII-V asyrlaryň aralygynda polis şäherlerde döreýär.

Türkmenistanyň çäginde hem filosofiki oýlanmalar gatlaklara bölünen jemgyýetiň we döwletiň kemala gelmegi bilen ýüze çykýar. Belli rus alymy W.I. Sarianidi zaroostrizm dini we bu diniň filosofiýasyny düzýän „Awesta“ eseriniň türkmen topragynda dörän we ösen Marguş siwilizasiýasynyň çäklerinde peýda bolanlygy barada aýdýar.

Üçinjiden, Gündogarda-da Günbatarda-da filosofiýa umumadamzat gymmatlyklaryna ýüzlenýär. Ol adamy elmydama tolgundyrýan: „neneňsi gowy pikirlenmeli, gowy söhbet we gowy hereket etmeli“ diýen meseleleri derňemeklige çalyşýar. Şeýle gowy miweleri almaklyk üçin adam filosofiki paýhasa eýe bolmaly. Ol dünýä we öňa akyl ýetirme, adam we tebigat, adam ömrüniň manysy we beýleki soraglardan baş çykarmaly.

Gündogar hem Günbatar filosofiýasy ýagşy we ýaman, gözellik we betnyşanlyk, adalatlylyk we adalatsyzlyk, söýgi we ýigrenç, dostluk we duşmanlyk, halal we haram hem-de beýleki meseleler bilen gyzyklanypdyr. Filosofiýanyň bütin ösüş taryhy beýik akyldarlaryň şu meselelere gönükdirilen jümleleriniň känligi bilen tapawutlanýar.

Dördünjiden, Günbatar we Gündogar filosofiýasynyň ösüşiniň wajyp aýratynlygy – filosofiki oýlanmanyň dünýägaraýyş häsiýetinde çykyş edýänligidir. Filosofiki pikirler, garaýyşlar, taglymatlar, ulgamlar köplenç ýa idealistik, ýa-da materialistik häsiýetli bolýarlar. Şol bir wagtda hem gündogar we günbatar filosoflarynyň garaýyşlary ýeke materialistik ýa-da diňe idealistik görnüşdäki bir manylyga eýe bolmaýandygyny bellemeli. Olar birinji we ikinji garaýyşlary

utgaşdyryp ulanýarlar. Ýöne älem we tebigatdan başlap, adama we onuň şahsyýetiniň barlygyna çenli bolan dürli görnüşdäki materiýanyň we aňyň özara baglanyşygy baradaky meseleleriň ol ýa-da beýleki filosof tarapyndan öňe sürülýän çözgüdiniň elmydama takyk dünýägaraýyş gözükmelere eýe bolýandygy bilen tapawutlanýar.

Gundogar we Günbatar filosofiýalarynyň umumylyklarynyň bolşy ýaly, olaryň biri-birinden tapawudy, her biriniň özüne mahsus aýratynlyklary bar. Gündogaryň filosofiýasy Günbataryňkydan tapawutlylykda öz ünsüni esasan adam meselesine berýär. Şol bir wagtda Günbataryň filosofiýasy köp meseleli bolýar. Ol: tebigy filosofiki, barlyk, akyl ýetirmek, usulyýet, estetiki, etiki, syýasy, hukuk meselelerini derňeýär.

Hatda adam bilen baglanyşykly meselelerde-de Günbatar we Gündogar filosofiýalaryň garaýyşlary biri-birinden üýtgeşikdyr. Gündogar filosofiýasy adam meselesini adamlaryň ýaşaýşy, tejribesi, olaryň durmuş obrazy nukdaýnazardan derňeýär. Şonuň üçin bu ýerde adamlaryň öz-özlerine akyl ýetirmegi, olaryň özlerini alyp barşy, uly we kiçi ýaşly adamlara, hökimdarlara, jemgyýetde dürli orun eýeleýän adamlara degişlilikdäki görkezmeler bilen baglanşykly köp sanly aýratyn meseleler agdyklyk edýär. Günbatar filosofiýasy bolsa adama onuň psihiki barlygynyň we edebiň üsti bilen däl-de, eýsem, oňa barlygyň we akyl ýetirmäniň umumy ýörelgeleri bilen çemeleşýär.

Gündogar filosofiýasy din bilen berk baglanyşykda ösýär. Köplenç şol bir filosofiki akym hem, filosofiýa hem din hökmünde çykyş edýär. Mysal üçin: buddizm, konfusianizm, zaroostrizm. Günbatar filosofiýasy dinden arany açmaklyga we ylmy usulyýete üns berýär. Gadymy döwrüň Günbatar filosofiki taglymatlary dünýä dinleriniň ýa-da şol döwürde Gresiýada we Rimde ýaýran dinleriň hiç birine öwrülmändirler. Günbatar antiki filosofiýada, ilki bilen hem Demokritiň, Epikuryň, Lukresiýa Karyň eserlerinde ateistik garaýyşlar agdyklyk edýär.

Gündogar we Günbatar filosofiýasynyň özboluşlylygy sosial meselelere degişlilikde has aýdyň görünýär. Gündogar filosofiýasynda bu geçmişiň, şu günüň we geljegiň gözbaş alýan „ahlälem adamsynyň“ meselesi hem-de öz-özüňi kämilleşdirmäge, beýleki adamlary dolandyrmaga gerek bolan umumyadamzat gymmatlyklary, adamyň päk gylyklylygy bolýar. Mysal üçin,Konfusiý durmuşy düzümiň aşakly-ýokarly baglanyşygynyň, bu ýerde döreýän adamlaryň gatnaşygynda yzygiderligi saklamaklygyň gerekligini belleýär. Asmana ýüzleip ol: „Asman her bir adamyň jemgyýetäki ýerini görkezýär, sylaglaýar, jezalaýar..“ diýýär.

Günbatar filosofiýasynda kanuna uly üns berilýär. Filosoflaryň bir topary ony inkärlese, beýlekiler oňa daýanýarlar. Şonuň ýaly-da bu filosofiýada halk, hökümdarlar bilen baglanyşykly meseleler uly orun tutýar.

Gadymy grek we gadymy rim filosofiýasynda sosial meseleler örän giň gerime eýedir. Olaryň açylyp görkezilşi hem Gündogar filosofiýasyndan tapawutlanýar. Birinjiden, Demokritden başlap gadymy filosoflaryň ählisi diýen ýaly döwlet, kanun, zähmet, dolandyryş, uruş we parahatçylyk, islegler, bähbitler, häkimiýet, jemgyýetde baýlygyň bölünişi bilen baglanyşykly meselelere ýüzlenýärler.

Ikinjiden, şeýle garaýyşlaryň gymmatlygy, bu sosial-filosofiki meseleleriň adama we onuň jemgyýet bilen bitewiligine ýüzlenýänligi bilen bagly bolýar. Mysal üçin,Demokrit: „Umumy mätäçlik aýratyn adamyň mätäçliginden agyr. Sebäbi umumy mätäçlik ýagdaýynda hiç ýerden kömege garaşyp bolmaýar“; „Kanun adamlaryň ýaşaýşyny gurnamaklyk isleýär, ol bu wezipäni haçan-da adamlaryň özi özlerine gowulygy islän ýagdaýlarynda ýerine ýetirip biler. Sebäbi kanun özüniň hoşniýetli hereketlerini, raýatlar oňa boýun bolan ýagdaýlarynda ýüze çykarýar“; „Paýhasly adama bütin dünýä açyk. Sebäbi päk ýüreklä bütin dünýä dogduk depe“ diýýär.

Şuňa kybapdaş meseleleri beýleki filosoflar hem derňeýärler. Mysal üçin, Platon adamzadyň taryhynda ilkinji

kämil döwlet baradaky taglymaty döredýär. **Ol** onuň üç görnüşini: monarhiýany (patyşalygy), aristokratiýany we demokratiýany görkezýär**.** Olaryň her biri iki: kanuny we kanuny däl ýa-da zorluk ulanýan görnüşde çykyş edip bilýärler. Platon olaryň birinjisiniň amatlydygyny belleýär. Ol özüniň „Döwlet“ atly eserinde bu meseleleri giňden derňeýär. Aristotel hem özüniň döwlet baradaky taglymatyny „Syýasat“ diýen işinde beýan edýär. Ol döwletiň bagtly we bagtyýar ýaşamaklyk maksady bilen maşgalalaryň we uruglaryň arasynda pikir alyşmalara girişmegi esasynda döreýänligini belleýär. Antiki döwrüň sosial filosofiki meselelerinde etiki soraglar agdyklyk edýär. Onuň ajaýyp mysaly hökmünde Platonyň „Dialoglaryny“ getirse bolar.

**Gagymy gündogar filosofiýasy.** Ýokarda biz gadymy hindi we hytaý filosofiýalarynyň b.e. öüki 1-nji müňýyllykda döränligini belläpdik. Şol döwürde Hindistanda filosofiki oýlanmanyň mifologiki garaýyşlardan bölünip çykyşy adamzadyň gadymy ýadygärlikleri bolan Wedalarda bellenendir. Has takyk görnüşde bu özgeriş wediki senalaryň taslamasy bolan Upanişadalarda (b.e. öňki VII-III asyrlar) beýan edilýär. Olara hakykaty bir nukdaýnazardan (monistik) düşündirmeklige hem-de barlygyň iň ýokarky hakykatyny tapmaklyga bolan isleg häsiýetli. Bu isleg barlygyň ähliumumy esasyny tapmaklyk bilen baglydyr. Köplenç şeýle esaslar hökmünde ruhy başlangyçlar (adamyň ruhyna meňzedilýän brahman ýa-da atman) alynýar. Upanişadalarda şeýle esaslar hökmünde maddy başlangyçlaryň (howa, ot, suw, toprak, efir) görkezilýän ýerleri hem bar. Birnäçe garaýyşlarda brahmanyň (atman) özüniň dünýä bilen birleşip, oňa kybapdaş bolýan halatlary hem getirilýär (panteizm). Upanişadalarda beýleki filosofiki meseleler: dünýäniň düzümi we ony dolandyrýan kanunlar (rita, dharma), bilimiň çeşmeleri we görnüşleri (duýgylar, paýhas, keramatly habarlar, mistiki duýgurlyk), sosial tapawutlylygyň ýüze çykyşy, adamyň jemgyýetdäki orny we başgalara garalýar. Soňra Hindistanyň dinleriniň ählisiniň kabul eden birnäçe pikirleri: ruhuň öňki ýagdaýynda eden-

etdiliklerine görä başga ýere (adama, haýwana, ösümliklere) geçmegi (karma we samsara), brahmana (atmana) akyl ýetirip, onuň bilen birleşip kämilleşme azat bolmaklygyň, durmuşda iň ýokary maksada ýetmekligiň ýeketäk görnüşi hökmünde, aňy takyk-empiriki manylardan arassalamagyň serişdeleri (ýoga) we başgalar derňelýär.

Gagymýetde Hindistanda filosofiki oýlanma we medeniýete güýçli täsir eden buddizm dini hem döräpdir. Ol brahman dinine garşydaş bolupdyr. Budda (ýagtylanan diýen mamyny aňladýar) b.e. öňki VI asyrda ýaşap geçen Siddharthanyň soň dakylan ady bolupdyr. Ol brahman dinine garşy çykyp, jemgyýetçilik toparlaryň biri-birine garşy goýulmagyny ýazgarypdyr. Budda adamlaryň ejirlerden azat bolmagyny göreşiň üsti bilen däl-de, ahlak kämilliginiň esasynda gazanmaklygy ündäpdir. Şeýle kämillik onuň pikiriçe, adamyň özüne çuňlaşmagy, aýratyn bir ruhy ýagdaýa eýe bolmaklygy bilen gazanylýar. Ol weda dininiň halkalaýyn dogulmak baradaky pikirine (sansara) eýerýär. Ýöne Budda geljekki dogulyşyň haýsy hem bolsa bir kasta degişli bolanyň bilen däl-de, eýsem, adamyň ýagşy we ýaman işleriniň netijesi bilen baglydygyny belleýär.

Buddanyň halas bolmaklyk baradaky taglymaty başda (b.e. öňki III-I asyrlar) maddy we ruhy bölekleriň biri-birini çalyşýan akymy hökmünde dňşündirýän dünýä we adam şahsyýeti baragaky taglymatyň üsti bilen filosofiki esaslandyrylýar. Şol taglymata görä halas bolmaklyga ýol dharmalaryň „bimazalygyny“ basyp ýatyrmak bilen açylýar.

Hytaý filosofiýasy barada aýdylanda bolsa, onuň käbir pikirleriniň gadymy hytaý medeni ýadygärliklerinde bolandygyny bellemeli. Mysal üçin, „Go ýuý“ we „Szo çžuan“ eserlerinde özleriniň dürli baglanyşygy esasynda bar zatlary döredýän bäş ilkinji esaslar (suw, ot, agaç, metal, toprak) barada aýdylýar. „I szin“ we onuň teswirlerinde garşydaş – garaňkylyk we ýagtylyk, hereketsizlik we hereket, oňaýsyz we oňaýly, aýal we erkek başlangyçlaryň yşaraty bolýan „in“ we „ýan“ arasyndaky arabaglanyşyk gadymy hytaý dialektikasyny

kesgitleýär. Olaryň yzygiderli çalyşyp gelmegi tebigatda we jemgyýetde bolup geçýän hadysalary düşündirýär.

Hytaý filosofiýasynyň „Altyn asyry“ bolup Çžango döwri (b.e. öňki V-III asyrlar) çykyş edýär. Şol döwürde hytaý filosofiýasynyň esasy mekdepleri we taglymatlary kemala gelýärler. Daosizm mekdebi (Laoszy, Çžuanszy) öz ünsüni daonyň (ýagny logos, kosmosy üýtgetmeklik ýoly) manysyna we onuň bilen sazlaşdyrylmaly adamyň „ýolunyň“ dao bilen gatnşygyna esasy ünsi berýär. Bu taglymata görä adam tebigy ýagday we özüniň tebigat bilen baglanyşygyna zelel berjek hiç bir hereketi etmeli däl.

Konfusiý (Kunszy-b.e. öňki 551-479 ýý.) gadymy hytaý filosofiýasynda aýratyn orun eýeleýär. Konfusiýniň pikirleri, onuň tarapdarlary tarapyndan „Lunýüý“ (Söhbetler we garaýyşlar) kitabynda beýan edilýär. Akyldaryň pikirine görä adamlaryň ykbaly asman tarapyndan kesgitlenýär. Olaryň pähimli we pähimsizlere bölünýänligi üýtgedilip bilinmez. Kiçi ula, aşakdaky ýokardaka boýun bolmaly. Konfusiýniň işlerini dowam etdirenleriň görnükli wekilleri Men-szy (b.e. öňki 372-289 ýyllar) we Sýun-szy (b.e. öňki 298-238 ýyllar) bolýarlar. Sosial deňsizligi Men-szy „asmanyň erki“ bilen baglaýar. Ol akyl ýetirmeklik işini duýgulaýyn kabul etmeklik we duýmak bilen däl-de, eýsem, aňyň şaýatlyk etmekligi bilen baglanyşdyrýar. Adamyň tebigatyna häsiýetli bolan ahlak-edep ýörelgeleri ýokary maksada gönükdiriji güýçden - „asmandan“ gelip çykýar. Şonuň ýaly-da ol adamda „doga ukybyň“ we „doga zehiniň“ bolýandygyny tassyklapdyr. Sýun-szy Konfusiýniň garaýyşlaryny materialistik nukdaýnazardan ösdürmeklige çalyşypdyr. Ol tebigat barada taglymaty işläp düzüpdir. Bu taglymatda asman düşünjesi ýokary mistiki başlangyç däl-de, tebigy hadysalaryň jemi bolýar. Ähli zatlaryň döremegi we özgermegi halkalaýyn görnüşde geçip, iki başlangyç: oňaýly ýan we oňaýsyz in güýçleriň täsiri bilen düşündirilýär.

Konfusianyň filosofiýasy jemgyýetçilik gatnaşyklaryny berk kadalaşdyrmak we adamyň ahlak taýdan öz-özüni

kämilleşdirmegi esasynda sazlaşykly jemgyýeti gurmaklygyň ýörelgelerini işläp düzüpdir.

Gündogar we Günbatar filosofiýasynyň ösüşine zarastrizm dini güýçli täsir edipdir. Ony adamzat taryhynda beýik akyldar hökmünde ýatlanýan Zaratustra (b.e. öňki VI asyr) döredipdir. Ol beýik „Awesta“ kitabyny ýazan hasaplanýar. Alymlaryň köpisiniň pikirine görä, Awesta biziň eýýamymyzdan ozalky 1 müňýyllygyň birinji ýarymynda merkezi Aziýada (ýokarda bellenilşi ýaly, Türkmenistanyň çäginde) ýüze çykypdyr. Ýazylan tekstler görnüşinde ol b.e. ozalky IV-III asyrlardan soň gutarnykly resmileşdirilipdir. Awestanyň ilkibaşky möçberiniň dörtden bir bölegi saklanyp galypdyr. Ol iki görnüşde mälimdir. Birinji Awestanyň dürli kitaplardan alnan dogadyr namazlarynyň ýygyndysyndan we şol kitaplardan alnan böleklerden ybaratdyr. Ikinjisi gara güýçleri we şeýtanlary ýok etmäge hem-de din-ykdykaty berjaý etmäge gönükdirilen kanunlaryň we görkezmeleriň ýygyndysy bolan „Widemdatdan“, doga äheňleri bolan „Wasnadan“, otparazlaryň hudaýlarynyň öwgi gimnleri bolan „Kiçi-Awestadan“ ybaratdyr. Awestanyň has gadymy bölegi Zaratustra tarapyndan ýazylan gatlar (gimnler) – „Vasny“ bölegidir. Gatlardan tapawutlylykda ýygyndynyň beýleki bölekleri Kiçi Awesta diýip atlandyrylýar.

Görşümiz ýaly, Gündogar filosofiýasy Äleme, adamzat jemgyýetine, adama, adamlaryň özara täsiri bilen baglanyşykly wajyp meseleleri derňäp, filosofiki akymlaryň esasy ugurlaryny ýüze çykaryp, filosofiýa ylmynyň döremeginde esasy oruny eýeleýär.

## 2-nji bap. Antiki filosofiýa.

„Antiguus“ latyn sözi bolup, ol „gadym“ diýen manyny aňladýar. Umuman, antiki filosofiýa barada gürrüň edilende, gadymy filosofiýa (hindi, hytaý) däl-de, diňe Gadymy Grek (Ýunan) we Gadymy Rim filosofiýasy göz öňünde tutulýar. Antiki filosofiýa b.e. öňki VII asyryň aýagynda – VI asyryň

başynda döreýär we b.e. V asyryna çenli dowam edýär. Gadymy grek filosofiýasynyň başlangyjyny köplenç Fales Miletskiýniň (b.e. öňki 625-547 ýý.) ady bilen baglanyşdyrýarlar. Onuň tamamlanan döwrüni bolsa rim imperatory Ýustinianyň Afiniň filosofiki mekdebini ýapmak baradaky dekreti (b.e. 529-njy ýyly) bilen baglaýarlar. Bu filosofiki oýlanşygyň müňýyllyk ösüşi onuň täsin bitewiligini, tebigaty, adamy we hudaýlary bir kosmiki bitewilige birikdirmeklige gönügendigini görkezýär.

**Irki ellinizmiň filosofiýasy.** Bu döwürde filosofiki pikir Älem bilen aýrylmaz baglanşykda bolýar. Irki grek filosoflary (naturfilosoflar) Fales, Anaksimandr, Anaksimen, Pifagor we onuň mekdebi, Geraklit, Parmenid älemiň tebigatyny aňlamagy adamyň tebigatyny kesgitlemeklik üçin ulanýarlar. Älemiň sazlaşygyna adam durmuşynyň sazlaşygy kybapdaş bolmalydyr. Bu sazlaşyk adamyň durmuşynda pähimlilik we adalatlylyk bilen baglanylýar.

Tebigat baradaky Irki grek filosofiki oýlanmasy dünýä düşünmekligiň usuly bolýar. Onda physis (tebigat) älemi bitewileşdiriji orny eýeleýär. Ol tebigaty we Hudaýlary adam bilen birikdirýär. Şol bir wagtda-da tebigat bu ýerde ne aýratyn garalýan zada ne-de, adamyň manysyny aňladýan zada öwrülýär. Ol adamyň daşyny gurşaýan zatlardan bölünip aýrylmaýar. Hawa, şonda adam bir durkuna saklanyp galmaly däl, ol „gizlenmekligi söýýän“ hakyky tebigaty açmaklyga çalyşmaly. Şu maksat bilen adam älemiň başlangyjyna ýüzlenýär. Bu ýerde älem adamyň her günki durmuşynyň älemleşdirilen dünýäsi bolýar. Şeýle dünýäde hemme zat kadalaşdyrylan, ýerbe-ýer edip goýlandyr. Grek naturfilosoflary adamyň tebigy gurşawyny, ähli gerekliliklerini kanagatlandyryşyny,onuň ýaşaýşynyny we ölümini, bulutlaryň aňyrsyndaky hudaýlaryň aýdyň ýaşaýşyny täsin obrazlaryň üsti bilen beýan edýärler. Kosmos bu ýerde älemiň howaýy nusgasy däl-de adam dünýäsidir. Ol adamyň wagtlaýyn ýaşaýşyndan tapawutlylykda baky we gutarnyksyz dünýädir.

Irki grek filosoflarynyň başdaky synlaýjy garaýyşlary kem-kemden aňlaýjy, oýlanşykly garaýyşlar bilen sazlaşdyrylyp ösdürilýär. Eýýam Geraklit (b.e.öňki 544-483 ýý.) obrazlary çuňňur manylar (manyly obrazlar) bilen baýlaşdyrýar. Parmenid (takmyndan b.e. öňki VI asyryň ortalary-V asyryň başy) „Zatlaryň tebigaty barada“ atly poemasynda tebigaty şol döwre häsiýetli bolmadyk düşünjeleriň üsti bilen derňemeklige başlaýar. Ol ilkinji bolup barlyk baradaky taglymaty öňe sürýär.

Bu ýerde Demokrit (b.e. öňki 460-370 ýý.) tarapyndan girizilen „sebäp“, „günä“ düşünjeleri aýratyn orna eýe bolýarlar. Ol mifologiki obrazlary we garaýyşlary ulanmak mümkinçiliklerini inkärleýär we atlaryň (ähli düşünjeler gurşawyna degişlilikde) hakykylygynyň tebigylyga görä däl-de bellige görä gazanylýandygyny aýdýar. Demokrit üçin hem tebigat adam ýaşaýşynyň esasy hem-de akyl ýetirmäniň maksady hökmünde çykyş edýär. Adam tebigata akyl ýetirip, „ikinji tebigaty döredip“ tebigy gerekligi ýeňip geçýär. Bu ýagdaý adamyň tebigata bagly bolman ýaşaýandygyny aňlatmaýar. Indi onuň ýüzmäni öwrenip, derýada gark bolmaýandygyny düşündirýär. Demokrit ilkinjileriň biri bolup adam, Hudaý, döwlet, akyldaryň polisdäki orny bilen baglanyşykly soraglary ara alyp, gadymy grek filosofiýasynyň antropologiki (adamyň gelip çykyşy barada) meselelerini derňeýär. Ýöne bu meseleleri ilkinji derňeýji hökmünde ady adalatly Sokrat tanalýar. Ol „Adam ähli zadyň ölçegi“ diýen ýörelgäni ählitaraplaýyn açan akyldardyr.

Adam barada täze garaýşa geçmegi sofistler – Protagor (b.e. öňki 480-410 ýý.), Gorgiýa (b.e. öňki 483-375 ýý.) we beýlekiler tarapyndan taýýarlanylýar. Gadymy Gresiýada „sofistes“ sözi bilen bilgirler, ussatlar, akyldarlar atlandyrylypdyr. Olar bilimleri jemgyýete ýaýradyjylar bolup çykyş edýärler. Sofistler haýsy hem bolsa bir ugur boýunça takyk bilimleri däl-de jemgyýetçilik işe, ilki bilen hem syýasy işe gerek bilimleri ýaýradypdyrlar. Olar demokratiýanyň ösýän döwri döreýärler. Bu döwürde öz nukdaýnazaryňy

esalandyrmak üçin adamlary ynandyrmak, bäsleşiklerde ýeňmek gerek bolýar. Sofistler akyl ýetirmäniň subýektiw tarapyny öwrenmeklige aýratyn orun berýärler.

Bu akymyň tarapdarlary adaty garaýyşlary tankyt etmeklik bilen meşgul bolýarlar. Mysal üçin, Diogen Laersiýanyň aýtmagyna görä, „her bir zat barada biri-birine garşydaş garaýyşlar bolýar“. Ol öz garaýşyny delillendirmeklik üçin düýpgöter täze esaslary tapmaklygy başarypdyr. Bir zat hakyndaky aýdylýan zatlar biri-birinie garşy bolmaly däldigini, şol bir wagtda hem ol zat hakynda birmeňzeş hakykata eýe bolan iki gapma-garşy pikirleriň barlygyny belleýär. Ol ýa-da beýleki pikiriň hakykylygy barada belli bir karara gelmeklik üçin, olaryň biriniň nukdaýnazaryna geçmeli. Diýmek, garaýşyň hakykylygynyň ölçegi hökmünde adam kabul edilmeli. Hut şundan hem Protagoryň: „Adam ähli bar zatlaryň bolýandyklary üçin, ýok zatlaryň bolmaýandyklary üçin ölçeg bolýar“ diýen meşhur tezisy gelip çykýar.

Eger adam ähli zadyň ölçegi bolýan bolsa, onda hemme zat onuň bahalandyrmagy bilen bagly bolýar. Bilim, edep kadalary, dini garaýyşlar başga bir zat bilen deňeşdirilmeli bolýar (otnositel). Şeýle garaýyş düýpgöter başga netijä, ýagny, gutarnykly (absolýut) hakykatyň gözlegine getirýär. Bu örän wajyp işi Sokrat başlap, Platon dowam etdirýär.

**Afin mekdebi – Sokratyň, Platonyň, Aristoteliň taglymatlary.** Sokratyň (b.e. öňki 469-399 ýý.) çykyşlary we söhbedi „Nähili ýaşamaly?“ diýen ahlak meselesi bilen baglanşyklydyr. Ol öz ömrüniň mysalynda diňe bir şägirtlerine däl, eýsem, ähli geljekki nesillere sapak beripdir.

Sokrat nämäni öwredýär? Ol nähili ahlak gymmatlyklary gorapdyr? Sokrat üçin şeýle gymmatlyklar bolup ak göwünlilik, öz borjuňa eýermeklik, ýagşylyga gulluk etmeklik çykyş edipdir. Onuň ahlak garaýyşlary ölümiň öňünde hem üýtgemän galýar. Ol şeýle agyr ýagdaýa düşende-de hiç zada bagly däl (absolýut) ahlak gymmatlyklary goraýar. Sokrat sofistlerden tapawutlylykda ýagşy bilen ýamanyň arasyndaky tapawudyň otnositel däl-de absaolýut häsiýete eýe

bolýanlygyna ynanypdyr. Ýagşynyň, ýamanyň nämedigini bilmeklik adama ahlaklylygy berýär. Şonuň üçin Sokrat ahlaklylyk bilen baglanyşykly düşünjeleri takyk kesgitlemeklige we olaryň manysyny açmaklyga uly üns beripdir. Onuň üçin garalýan zada dogry kesgitleme bermeklik, şol zadyň manysyny açmaklyk bolýar. Eger takyk kesgitlenen zat bolmasa, ol hakda maglumat hem bolmaýar.

Sokrat hakykylygy gazanmaklygy düşünjeleri derňemekligiň sungatyna eýe bolmak bilen baglanyşdyrýar. Şol hem onuň işläp düzen dialektika baradaky özboluşly taglymaty bolýar. Akyldaryň usulynyň manysy, söhbetdeşligiň dowamynda ugrukdyryjy we takyklaýjy soraglar bilen garşydaşyny ozalky eýeleýän nukdaýnazaryna garşy ýagdaýa getirmeklik bolýär. Şondan soňra hakykylygy bilelikde gözlemeklik başlanýar. Sokrat üçin hakykylyk aýratyn adamyň kellesinde taýýar görnüşde bolman, ol bilelikde hakykylygy gözleýän söhbetdeşleriň söhbediniň dowamynda döreýär. Şonuň üçin akyldar öz usulyny hakykylygyň döremegine kömek berýän maýewtika (grekçe göbek enelik sungaty) diýip atlandyrypdyr.

Sokrat özüniň gözlegleri bilen Platonyň „pikirler dünýäsine“ we onuň dialektikasyna ýol açýar. Platon öz gezeginde „Dialoglarynyň“ üsti bilen Sokratyň döredijiligine ölmez-öçmez ýadygärlik goýýar (Sokrat öz pikirlerini ýazga geçirmändir. Şonuň üçin biz olary Platonyň üsti bilen bilýäris) .

Platonyň (b.e. öňki 427-347 ýý.) filosofiki ulgamy diňe bir Sokratyň filosofiýasynyň däl, eýsem, ondan öňki filosofiýanyň hem logiki dowamy bolýar. Ýöne akyldaryň filosofiýasyny onuň durmuşyna güýçli täsir eden ýagdaýy, ýagny, onuň öz ussady Sokratyň nähak ölümine garaýşyny göz öňüne tutman düşünip bolmaz.

Platon: „Adalatlylyk we hakykylyk pikirlerini basgylap, adamlaryň iň mynasybyna ölüm jeza beren dünýä hakyky bolup bilermi?“ diýen soragyna özi: „Ýok.“ diýip jogap beripdir. Platonyň pikiriçe adaty dünýä ýaşaýar, barlyga eýe bolýar. Ýöne ol ýaşaýyş hakyky däl. Bu dünýäden başga bir

dünýä – arassa manylar dünýäsi bar. Platon şol manylary aňlatmaklyk üçin „ideýa“ (pikir) diýen düşünjäni ulanýar. Adaty dilde ol daşky görnüş, obraz, hil diýen manylary berýär. Pikirler (ideýalar) dünýäsi diňe bir manylaryň agalygy bolman, eýsem, ýagşy manylaryň agalygy bolýar. Platon ideal dünýäni adaty dünýä diňe bir mazmun – hadysa däl, eýsem, ýagşy – ýaman manyda hem garşydaş goýýar.

Şonuň üçin Platon pikirleriň pikiri, iň ýokary pikir (ideýa) hökmünde Ýagşylyk pikirini öňe çykarýar. Bu pikir iň ýokary talaplary kanagatlandyrýan hakykylygyň, ölçegliligiň, sazlaşygyň çeşmesi bolýar. Ýagşylyk pikiri Güne kybapdaş. Adaty dünýäde bar bolan Gün, ideal dünýäde – Ýagşylyk pikiri bolýar. Pikirler dünýäsi hem hakyky, ýagny baky we üýtgemeýän barlygyň dünýäsi bolýar.Platonda barlygyň garşydaşy bolup, ýokluk çykyş edýär. Bu ýerde pikir däl-de materiýa agalyk edýär. Materiýa ýekeligiň, üýtgemekligiň, ölmekligiň we dogmaklygyň, tebigy gerekliligiň, ýamanlygyň we baknalygyň çeşmesi bolýar. Pikir kimin materiýa hem baky bolýar.

**Platon üçiň esasy Ýagşylyk pikiri bilen şöhratlanýan pikirler dünýäsi.** Bu dünýä päk manylary synlaýan Hudaýlara degişlilikde hem ilkinji bolup çykyş edýär. Şol manylary „synlaýan akylyň“ hataryna diňe bir hudaýlar däl, eýsem, geçmişde we geljekde ölüm zerarly bolan we boljak ölenleriň ruhlary hem girýärler. Bu ýerde Platon adamyň aýratyn ukybynyň barlygyny belleýär. Adam özüniň daşyny gurşaýan dünýäni duýmak we oňa seslenmek bilen bir hatarda, ruhy ölçeglere geçmeklige mümkinçilik berýän başga tebigata eýe bolan güýjüň täsirinde-de bolýar. Adamyň baky ruhy, ony keramatly pikirler dünýäsi bilen baglaýar.

Platon duýgulardan başlap, adamyň ruha päk halda göz ýetirýänçä, beden lezzetini inkärläp, kem-kemden gözelligiň arassa görnüşlerine geçmekligini göz öňünde tutýar. Şonda adam gözellige syn edip, howaýylygy däl-de hakykylygy synlaýandygy üçin hakyky Ýagşylyga ukyply bolýar. Platon diňe bir hakyky Ýagşylyk barada pikir ýöretmek bilen

çäklenmän, filosoflaryň ýolbaşçylyk edýän ideal döwletiniň taslamasyny düzüp, ony durmuşa geçirjek bolupdyr. Platonyň aýtmagyna görä bu döwletde durmuş berk kadalaşdyrylandyr. Her bir raýatyň we sosial gatlagyň hukugy we borjy kanun essynda kesgitlenendir. Hususyçylyk jemgyýetçilige boýun edilendir. Platonyň döwletinde iň ýokary maksat raýatlaryň abadançylygy barada alada bolýar. Bu abadançylyk bolsa adalatlylyk we paýhas pikirleriniň durmuşa geçirilmegi diýip düşünilýär. Platon ideal döwlet baradaky taslamasyny esaslandyryp, meseläniň içine girişipdir. Ol şol döwürdäki döwlet häkimiýetiniň görnüşlerini tankytlapdyr. Akyldaryň ideal döwlet baradaky taglymaty utopiki (hyýaly) häsiýete eýe bolanlygyna garamazdan, onuň döwlet görnüşlerini tankytlap, öňe süren pikirleri şu gün hem öz ähmiýetini ýitirenok.

Aristotel (b.e. öňki 384-322 ýý.) Platonyň şägirtleriniň iň görnüklisidir. Ol öz ussadynyň filosofiki garaýyşlary bilen doly ylalaşmandyr. Aristotel: „Platon we hakykylyk meniň üçin örän gymmatly, ýöne meniň borjym hakykylygy ileri tutmany talap edýär“ diýipdir. Akyldar ilki bilen Platonyň pikirler taglymatyny tankytlapdyr. Ol Platonyň özbaşdak däl zady özbaşdak hasaplap ýalňyşýanlygyny belleýär. Arestotel ussadynyň käbir filosofiki garaýyşlaryny tankytlasa-da, özüniň filosofiki taglymaty üçin Platona baglydygyna düşünipdir.

Aristotel antiki filosoflaryň içinde ilkinji bolup filosofiýany takyk ylymdan tapawutlandyryp başlaýar. Ol manylar ýa-da ilkinji esaslar we sebapler baradaky ylym bolan birinji filosofiýany tebigaty öwrenýän ikinji filosofiýadan tapawutlandyrýar. Taryhda metafizika adyny alan birinji filosofiýanyň garaýan meseleleri tebigat bolman, akyl ýöretmeklik esasynda aňlanýan duýgudan ýokardaky baky manylar bolýarlar. Aristoteliň pikirine görä birinji filosofiýa sözüň doly manysynda filosofiýadyr. Şonuň bilen bir hatarda fizika, tebigat baradaky taglymat hem filosofiýa, ýöne ol ikinji filosofiýa bolýar.

Birinji filosofiýanyň üns merkezinde barlyk bilen baglanyşykly meseleler durýar. Aristotel dört ilkinji

başlangyçlar ýa-da ilkinji sebäpler baradaky taglymaty işläp düzýär. Olar: formal, materiýa, hereket, maksat bilen baglanyşykly sebäpler bolýarlar. Aristoteliň olar barada aýdan käbir pikirleriniň üstünde durup geçeliň. Mysal üçin, materiýaň we görnüşiň baglanyşygyny akyldar görnüşiň materiýanyň manysyny düzýänligini, materiýanyň bolsa görnüşiň çap bolýan esasy bolup çykyş edýänliginiň üsti bilen düşündirýär. Bu ýerdäki görnüşiň işewürligini akyldar onuň hereketliligi bilen esaslandyrýar. Aristoteliň aýtmagyna görä ähli hereketler maksat bilen essalandyrlan içki gözükmä eýe bolýarlar.

Dört başlangyçlar baradaky taglymatyny akyldar barlygyň iň ýokarky basgançagy bolan absolýut Akyl baradaky taglymat bilen jemleýär. Bu akyl diňe özüne bagly bolup, hiç bir zat bilen esaslandyrylmaýar. Görşümiz ýaly, iň ýokary barlyk baradaky taglymat teologiýa (hudaý baradaky taglymat) bolýar. Aristotel üçin hudaý soňky dini taglymatlarda bolşy ýaly şahsylaşdyrylan hudaý bolman, şahsylaşdyrylmadyk Hudaý - Akyl bolup çykyş edýär. Ähli älemi öz içine alýan obýektiw teologiýa esasynda Aristoteliň ahlak we syýasat baradaky taglymatlary esaslandyrylýar. Adamyň ahlaklyygyna akyldar päk maksatlara ymtylmaklyk diýip düşünýär. Ýokary päklik adamyň paýhasyna bagly bolan aýratynlygy we borjy bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin adamyň işi – paýhasly hereketi, kämil adamyň borjy bolsa paýhasly hereketini ajaýyp görnüşde ýerine ýetirmegidir. Päklige ymtylýan ýaşaýyş hereketli bolmalydyr. Onda-da ýöne bir hereketli däl, eýsem, ýagşylygy döredüji hereketli bolmalydyr. Aristoteliň aýtmagyna görä ýaşaýşyň hakyky maksady lezzet däl. Ol ruhuň akyl ýöretmekligi bilen ýetilýän keýpi-sapalygydyr. Aristotel üçin ahlak kämilligi hakykylygy synlap, keýpi-sapalyga ýetmeklikdir. Akyldar ony öz ömrüniň ýokary maksadyna öwrüpdir.

Aristoteliň aýtmagyna görä, adam duňe bir paýhasly bolman, ol ýaşaýşy jemgyýetden aýrylykda bolup bilmeýän „syýasy haýwan“ hem bolýar. Adamlaryň bilelikdäki ýaşaýşy maşgaladan başlanyp, urug we oba-kentiň üsti bilen ösüp,

urug we kent aragatnaşygyny düzýän döwlete çenli galýar. Birleşmäniň iň ýokary görnüşi bolan döwlet belent abadançylyga gönükýär. Şu nukdaýnazardan Aristotel gadymy grek polisleriň syýasy gurluşynyň görnüşleri bolan maşgalany, ykdysadyýeti, gulçulyk edarasynany derňeýär. Platondan tapawutlylykda ol nusgalyk döwletiň üstünde durman, bar bolan syýasy görnüşleriň haýsysy abadan durmuşa ýetmeklige esas döretjekdigini derňeýär. Aristoteliň bitiren işleri gadymy grek filosofiýasy tarapyndan toplanan ylym-bilimi kadalamaklyk bilen çäklenmeýär. Ol ylymlaryň ösüşiniň esasy ugurlaryny hem kesgitleýär. Aristotel tebigat baraga sazlaşykly taglymaty - fizikany döreden ilkinji akyldardyr. Ol dogry pikirlenmekligiň kanunlaryny we görnüşlerini kesgitleýän formal logikanyň hem esaslaryny goýýar.

**Ellin-rum filosofiýasy.** Bu filosofiýanyň esasy akymlary bolup epikurizm, stoisizm we skeptisizm mekdepleri çykyş edýärler. Şol mekdepleriň gözbaşynda kinikler durýarlar. Bu ugry esaslandyranlar Antisfen (b.e. öňki 445-360 ýý.) we Diogendir (b.e. öňki 445-360 ýý.). Olar Afin mekdebiniň filosoflary bilen bir döwürde ýaşan hem bolsalar, öz garaýan meselelerine we filosofiki pikirlenişlerine görä filosofiýanyň klassiki döwrüne degişli bolmaýarlar. Kinikler grek polisiniň gowşap dargaýan döwründe meşhurlyga eýe bolup, antiki döwrüň soňuna çenli saklanyp galypdyrlar.

Kinikler filosofiýanyň wezipesine täzeçe garaýarlar. Olaryň pikiriçe, filosofiýa howaýy akyl ýşretmeler bilen meşgul bolman, adama ahlakly ýaşaýşyň ýoluny görkezmelidir. Onuň üçin bolsa gymmatlyklara täze garaýyş gerek. Diogeniň belleýşi ýaly ýalňyş gymmatlyklaryň ýoguna çykmaly. Sol gymmatlyklaryň hataryna kinikler emlägi, lezzeti, bedeni lezzeti, jemgyýetçilik aňyna baglylygy goşýarlar. Olar tebigatyň adama iň çäkli gereklilikleri kesgitleýänligi sebäpli, ähli lezzetlerden el çekmekligi, terkidünýäligi wagyz edýärler. Kinikleriň filosofiýasynyň ruhy hiç bir zat bilen çäklenilmeýän azatlygyň üsti bilen aňladylýar. Olar ten gerekliliklerinden azatlyk, olary düýpli çäklemek; adam nogsanlyklaryndan

azatlyk, ulymsylykdan, şöhratparazlylykdan, nebisden we başg; köpçilikde özüňi alyp barmaklygyň şertliliklerinden azatlykdyr. Şeýle azatlygy öz-özüňi çäklemeklik we öz-özüňe buýurmaklyk esasynda gazanyp bolýar. Kinikleriň edebi özboluşly aýratynlyk we subýektiwlik häsiýetlerine eýe bolýar. Ol adamyň erkine we onuň özbaşdak ýaşamaklyk ukbyna baglydyr.

Epikurizma hem şu hili häsiýetler mahsus bolupdyr. Demokritiň pikirleri bilen ruhlanyp, Epikur (b.e. öňki 341-270 ýý.) Afinide öz bagynda filosofiki mekdebi esaslandyrýar. Ol taryha Epikuryň bagy ady bilen girýär. Epikur filosofiýa gaýgy-gamsyz we ezýetsiz durmuşy döredýän aňly taglymat hökmündäki garaýşy ösdürýär. Epikuryň ahlak taglymatyny erkinlik edebi hökmünde kesgitlese bolar. Adamyň özüni erkin alyp barmaklygynyň esaslary tebigatyň özüne esaslanýar. Epikur erkinligiň ilkibaşky fiziki sebäplerini Demokritiň gaýtadan işlenen atomistik taglymatyndan alyp gaýdýar. Şonda ol düýpgöter täze usuly – atomlaryň hereketde öz erkine gyşarmaklyga bolan ukyby baradaky pikiri girizýär. Epikuryň fizikasynda atomlaryň özbaşdak gyşarmaklygy tebigatyň iň az erkinligi bolýar. Akyldaryň pikiriçe şol erkinlik bolmasa, adamlaryň hereketlerinde hem erkinlik bolup bilmeýär. Epikuryň aýtmagyna görä adamyň bagtyýarlygyna bolan garşylyklary: adamlaryň durmuşyna Hudaýlaryň goşulmaklygyny, o dünýädäki ýaşaýyşdan, ölümden gorkyny aradan aýryp erkin bolup bilýär. Filosofiýanyň iň esasy wezipesi hem adamy şol gorkulardan goramakdyr.

Rim topragyna epikurizm taglymaty b.e. öňki I asyrda geçýär. Tit Lukresiý Karyň (b.e. öňki I asyryň ortalary) „Zatlaryň tebigaty barada“ poemasyny latyn dilinde ýazmaklygy epikurizmiň bu ýere ýaýramaklygyna uly täsir edýär. Şol döwürde latyn dilinde filosofiki adalgalaryň bolmanlygy sebäpli, Lukresiý Epikuryň pikirlerini şahyrana obrazlaryň üsti bilen berýär.

Kiteondan bolan Zenonyň (b.e. öňki 336-265 ýý) esaslandyran stoisizm taglymaty b.e. öňki III asyrdan b.e. II

asyryna çenli herket edýär. Bu mekdebiň „Stoýz“ ady Zenonyň öz taglymatyny beýan eden ýeri – şol ady göteren port bilen baglydyr. Epikura eýerenler, stoikler adam durmuşynyň esasy maksadyny bagtly ýaşaýşa ýetmek bilen baglapdyrlar. Ýöne bagta bolan ýoly olar özleriçe düşündiripdirler. Adamyň bagtly durmuşy, onuň tebigaty bilen bagly paýhaslylyk, ruhulyk esasynda öz ýoluny özi saýlap ýaşamagy bilen mümkin bolýar. Tebigat bilen sazlaşykly ýaşaýşa ymtylyp stoikler adamyň kemçilikleriniň we kynçylyklarynyň ilkinji çeşmesi bolan güýçli duýgulardan azat bolup, ahlak azatlygy gazanmaklygyň ýollaryny gözläpdirler. Stoikler durmuşyň şatlykly we kynçylykly günlerini birmeňzeş asudalyk bilen geçirmekligi öwredipdirlerler. Olar nusgalyk ahlagy berk we yzygiderli ýagşylygy amal etmeklikde görüpdirler. Olar „Ýagşylyk edip bilmeseň, ýaşamanyň gowy“ diýipdirler.

Durmuşyň iň wajyp meselelerine köpsanly mekdepleriň gapma-garşylykly garaýyşlary göwni çökgünlige, ynamsyzlyga, skeptisizme (bu akymyň ady grek dilinden terjime edilende aýgytsylykda bolmak diýen manydan gelip çykýar) getirýär. Skeptikleriň taglymaty bilimiň dögrylygyna güýçli müňkirlik bolupdyr. Skeptisizmi Pirron (b.e. öňki 360-270 ýý) esaslandyrypdyr. Ol filosofyň zatlara ýeke-täk mümkin bolan garaýşy haýsy hem bolsa bir zady aýtmaklykdan saklanmakdyr diýipdir. Skeptik-filosof hiç bir zada hökmany-hakykylyk manyny bermändir. Şeýle adamyň içki dünýäsine ugrukýan, şol bir wagtda hem özüniň nazaryýet-akyl ýetiriş ynamsyzlygy bilen tapawutlanýan taglymatlar diňe bir ellinizmiň irki döwrüne däl, eýsem, giçki ellinizme-de häsiýetli bolupdyr.

**Giçki ellinizmiň filosofiki taglymatlary: neoplatonizm (täze platonizm).** Giçki ellinizmiň filosofiki taglymatlary örän üýtgeşik döwürde işlenip düzülýär. Rimiň grek dünýäsiniň üstünden agalyk edýän döwründe, Rimde ellin medeniýeti düzülýär. Giçki antiki döwrüň iň çuňňur taglymaty bolan neoplatonizm öz eýýamynyň iň esasy häsiýetlerini: uniwersallygyny we weýrançylygyny aňladýar. Ol Rim

imperiýasynyň **janhowly** asyrlaryny öz içine alýar. Ol harby şowsyzlyklar, ählumumy çökgünlik, dagynyklyk, gullaryň gozgalaňlary, milli gozgalaňlar, ýerleriň ýitirilmegi ýaly kynçylyklar bilen baglanyşýar. Rim imperiýasynyň soňky asyrlardaky weýrançylygy ýeke bir neoplaton filosofiki taglymatlaryň däl, eýsem, şol döwürde döräp, gün-günden güýç alan hristiançylygyň (Isa pygamberiň ýörelgelerini dowam edijiler) hem real ýaşaýşyň meselelerinden el çekmegi bilen häsiýetlenendir.

Bütin antiki filosofiýanyň görnükli wekili Plotin (b.e. 204-270 ýý.) älemi, baky barlygy göz öňünde tutyp „Yza mährem birleşmä!“ diýip, howsalaly ýüzlenipdir. Plotin Platonyň filosofiýasyna eýeripdir. Onda-da ol ýöne bir ony gaýtalaýjy bolman, eýsem, döredijilikli ösdürip täze pikirler bilen baýlaşdyrypdyr. Plotini we Platony duýgulardan ýokarky dünýäniň reallygyny görünýän dünýäniň howaýylygyna garşy goýmaklyk birikdirýär. Platonyň aýdyşy ýaly barlygyň iň ýokary basgançagy Plotin üçin, pikir däl-de hiç bir häsiýeti bolmadyk, özüne ýeterlik başlangyç hökmünde kesgitlenen keramatly Birinji bitewilik ýa-da Bitewilik bolýar. Plotiniň filosofiki wezipesi hem şol keramatly Birinji bitewilikden dünýäde bar bolan ähli yzygiderliligi ýüze çykarmaklykda bolýar. Bitewilikden döreýän ilkinji zat Akyl (Huş) bolýar. Ol barlyk kämilliginiň derejesi boýunça Bitewilige iň ýakyn durýar. Ýöne döredilýän zat hökmünde Akyl dörediji Bitewilikden aşakda durýar. Bitewilik we Akyldan soňra Ruh gelýär. Ol Akyla, Akylyň Bitewilige degişli bolşy kimin degişli bolýar. Onuň iki hili tebigaty bar. Onuň bir bölegi Akyla, beýlekisi daşyna ymtylýar. Görünýän dünýä, tebigat Ruhuň emanasiýasy (akyp çykmasy) bolýar.

Medeni-taryhy nukdaýnazardan Plotiniň filosofiýasynda onuň filosofiýasynyň özi däl-de, öňe süren:

-aşakly-ýokarly kadalaşdyrmak esasynda barlyga gymmatlyklaýyn garaýyş;

-ýokary barlygy döredijilikli başlangyç hökmünde kabul etmek;

-ýokary barlyk tarapyndan aşakynyň döredilmegi baradaky esasy pikirleri gymmatly bolýar. Hristian dini filosofiýasyna örän ýakyn bolan bu pikirlere köp döwrüň dowamynda ýaşamaklyk miýesser edipdir.

Umuman, antiki filosofiýa filosofiýa ylmynyň kemala gelmeginde aýgytly döwürdir.Ol adamzat paýhasynyň kämilleşmeginiň egsilmez çeşmesi bolup hyzmat edýär we geljekde-de öz ähmiýetini ýitirmez.

## Üçünji bap. Orta asyr filosofiýasy.

Orta asyr filosofiýasy müň ýyla, takmyndan V asyrdan XV asyra çenli döwri öz içine alýar. Orta asyr filosofiýasy özboluşly häsiýete eýe bolup, onuň ösüşine Günbatarda hristian filosofiýasy we Gündogarda musulman filosofiýasy uly goşant goşupdyr.

**Günbatar Ýewropa döwletleriniň orta asyr hristian filosofiýasy**. Orta asyr filosofiýasy Antiki rasionializmiň esasynda we diniň güýçli täsir edýän sosial hem-de ruhy gurşawynda kemala gelipdir. Günbatar Ýewropa döwletleriniň orta asyr filosofiýasy gapma-garşylykly häsiýete eýe bolupdyr. Bir tarapdan onuň mazmunynyň aglaba bölegini teologiýa (dini taglymatlar) düzüpdir. Ol Injilde getirilýän düşünjeleriň esasynda Hudaýyň barlygyny, ruhuň bakylygyny esaslandyrmaklyga çalyşýar. Şeýle garaýyş has hem patristika diýip atlandyrylýan irki döwre häsiýetli bolýar. Bu döwürde orta asyr filosofiýasy “dini taglymatlaryň hyzmatkäri” ada eýe bolýar. Ikinji tarapdan öz ösüşiniň ikinji ýarymynda sholastika (scholastikos latynça alym, mekdep) döwründe diniň ykrar edýän çäklerinde ylmy filosofiýa häsiýetli bolan ynanç bilen paýhasyň, aýratynlygy hem umumylygy ýaly meseleleri işewir derňeýär. Dünýä filosofiýasynyň taryhyndaky orta asyr filosofiýasynyň oňoýly orny hut şu tarapyň bitiren işleri bilen baglydyr. Umuman, bu filosofiýada şu ikiýanlylyk, onuň garaýan ähli meselelerinde duýulýar. Mysal üçin,hristian ontologiýasy (ontos grekçe bar zatlar + logos) ynanja hem-de

paýhasa daýanyp, öz düşünjelerini esaslandyrmaklyga irrasional we rasional usullary ulanyp, dünýäni we adamy dörediji bolup Hudaýyň çykyş edýänligini tassyklamaklyga çalyşypdyr. Orta asyr filosofiýsynda adam baradaky taglymatyň (antropologiýanyň) hem özboluşlylygy bar. Adam bu ýerde Hudaýyň gurnaýan we kadalaşdyrýan dünýäsiniň bir bölegi bolup çykyş edýär. Ol diňe bir hudaýtarapyn döredilmän, oňa meňzeşem bolýar. Ýöne adamyň tebigaty ikiýanlydyr. Onuň ruhy we teni bar. Hudaýtarapyndan berilen ruhlulygy hem-de şeýtan tarapyndan guýulýan bozgaklygy bar. Sholastikanyň we gumanistik eýýamyň çatrygynda ýerleşýän Nikolaý Kuzanskiýniň (1401-1464) pikiriçe, adam ýagtylygyň we ten tümlüginiň bitewiligi hökmünde öňe çykyp, adam Hudaýy bolýar.

Orta asyr sosial filosofiýasynda hem döwür bilen häsiýetlendirilýän özboluşlylyk duýulýar. Merkezleşdirilen Rim imperiýasynyň dargamagy bilen dörän täze agalyk ediji toparyň bähbitlerini şöhlelendirip, bu taglymat Platondan gözbaş alýan gatlaklara bölünen jemgyýet berk merkezleşdirilen, monarhiki döwlet baradaky pikiri goraýar. Bu döwlet Injiliň: asmanda ýeke Hudaý, ýerde bir patyşa diýen ýörelgesine eýerýär. Şonuň bilen bir hatarda ol käbir geljegi bar bolan ählumumy deňligiň gerekligi, ýakyna söýgi we beýleki demokratiki pikirleri hem öňe sürüpdir. Hristian sosial filosofiýasynyň demokratik häsiýetiniň ýene bir tarapy hereket edýän jemgyýetçilik we döwlet gurluşynyň üýtgemegi we kämilleşmegi, onuň kämil däl “ýer kendinden” kämil “asman şäherine” öwrülmegi baradaky pikir bolýar. Jemgyýetçilik gurluşynyň dialektikasy, onuň hereketliligi baradaky garaýyşlary işläp düzmek we şonuň esasynda taryhy filosofiýanyň ilkinji esaslaryny döretmeklik orta asyr filosofiýasynyň wajyp gazananlarynyň biridir.

Orta asyr filosofiýasy özboluşly akyl ýetiriş taglymaty hem işläp düzýär. Bu özboluşlylyk şol döwürdäki dini we dünýewi garaýyşlaryň baglanyşygynyň esasynda döreýär. Bu baglanyşygyň esasynda gazanylýan hakykylyk bolsa diňe bir

aňlanan, rasional esaslarda däl-de, eýsem, ynanjyň, intuisiýanyň kömegi bilen amal edilýär. Onda-da dünýä akyl ýetirmegiň soňky usuly has ygtybarly hasaplanýar. Esasan dini öwrenijiler şu usuly ulanýarlar. Hawa, bu ýagdaýa hristian filosofiýasynyň Platon we Aristotel tarapyndan döredilen filosofiki ulgama daýanmaklygy päsgelçilik bermeýär. Orta asyr filosofiýasynda şeýle “zähmet bölünşiginiň” gerekligini Foma Akwinskiý (1225-1274) yzygiderli nygtapdyr.

Orta asyr filosofiýasy filosofiki pikiriň uzak döwrüni öz içine alýar. Ol özüniň içki bitewiligine garamazdan, iki aýdyň döwre: patristika we sholastika bölünýär**. Patristiki döwri** esasan I-VII asyrlar aralygy bilen baglaýarlar. Bu döwrüň belli filosofy Awgustin Awreliýdir (354-430). Ol bütin orta asyryň döwamynda hereket eden hristian teologiýasyny işläp düzýär. Awgustin ontologiki taglymaty (barlyk baradaky filosofiki taglymat) işläp düzüp, ilki bilen Hudaýyň hiç zatdan dünýäni döredişini esaslandyrýar. Onuň aýtmagyna görä, Hudaý diňe bir Platonuň göz öňüne getirişi ýaly bar bolan baky, ilkinji materiýadan dünýäni gurnaman, eýsem, dünýäni düzýän substansiýany hem döredýär. Akyldaryň ady bilen taryhyň özgerişi baradaky taglymat baglydyr. Onuň esasyny ýokarda aýdylşy ýaly jemgyýetçilik durmuşynyň aşaky basgançakdan ýokarky, ýagny “ýerdäki kentden” “Hudaýyň şäherine” yzygiderli geçilýänligini kabul etmeklik düzýär.

Awgustiniň filosofiýasynda adam meselesine uly orun berilýär. Onuň pikirine görä Adamyň tebigaty ikiýanly: ruhy we ten başlangyçlardan durýar. Adamyň ruhunyň esasy ukyby onuň Hudaýa ynanmak ukybydyr. Bu adamyň iň ýokary ukyby bolsa-da ýeke täk ukyby däldir. Adama berilen beýleki ruhy gymmatlyk – adama tebigata we jemgyýete akyl ýetirmeklige mümkinçilik berýän paýhas we oýlanmaklyk bolýar. Paýhas diňe ynajyň görkezmelerini berkitýär. Onuň özi hakykaty tapyp bilmeýär. Şu ukyplaryň sazlaşygy adama ýamanlyga garşy durup, ýagşylygy gazanmaga mümkinçilik berýär. Awgustiniň we hristian filosofiýasynyň beýleki wekilleriniň şu hili

garaýyşlary hristian dininiň doktrinasynyň berkemegine we serkowyň syýasy ulgamda agalygyna getiripdir.

Orta asyr filosofiýasynyň **ikinji döwri – sholastika** IX-XV asyrlary öz içine alýar. Bu döwrüň görnükli wekili Foma Akwinskiýdir. Onuň filosofiýasy resmi katoliki ideologiýanyň ensiklopediýasy hökmünde kabul edilendir. Foma Akwinskiýniň filosofiýasy neotomizm (latyn Foma adyndan) diýip atlandyrylýar. Akyldaryň bitiren işleriniň esasylarynyň biri orta asyr filosofiýasynyň merkezi meselesi bolan – din bilen ylmyň, ynanjyň we akylyň arabaglanyşygyny çuňňur işläp düzenligi bilen baglydyr. Bu meseleler patristiki döwründe hem filosoflary gyzyklandyrypdyr. Ýöne olar ony ylmy taýdan subut etmekligiň gerek däldiginden ugur alypdyrlar. Akwinskiýniň taglymaty bolsa akyly we ynanjy sazlaşdyrmaklyga gerek bolan örän köp esaslary ýüze çykarýar. Onuň aýtmagyna görä, ynanjam, akylam Hudaýa we onuň döreden dünýäsine akyl ýetirýär. Ynanç we akyl usullary biri-biriniň üstini ýetirýärler. Biziň ylymlarymyzyň iki çeşmesi hem hudaýtarapyn döredilendir. Ýöne ynanjyň Hudaýyň barlygynyň hakykylygyny islege we erke görä kabul edýänligi, akylyň bolsa elmydama müňkür bolýanlygy olary tapawutlandyrýar. Ynanç akyldan ýokarda. Foma Akwinskiýniň bu taglymaty şu gün hem dini filosofiýa tarapyndan ulanylýar. Has hem onuň Hudaýyň barlygyny subut edişi täsirlidir.

Orta asyr filosofiýasynda bu meseläniň giňişleýin ara alyp maslahatlaşylmagy uniwersallyk we aýratynlyk, ýagny umymy we takyk düşünjeleriň deňeşdirilýän gymmatlyklaryň üsti bilen akyl ýetirmeklige getirýär. Adamyň duýgy organlary bilen diňe aýratynlyklary kabul edýänligini filosoflar ozaldan bilipdirler. Şol bir wagtda-da adamyň her günki durmuşynda umumy düşünjeler hem ähmiýetlidir. Şonuň üçin umumy düşünjelere akyl ýetirmeklik wajypdyr. Şu meseläni anyklamaklyk bilen baglanyşykly orta asyr filosofiýasynda iki akym: realizm we nominalizm döreýär. Olar bu soragyň jogabyny garşydaş çözýärler.

Nominalistler diňe aýratyn zatlary aňladýan takyk düşünjeler hakykylyk bolup biler diýipdirler. Umumy düşünjeler, uniwersiallar bolsa pikir ýöretmekligiň daşynda hiç bir belli zady aňlatmaýarlar. Şonuň üçin nominalistleriň pikiriçe, olar diňe pikiriň görnüşi bolýarlar. Realistler bolsa aýratynlykdaky däl-de, görnüşi, kowumy, synpy häsiýetlendirýän umumy düşünjeriň uly ähmiýete eýe bolýandygyny belleýärler. Şeýle garaýşy Foma Akwinskiý işewür gollapdyr.

Şu garşydaş taraplary ylalaşdyrjak bolýan orta asyr filosofiýasynyň ýene bir akymy konseptualizm (latynça birikdirmek) döreýär. Bu akymyň belli wekili Ioann Duns Skot (1265-1308). Onuň pikiriçe, herki zat umumylygyň we aýratynlygyň birligi bolýar. Umuman, nominalizmiň dini garaýyşlara eýerenligine garamazdan, ol Täze döwrüň filosofiýasyny esaslandyryjy akym bolýar.

**Orta asyr musulman dünýäsiniň filosofiýasy.** Orta asyrlarda musulman döwletlerinde ösen filosofiki pikir köplenç, ylmyň esasynda kemala gelipdir. Şol döwürde Merkezi Aziýada ýaşan alymlaryň matematika, astronomiýa, lukmançylyk, geografiýa, taryh ylymlarynda, alhimiýada meşhurlyga eýe bolandyklary bellidir. Ozal lukman, astranom, syýahatçy bolan filosoflar köplenç howaýy pikir ýöretmelere däl-de takyk ylymlara, tejribä höwesli bolupdyrlar. Orta asyr filosofiýasynyň görnükli wekilleri Al-Farabi, Ibn Sina, Al-Gazali dagylar türkmen topragynda meşhur alym bolup ýetişipdirler.

Al-Farabi (870-950) ýüzden gowurak filosofiki we tebigy ylymlaryň taryhyna degişli eserleri döredipdir. Ol diňe bir Ýakyn we Orta Gündogarda aristotelizmi esaslandyryjylaryň biri bolman, eýsem, täze döwrüň filosofofiýasynyň döremegine güýçli itergi beren akyldar bolupdyr. Farabi nazary (logika, filosofiýa we tebigy ylymlar) we amaly (edep we syýasat) böleklerden durýan ylmyň akyl ýetirişiň serişdesi bolýanlygyndan ugur alypdyr. Ol hakyky bilimi ýalan bilimden tapawutlandyrmaga kömek berýän logika ilkinjiligi beripdir.

Şol esasda hem filosof paýhasyň aýratyn ähmiýetini belläpdir. Hut filosofiýa adama barlygyň manysyna düşünmeklige kömek berýär. Barlyk bolsa “bitewi” we şol bir wagtda hem “köp”. Barlygyň şu hili ýagdaýy barlygyň dürli gurşawlarynyň bir “bitewilikden” gelip çykýanlygy bilen baglydyr. Farabynyň aýtmagyna görä dünýä dokuz sany biri-biriniň içinde ýerleşýän asman çäklerinden durýar. Olarda ýaşaýan ruhlar bu asmanlary herkete getirýärler. Asman çäkleri hereketi ilkinji itergiden alýarlar.

Farabi dünýäniň köpdürliligini esaslandyrmaklyk üçin Aristoteliň görnüş we materiýa baradaky taglymatyny ulanýar. Ol ruhuň bakylygy barada Platon bilen ylalaşmaýar. Farabi ruhuň ten bilen bile döreýänligini we ýok bolýanlygyny nygtapdyr. Şonuň üçin akyldaryň akyl ýetiriş taglymaty Platonyň ýatlamaklyk taglymaty bolmaýar. Paýhasly ruh, duýgylaryň görkezmelerini ulanyp, zatlaryň tebigatyny açýar. Zatlaryň manysy akyl esasynda aýan bolýar. Bu ýerde akyl logika esaslanýar. Ýöne ol ilki bilen duýgy organlarynyň berýän maglumatlaryna daýanmalydyr.

**Al-Faraby ylmy ilkinji orunda goýýan musulman filoisofy**. Onuň filosofiýasy akyl ýetirişiň we barlygyň çylşyrymly meselelerini çözmeklige çalyşýar. Şu maksat bilen ol barlygyň ýagdaýlaryny, onuň görnüşlerini: ýönekeý böleklerini – howa, ot, toprak, suw; şonuň ýaly-da minerallary, ösümlikler we haýwanat dünýäsini, adamy derňeýär. Şeýlelikde, akyldar dünýäniň obýektiw hereket edýänligini düşündirýär. Farabi gumanitar ylymlara hem uly goşant goşupdyr. Syýasat we sungat bilen baglanşykly meselelere-de uly üns beripdir. Akyldar özüniň paýhasy, ölmez-ýitmez filosofiki eserleri bilen musulman dünýäsinde Aristotelden soň ikinji mugallym adyna mynasyp bolupdyr.

Ibn Sina (Awisenna) (980-1037) adamzadyň filosofiki pikirine saldamly goşant goşan akyldardyr. Ol 300-den köp eserleri döreden, olaryň arasynda “Tebipçilik ylmynyň Kanony”, “Bilimler kitaby” uly meşhurlyga eýedir. Ibn Sina ensiklopediki bilimlilige eýe bolan akyldardyr. Ol ylymlary

öwrenýän zatlaryna görä kadalaşdyrmagy öňe sürýär. Akyldar tebigat ilki başdan bar we ýok edilmeýär diýen pikiri öňe sürüpdir. Tebigatyň kanunlary üýtgemeýärler, şonuň üçin olara adam akyl ýetirip bilýär.

Ibn Sinanyň filosofiki mirasynda barlyk taglymaty aýratyn orun tutýar. Ol barlygyň iki görnüşini: Gerekli Bar zadyň we Mümkin bolan Bar zadyň barlygyny tapawutlandyrýar. Gerekli Bar zadyň barlygy – bu bozulmaýan barlyk – ruhy manydyr. Ol "arassa hakykylyk" we "arassa paýhas". Ibn Sinanyň bu barlygy Platonyň "Bitewiligine" we Aristoteliň "ilkinji hereketlendirijisine" kybapdaşdyr. Mümkin bolan Bar zadyň barlygy – bu tebigat, üýtgemeklige we dürlilige eýe bolan maddy dünýädir. Barlygyň bu iki görnüşiniň arasynda durnukly baglanyşyk bar. Ol ruhuň we tebigatyň baglanyşygydyr. Eger ruh baky we tebigat bilen bagly bolsa, tebigat hem baky bolýar. Ýöne Ibn Sinanyň Gerekli Bar zadyň barlygy ähli zady dörediji däl-de akdyryjy (emanatio latynça akdyryjy) bolýar. Ibn Sinanyň düşündirmeginde bu ýerde täsin zat, tebigatyň öz-özünden özakymly ösüşi bolýar. Ol minerallaryň döreýşini, olaryň ösümlikler dünýäsine geçişini, soňra haýwanat dünýäsine, olardan bolsa aňly jandarlaryň ýüze çykyşyny derňeýär.

Ibn Sinanyň akyl ýetiriş taglymaty hem filosofiki-taryhy oýlanşyga örän ähmiýetlidir. Bu taglymat tebigy-ylmy esaslardan, barlanýan zatlaryň obýektiwlige eýe bolýanlygyndan ugur alýar. Akyl ýetiriş bolsa akyl ýetirýäniň duýgylarynda we aňynda barlanýan zatlaryň keşbiniň şöhlelenmegi bolýar. Akyldar öz döwrüniň adamsy. Onuň pikiriçe, akyl ýetiriş ruh bilen dünýäniň ähli hadysalarynyň şekilini özünde jemleýän paýhasyň birleşmesi bolýar. Ibn Sinanyň eserlerinde akyl ýetirişiň wajyp meseleleri bolan bilimiň hakykylygy, intuisiýanyň akyl ýetirmeklikdäki orny giňişleýin derňelýär.

Filosof logikanyň meselelerine aýratyn üns berýär. Ol logikany pikiriň öz tebigatyndan alynýan pikiriiň kanunlary we görnüşleri baradaky ylym diýip kesgitleýär. logika hakykylyk

baradaky ylym bolup, pikir ýöretmäniň görnüşlerini we subut etmekligi öwrenýär.

Ibn Sinanyň filosofiki we ylmy döredijiliginiň adamzadyň bitewi medeni däpleriniň birikdiriji halkasy bolup gulluk edýänligini bellemeklik gerek. Ibn Sina diňe bir gündogaryň däl, eýsem, günbataryň hem ylmynyň we medeniýetiniň ösmegine itergi beren akyldardyr. Alymyň "Tebipçilik ylmynyň Kanony" kitaby alty asyryň dowamynda Ýewropanyň lukmanlaryna okuw kitaby bolup hyzmat edendir. Ibn Sinanyň "Söýgi baradaky" eserinde beýan eden Gözel Zenana akgöwünli hyzmat etmek baradaky pikiri turbadurlaryň şygyrýetiniň hem-de orta asyryň soňynda Ýewropada Danteniň söýgi taglymatynyň esasyny düzýär. Danteniň ähli döwürleriň we halklaryň akyldarlarynyň arasynda Ibn Sinanyň adyny tutmagy oňa şaýatlyk edýär.

Abu Hamit Muhammet ibn Muhammet al-Gazaly (1059-1111). Al-Gazaly orta asyr musulman dünýäsiniň iň görnükli akyldarlarynyň biridir. Ol kanuny öwreniş, filosofiýa we logika, teologiýa, sufiýa tejribesi, sufiýa nazaryýeti ugurlary boýunça 100-den gowurak ylmy işleri ýazypdyr. Ol sufizmiň görnükli wekili bolan. Sufizm (yslamdaky mistiki akym) VIII-IX asyrlarda ýüze çykýar. Oňa metafizikany we terkidünýälik tejribesini sazlaşdyrmak häsiýetli bolupdyr. Şonuň ýaly-da bu ýerde mistiki söýginiň üsti bilen kem-kemden Hudaýa akyl ýetirmek we onuň bilen birleşmek pikirleri öňe sürülendir.

Al-Gazaly diňe bir musulman medeniýetine uly täsir eden akyldar bolman, eýsem, onuň döredijiligi orta asyr Ýewropa medeniýetinde hem uly gyzyklanma eýe bolupdyr. Köp taryhçylaryň belleýşi ýaly Gazaly Foma Akwinskiýniň döredijiligine we ähli sholastiki garaýyşlara itergi beripdir. Onuň esasy eseri bolan „Ylym baradaky kitapda“ sünni gymmatlyklary bilen sufileriň nusgalaýyn garaýyşlary birleşdirilmeklige çalşylýar. Şol esasda ynanç baradaky ylymlary dikeltmeklik maksat edinilýär. Gazaly dini duýgynyň öwrenýän meselesine öwrülip, durmuşyň talaplaryndan yza galan sufiý däplerini işewürleşdirmeklige çalyşypdyr. Şonuň

üçin hem ol öz esasy eseriniň maksadyny ynanç baradaky ylymlary dikeltmeklik bilen baglaýar. Gazali Gurhanyň aýatlaryny we Muhammet pygamberiň hadyslaryny teswirlemek bilen sufileriň dine ygtybarlyklaryny subut etmeklige çalyşýar. Onuň döredijiligine skeptiki (müňkürlik) çemeleşmeler häsiýetli bolýar. Orta asyrda musulman paýhasy üçin Gazalynyň skeptisizmi örän özboluşly hadysadyr. Onuň filosofiki ulgamynda dünýä barada hakykylygy gazanmaklyk mümkinçiligine bolan müňkürligini gutarnykly filosofiki aňlatma öwren ilkinji yslam akyldary bolýar. Akyldaryň bu garaýşynyň gözbaşynda adam paýhasynyň akyl ýetirmeklik mümkinçiligini inkärlän sufileriň garaýyşlary durýar. Müňkürlik mydama musulman akyldarlaryny dini-mistiki çözgütlere getirmändir.

Gazaly bolsa müňkürligi hakykylygy gazanmaklygyň ýoly hasap edipdir. Gazalynyň döredijiligini öwrenen ýewropaly alymlar akyldaryň döredijiliginiň şu tarapyna ünsi çekip, ony Ýumyň garaýyşlaryny we ähli skeptiki filosofiki akymy esalandyryjy hasap edýärler. Dogrudan hem Gazaly Ýumdan ýedi asyr öň intelektual skeptisizmiň iň ýokary derejesine ýetipdir. Ol özüniň ýiti dialektikasy bilen „sebäpliligiň ýoluny kesip, biz sebäbem netijänem bilemzok, diňe biriniň beýlekiniň yzyndan gelýändigini bilýäris“ diýýär. Fransuz alymy Renan „Gazalydan soňra Ýuma aýdara zat ýok“ diýip belläpdir.

Gazaly öz döredijiliginde hadysalaryň sebäpli baglanşygyny inkärleýär. „Hadysalar zynjyrynda Akyl ilkinji orunda dur, şonuň üçin ol erki ýüze çykarmagyň, diýmek, hereketiň hem sebäbi bolýar“ diýýänleri Gazaly nadan hasap edipdir. Gazalynyň aýtmagyna görä, ähli zadyň sebäbi we olary dörediji Allatagaladyr. Ol bir hadysanyň diňe beýleki hadysa bolan halatynda ýüze çykyp bilýänligini kesgitleýän düzgüni döredipdir. Allatagala bilen baglanyşykly hadysalaryň yzygiderliligi belli bir derejede şertleriň zynjyry bolup durýar. Şeýleleikde, Gazalynyň müňkürlik baradaky garaýyşlary özboluşly pikir bilen beýan edilýär. Hadysalaryň kesgitli yzygiderliligi bar, mysal üçin: maşgala-durmuş-aň-erk-güýç-

hereket. Şu hadysalaryň hiç biri kä halatlarda dowamly, kä-te bolsa ýyldyrym çaltlylygynda gelýän Bitewi Hakykatdan öň gelip bilmeýärler. Şonuň üçin, akyldaryň aýtmagyna görä, esasan, Hudaýa akyl ýetirmeklige çalyşmaly. Gazalynyň aýtmagyna görä bu ýerde esasy zat ony amal edip bilenligiň ýa-da bilmänligiň däl-de şol ýola düşmeklikdir.

Akyl ýetirmekliligiň ýollaryna degişlilikde Gazaly adamyň dürli ukyplylygy baradaky taglymaty işläp düzýär. Onuň „Ylym barada kitap“ eseriniň tekstiniň esasynda olaryň iki esasy görnüşini – akyl we ýokary duýgurlyk ukybyny görkezse bolar. Söýgi baradaky kitabynda Gazaly ony eşitmek, görmek, ys almak we beýleki ukyplar bilen deňeýär. Ýürekde „hudaýyň çyragy“ atlandyrylýan ukyp bar. Ol „paýhas“, „içerki görüş“, „ynanjyň ýagtysy“ ýa-da „hakyky bilim“ diýip beleýär.

Gazaly bilimiň peýdaly işe gönükdirilmeginiň gerekligini nygtaýar. Ol  peýdalanylmaýan şahsy ylmy elhenç ýolbars gelende gerek bolan, ýöne alyp bolmaýan gynda gizlenen pyçaga meňzedýär.

„Ylym baradaky kitapda“ musulman paýhasynyň esasy üç ugry: adatylyk, rasionallyk we mistika birleşendir. Bularyň ählisi akyldaryň filosofiki ulgamyndan köp sanly netijeleri çykaryp boljakdygyny giňişleýin düşündirýär. Gazalynyň filosofiki ulgamynyň dürli häsiýetliligi we onda dünýäniň iri dini ulgamlaryna bagly bolan gapma-garşylyklaryň utgaşmasy dürli sosial toparlaryň we synplaryň ony öz bähbidine ulanmaklaryna mümkinçilik berýär.

Ymam Gazaly misulman dini taglymatynyň taryhynda „Hudjat al Yslam“ – „Yslamyň subutnamasy“ ady bilen girendir. Gazaly köp okan, köp gören, köp eşiden, köp zady bilendir. Ýöne Gazaly arap şahyry Labidiniň: „Alladan başga zatlaryň bary ýalan dälmi näme?“ diýen setirinden ylham alandyr.

Görşümiz ýaly ,umuman, musulman filosofiýasy orta asyrlarda ýokary derejä galypdyr. Ol bir tarapdan filosofiýany we ylmy, ikinji tarapdan bolsa ylmy we dini sazlaşdyrmaklyga çalyşypdyr. Onuň täze döwrüň ylmynyň we filosofiýasynyň

ýüze çykmaklygyna täsirliligini şu ikitaraplylyk bilen düşündirse bolar. Şonuň üçin orta asyr musulman filosofiýasy filosofiýanyň taryhynda we biziň döwrümiziň filosofiýasynda mynasyp orny eýeleýär.

## Dördünji bap. Täzeden döreýiş (Renossans) döwrüniň filosofiýasy.

**Täzeden döreýiş döwrüniň filosofiýasynyň özboluşlylygy.** XV asyrda Günbatar Ýewropanyň taryhynda ajaýyp medeniýeti döreden geçiş döwri, Galkynyş eýýamy başlanýar. Ykdysadyýetde feodal gatnaşyklar ornuny kem-kemden täze gatnaşyklara berip, industrial öňümçiligiň başlangyçlaryna ýol açýar. Biri-biriniň yzyndan: ilkinji çap edilen kitaplar; otly ýaraglar; Kolumbyň Amerikany açmagy; Wasko da Gamyň Afrikanyň daşyndan aýlanyp Hindistana deňiz ýoluny açmagy; Magellanyň Ýeriň daşyna aýlanmagy; ylmy ders hökmünde geografiýanyň we kartografiýanyň döremegi; matematika simwoliki bellikleriň girizilmegi; ylmy anatomiýanyň we fiziologiýanyň esaslarynyň döremegi ýaly düýpli açyşlar bolýar.Bular hristian dünýäsinde serkowyň ýeke-täk agalygynyň synmagyna esas bolýarlar.

Dünýewi bähbitler we ýerdäki adamyň ählitaraply ýaşaýşy ylmyň we sungatyň esasy meselesine öwrülýär. Bokkaço özüniň „Dekomeronynd“ atly eserinde şäherlileriň sagdyn aňyny we olaryň ýaşaýşa bolan hyjuwyny şekillendirip, ruhanylaryň azgynlygyny we dworýanlaryň ýaltalygyny paş edýär. Erazm Rotterdamskiýniň, Rableniň, Gutteniň eserleri orta asyryň köne ideologiýasyny tankytlap, ynsanperwerlik pikirlerini öňe sürýärler.

Italian suratçylary, heýkeltaraşlary, arhitektorlary Leonarda da Winçiniň we Mikelanžello Buanarrotiniň döredijiligi ynsanperwerlik pikirleriniň ösmegine örän güýçli täsir edýär. Leonarda da Winçi özüniň surat, heýkeltaraş we arhitektura eserlerini, matematika, biologiýa, geologiýa,

anatomiýa, fizika bilen baglanyşykly işlerini adama, onuň belentligine bagyş edýär. Meşhur „Gizlin agşamlar“, „Džakonda“ eserleriň awtory hökmünde akyldar Galkynyş eýýamynyň estetikasynyň ynsanperwerlik ýörelgelerine güýçli täsir edýär. Mikelandželo özüniň „Isa gözýaş dökmek“ eserinde we „Dawut“ skulpturasynda adamyň beden we ruhy gözelligini suratlandyrýar.

Galkynyşyň medeniýeti, onuň filosofiýasy adamyň şahsyýet hökmünde gymmatlygyny, erkin ösüşe we özüniň ukyplaryny açmaklyga bolan hukuklaryny tassyklamaklyga gönükdirilendir. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny bahalandyrmagyň täze ölçegi hökmünde adamçylyk tassyklanýar. Galkynyş eýýamynyň ynsanperwerligi ilkinji döwürde orta asyr sholastikasyna we serkowyň ruhy agalygyna garşy durýan dünýewi erkin pikirlilik bolup çykyş edýär.

Soňra şol eýýamynyň ynsanperwerligi filosofiýanyň we edebiýatyň gymmatlyklaýyn ahlak äheňiniň üsti bilen tassyklanýar. Onyň üçin Galkynyş eýýamynyň filosofiki eserleriniň sanawyny getirmeklik ýeterlikdir. Olar: Fasionyň „Adamyň artykmaçlygy we belentligi“, Lorreso Wallanyň „Lezzet hakyky abadanlyk hökmünde“, Werdžerionyň „Beýik ahlaklylyk we erkin ylymlar barada“, Manettiniň „Mertebe barada“, Petrarkanyň „Bagtly we bagtsyz ykbala garşy serişdeler barada“ we beýlekilerdir.

Täze medeniýet we filosofiýa ilki bilen Italiýada ýüze çykýar. Soňra Galkynyş Ýewropa ýurtlaryny: Fransiýany, Germaniýany we beýlekileri öz içine alýar. Täze döwrüň medeniýetinde antiki döwrüň medeniýetiniň amal eden wezipeleri şu eýýamy Galkynyş ýa-da Renesans diýip kesgitleýär. Galkynyş eýýamynyň filosofiýasynyň aýratynlygyny birinjiden, tebigaty derňemeklik esasynda „Kitap aklyny“ we sholastiki sowatlylygy inkärlemek; ikinjiden, antiki filosoflar Demokritiň, Epikuryň materialistik garaýyşlaryny peýdalanmak; üçünjiden, tebigaty öwrenýän ylymlar bilen berk baglanyşyk; dördünjiden, adam meselesini derňemek bilen bagly diýip bellese bolar.

Bu döwrüň filosofiýasyna biz fransuz filosofy Mişel Monteniň (1533-1592) filosofiki eserleriniň üsti bilen tanyş bolalyň. Şu maksat bilen onuň „Tejribeler“ atly kitabynyň bölümleriniň atlandyrylyşyna ýüzlensek, onda alymyň durmuş kitabyny ýazmaklyga çemeleşendigini görýäris. Kitabyň bölümleri: „Gepleşikler pursaty – gorkuly pursat“, „Gorkaklyk üçin jezalandyrylyş“, „Biriniň peýdasy – beýlekiniň zyýany“, „Aramlyk barada“, „Artykmaçlyga garşy kanunlar barada“, „Gadymy adamlaryň tygşytlylygy barada“, „Ýaş barada“, „Şol bir netijäni dürli serişdeler bilen gazanyp bolar“, „Ata-enäniň söýgüsi barada“, „Şöhrat barada“, „Gazaplylyk barada“, „Öz pikirliligiň barada“, „Pikir alyşmanyň üç görnüşi barada“ kimin atlandyrylypdyr. Başda „Tejribeler“ antiki filosoflaryň (Plutarh, Seneka) ahlak-filosofiki garaýyşlarynyň beýany hökmünde oýlanylan. Ýöne soňra oňa düýpli goşmaçalar girizilipdir. Monten bütin ömrüniň dowamynda bu eseriň üstünde işläpdir.

Monten Foma Akwinskiýden gaýdýan teomerkezlilige garşy çykyş edipdir. Onuň antropomerkezligi hem özboluşlydyr. Ol adama başga bir zadyň kömegi bilen däl-de onuň özüniň üsti bilen, adam serişdeleriniň kömegi bilen garamaklygy ündäpdir. Akyldar hakykylygy müňkürligiň (skeptisizmiň) üsti bilen gazanmagy, onda-da diňe bir hakykylygy gözlemek bilen meşgul bolman, eýsem, „Adam neneňsi ýaşamaly?“ diýen soragyň jogabyny tapmaklyk bilen meşgul bolupdyr. Bu ýerde Monten skeptiklerden tapawutlylykda hakykylykdan gaçmaýar. Ol hakykylygy dürli ýollar bilen gözleýär. Montene hakykylyk ýeke-täk, ony ýa doly gazanyp bolýar ýa-da asla gazanyp bolmaýar. Müňkürlik bolsa akyldar üçin akyl işini işewürleşdirmäge gerek. Monteniň „Tejribeleri“ diňe bir täzeleniş ýa-da täze döwür filosofiýasy üçin gerek bolman, eýsem, häzirki döwrüň filosofiki oýlanşy üçin hem ähmiýetlidir.

Nikkola Makiawelli (1469-1527) täzeleniş döwrüň görnükli filosoflarynyň biri bolýar. Ol ilkinjileriň hatarynda bu döwürde sosial filosofiki meseleleri derňäp başlaýar. Oňa

dünýewi döwletiň gerekligini esaslandyrmaklyk degişli bolýar. Ol adamlary herekete iteriji güýç bolup egoizmiň, maddy bähbitleriň çykyş edýändiklerini nygtapdyr. Makiawelliniň pikiriçe, ilkibaşdan adamlara her hili ýollar bilen baýlaşmaklyga bolan höwes häsiýetli bolýanlygy sebäpli, bu ýerdäki adam hyjuwlaryny aýratyn güýç bilen çäklendirmeklik gerek bolýar. Şeýle güýç hökmünde döwlet çykyş edýär. Serkow tarapyndan däl-de, diňe döwlet tarapyndan terbiýeläp bolýan hukuk, adamlaryň ýuridiki dünýägaraýşy jemgyýetde gerek bolan düzgüni ýola goýýar. Özüniň „Patyşa“ atly eserinde Makiawelli ilatyň içinde raýat goldawlylygy pes şertinde güýçli döwleti döretmekligiň mümkinçiliklerine garaýar. Şol mümkinçilikleriň içinde akyldar hökimdaryň öz raýatlaryna degişlilikdäki hereketiniň üstinde durup geçýär. Şonda ol paýhasly hökimdaryň özüni döwletden aýyryp biljek nogsanlyklardan daşda durmagynyň we beýleki nogsanlylyklardan saklanmagynyň gerekligini belleýär. Mysal üçin, tarhan hökümdar adyna eýe bolmaklyk gowy zat, ýöne kimde kim şol ada eýe boljak bolup tarhanlygy ýüze çykarýan bolsa, ol özüne zelel ýetirýär. Şonuň ýaly-da Makiawelli : „Söýgä ynam döretmek gowumy ýa-da gorka?“, „Ýigrençden neneňsi daşda durup bolar?“, „Hökümdar özüni hormatlamaklary üçin nähili hereket etmeli?“, „Hökimdaryň maslahatçylary“, „Ýaranjaňlardan neneňsi daşda durmaly?“ we beleki soraglary hem derňeýar. Mysal üçin, ol: „Hökimdaryň paýhasyna ilki bilen onuň nähili adamlary özüne ýakynlaşdyrýandygy bilen baha berýärler“-diýýär. Akyldar hiç zatdan çekinmän öz pikirini aýdyp bilýän paýhasly adamlaryň birnäçesiniň parasatly hökümdaryň töweregini gurşamalydygyny belleýär. Ýöne hökümdar meseläniň çözgüdine özi ýetmelidir.

Makiawelli syýasy maksatlary gazanmaklyk üçin ähli serişdeleri ulanyp bolýar diýen netijä gelýär. Hökümdar öz hereketinde kabul edilen ahlak ýörelgelerinden ugur almaly bolanlygyna garamazdan, döwleti berkitmeklige hyzmat edýän bolsa sýasatda olary hasaba alman hem biler. Makiawelliniň şu

hili garaýşy soňra ýazgaryjy makiawellizm adyna eýe bolupdyr. Ýöne syýasatda ulanylýan hapa serişdeler Makawelliniň tapan zady däl. Olar adamzat taryhynda örän kän duşýarlar.

Täzeleniş döwrüň sosial filosofiki pikiri „Utopiýa“ (gury hyýal) kitabyň awtory Tomas Mor (1478-1535), „Gün şäheri“ atly meşhur eseri döreden Tomaza Kompanella (1568-1639) we beýlekileriň atlary bilen bagly.

**Täzeleniş döwrüň naturfilosofiýasy.** Täzeleniş döwrüniň uly açyşlarynyň we tehniki ösüşiniň esasynda özboluşly naturfilosofiýa (tebigat filosofiýasy) kemala gelýär. Ol hem Täze döwrüň filosofiýasynyň we tebigy ylymlarynyň ösüşine aýgytly täsir edýär. Naturfilosofiýa köplenç panteistik häsiýete eýe bolýar. Ýagny, ol Hudaýyň barlygyny inkärlemän ony tebigat bilen kybapdaş edýär. Neapolda tebigaty tejribeleýin öwremeklik üçin akademiýany esaslandyran Bernardino Tolezio (1509-1588) we Papa Piý II-niň ýakyn maslahatçysy alym, filosof Nikolaý Kuzanskiý (1401-1464) dagylar şeýle filosofiýany ösdürýärler.

N. Kuzanskiý panteistik filosofiýanyň görnükli wekili bolýar. Ol tebigaty Hudaýa ýakynlaşdyrýar we tebigata giňişlikde gutarnyksyzlyk häsiýetli bolýandygyny belleýär. Kuzanskiýniň pikiriçe, Ýer dünýäniň merkezi we hereketsiz hasap edilýän ýyldyzlar dünýäni çäklendirýän gurşaw bolmaýarlar. Akyldar tebigata düşünmeklige degişli: gapma-garşylylyklaryň bitewiligi, ýeke-ýekelik we umumy zat, mümkinçilik we hakykylyk, tebigatda gutarnyksyzlyk we gutarnyklyk ýaly birnäçe dialektiki pikirleri aýdyp gidipdir.

Filosof akyl ýetiriş taglymatyna degişli hem pikirleri öňe sürüpdir. Ol ylmy usulyýet düşünjesini, döredijilik meselesini – adamyň mümkinçilikleriniň has hem akyl ýetiriş gurşawynda çäksizligini esaslandyrypdyr. Şol bir wagtda hem akyl ýetirişde onuň panteistik garaýyşlary güýçli bolupdyr. Akyldaryň aýtmagyna görä Hudaý ähli bolup biljek zatlaryň öňden barlygy bolup çykyş edýär. Başlangyç ähli zatlary şöhlelendirýär, adam bolsa dürli gapma-garşylyklary ýeňip

geçip, gutarnyksyz pikirlenmeklige ukyplydyr. Kuzanskiýniň filosofiýasy geljekki naturfilosofiki pikirlere güýçli täsir edipdir.

Täzeleniş döwrüň beýik akyldarlarynyň biri Džordano Bruno (1548-1600) bolýar. Ol dünýäniň döredilendigi we geljekki ahyryýet baradaky pikirlere garşy çykyş edipdir. Akyldar Kopernigiň geliomerkezlilik pikirlerini ösdüripdir. Şol bir wagtda ol Hudaý barada örän köp ýazypdyr. Ýöne onuň Hudaýy döredýän we döredilýän, sebäp we netije bolýan Älemdir. Bu ýerde panteistik pikirler aýdyň görünýär. Brunonyň naturfilosofiki garaýyşlary antiki çeşmelerden alynan özakymlaýyn dialektika bilen birleşýär. Onuň adama mikrokosm hökmünde garaýşy hem täsindir. Adamyň paýhasynyň güýji ony dünýäden ýokary galdyrýar.
Bruno 1592-nji ýyda ýeresde günälenip zyndana salynýar, 1600-nji ýylda ol oda ýakylýar.

Galilo Galileýiň (1564-1642) eserleriniň hem filosofiki ähmiýeti uludyr. Ol Aýyň kraterlerini we gerişlerini açyp, Akmaýanyň ýolunyň gutarnyksyz ýyldyzlardan bolýandygyny, Ýupiteriň hemralaryny, Gündäki tegmilleri görüp „Asmanyň Kolumby“ şöhratyna eýe bolupdyr. Onuň şu açyşlary sholastika we serkow bilen bäsdeşligiň başlangyjyny goýýar. Rim serkowy Kopernigiň garaýyşlaryny wagyz etmekligi gadagan etse-de Galileý bu taglymatyň hakykylygyny subut etmekligiň üstünde işlemekligini dowam edýär.

Mehanikanyň meseleleriniň üstünde işläp, Galileý tebigy gerekliligiň barlygyna şaýatlyk edýän käbir düýpli kanunlaryny açýar. Bu pikirler Kepleriň açan planetalarynyň Günüň daşyndaky hereketiniň kanunlary bilen güýçlenýär. Şular hem Galileýe „Dünýäniň esasy – ptomoleýiň we kopernigiň iki ulgamy barada“ atly eserinde adamzat taryhynda ilkinji gezek tebigatyň kanunlary diýen düşünjäni girizmeklige mümkinçilik berýär. Bu kitap katolik serkowy tarapyndan Galileýiň ýeresde günälenmegine esas bolýar. 1833-nji ýylda Galileý suda çekilýär. Şonda ol resmi suratda öz pikirinden ýüz öwürmäge mejbur bolýar. Ýöne bu sud Galileýiň garaýyşlaryna ünsi

çekmeklige has giň esaslary döredýär. Diňe bir alym astronomlar däl, eýsem, matematikler, fizikler, tebigaty öwrenijiler ýeke bir Galileýiň däl, eýsem, Kopernigiň we Brunonyň hem pikirleriniň hakykylygyna ynanýarlar. Akyldar bu ýerde ýeňiş gazanýar.

Galileý emeli zatlary aradan aýryp tebigaty tejribäniň üsti bilen öwrenäge çagyrýar. Ol hadysalary düşündirmegiň tebigy sebäplerini gözlemekligiň gerekligini belleýär. Onuň pikiriçe, ähli hadysalary takyk mukdar arabaglanyşyklara getirse bolar. Şonuň üçin ol matematikanyň we mehanikanyň ähli ylymlaryň esasynda durýanlygy baradaky pikire gelýär. Galileý ylmy usulyýete mukdar derňewi, tebigaty tejribeleýin-induktiw we abstrakt-deduktiw usul bilen barlamaklygy girizýär.

Galileýiň ylmy usulyýeti ilki bilen matematika we mehanika daýanýar. Bu hem onuň dünýägaraýşynyň häsiýetini mehaniki marerializme gözükme hökmünde kesgitleýär. Ol tebigatyyň gizlin syrlaryny matematikanyň dilini özleşdirmän açyp bolmaýanlygyny yzygiderli belleýär. Galileýiň taglymatynda Hudaý planetalara hereket berýän ilkinji hereketlendiriji bolup çykyş edýär. Şondan soňra tebigat öz obýektiw kanunlaryna eýe bolýar. Olary ylymlar öwrenmelidir. Görşümiz ýaly, Galileý ilkinjileriň biri bolup tebigata deistiki (Hudaýy dünýäni döredijі diýip, tebigatyň we jemgyýetiň durmuşyna onuň täsirini inkärleýänler) garaýşy kesgitläpdir. Bu garaýyş soňra XVII we XVIII asyrlaryň akyldarlarynyň döredijiliginde duş gelýär.

## Bäşinji bap. Täze döwrüň filosofiýasy.

**XVII-XVIII ýüzýyllyklaryň Günbatar Ýewropa filosofiýasy.** XVII asyrdan başlap tebigaty öwrenýän ylymlar güýçli depginde ösýärler. Deňizde ýüzmekligiň gerekliligi astranomiýanyň ösmekligini kesgitleýär. Şäher gurulşygy, gämi gurluşygy, harby işler – matematikanyň we mehanikanyň ösmekligine getirýär. Täze ylym ilki bilen maddy önümçilige daýanýar. Dokma senagatynda maşynlar oýlanyp tapylýar.

Kömür we metallurgiýa senagatynda önümçilik serişdeleri kämilleşdirilýär.

E. Toriçelli tejribe esasynda howanyň basyşyny barlygyny tassyklaýar, rtut barometrini we howa nasosyny oýlap tapýar. I. Nýuton mehanikanyň esasy kanunlaryny, şol sanda bütindünýä dartyş kanunyny kesgitleýär. R. Boýl mehanikany himiýada ulanyp, himiki element düşünjesini işläp düzýär. Iňlis fizigi U. Gelbert magnitiň häsiýetini we amaly ulanylşyny derňeýär. R. Dekart we G. Leýbnis matematikanyň, mehanikanyň, fizikanyň, fiziologiýanyň ösüşine saldamly goşant goşupdyrlar. Jemgyýetçilik ylymlarynda tebigy hukuk taglymaty işlenilip düzülýär (Angliýada T. Gobbs, Gollandiýada G. Grosiý). Ylymyň şeýle güýçli ösüşi öz döwrüniň filosofiýasyna täsir etmän durup bilmeýär. Filosofiýada sholastikadan we dinden kesgitli bölünşik bolýar. Dini dogmatlaryň agalygyna we diniň täsirine garşy kesgitli göreş bolýar. Paýhasyň güýji baradaky taglymat we ylmy barlaglaryň çäksiz mümkinçiliklerine bolan ynam döreýär. Täze döwrüň filosofiýasyna tejribeleýin tebigy ylymlardan gelip çykýan güýçli materialistik häsiýet mahsus bolýar.

**Esasy meseleler (ontologiýa we gnosologiýa).** Täze döwrüň filosofiýasynda, ilki bilen hem XVII asyryň filosofiýasynda ontologiýanyň meselelerine, ýagny barlyk taglymatyna üns berilýär. Şeýle garaýyş hereket, giňişlik we wagt barada pikir ýöredilende aýdyň görünýär. Filosofiýanyň we ylmyň wezipesi adamyň tabigatyň üstünden agalygyny, adamyň saglygyna we gözelligine hyzmat etmegidir. Bu bolsa olaryň başlangyç güýçlerini, hadysalaryň sebäplerini derňemekligi talap edýär. Şonuň üçin Täze döwrüň filosoflarynyň ählisini diýen ýaly substansiýa (ilkinji esas, ähli zatlaryň we hadysalaryň manysy) we onuň häsiýetleri gyzyklandyrýar. Bu döwrüň filosofiýasynda „substansiýa“ düşünjesine iki hili çemeleşilýär. Birinjisi barlygyň ahyrky esaslandyrylyşy hökmünde garamak bolup, ol substansiýa ontologiki düşünmeklik bilen baglanyşyklydyr. Ikinjisi substansiýanyň ylym üçin gerekliligini görkezýän gnosologiki

aňlamaklyk bilen baglydyr. Birinjini iňlis filosofy Fransis Bekon (1561-1626) esaslandyrýar. Ol substansiýany takyk zatlaryň görnüşine kybapdaş hasaplaýar. Onuň görnüşini hil taýdan häsiýetlendirýär. Bu ýerde materiýa hereketiň dürli görnüşlerine eýe bolan we dürli öwüşgün berýän hil köpdürliligi hökmünde çykyş edýär. Bekon materiýa gögümtil, garamtyl, ýylylyk, agram we başg. häsiýetleri berýär. Olar alymyň pikiriçe, materiýanyň iň ýönekeý häsiýetleri bolýarlar. Şu „häsiýetleriň“ dürli utgaşdyrylmasyndan tebigatyň, zatlarynyň dürli görnüşleri döreýär.

F. Bekon materiýanyň hil dürlüliligi baradaky taglymatyny özüniň görnüş we hereket baradaky taglymaty bilen berkitýär. Onuň düşünşine görä, görnüş zatlara degişli häsiýetiň maddy manysy, ýagny zadyň maddy bölejikleriniň hereketiniň kysymy bolýar. Giňişlik onuň üçin boşluk däl-de, materiýanyň durnukly eýeleýän ýeri bolýar. Ol giňişligi maddy zatlaryň uzynlygy bilen deňeýär. Bekonyň pikirine görä, wagt maddy zatlaryň tizliginiň obýektiw ölçegi bolýar. Wagta şeýle  garaýyş üns bermeklige mynasypdyr. Sebäbi wagt bu ýerde maddy zatlaryň üýtgeýşiniň depginini häsiýetlendirýän dowamlylykdan we uzaklykdan durýan materiýanyň belli bir içki häsiýeti hökmünde kabul edilýär. Şeýlelikde wagt hereket bilen berk baglanyar. Bekonyň pikiriçe,hereket materiýanyň aýrylmaz ilkinji häsiýeti bolýar. Materiýanyň baky bolşy ýaly, hereket hem bakydyr. Ol hereketiň tebigatdaky 19 görnüşini: yrgyldama, garşylyk, unersiýa, ymtylma, dartgynlyk, ýaşaýyş ruhy, ezýet we başg. atlandyrýar. Bu görnüşler şol döwürde düýpli öwenilen mehaniki hereketiň häsiýetleri bolýar. Şol bir wagtda hem Bekon materiýanyň hereketleriniň özboluşly görnüşleri sebäpli, dünýäniň köp hili bolýanlygyny duýup, olary derňemek we düşündirmek isleýär.    F. Bekonyň materialistik garaýyşlary iňlis filosofy Tomas Gobbsyň (1588-1679) eserlerinde ösdürülýär we kadalaşdyrylýar. Gobbs materiýa ýeke- täk substansiýa hökmünde garap, ähli hadysalary, zatlary, hereketleri şol substansiýanyň ýüze çykyşynyň görnüşleri

hasaplaýar. Materiýa – baky, jisimler we hadysalar – wagytlaýyndyr. Olar döreýärler we ýok bolýarlar. Pikirlenmäni materiýadan aýryp bolmaýar, sebäbi diňe materiýanyň özi pikirlenýär. Jesetsiz jisimiň bolup bilmeýşi kimin, jesetsiz substansiýa hem bolmaýar. Hut materiýa ähli üýtgemeleriň subýekti bolýar. Ähli material jisimler giňişlilik bilen häsiýetlendirilýär. Uzynlygy, giňligi we beýikligi bolany sebäpli olary ölçäp bolýar. Bekonyň garaýşyndan tapawutlylykda Gobbsyň materiýasy hil häsiýetlere eýe bolmaýar. Ol ony geometr we mehanik hökmünde mukdar taýdan derňeýär. Material dünýä bu ýerde reňke, ise, sese we başgalara eýe bolmaýar.

Dünýä baradaky filosofiki oýlanmalarynda Gobbs käbir ateistik garaýyşlaryna garamazdan köplenç deist (deizma eýeriji) hökmünde çykyş edýär. Ol öz eserlerinde durnukly tebigy baglanyşyklaryň we kanunalaýyklygyň ähmiýetini nygtýar. Şol bir wagtda hem ol Hudaýy adamlaryň durmuşyndan aýyrmaýar. Onuň pikiriçe, adamlaryň erkinligi Hudaýyň isleýän zadyndan köp ýa-da az bolmaýan gereklilik bilen baglanyşýar. Hudaý hadysalaryň kanunalaýyk geçişine goşulmaýar.

Bekonyň we Gobbsyň substansiýany monistiki nukdaýnazardan düşündirişlerine fransuz filosofy Rene Dekart (1596-1650) dünýä dualistik (lat. dualis ikiýanly) düşünmekligi garşy goýýar. Dekart biri-birine bagly bolmadyk iki başlangyjyň: maddy däl ýa-da „oýlanýan substansiýanyň“, we maddy ýa-da „giňişleýin substansiýanyň“ barlygyny belleýär. Bu substansiýalar paralel ýaşaýan ýaly. Olary metafizika we fizika öwrenýärler. Birinji ruhy substansiýany we onuň bilen baglanyşykly akyl ýetirişiň ýörelgelerini we barlygy derňeýär. Ikinji tebigat filosofiýasy bolýar. Onda dünýäniň döreýşi, Zeminde ýaşaýşyň ýüze çykyşy we ösüşi barada taglymat getirilýär. Çylşyrymly maşyn görnüşindäki haýwanlaryň we adamlaryň bedenleriniň gurluşy görkezilýär.

Dekart kosmos baradaky taglymatyň esasyna materiýanyň we onuň dürli bölekleriniň hereketi bilen kesgitlenen Gün

ulgamynyň tebigy ösüşi baradaky pikiri goýýar. Akyldar materiýanyň bölekleriniň hereketiniň sebäbini olaryň tüweleýleýin aýlanyşy bilen düşündirip, onuň özbaşdak döredijilik güýje eýe bolýandygyny belleýär. Ol hereketi jisimleriň giňişlikdäki öz ýerini üýtgetmegi bilen baglap, mehaniki görnüşde düşündirýär. Şeýlelikde, Dekart öz garaýşy bilen gapma-garşylyga girýär. Giňişligi jisimiň uzynlygy hökmünde häsiýetlendirip, hereketi jisimleriň biri-birine degişlilikdäki ýerini üýtgetmegi hökmünde düşdündirýär. Bu bolsa giňişligi boşluk hökmünde ykrarlamak bolýar. Ol herketiň ilkinji sebäbini Hudaý bilen baglaýar.

Dekartyň dualistik taglymatyna golland filosofy Benedikt Spinoza (1632-1677) hötde gelýär. Spinoza dünýä monistik garaýşy işläp düzýär. Onuň monizmi panteizm görnüşinde bolýar. Akyldar öz ontologiýasynda Hudaýy we tebigaty biri-birine kybapdaş häsiýetlendirýär. Tebigat bu ýerde hem dörediji, hem-de döredilen bolup çykyş edýär. Şol bir wagtda-da Spinoza diňe esasy alamatlary giňişlik we pikirlenmek bolan maddy substansiýanyň barlygyny nygtapdyr. Şeýlelikde, bütin tebigat diňe bir Hudaý bolany üçin däl, eýsem, pikirlenýänligi sebäpli hem janly tebigat bolýar.

Spinoza hereketi Hudaýyň ilkinji itregisi bilen däl-de, oňa tebigatyň özüniň sebäpkär bolýanlygy bilen düşündirýär. Hereket tebigatyň manysyny hem çeşmesini düzýär. Ýöne hereket Spinozanyň beýanynda alamat däl-de substansiýanyň ýagdaýy modusy (hawa, baky we gutarnyksyz) bolýar. Alymyň pikiriçe, hereket takyk zatlarda bolup bilýär. Substansiýa bolsa hereketden mahrum bolýar. Spinoza materiýany „özüne sebäpkar“ diýip häsýetlendirýän hem bolsa materiýanyň öz-özüniň hereketliliginiň manysyna düşünmändir.Şol bir wagtda hem Spinoza yzygiderli determenistdir (lat.determinare kesgitlemek). Ol hadysalaryň döremeginiň, bolup geçmeginiň, ýok bolmagynyň obýektiw sebäpler bilen baglydygyny belläpdir. Şol sebäpli baglanyşygyň iki hilini: içki (immanent) we daşky (mehaniki) görnüşlerine ünsi çekipdir. Birinji subsatansiýa, ikinji bolsa modusa degişli bolýar. Spinoza

determinizmiň kömegi bilen diňe bir sebäpli-netijeleýin baglanyşygy däl, eýsem, tötänleýin, zerurlyk we erkin gatnaşyklary hem derňeýär. Spinoza öz „Etikasynda“ Spinoza substansiýa garanda tötänliligiň obýektiwligini aradan aýryp ýeke-täk zerurlygyň agalygyny nygtaýar. Ýöne zatlaryň takyk ýagdaýyna garanda onuň determenistik taglymaty manylaýyn we çuňňur häsiýete eýe bolýar. Spinoza tötänligi we zerurlygy bilelikde görüp bilmändir. Şol bir wagtda hem onuň taglymyaty ylymda agalyk edýän teologiýa garşy gönükdirilipdir.

Nemes filosofy Gotfrid Wilgelm Leýbnis (1646-1716) Spinozanyň substansiýa düşünjesine hereketli güýç ýörelgesini, ýa-da „öz-özünden hereketliligi“ goşýar. Özüniň „Monadologiýa“ atly eserinde filosof maddy hadysalary bölünmeýän, ýönekeý ruhy bölekleriň – monadalaryň ýüze çykmasy diýip düşündirýär. Monada hereketli güýjüň maddy bolmadyk, ruhy merkezi bolýar. Monadalar baky we ýok edilimeýär. Her bir aýratyn monada ruhuň we teniň bitewiligi bolýar. Monadanyň ruhy manysynyň daşky aňladylmasy san bolýar. Işewürlik, hereket monadanyň häsiýeti bolýar. Leýbnisiň pikiriçe,tebigaty diňe bir mehanikanyň kanunlary bilen düşündirip bolmaýar. Onuň üçin maksat düşünjesini girizmeli. Sebäbi her bir monadanyň özüniň hereketiniň esaslary we olaryň maksady bolýar. Ruh teniň maksady, onuň ymtylýan zady bolýar. Monadanyň ruhunyň we teniniň özara täsiri Hudaý tarapyn kesgitlenen sazlaşykdyr. Leýbnis monadalary üç görnüşe bolýär. Olar ýaşaýşyň monadasy, jan monadasy we ruhuň monadasydyr. Şonuň esasynda akyldar çylşyrymly substansiýalary hem üç topara bölýär: ýaşaýyş monadasyndan organiki däl tebigat ýüze çykýar, jan monadasyndan – haýwanlar, ruh monadasyndan adamlar kemala gelýärler.

Iňlis filosofy Džon Lokk (1632-1704) substansiýany gnosologiki taýdan derňemeklige başlaýar. Lokk pikirleriň we düşünjeleriň çeşmesi bolup daşarky dünýä, maddy zatlaryň çykyş edýänligini tassyklaýar. Maddy zatlara diňe mukdar

häsiýetler mahsus bolýar. Maddy zatlar biri-birinden diňe ululygy, görnüşi, hereketi we hereketsizligi bilen tapawutlanýarlar. Bular – „ilkinji hiller“ bolýarlar. „Ikinji hiller“ – ys, ses, reňk, tagamdyr. Olar zatlarda bolmaýarlar. Lokkyň aýtmagyna görä, olar subýektde „ilkinji hilleriň“ täsiri bilen döreýär. Häzirki döwrüň ylmynyň nukdaýnazaryndan „ilkinji hillere“ we „ikinji hillere“ bölmeklik ýöntem we ylmy esasa eýe bolmaýan ýaly bolup görünýär. Ýöne subýektiw idealizmiň tarapdarlary ony logiki taýdan soňyna ýetirýärler. Olaryň aýtmagyna görä „Ilkinji hiller“ hem „ikinji hiller“ kimin subýekte bagly bolmadyk hiç bir obýektiw mana eýe bolup bilmeýärler. Mysal üçin, iňlis filosofy Džordž Berkli (1685-1753) her bir hiliň obýektiw esasyny inkärläp, hakykatda olary adamyň duýgysyna getirip ateizma, materializma we deizma garşy açyk çykyş edýär. Akyldaryň aýtmagyna görä hakykatda diňe „ruhlar“, olary döreden Hudaý, şonuň ýaly-da hudaýtarapyn adamyň ruhuna salynan „pikirler“ ýa-da duýgular bolýarlar. Ol ähli zatlary duýgularyň dürli hili baglanyşygy bilen düşündirýär.

Iňlis filosofy Dawid Ýum (1711-1776) hem Berkli kimin ontologiki meseleleri, substansiýany materialistik düşündirişe garşy çykyş edip çözýär. Ol maddy we ruhy substansialaryň real ýaşaýşyny inkärläpdir. Filosof substansiýalaryň „ideýasynyň“ barlygyny nygtapdyr. Ol „ideýalar“ bolup ylmy däl-de adaty akyl ýetirişe mahsus bolan adamyň „kabul eden zatlarynyň birleşigi“ çykyş edýär.

Ýum dünýä akyl ýetirmeklikde sebäpli baglanyşygy inkärläpdir. Hakykylykda dünýäniň ýaşaýanlygy ýa-da ýaşamaýanlygy onuň üçin kesgitlenip bolunmaýan mesele bolupdyr. Alym üçin bir hadysanyň beýlekiden öň gelýänligi, onuň ikinjä sebäp, ikinjiniň bolsa netije bolýanlygyna esas bolup bilmeýär. Şu ýerden hem Ýumyň skeptisizmi gelip çykýar (Biz ýokarda Gazalynyň bu meselä garaýşynyň aýratynlygy barada durup geçipdik).

Täze döwrüň filosofiýasy akyl ýetirişi esaslandyrmaklykda aýgytly ädim ädýär. Bu ýerde esasy

meseleler hökmünde adamyň daşarky dünýä akyl ýetirişiniň usulyýýeti, filosofiki ylmy usul, içerki we daşarky tejribäniň baglanyşygy çykyş edýärler. Esasy iki gnosologiki ugurlar: empirizm we rasionalizm ýüze çykýarlar. Tejribeleýin ylymlara, gözeçilige we eksperimente uly ähmiýet beren F. Bekon empiriki akyl ýetiriş usuly esaslandyryjy bolup çykyş edýär. Ol ylymlaryň çeşmesini we hakykylygyň ölçegini tejribede görýär. Filosof akyl ýetirmä daşky dünýäni adamyň aňynda şöhlelendirmek hökmünde garap, akyl ýetirişde tejribäniň kesgitleýji ornuny belläpdir. Şol bir wagtda-da ol akylyň akyl ýetirmekdäki ornuny hem inkärlemeýär. Akyl duýgylaýyn akyl ýetirişiň we tejribäniň netijelerini işläp, hadysalaryň sebäpli baglanyşygyny tapmaly, tebigatyň kanunlaryny açmaly. Akyldar belli bir derejede duýgylaýyn we rasional pursatlaryň akyl ýetirişdäki bitewiligini belläp, akylyň bu ýerdäki ornuna kembaha garaýan ýöntem empiriki çemeleşmä garşy çykyş edipdir. Bekonyň empiriki garaýyşlaryny T. Gobbs dowam edýär. Lokk ähli adamzat aňyny duýgulaýyn tejribeden çykarmaklyga synanyşýar. Ol aňa tejribä bagly bolmadyk özakymlaýyn güýjüň häsiýetli bolýandygyny hem belleýär. Berkli şeýle kesgitsizligi ulanyp, doly daşarky tejribäni aradan aýyrýar.

XVII asyrda akyl ýetiriş taglymatynda rasionializm R. Dekartyň, B. Spinozanyň, G. Leýbnisiň eserlerinde açylýar. Dekart özüniň „Usullar barada oýlanma“ atly eserinde ylymlaryň çeşmesi we hakykylygyň ölçegi daşky dünýäde däl-de adamyň paýhasynda bolýar diýen netijä gelýär. Akyl ýetirişiň başlangyjy intelektual intuisiýa ýa-da arassa akyl aýlamaklyk bolýar. Ähli pikirleri Dekart iki topara: duýgydan gelen we aslynda bolan toparlara bölýär. Soňky topar doly hakykylyga eýe bolýar. Akyldar olaryň hataryna Hudaý baradaky pikiri, matematiki aksiomalary we beýlekileri goşupdyr. Mysal üçin, açyşlara itergi berýän hakyky başlangyç, usul ýa-da gural bolup ähli bar bolan zatlara müňkirlik çykyş edýär. Ähli zada müňkür bolup, müňkür bolýan pikiriň barlygyna müňkür bolmaly däl. Şonuň

netijesinde alym ýeke-täk hakykylyga eýe bolýan zat pikirdir: „Pikirlenýärin diýmek ýaşaýaryn“ diýmekdir diýen netijä gelýär. Onuň üçin biziň göz öňüne getirýän zatlarymyzyň aýdyňlygy we takyklygy hakykylygyň ölçegi bolýar.

Spinoza akyl ýetirişiň üç görnüşini: takyk we hakyky bolmadyk göz öňüne getirmeleri berýän duýgulaýyn akyl ýetiriş, moduslarda bilim berýän akylyň üsti bilen akyl ýetiriş we iň ýokary hakykylygy açýan intuisiýanyň üsti bilrn akyl ýetiriş görnüşlerini belleýär. Leýbinis ähli hakykylygy gerekli hakykylyga (akylyň hakykylygy) we tötänleýin hakykylyga (bar zatlaryň hakykylygy) bölüpdir. Ol akyl hakykylygynyň hataryna ol substansiýa, barlyk, sebäp, hereket, deňlik düşünjeleri, logikanyň we matematikanyň ýörelgelerini, ahlak ýörelgeleri goşýar. Onuň pikiriçe, akyl şu hakykylyklaryň çeşmesi bolup çykyş edýär.

Täze döwrüň filosofiýasy örän wajyp sosial taglymatlara eýe bolýar. Olaryň hataryna „tebigy hukuk“ we „jemgyýetçilik şertnamasy“ taglymatlary goşsa bolar. Mysal üçin, Dž. Lokk adamyň tebigy hukugy hökmünde onuň erkinligini we zähmet esasynda gazanylan emlägine bolan hukugyny kesgitleýär. Ol özüniň „Döwlet dolandyryşy barada iki traktat“ atly işinde adamlaryň ilkinji ýagdaýlary hökmünde „tebigy hukugyň“ agalygyny: erkinlik, deňlik we eýeçiligiň goraglylygyna garaýar. Ol Gobbs kimin adamlaryň „tebigy hukugyny“ goramaklyga „jemgyýetçilik şertnamaň“ netijesi bolan döwletiň gerekligini belleýär. Gobbsyň pikirine görä, adamlaryň ilkibaşdan güýçli we gaharjaň bolandyklary sebäpli, biri-birini ýok etmezlikleri üçin jemgyýetçilik şertnamalaryň esasynda döwlet ýüze çykýar. Lokkyň pikiriçe döwlete tebigy hukugyň belli bir bölegi ilki bilen hem söz azatlygyny, ynanjy we eýeçiligi goramaklyk geçirilýär. Alym häkimiýeti ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet şahalara bölmek baradaky taglymaty hem ösdürýär. Bu ýerde kesgitleýji orun parlamentde kanun çykaryjy häkimiýetiň jemlenmegi bolýar. Hut kanun çykaryjy häkimiýet jemgyýetde ýola goýulýan düzgüni we edara ediş usuly kesgitleýär.

**Fransuz Magaryfçylygynyň filosofiýasy.** Fransuz Magaryfçylyrynyň filosofiýasy XVIII asyrda iki ugra bölünýär: Wolteriň, Monteskýeniň, Russonyň deistik materializmy; Nýutonuň, Galileýiň, Dekartyň tebigy ylymlarynyň esasynda deizmiň nazaryýet esaslaryny tankytlaýan Didronyň, Golbahyň, Gelwesiýniň, Lametriýniň garaýyşlary.

Fransua Wolter (1694-1778) fransuz Magaryfçylyrynyň filosofiýasynyň iň görnükli wekilleriniň biri bolýar. Ol täze döwrüň ylymlaryny, ilki bilen hem Nýutonyň mehanikasyny we fizikasyny, iňlis konstitusion düzgünleri we edaralaryny wagyz ediji, şahsyýetiň azatlygyny goraýjy bolup çykyş edýär.

Ewropanyň rewolýusion ideologiýasynyň kemala gelmagine Žan Žak Russo (1712-1778) örän güýçli täsir eden akyldar bolýar. Onuň „Jemgyýetçilik şertnamasy“ atly eseri azatlyk, ýuridiki hukuklaryň deňligi ýörelgelerine esaslanýan raýat jemgyýetini nazaryýet taýdan esaslandyrýan taglymat bolup çykyş etdi. Russonyň garaýyşlary Beýik fransuz rewolýusiýasy döwründe ýakobinsleri ruhlandyrdy.

Şarl Lui Monteskýe (1689-1755) geografiki determinizm taglymatyny esaslandyryjylaryň biri bolýar. Bu taglymat howa şertleri, toprak we ýeriň üstki ýagdaýy halkyň ruhunyň we jemgyýetiň ösüşiniň häsiýetini kesgitleýän esaslar bolýanlygyndan ugur alýar. Olar döwleti dolandyrmaklygyň häsiýetine hem täsir edýärler. Ol döwlet dolandyryşynyň iň kämil görnüşi hökmünde konstitusion monrhiýanyň çykyş edýänligini belläpdir. Monteskýe häkimiýetiň bölünşiginiň taglymatyny öňe sürýär.

XVIII asyryň ikiji ýarymynda magaryfçylyk hereketi giň demokratik häsiýete eýe bolýar. Bu pikiri goldaýan filosoflar D. Didro tarapyndan çap edilýän „Ensiklopediýanyň“ daşyna jebisleşýärler. Bu işe Gelwesiý, Golbah we Lamarti işewür gatnaşýarlar. Olar soňky filosoflara we filosofiki mekdeplere güýçli täsir eden materializmiň ösen görnüşini kemala getirdiler. Öz döwründe meşhurlyga eýe bolan “Adam – maşyn“ atly eseriň ýazary Žýulýen Ofre de lametri (1709-

1751) maddy dünýäniň „özbaşdak ýaşaýanlygyna“ we onuň başlangyjynyň we soňunyň ýoklygyna çyn ýürekden ynanypdyr. Substansiýa onuň üçin ýeke – material we onuň hereketlendiriji çeşmesi özünde bolýar. Lametriýniň materialistik garaýşy Epikuryň atomistik materialisminiň, Spinozanyň materialistik taglymatynyň we Lokkyň sensualizminiň täsiri esasynda kemala gelýär. Ol Dekartyň maddy däl we ölmeýän ruh baradaky pikirini paşa çykarmaga çalyşypdyr. Ruh onuň pikiriçe beýniniň işewürliginiň ýüze çykmasy we wezipesi bolýar. Lametri adamy maşyn kimin öwrenýär. Ol adamyň bedeniniň mehanikasyny öwrenmek öz-özünden onuň duýgy we pikir işiniň manysyny açar diýen pikire eýeren. Bu nädogry garaýyşdyr.

Fransuz materializminiň filosofiki garaýyşlaryny yzygiderli beýan ediji bolup Pol Genrih Dimrih Golbah (1723-1789) çykyş edýär. Onuň „Tebigat ulgamy“ atly eseri „XVIII asyryň materializm we ateizm kodeksi“ hökmünde kabul edilipdir. Bu eser 1770-nji ýylda çapdan çykypdyr. Onda ontologiýanyň wajyp meseleleri bolan materiýa, hereket, giňişlik, wagt, sebäplilik, tötänlilik, zerurlyk we başga düşünjeler giňişleýin beýan edilýär. Onuň üçin tebigat ähli zadyň sebäbi bolýar. Çünki ol Hudaý zerarly däl-de özi zerarly ýaşaýar. Tebigat Golbah üçin öz energiýasynyň güýji esasynda hereket edýän zatlaryň bitewiligi bolýar. Ähli zatlar bolsa bölünmeýän we üýtgemeýän atomlardan durýarlar. Ol atomy XVII asyryň materialistleri kimin syzdyrmaýan,, agramly, dowamly, görnüşe eýe bolan, hereketli zat hökmünde häsiýetlendirýär. Filosof materiýa düşünjesini jisim düşünjesine meňzedýär. Golbah tebigatyň ähli baglanyşyklarynyň we hereketleriniň üstünden berk zerurlygyň agalyk edýändigini belleýär. Älem biri-birinden gelip çykýan sebäp we netije baglanşygynyň gutarnyksyz zynjyry bolýar. Şonuň üçin Golbah tebigatda-da jemgyýetçilik durmuşynda-da tötänlige ýer goýmaýar. Filosofyň pikiriçe, adam hem, zerurlygyň guly bolýar. Ol öz durmuşynyň diňe bir pursatynda hem erkin bolup bilmeýär. Onuň hereketleri diňe olaryň ýüze

çykyşy görnüşinde bolup biler. Bu bolsa Golbahyň determinizminiň fatallaýyn häsiýete eýe bolýandygyny görkezýär.

Deni Didro (1713-1784) özüniň „Materiýanyň we hereketiň filosofiki ýörelgeleri“, „Tebigaty düşündirmek baradaky pikirler“ we başg. eserlerinde subýektiw idealizma garşy çykyş edip, ontologiki meselelere öz garaýşyny berýär. Ol ähli bar zatlar maddylaýyn bolýarlar diýip öwredipdir. Dünýä gutarnyksyz döreýär we ýok bolýar. Her bir pursat döreýän we ýok bolýan ýagdaýda bolýar. Hiç haçan başga dünýä bolmandyr we bolmazam. Görşümiz ýaly, Didro barlyk meselelerini derňemeklikde dialektikany ulanýar. Onuň pikiriçe ähli materiýa duýýar. Bu gilozoizmiň (grekçe hule-zat we zöe ýaşaýyş) nukdaýnazarydyr. Ýöne ol „inert duýgulygy“ we „hereketli duýgulygy“ tapawutlandyrýar. Onuň pikiriçe, soňky belli bir derejede gurnalan materiýada ýüze çykýar.

Didro beýleki fransuz materialistlaryndan has çuňňur hereketiň tebigatyna düşünipdir. Ol daşarky we içerki hereketleri tapawutlandyrypdyr. Birinjä giňişlikdäki herket, daşky täsir, ikinjä bolsa – içerki, jisimleriň molekulýar gizlin hereketi hökmünde garapdyr. Fransuz materializminiň bitiren işleriniň hatarynda material substansiýa wajyp tarapy bolan hereket bilen bilelikde garamagy bolýar.

Didro, Golbah, Lametri, Gelwesiý gnosologiki meselelere hem üns beripdirler. Olar ylmyň çeşmesini adamyň daşarky we içerki dünýäsi bilen baglapdyrlar. Onda-da bu dünýälere akyl ýetirip bolýandygyny belläpdirler. Fransuz materialistleri akyl ýetirişiň duýgulaýyn we rasional görnüşleriniň ähmiýetini aňlapdyrlar. Duýgular şaýatlyk maglumatyny berýän bolsalar, akyl şol maglumatlaryň dogrulygyny derňeýän kazy hökmünde çykyş edýär. Akyl duýgynyň maglumatlaryndan aýrylyp bilmeýär, ýöne olara gereginden artykmaç ynanyp hem bilmeýär. Akylyň duýgudan aýrylan ýagdaýynda akyl ýetiriş başa barmaýar.

Fransuz filosoflarynyň jemgyýetçilik durmuşyna garaýyşlary, olaryň gnosologiki meseleri çözüşleri bilen

baglydyr. Olaryň tejribäniň duýgyny, pikir ýöredişi, paýhasy kemala getirmeklikdäki orny bilen baglanyşykly meseleleri çözmekleri daşky şertleriň we terbiýäniň adamyň kämilleşmegine we dürli jemgyýetçilik hadysalaryň döremegine edýän täsirini ýokarlandyrmagyň ýollaryny görkezýär. Daşky gurşawyň şahsyýeti kemala getirmekdäki orny baradaky taglymaty fransuz akyldarlarynyň gazanan uly gymmatlygydyr. Olar adamlaryň dogulanlarynda deň we meňzeş bolýandyklaryny belläpdirler. Adamlaryň akyl we ahlak tapawutlylygy diňe terbiýäniň we daşky şertleriň tapawudy bilen kesgitlenýär. Bu meseläni derňemeklige Klod Adriana Gelwesiý (1715-1771) uly üns berýär. Gelwesiýde adamyň, onuň ruhy kysymynyň daşky gurşawa baglylygy baradaky pikir umumusuly häsiýete eýe bolup, onuň ähli sosial-filosofiki garaýyşlarynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Ol „Adam hakyndaky“ eserinde: „Adamlar öz boluşlary kimin doganoklar, olary durmuş şeýle edýär“ diýýär. Gurşawa Gelwesiý Monteskýe ýaly klimat we toprak diýip düşünmeýär. Gurşaw onuň üçin adama täsir edip biljek zatlaryň we hadysalaryň toplumydyr. Filosof sosial gurşawy döredýän zatlaryň hataryna döwleti dolandyrmaklygyň görnüşini, okalan kitaby we birnäçe zatlary goşýar. Daşky gurşawyň iň täsirlisi onuň pikiriçe, dolandyryş görnüşi we hereket edýän döwlet kanunlarydyr.

Fransuz materialistleriň eserlerinde şahsyýetiň taryhdaky orny giňişleýin derňelýär. Olar beýik adamlaryň halklaryň häsiýetlerini we ahlagyny kesgitleýändiklerini, bagtly we bagtsyz, gaýduwsyz, yrymçyl, şöhratparaz we gysganç edýändiklerini bellänler. Taryhy-filosofiki edebiýat fransuz Magaryfçylary bilen 1789-1794-nji ýyllaryň Beýik Fransuz rewolýusiýasynyň berk baglanyşykda bolandyklaryny görkezýär. Bu rewolýusiýany taýýarlamakda we amal etmeklkde fransuz materialistleriniň garaýyşlary uly orun eýeläpdir.

## Altyjy bap. Nemes klassiki filosofiýasy.

**Umumy häsiýetmama. Kantyň filosofiýasy.** Nemes klassiki filosofiýasy adamzadyň filosofiki pikir medeniýetiniň ösüşinde aýratyn bir döwür bolýar. Ol döwür Immanuil Kantyň (1724-1804), Iogann Gotlib Fihtäniň (1762-1814), Fridrih Wilgelm Şellingiň (1775-1854), Georg Wilgelm Fridrih Gegeliň (1770-1831), Lýudwig Andreas Feýerbahyň (1804-1872) filosofiki döredijiligi bilen görkezilýär. Bu filosoflaryň her haýsy taglymatlara we pikirlere baý filosofiki ulgamyny döredenlerdir. Şol bir wagtda hem nemes klassiki filosofiýasy bitewi ruhy birleşme bolup çykyş edýär. Şol birleşigiň tapawutly aýratynlyklary:

1.Filosofiýanyň adamzat taryhyndaky we dünýä medeniýetiniň ösüşindäki ornuna özboluşly düşünmeklik. Nemes klassiki filosofiýasy filosofiýanyň medeniýetiň tankydy aňy, „harçaňlaşýan aň“, „hakykata ýylgyryp garaýan“, medeniýetiň „ruhy“ bolmalydygyny göz öňünde tutandyr.

2.Diňe bir adamzadyň taryhy däl, eýsem, bu ýerde adamyň manysy hem derňelýär. Kant adama ahlakly ynsan hökmünde garaýar. Fihte aňyň işewürligini we hereketliligini hem-de adamyň öz-özüni aňlamagynyň wajyplygyny belleýär. Şelling obýektiwligiň we subýektiwligiň özara baglanyşygyny görkezmekligi filosofiki mesele hökmünde öňe sürýär. Gegel öz-özüňi aňlamagyň we aýratyn aňyň çägini giňeldýär. Ol jemgyýetçilik aňynyň dürli görnüşlerini çuňňur derňeýär. Feýerbah materializmiň täze görnüşini – antropologiki materializmi döredýär.

3.Nemes klassiki filosofiýasynyň wekilleriniň ähl isi filosofiýa filosofiki dersleriň, karegoriýalaryň, pikirleriň ulgamy hökmünde garaýarlar.

4.Nemes klasiki filosofiýasy dialektikanyň bitewi konsepsiýasyny işläp düzýär.

5.Nemes klassiki filosofiýasy ynsanperwerlik meselelerini işläp düzmeklikdäki filosofiýanyň aýratyn ornuny belleýärler we adamzadyň ýaşaýşyny aňlamaklyga çalyşýar.

Kantyň filosofiýasy barada gürrüň edilende onuň döredijiligini köplenç iki döwre bölýärler. Birinji döwür Kenisberg uniwersitetini tamamlandan 1770-nji ýyla çenli aralygy öz içine alýar. Ilki bilen akyldar oňa çenli belli bolmadyk dünýäniň mehaniki däl şekilini düşündirmeklige çalyşýar. Ol Älemdäki ähli jisimleriň maddy böleklerden – atomlardan durýanlygyndan ugur alýar. Olar içerki özlerine mahsus bolan, özüne çekijilik we iterijilik güýçlere eýe bolýarlar. Kant özüniň kosmologiki taglymatynyň esasyna bu pikiri goýýar. Älem dünýä giňişliginde ýaýran dürli maddy bölekleriň garym-gatymlygy görnüşinde bolýar. Özlerine mahsus bolan çekijilik güýje eýe bolandyklary sebäpli, olar (Hudaýyň ilkinji itergisine mätäç bolman) hereketde bolýarlar. Şonda has uly dykyzlykdaky „Ýaýran bölejikler“ özlerine çekijilik güýjiň täsiri bilen öz daşlaryna beýleki dykyzlygy uly bolmadyk bölejikleri ýygnaýarlar. Ol: „maňa materiýany beriň, men dünýäniň nähili emele gelendigini görkezeýin“ diýýär. Kantyň kosmogen gipotezasy filosofiýanyň we ylmyň ösmegine örän güýçli täsir edýär. Birinji döwrüň ahyrynda akyldaryň öňünde akyl ýetirişiň mümkinçilikleri bilen baglanyşykly meseleler ör boýyna galýarlar. Şonuň üçin ol 70-nji ýyllarda naturfilosofiýa meselelerinden akyl ýetiriş taglymatynyň meselelerine geçýär.

„Tankydy döwür“. Kantyň filosofiki döredijiliginiň ikinji ýarymy filosofiýanyň taryhyna „tankydy döwür“ ady bilen girýär. Birinji we ikinji ýarymyň arasynda, ikinjiniň taýýarlanylyş döwri ýatyr. Ol döwür 1770-nji ýyldan „Arassa paýhasy tankydyň“ çykan 1781-nji ýylyna çenli aralygy öz içine alýar. Onuň başynda akyldar „Duýgy we akyl bilen ýetilýän dünýäniň görnüşleri we ýörelgeleri“ atly işini ýazýar. Bu iş soňra „Arassa paýhasy tankyt“ (1781), „Amaly paýhasy tankyt“ (1788), „Akyl ýöretmeklik ukybyny tankyt“ (1790) eserlerini ýazmaklyga başlangyç bolýar. Bu kitaplaryň birinjisinde Kant akyl ýetiriş taglymatyny, ikinjisinde – etikany, üçünjisinde – estetikany we tebigatdaky maksadalaýyklylyk baradaky taglymaty beýan edýär. Şu işleriň

ählisiniň esasynda „zatlaryň özündeligi“ we „hadysalar“ baradaky taglymat durýar.

Kant üçin adamyň aňyna (duýgulara, pikire) bagly bolmadyk zatlaryň dünýäsi bar. Bu ýerde akyldar materialist hökmünde çykyş edýär. Ýöne haçan-da Kant adamyň akyl ýetiriş mümkinçilikleri we çäkleri, onuň görmüşleri baradaky meselä geçende ol akyl ýetirişiň üsti bilen däl-de ynanjyň (Hudaý, ruh, bakylyk) üsti bilen açylýan bar zatlaryň dünýäsi – „zatlaryň özündeligi“ barada pikiri öňe sürýär. Şeýleleikde, Kantyň pikirine görä „zatlaryň özündeligi“ bu dünýäniň, wagtyň we giňişligiň çäginden daşarda bolan dünýä (transsendent) bolýar.

Kant ähli bilimleri tejribeleýin (pastorial) we tejribeden öňki (aprior) görnüşlere bölýär. Bu bilimleri ösdürmekligiň usullary dürli hili çolýar. Birinji tejribäniň maglumarlaryny jemlemeklik, ýagny induktiw usul bilen alynýar. Ýöne tejribe ähiumumy bilimi berip bilmeýär. Kant aprior ählumumy we gerekli bilim  bolup bilýär diýen netijä gelýär. Kant: „Neneňsi statiki aprior bilimler bolup bilerler?“ diýen soragy goýýar. Şu soragyň jogaby, onuň pikiriçe: 1. Neneňsi matematika mümkin?; 2. Neneňsi tebigaty öwreniş mümkin?; 3. Neneňsi metafizika (filosofiýa) mňmkin? diýen soraglara jogap bermäge kömek berer.

Filosof akyl ýetirişiň üç gurşawyny: duýgyny, aňy, paýhasy derňeýär. Garalýan zatlar bize duýgynyň üsti bilen berilýärler, aňyň üsti bilen olar aňlanýarlar. Paýhas bolsa aňa gönügip tejribe bilen baglanyşykda bolmaýar. Şonuň üçin Kantyň taglymatynda, zerur we ähliumumy bilimiň garaýan zady hökmünde tebigat aň tarapyndan „gurnalýar“. Şeýlelikde, akyldar aňyň ylmyň meselelerini – hadysalaryň dünýäsini „kadalaşdyrýan“ umumy we zerur kanunlary döredýänligi baradaky netijä gelýär. Kant subýektiw idealizmiň özboluşly görnüşini döredýär. Onda-da bu özboluşlylyk ýeke bir alymyň: „Giňişlik we wagt janly gözegçiligiň diňe görnüşi bolýar“ diýen jümlesi bilen kesgitlenmän, eýsem, onuň baglanyşyklara

we kanunlara aňyň önümi kökmünde garamagy bilen hem baglydyr.

Kantyň adamyň akyl ýetiriş ukyplary baradaky taglymatynyň ýene bir bölegi – paýhas we antinomiýalar (antinomiýa grekçe kanundaky gapma-garşylyklar) baradadyr. Onuň pikiriçe: „Neneňsi metafizika (filosofiýa) mümkin?“ diýen soragyň jogabyny aňyň ukyplaryny derňemeklik esasynda açyp bolýar. Metafizikanyň garaýan meselesi aňyň garaýan meselesi kimin Hudaý, erkinlik we ruhyň bakylygy bolýar. Olara teologiýa, kosmologiýa we psihologiýa ýüzlenýärler. Akyl ýetiriş bilen bagly soraglara jogap berjek bolanda aň köplenç gapma-garşylyga duçar bolýar. Onda-da bu gapma-garşylyklar öz düzümi we manysy boýunça tapawutlanýarlar. Bu ýerde „ikitaraply görnüş“ ýüze çykýar. Şonda Kantyň pikirine görä tezis we oňa garşy tezis birmeňzeş gowy delillendirilen ýaly bolup görünýärler. Eger olaryň haýsy hem bolsa bir tarapy diňlense, onda oňa „ýeňişiň“ berilmegi mümkin. Şu hili gapma-garşylyklara Kant antinomiýalar diýýär. Kant üçin bu gapma-garşylyklar çözülip bilinmeýärler. Kantyň antinomiýalar baradaky taglymaty dialektikanyň taryhynda uly ähmiýete eýe bolupdyr. Bu taglymat filosofiki aňyň öňünde köp sanly filosofiki meseleleri, ilki bilen hem gapma-garşylyk meselesini goýýar. Gutarnyklylygyň we gutarnyksyzlygyň, sadalygyň we çylşyrymlylygyň, tötänligiň we zerurlygyň, zerurlygyň we erkinligiň gapma-garşylykly bitewiligini aýdyňlaşdyrmaklyk meselesi öňe sürülýär. Kantyň antinomiýalary nemes klassiki filosofiýasynyň geljekki wekilleriniň dialektiki oýlanşygy üçin güýçli itergi bolýar.

Ahlak kanuny. Ahlak kadalarynyň manysyna we esaslandyrylyşyna düşünmekligi Kant filosofiýanyň esasy wezipeleriniň biri hasaplapdyr. Akyldar bu dünýäde iki zadyň: ýokardaky ýyldyzly asmanyň we özündäki ahlak kanunyň ony geň galdyrýanlygyny belläpdir. Kantyň aýtmagyna görä, adam bir gatnaşykda zerurlylyga görä, ikinjide bolsa azatdyr. Tebigatyň hadysalary ýaly hadysa bolan adam zerurlylyga boýun edilýär, ahlak jandar hökmünde bolsa ol akyl bilen

ýetilýän zatlaryň dünýäsine – noumenlere degişli bolýar. Şu ýagdaýda ol erkin bolýar. Adam ahlak jandar hökmünde diňe ahlak borjuna boýun bolýar. Ahlak borjyny Kant ahlak kanun ýa-da düýpgöter ahlak imperatiw görnüşde kesgitleýär. Bu kanun her bir adam, onuň şahsy özüni alyp baryşynyň düzgüni hemmelere düzgün bolup hyzmat eder ýaly hereket etmekligini talap edýär. Eger ahlak kanunyň talaplaryna laýyk gelýän hereketlere adamy onuň duýgusy iterýän bolsa, onda ol hereketler Kantyň aýtmagyna görä, ahlakly diýip bolmaýar. Diňe ahlak kanuna hormat goýulyp edilen hereket ahlakly bolup bilýär. Kant adamyň ahlak wezipeleriniň ähli bileleşigini derňeýär. Ilkinji orunda ol öz durmuşyny we janyny goramaklyk barada alada edýän adamyň borjuny goýýar. Özüňe kast etmegi, arakhorlygy, açgözligi ahlaksyzlyk diýip kesgitleýär. Ol ahlaklylygyň hataryna dogruçyllygy, akýürekliligi, hoşniýetliligi, mertebeliligi goşup, olara ýalançylygy we ýaranjaňlygy garşy goýýar.

Kant wyjdana „ahlak ýazgarma“ hökmünde aýratyn ähmiýet berýär. Adamlaryň biri-birine degişlilikdäki iki borjyny Kant söýgüde we hormatda görüpdir. Akyldar adam ýigrenjiniň ýüze çykyşlary bilen baglanyşykly kemçilikleri: ýaman niýetliligi, gadyr bilmezligi, içigaralygy ýazgarypdyr. Ynsanperwerlik iň ýokary adamkärçilik bolýar. Kant hususyýetçilik bähbitleri bilen baglanyşykly dawalary hukugyň esasynda çözüp bolunjakdygyna ynanypdyr. Kantyň aýtmagyna görä, hukuk amaly paýhasyň ýüze çykmasy bolýar. Eger adam ýokary ahlakly bolmasa-da kem-kemden gowy raýat bolmaklygy öwrenýär. Kantyň sosial filosofiýasynda garalýan syýasata degişlilikde ahlagyň ilkinjiligi şu gün öz ähmiýetini ýitirenok. Akyldar ahlaksyz syýasata garşy durmaklygyň wajyp serişdesi hökmünde aýdyňlygy öňe sürýär.

**Fihtäniň we Şellingiň filosofiýasy.** Fihtäniň garaýyşlary sosial-taryhy we ahlak häsiýete eýe bolýar. Ol Kant hakykylygy we onuň esasyny aýan etmän gazanýar diýen netijä gelýär. Şonuň üçin Fihte filosofiýany takyk görnüşde, geometriýa kybapdaş görnüşdäki ylym hökmündäki taglymaty

döredýär. Bu taglymatyň esasy bolup „Men“ aňy çykyş edýär. Bu adaty aň, ýöne Fihtäniň taglymatynda ol adamdan aýrylyp absolýuta öwrülýär. Ähli daşky dünýä „Men-däl“ „Meniň“ döreden zady bolýar. „Men“ „Men-däli“ öz garşydaşy görnüşinde döredýär. Şu iki gapma-garşylyklaryň göreşi esasynda adamyň öz-özüni aňlamaklyga ukyby ösýär. Ýokarky gapma-garşylyklary derňemeklik nukdaýnazaryndan ugur alyp, Fihte özboluşly „saýmak“, „saýmazlyk“ we „jemlemek“ usulyny ulanyp, barlyk we pikirlenmek düşünjeleriň ulgamyny ösdürýär. Bu usul şol döwrüň dialektikasynyň käbir taraplaryny ösdürmeklige esas döredýär. Fihte paýhasly akyl ýetiriş organy hökmünde hakykata gönümel gözegçilik etmekligi, ýagny „intelektual intuisiýany“ kabul edýär.

Fihtäniň ahlak garaýyşlarynyň merkezi meselesi erkinlik bolýar. Ol Spinoza kimin erkinlikde sebäpsiz hereketi däl-de, berk zerurlyga akyl ýetirmek bilen hakykaty gazanýan hereket hökmünde garaýar. Emma ondan tapawutlylykda Fihte adamlara elýeter erkinligiň derjesini aýratyn adamyň paýhasy bilen däl-de, şol adamyň taryhy döwri bilen baglaýar.

Fihtäniň amaly filosofiýasy ilki bilen ahlak, hukuk we döwlet baradaky taglymat bolýar. „Erkinlik“ düşünjesi bu ýerde hukuga, döwlete we ahlaga gönükýär. Hukuk jemgyýetde ýola goýulan kanuna meýletin boýun bolmaklyk bolýar. Döwlet bolsa her bir adama eýeçiligi üpjün etmelidir. Döwlet eýeçiligi gurnamaklyk bolýar. Fihtäniň bu jümlesinde döwletiň ykdysady we sosial tebigaty barada çaklama ýatyr.

Şelling Fihtäniň subýektiw idealizmini tankydy nukdaýnazardan täzeçe garaýar. Tebigat diňe Fihtäniň „Men-däli“ bilen kesgitlenip bilinmeýär, ýöne ol Spinozanyň aýdyşy ýaly, ýeke-täk substansiýa hem bolmaýar. Tebigat Şellingiň pikiriçe ,aýratyn Men däl-de absolýutlylyk bolup durýar. Janly we jansyz tebigat filosof üçin „organizm“ bolup çykyş edýär. Jansyz tebigat onuň üçin şindi „ýetişmedik aňlylyk“ bolýar.

Şellingiň amaly filosofiýasynyň esasy meselesini „erkinlik“ düşünjesi kesgitleýär. Bu meseläniň adamlaryň hereketiniň üsti bilen çözülmegine „Ikinji tebigaty“ (Şellingiň

pikiriçe hukuk düzgünini) döretmeklik bagly bolýar. Islendik döwletde hukuk düzgünini döretmeklik beýleki döwletlere meňzeş bolmalydyr. Şelling taryhda daşlaşmak (otçuždeniýe) meselesini öňe sürýär. Adamyň oýlanşykly hereketiniň esasynda ýöne bir garaşylmaýan we tötänleýin däl, eýsem, erkinligi basýan gerek däl netijeler hem ýüze çykýar. Erkinligi amal etmeklige bolan islegler baknalyga öwrülýär. Fransuz rewolýusiýasynyň netijeleri onuň beýik maksatlaryna ters boldy. Şelling: „Taryhda eden-etdilik agalyk edýär. Nazaryýet we taryh biri-birine düýbünden tersdir. Taryhda adamlaryň öňünde olara erksiz bolan gözsüz zerurlyk agalyk edýär“ diýen netijä gelýär. Şelling obýektiw taryhy zerurlyk barada gürrüň açanda, taryhy kanunalaýyklygyň tebigatyny açmaklyga ýakynlaşýar.

**Gegeliň we Feýerbahyň filosofiýasy.** Gegeliň filosofiki ulgamy. Bu ulgam nemes klassiki filosofiýasyny jemleýär. Ony işläp düzmeklige akyldaryň esasy eserleri: „Ruhuň fenemenologiýasy“ (1807), „Logika ylymy“ (1812-1816), „Filosofiýa ylymlarynyň ensiklopediýasy“ (1817) bagyşlanýar. Filosofiki ulgama giriş bolup „Ruhuň fenemenologiýasy“ eseri hyzmat edýär. Onda filosof aňyň iň aşaky görnüşinden (gönümel duýgulaýyn kabul etmek) iň ýokary görnüşine (absolýut, ýa-da arassa bilime) çenli hatary garap geçýär. Soňky görnüşde ähli daşky zatlaryň hötdesinden gelip, ruh diňe öz manysyny aňlaýar. „Ruhuň fenemenologiýasynyň“ netijesi „Logika“ bolýar. Bu eser Gegeliň filosofiki ulgamynyň birinji we örän wajyp bölegi bolýar. Bu obýektden we subýektden ozalky „arassa pikir“ gurşawy bolýar. Logikada özünden, öz görnüşinden daşgary hiç hili empiriki many ýok. Bu ýerde loguka taryhdan we tebigatdan öň gelip, olary dörediji bolýar. Logika: barlyk, many we düşünje barada taglymat böleklere bölünýär. Onda barlyga we mana düşünjäniň öz ählumulygynda we dolulygynda peýda bolmazyndan öň „geçýän“ basgançaklary hökmünde garalýar. „Logikada“ absolýut pikiriň ösüşi abstrakt logiki kategoriýalar görnüşinde geçýär. Onuň başlangyç nokady bar bolan umumylyk barada,

„barlyk“ barada arassa abstrakt pikir bolýar. Ol başda mana eýe bolmadyk „arassa barlygyň“ düşünjesi bolup, „bir zadyň“ üsti bilen öz manysyna eýe bolmaklyga çalyşýar. „Bir zat“ bolsa bu ýerde „kesgitli barlyk“ bolýar.Gegeliň logikasynda absolýut pikir hut şu hili başlanýar. Barlyk baradaky taglymatda Gegel mukdaryň hile we hiliň mukdara geçişi barada dialektikanyň kanunlarynyň birini esaslandyrýar. Şonuň ýaly-da ol ösüş hereketiniň birsydyrgyn bolmaýanlygyny, ösüşe „yzygiderligiň üzülişi“ hökmünde garaýşyny hem beýan edýär.

Hadysa hökmünde düşünilýän barlykdan Gegel has çuň içki kanunalaýyklyga – mana geçýär. Bu bölegiň esasy manysy filosofyň gapma-garşylyklaryň biri-birine girişmegi baradaky kanuny, olaryň bitewiligi, meňzeşligi we göreşi barada meseleleri açyp görkezmegi bilen beýan edilýär. Gapma-garşylyklar baradaky taglymaty ösdürip Gegel her bir üýtgeýşiň we ösüşiň çeşmesi hökmünde içerki zerurlygyň, öz-özünden hereketiň, „özüniň hereketlenişiniň“ çykyş edýänligi baradaky netijä gelýär. Üýtgemeklikde ýüze çykýan meňzeşlik bilen tapawutlylygyň özara gatnaşygyna olaryň esasynda ýatan gapma-garşylygy açmak bilen akyl ýetirilýär. Gegel logikadan tebigatyň filosofiýasyna geçýär. Tebigaty dörediji bolup bu ýerde pikir çykyş edýär. Ol özüniň „barlygynyň ýoklugyny“ – tebigaty döredýär. Tebigatyň ösüş basgançaklary bolup mehaniki, himiki we organiki ýagdaýlar çykyş edýärler. Absolýut pikiriň ösüşiniň soňky basgançagy bolan ruh hem: subýektiw ruh, obýektiw ruh we absolýut ruh derejeleri geçýär. Ýokarda bellenilşi ýaly, absolýut ruh tebigatdan we adamdan öň bolan „arassa pikir“ bolýar. Ol tebigaty we jemgyýeti döredýär.  Gegel ähli zada ulgamlaýyn garaýar. Ulgam şonda „üçlük“ – tezis – tezise garşy – birikme esasynda gurulýar. Bu „üçlük“, bir tarapdan, Gegeliň filosofiki ulgamyny berk, takyk edýän bolsa, ikinji tarapdan, filosofa dünýäniň ösüşiniň yzygiderliligini görkezmäge, bilimiň ensiklopediki mümkinçiligini ulanmaga esas döredýär.

**Gegeliň dialektikasy**. Akyldar dialektikanyň taglymatyny işläp düzmeklikde aýratyn işleri bitirendir. Ol dialektiki ösüş

barada mümkin bolan doly taglymaty esaslandyrýar. Bu ösüş hil taýdan üýtgemeklik, aşaky görnüşlerden ýokarky görnüşlere tarap hereket, könäniň täzä geçmegi, her bir hadysanyň öz garşydaş ýagdaýyna geçmegi hökmünde görkezilendir. Gegel dünýädäki ähli hadysalaryň baglanyşykda bolýandygyny nygtapdyr.

Ol ösüşi gapma-garşylyklaryň biri-birine geçmegi esasynda döreýän hereket, olaryň ösüşi hökmünde düşündiripdir. Her bir düşünje onda beýlekiler bilen içerki zerur baglanyşykda bolýar. Mysal üçin, mumkinçilik ösüşiň dowamynda hakykata, mukdar – hile, sebäp - netijä öwrülýär we tersine. Ol gapma-garşy kategoriýalaryň – görnüş we mazmun, düýp mazmun we hadysa, tötänlik we zerurlyk, sebäp we netije bitewiligini nygtaýar. Gegel şu „jübüt kategoriýalaryň“ gapma-garşylygyny, biri-birine girişýändigini we geçýändigini görkezýär. Akyldar şu wagta çenli ähmiýeti birjik hem peselmeýän kategoriýalaryň ulgamyny döredýär.

Gegel dialektikanyň esasy kanunlaryny: mukdar-hil üýtgemekligiň kanuny, gapma-garşylyklaryň biri-birine girişmekliginiň kanuny we inkär emekligi inkär etmeklik kanuny işläp düzýär. Kategoriýalaryň dialektiki baglanşygynyň üsti bilen filosof esasy kanunlaryň hereketiniň mehanizmine garaýar. Her bir zat hiliniň üsti bilen öz bolşuna eýe bolýar. Hilini ýitirip zat özlügini hem ýitirýär. Barlyk üçin mukdar daşky kesgitlilik bolýar. Ol barlygy san üsti bilen häsiýetlendirýär. Gegel mukdar-hil we hil-mukdar üýtgemegi kanunyň ählumumy häsiýetini derňäp, onuň her bir aýratyn ýagdaýdaky özboluşlydygyny görkezýär. Gapma-garşylyklaryň biri-birine girişmegi baradaky kanun Gegele öz-özleýin ösüş pikirini esaslandyrmaga mümkinçilik berýär. Gapma-garşylyklaryň bitewiliginde we göreşinde akyldar ösüşiň çeşmesini görýär. Gegel pikirlenmegiň gapma-garşylygynda, düşünjeleriň dialektikasynda zatlaryň gapma-garşylygyny we olaryň dialektikasyny aňýar. Inkär etmekligi inkär etmeklik kanunynda Gegel diňe bir absolýut pikiriň yzygiderli ösüşini görmän, eýsem, her bir zadyň ösüşini görýär. Akyldaryň

aýtmagyna görä, pikir ilki bilen tesis görnüşinde çaklanýar, ondan soňra öz-özüne garşy goýulýar. Ahyrynda jemleýji ýokary pikir bilen çalşylýar. Akyldar dialektiki inkärlemegiň tebigatyna garap, onuň manysynyň total inkärlemek däldigini, inkärlenýän zagyň oňaýly tarapynyň saklanmagynyň gerekligini görkezýär.

**Gegeliň sosial-filosofiki garaýyşlary.** Akyldaryň bu ugurda öňe süren pikirleri häzirki döwürde hem öz ähmiýetini ýitirenok. Raýat jemgyýeti, hukuk döwleti, hususy eýeçilik, şahsyýet aňy hem-de jemgyýetçilik aňy, öz-özüňi aňlaýyş, jemgyýetçilik aňynyň görnüşleri barada alymyň işläp düzen pikirleri häzirki jemgyýetçilik ylymlarda hem giňişleýin ulanylýar. Gegel raýat jemgyýetini we syýasy döwleti biri-birinden tapawutlandyrýar. Onuň pikirine görä raýat jemgyýeti aýratyn şahsyýetleriň  şahsy maksatlaryny we bähbitlerini amal edýän gurşawy bolýar. Filosof raýat jemgyýetiniň üç tarapyny: 1. Isleg ulgamy; 2. Adalatlylygy amal etmeklik; 3. Polisiýa we birleşmek (kooperasiýa) taraplary biri-birinden tapawutlandyrýar. Raýat jemgyýeti üçin diňe bir hususy eýeçiligiň barlygy wajyp bolman, eýsem, onuň kanun, kazyýet we polisiýa tarapyndan goraglylygy hem wajypdyr. Şonuň bilen bilelikde raýat jemgyýeti üçin aç-açanlygyň wajyplygy: kanunlaryň jemagat öňünde beýan edilmegi, adalatlylygyň köpçüligiň öňünde amal edilmegi we oturdaşly kazyýet gerkligi bellenilýär. Raýat jemgyýeti bilen döwlet Gegeliň taglymatyna görä akyl bilen paýhasyň baglanyşygyna kybapdaş bolýar. Raýat jemgyýeti – bu „daşarky döwlet“, „mätäçligiň we akylyň döwleti“, hakyky döwlet bolsa paýhasly, ol raýat jemgyýetiniň esasy bolýar. Gegel döwleti dürli hili: döwlet erkinlik pikiri hökmünde, döwlet bitewi organizm hökmünde, döwlet konstutusion monarhiýa hökmünde, döwlet „syýasy döwlet“ hökmünde düşündirýär. Gegel üçin erkinlik, adalatlylyk, hukuk diňe „döwlet pikirine“ laýyk gelýän döwletde mümkin bolýar. Gegel Lokkyň we Monteskýeniň erkinligi köpçüligiň öňünde kepillendirýän döwletde, häkimiýeti bölmeklik pikiri bilen ylalaşýar. Ol döwletde

häkimiýetiň şahalarynyň biri-biri bilen gatnaşygy, bitewiligiň we onuň bölekleriniň gatnaşygyny aýan etmelidir.

Feýerbah Gegeliň obýektiw idealistik filosofiki ulgamyny tankytlan ilkinji filosof bolýar. Feýerbah Gegeliň logiki pikiriň tebigata dönmegi tezisiniň esaslandyrylmandygy baradaky netijä gelýär. „Arassa pikir“, onuň aýtmagyna görä, absolýut ideýanyň diňe bir başga zat hakynda däl, eýsem, pikirlenmek barada hem ýeterlik düşünje berip bilmeýär. Feýerbahyň pikiriçe, Gegel tebigaty logikadan ähli logiki düzgünleri bozup çykarýar. Şonuň bilen bilelikde Feýerbah filosofiýa bilen diniň baglanyşygy meselelerinde hem Gegel bilen ylalaşmaýar. Ol Gegeliň tebigatyň absalýut ideýa tarapyndan döredilmegi baradaky taglymaty teologiýanyň tebigaty Hudaýyň döredenligi baradaky pikiriň rasional görnüşi bolýar diýýär. Feýerbah Gegeliň filosofiýasyny „geçmiş dünýäsi“ hökmünde häsiýetlendirip, onuň geljege gollanma bolup bilmejekdigini aýdýar. Şol serbäpli ol Gegeliň dialektikasynyň hem ähmiýetine düşünmeýär.

Feýerbah ýeke-täk hakyky zat bolup tebigatyň we adamyň çykyş edýänligini belleýär. Ol o dňnýä degişli manylar barada oýlanmakdan tebigaty we adamy öwrenmäge geçmeklige çagyrýar. Filosofiýanyň gözbaşynda absolýut pikir däl-de adam durmaly. Şonuň üçin Feýerbahyň özi öz filosofiýasyny „antropologiýa“ diýip atlandyrýar. Feýerbah barlyk bilen oňyň meselesini çözmekligiň başlangyjy hökmünde adamy alýar. Onuň pikirine görä adam materiýanyň we ruhuň bitewiligi bolýar. Ýöne Feýerbah üçin adam abstrakt biologiki, tebigy jandar bolýar.

Feýerbah antropologiki materializmiň nukdaýnazaryndan jemgyýetçilik aňynyň dürli görnüşlerini, ylaýta-da dini derňemeklige çalyşýar. Hudaý adamy döretmän, adam Hudaýy döredýär. Feýerbahyň pikiriçe, Hudaýyň manysy aýratyn adamdan aýrylan adamyň manysyndan başga zat däl. Barlygyň we akyl ýetirişiň ähli meselelerini filosof adamyň manysynyň üsti bilen düşündermeklige çalyşýar. Tebigaty ol materiýa hökmünde häsiýetlendirýär. Tebigat baky, onuň başlangyjam,

aýagam ýokdur. Tebigat- bu ýagtylyk, elektrik hadysasy, howa, magnetizm, suw, toprak, ösümlikler, adam we başgalar. Hil zatlaryň barlygyndan aýra bolmaýar we hakyky barlyk bolýar. Materiýanyň ýaşaýşynyň görnüşleri bolup giňişlik we wagt çykyş edýärler.

Feýerbahyň antropologiki materializmi onuň sosial filosofiki garaýyşlaryny kesgitleýär. Bu ýerde mesele Feýerbahyň diniň, ahlagyň, taryhyň manysynyň meselelerini aňlanda adamyň abstrakt biologiki jandarlygyndan ugur alýanlygy bilen baglydyr. Ol adamy onuň duýgularynyň, pikiriniň we erkiniň bitewiliginiň üsti bilen häsiýetlendirýär. Onda-da adamyň haýwandan tapawutlylygy onda özboluşly dini duýgynyň bolýanlygyndadyr. Şol sebäpli Feýerbahyň pikiriçe, dürli hili dinler, şol sanda hristian dini hem döreýär.

Feýerbah dürli halklaryň dininiň taryhyny derňäp, hut tebigatyň dini duýgularyň taryhy çeşmesi bolýandygyny belleýär. Ol adama oýlap tapylan däl-de hakyky Hudaýy bolan „hakyky din“ gerek diýen netijä gelýär. Onuň pikirine görä şeýle Hudaýyň „ejesi“ söýgi bolmaly. Feýerbah din adamlaryň arabaglanyşygynyň ählumumy görnüşi bolýandygyny aýdýar. Onuň üçin her bir gatnaşyk dini gatnaşykdyr. Adamzadyň taryhy dinleriň çalşylşynyň taryhydyr.

Häzirki türkmen jemgyýetiniň ynsanperwerleşip adamyň mertebelenýän, onuň mümkinçiliklerini açmaga çalşylýan döwründe Feýerbahyň adam baradaky taglymaty öwrenere mynasypdyr.

## Ýedinji bap. Marksistik filosofiýa.

**Marks we Engels tarapyndan dialektiki materializmiň esaslandyrylmagy.** Nemes filosoflay Karl Marksyň (1818-1883ý) we Fridrih Engelsiň (1820-1895ý) filosofiki pikirleri XX asyrda uly täsirlilige eýe boldy. Dialektiki materializm düşünjesini Engels XIX asyryň 90-njy ýyllarynda öz hatlarynda „ykdysady materializme“ garşylykda girizýär. Dialektiki materializm filosofiýasy Marksyň taryhy

materialistik nukdanazardan düşündirmegi esasynda döreýär. Bu taglymat materializmi „ýokarsyna“ çenli gurnap, tebigatyň we jemgyýetiň, obýektiwligiň we subýektiwligiň, materiýanyň we ruhuň organiki bitewiligini açýar. Adamy hem-de onuň durmuş hereketini hil taýdan täze tarapdan düşündirmeklige esas döredýär.

Jemgyýetçilik durmuşy derňemeklige materialistik dialektikany ulanyp, Marks we Engels iki düýpli açyşy: kapitalistik jemgyýetde goşmaça nyrhyň „syryny“ we taryha materialistik nukdaýnazardan düşünmekligi amal edýärler. Bu açyşlar marksizmiň esaslary bolan filosofiýany, ykdysady syýasaty we ylmy kommunizmi işläp düzmeklige esas bolýarlar. 1844-1846 njy ýyllarda Marks we Engels bilelikde „Keramatly maşgala“ we „Nemes ideologiýasy“ atly işleri ýazýarlar. Olar bu işleriniň üsti bilen Gegeliň filosofiýasyna we onuň idealistik yzyny ýöredijilere garşy çykyş edýärler. Hut şu işlerde olar jemgyýetçilik hadysalary materializmiň we dialektikanyň nukdaýnazarynda derňeýän filosofiýanyň gerekligi barada aýydýarlar. Marks 1845-nji ýylda özüniň „Feýerbah baradaky tezislerinde“ Feýerbahyň materializminiň kemçiliklerini tankytlaýar. Bu ýerdäki kemçilikler hökmünde synlaýjy metafiziki we birtaraply garaýyşlar görkezilýär.

Marks we Engels Feýarbahy tankytlap, özleriniň taryhy materialistik taglaymatyny esaslandyrýarlar. Taryha şeýle garaýyş hakyky durmuşy maddy taýdan gurnamaklykdan ugur alyp, jemgyýetçilik önümçiliginiň hakyky hereketini derňemeklik hem-de şol önümçilik usuly bilen baglanyşykly we onuň esasynda döreýän pikir alyşma görnüşlerine, ýagny bütin taryhyň esasy hökmünde raýat jemgyýetiň ähli basgançaklaryny düşündirjek bolýarlar. Soňra bolsa döwlet durmuşynyň gurşawynda raýat jemgyýetiniň hereketini şöhlelendirýärler. Şonuň ýaly-da olaryň täsiri bilen döreýän dürli nazaryýet garaýyşlary we aňyň görnüşlerini şol sanda dini, filosofiýany, ahlagy we başgalary düşündirýärler. Şol sosial esasda olaryň döreýşini yzarlamagy we onuň esasynda jemgyýetiň ösüşini açyp görkezmegi maksat edinýärler.

Şeýlelikde, Marks we Engels adamzat paýhasynyň taryhynda ilkinji gezek aňyň asla özbaşdak güýç bolman, jemgyýetdäki ähli hadysalar kimin, öz esasynda maddy durmuş hereketlere eýedigine ünsi çekdiler. Şol bir wagtda hem olar sosial barlygyň we jemgyýetçilik aňynyň esasy kanunlaryny hem açýarlar.

**K. Marks tejribe barada.** Marks we Engels Feýerbahyň materializminiň ýetmezliklerini ýeňip geçmeklik üçin adamzat jemgyýetinde we adamzat taryhynda tejribäniň ornuny täzeçe düşündirýärler. K.Marks şindi irki işlerinde nazaryýet pikiriň, şol sanda filosofiýanyň diňe bir düşündirmek däl, eýsem, özgerdijilik wezipäni hem ýerine ýetirýänligine ünsi çekýär. Soňra ol bu wezipäni nazaryýetiň tejribä gulluk edýänligi, tejribäniň bolsa nazaryýeti kesgitleýänligi bilen baglaýar.

Marks we Engels tejribäni kesgitlemeklige dürli hili çemeleşýärler: tejribe – hereketiň predmetliligi, tejribe – bu adamlaryň hereketi, tejribe – adamlaryň jemgyýetçilik-taryhy hereketi, tejribe – adamyň durmuş hereketiniň häsiýetnamasydyr. Häzirki döwürde hem tejribä kesgitleme berilende Marksyň „Feýerbah baradaky tezislerinde“ subýekt we obýekt düşünjeleri düşündirişine ünsi çekip, bu ýerdäki ýörelgeler ulanylýar. Akyldar bu işinde öňki materializmiň, şol sanda Feýerbahyň materializminiň kemçiligi zadyň, hereketiň, duýgynyň adamyň duýgulaýyn hereketi däl-de diňe obýekt ýa-da daşyndan synlamak hökmünde alynýanlygyny belleýär. Marks tejribäniň bu ýerde subýektiw zat bolup çykyş etmeýändigini görkezýär. Akyldar üçin obýekt subýektiň, adam güýjüniň goýulyp özgerdilýän zadydyr. Subýekt bolsa bu ýerde diňe bir aýratyn adam bolman, eýsem, dürli hili adam birleşmeleri bolan  sosial toparlar, synplar, halklar, milletler şonuň ýaly-da döwlet we başgalar bolýarlar. Marks tejribäniň iki görnüşine aýratyn üns berýär. Olar: „tebigatyň adamlar tarapyndan işläp bejerilmegi  maddy-önümçilik işi, „adamlaryň adamlary işläp bejermegi“ sosial-özgerdiji işdir. K. Marks jemgyýetçilik durmuşyň esasyny adamlaryň zähmet hereketleriniň düzýänliginden ugur alyp, jemgyýetçilik

durmuşy öz manysy boýunça tejribeleýin häsiýetlidir diýip belleýär. Marks özüniň „1844-nji ýylyň ykdysady-filosofiki golýazmalary“ atly işinde tejribe meselesine köp üns berýär. Ol senagatyň taryhynyň we onuň esasynda döreýän senagatyň barlyk predmeti „adamyň manylaýyn güýçleri“ bolýandygyny görkezýär. Bu manylaýyn güýçleriň özboluşlylygy, olaryň zatlara gönügip maddylaşýanlygynda bolýar. Ahyrynda tejribäniň netijesi maddy we beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklaryň üýtgemegi bolýar. Meseläniň şu tarapyny K. Marks özüniň „Kapital“ atly meşhur eserinde düýpli derňeýär.

**Marks filosofiýanyň esasy meseleleri barada.** „Tejribe“ kategoriýasynyň marksizmde akyl ýetiriş işini derňemeklige (tejribe akyl ýetirişiň esasy we maksady, hakykylygyň ölçegi) girizilmegi, diňe bir agnostisizmi ýeňip geçmeklige mümkinçilik bermän, eýsem, taryhy materialistik nukdaýnazardan düşündirmek taglymaty bilen gnosologiýany bitewilige öwrüp, olaryň has düýpli işlenip düzülmegine itergi berýär. Şol bir wagtda tejribe kategoriýasy ontologiýanyň meselelerini derňemeklik üçin hem esas bolýar. Mysal üçin, Marksyň aýtmagyna görä aňyň manysyny açmaklyk, ilki bilen onda adamlaryň maddy durmuşynyň we ähli jemgyýetçilik barlygyň şertleriniň şöhlelenmegini göz öňünde titýar. Hat-da adamyň maksadynyň kesgitlemegi hem, soňky netijede şol maksady kesgitlemek we oňa ýetmek üçin maddy şertleriň, ony amal etmek üçin gerekli serişdeleriň barlygy bilen kesgitlenýär. Maksady kesgitlemeklik işi hakyky dünýäni geljekki tejribeleýin işiň nusgasy hökmünde şöhlelendirmek bolýar. Marksyň kesgitlemesine görä, maksat dörediljek bolunýan zadyň ideal keşbi bolýar. Bu keşp ol zady döretmekden ozal aňda kesgitlenýär. Şeýlelikde, Marks jemgyýetçilik durmuşyň öz manysyna görä tejribe bolýanlygyny görkezýär. Şonda sosial subýektiň özara baglanyşykda bolan ähli hadysalaryna we işlerine akyldar ozal bolan ýa-da geljekde boljak adam hereketiniň, onuň nazary we amaly, obýektiw we subýektiw pursatlarynyň çylşyrytmly özara täsiriniň netijesi hökmünde garaýar.

Marks we Engels öz işlerinde dialektika berilendiklerini yzygiderli nygtaýarlar. Olar Gegeliň dialektikasyna tankydy garap, materialistik dialektikany işläp düzýärler. K. Marks özüniň „1844-nji ýylyň ykdysady-filosofiki golýazmasynda“ Gegeliň dialektikasy – bu ruhuň, pikirlenmäniň, „pikiriň hereketiniň“ dialektikasy bolýar diýip belleýär. Bu dialektika adamyň asyl güýçlerine düşünmeklige kömek bermeýär. Gegel üçin subýekt bolup hakyky adam däl-de, diňe adamyň abstraksiýasy, onuň öz-özüni aňlaýşy çykyş edýär. Adamyň asyl güýçleri bolsa bu ýerde pikirlenýän, logiki ruhuň, ruhuň hakyky görnüşini aňlamak bolýar. Şeýlelikde, Gegel ähli bar zatlaryň hakykylygyna adamyň däl-de döredijі pikiriň hereketiniň netijesi hökmünde garaýar.

Şol bir wagtda hem Marks we Engels Gegeliň işläp düzen ösüş taglymatyny diňe bir ýokary bahalandyrman, eýsem, ony giňden ulanypdyrlar. Olaryň döredijiliginde Gegeliň gapma-garşylyklar baradaky, daşlaşýan we oňaýly pursatlary öz içine alýan predmetleýin hereket hökmünde gapma-garşylyklary aradan aýyrmak barada, manynyň, görnüşiň dialektikasy barada şonuň ýaly-da tötänligiň we zerurlygyň, ýeke-täkligiň, aýratynlygyň we umumylygyň abstraktlygyň we takyklygyň, taryhylygyň we logiki yzygiderliligiň dialektikasy baradaky taglymaty giňden ulanylýar.

Marks idealistik dialektikanyň hadysalaryň manysyny açyp bilmeýänligi baradaky netijä gelýär. Olar dialektiki usulsyz açylyp hem bolinmeýär. Ýöne bu usul materialistik dialektikanyň usuly bolmalydyr. Hakyky bilimleriň çeşmesi bolan hakyky zatlara, hadysalara ýüzlenmeklik wajypdyr. Marksistik filosofiýa dialektikanyň baglanyşygyny obýektiwligiň we subýektiwligiň, tebigatyň, jemgyýetiň we akyl ýetirişiň dialektikasy hökmünde, obýektiw dialektikany adam aňynyň, dialektikanyň taglymatynyň şöhlelendirmesi hökmünde açyp görkezýär.

K. Marksyň „Kapital“ atly eserinde materialistik dialektikanyň işlenip düzülişi ähli çuňlugynda açylýar. Onda dialektika iki hili çemeleşme: nazaryýet hökmünde we

kapitalistik jemgyýetiň hem-ge adamzat taryhynyň kanunlaryna akyl ýetirmegiň usuly hökmünde çemeleşme görünýär. Marks hadysalaryň üýtgeýşini, bir görnüşden başga görnüşe geçişini derňäp, kanunalaýyk baglanyşyklara garap, olaryň özboluşlygyny göz öňünde tutyp, takyk şertler bilen kesgitlenýän kanunlary açýar. Marks gapma-garşylyklaryň üsti bilen hadysalaryň ösüşine garap, olaryň manysyny anyklamaga ykdysady we beýleki kanunlary açýar. Mysal üçin,Marksa zähmete takyk zähmetiň we abstrakt zähmetiň bitewiligi hökmünde garamak, harydyň nyrhynyň manysyny kesgitlemeklige mümkinçilik berýär.

Marksistik filosofiýa dialektikanyň kategoriýalaryny we kanunlaryny, dialektikanyň esasy ýörelgeleri bolan – ösüş, baglanyşyk, determinizm we beýleki ýörelgeleri derňeýär.

Marksistik filosofiýada akyl ýetiriş işiniň dialektikasy ilki bilen akyl ýetirişiň esasy, maksady we ölçegi bolup çykyş edýän jemgyýetçilik-taryhy tejribäniň ösüşinden ugur alýar. Marksistik filosofiýa akyl ýetirişe absolýutlylygyň we otnositelligiň, obýektiwligiň we subýektiwligiň, duýgynyň we rassionallygyň dialektikasynyň üsti bilen garaýar.

K. Marks jemgyýetçilik hadysalara akyl ýetirişiň aýratynlygyna, bu ýerde dialektiki usullaryň takyklykdan abstraktlyga we we abstraktlykdan takyklyga geçmeklik usulyna hem-de taryhy we logiki usullaryň bitewiligine uly üns berýär. Şeýlelikde, Marks we Engels materialistik dialektikany dünýäniň we adamyň aňynyň ösüşiniň has umumy kanunlary baradaky ylym hökmünde döredýärler.

Marksizmiň adamzadyň tejribesine daýanýan we ony aňlaýan garaýyşlaryň ulgamy bolup çykyş edýänligine hem ünsi çekmelidir. Şu aýratynlyk marksizme filosofiýa diňe bir paýhasa söýgi hökmünde we „medeniýetiň ruhy“ hökmünde garamaklyga we ony adam aňynyň häsiýeti hökmünde düşünmeklige däl, eýsem öz wagtynda Aristotel tarapyndan şindi howaýy kesgitlenen barlygyň we akyl ýetirişiň umumy ýörelgeleri baradaky taglymaty hem görmek başartýar. Onda-

da şol ýörelgeleri tebigatyň, jemgyýetiň we adamzat oýlanşynyň kanunlary hökmünde derňemeklik hem başardýar.

Gynansak hem marksizme adamzat tejribesi esasynda üýtgeýän, ösýän, täze mana eýe bolýan taglymat hökmünde garamaklyk soňky marksistleriň köpüsine başartmaýar. Olaryň arasynda marksizmi ösýän we özgerýän industrial jemgyýeti derňemeklik üçin ulanmaklyga çalýanlar hem bolan (nemes filosofy E. Bernşteýn, italýan filosofy A. Gramşi, wenger filosofy D. Lukaç). Ýöne XX asyrda köp marksistlere oňa doga hökmünde garamaklyk häsiýetli bolýar. Sowet marksizmi bolsa syýasy bähbitlerden ugur alyp, ony ýoýmakdan hem çekinmeýär. Ine, şonuň üçin wagtyň geçmegi bilen marksizmiň, oňa belli bir derejede häsiýetli bolan utopiki garýyşlary güýçlenýär. Türkmen jemgyýetimiziň ruhy dünýäsi hem XX asyryň uzak döwründe şeýle marksizmiň täsirinde boldy.

## Sekizinji bap. XIX-XX asyrlaryň rus marksistik filosofiýasy we günbatar filosofiýasy.

**XIX asyryň ikinji ýarymynda marksizmiň Russiýa ýaýrap başlamagy.** Bu döwürde Russiýada marksistik taglymatyň ýaýaraýşy we soňra ösüşi örän gapma-garşylykly we çylşyrymly ruhy hereket bolýar. Şonuň üçin biz bu ýerde onuň käbir wekilleriniň bitiren işleriniň üstinde durup geçmekligi maksadalaýyk bildik.

Ilki bilen hem halkçylar we olaryň Russiýada marksizmiň ýaýramagyna eden täsiri barada durup geçeliň. Halkçylygyň ideologiýa hökmünde aýratynlygy agrar demokratiýanyň we daýhan utopiki sosializminiň garyşmagy bilen häsiýetledirilýär. Russiýada bu ugry esaslandyryjylar bolup A. Gersen we N. Çernyşewskiý çykyş edýärler. Olar ilkinji gezek jemgyýetçilik ösüşiň ýokary derejesi bolan kommunizme daýhan obşinasynyň üsti bilen geçmek baradaky pikiri öňe sürýärler. XIX asyryň 70-nji ýyllarynda halkçylar rus demokratik hereketinde esasy ugra öwrülýärler. Bu ugruň ideologlary

bolup M. Bakunin, P. Lawrow we P. Tkaçew çykyş edýärler. Bu ideologiýa nazaryýet manyda öňki döwrüňkiden yza çekilmeklik bolan bolsa, demokratik hereketde ilki anarhizmiň we soňra terorizmiň güýjemegine esas bolýar. XIX asyryň 70-nji ýyllarynda filosofiýada bu akymyň tarapdarlary pozitiwistik pikirleri wagyz edijiler bolup çykyş edýärler. Şol asyryň 80-nji ýyllarynda bu ýerde düýpli çökgünlik ýüze çykýar. Olar uşak daýhan hojalygyny kapitalizme garşy goýýarlar. Mysal üçin, Tkaçew döwleti terroryň we başbozarlygyň üsti bilen „gowy taýýarlanan“ topar tarapyndan ýykyp, syýasy häkimiýeti ele almaklygyň gerekligini wagyz eden. XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başynda şeýle garaýyş uly täsirlilige eýe bolupdyr.

**Marksizmiň Russiýada düýpli kök urmagy.** G. W. Plehanow (1856-1918) XIX asyryň 80-nji ýyllarynda Marksyň we Engelsiň eserlerini düýpli öwrenip, halkçylardan kesgitli arany açýar. Ol marksizmiň ynamly tarapdary we ony wagyz ediji bolup çykyş edýär. Plehanowyň Şweýsariýada esaslandyran „Zähmeti azat etmeklik“ (1883 ý.) topary marksizmiň ýaýaramagynda we onuň rus azat edijilik hereketinde ýeňmeginde kesgitleýji orun eýeländir. Filosof halkçylaryň we „legal marksizmiň“ ideologiýasyna garşy göreşip, marksistik taglymaty ösdürmeklige saldamly goşant goşýar. Plehanow özüniň „Taryha monistik garaýyşyň ösüşiniň meseleleri“ (1895 ý.), „Marksizmiň taryhy baradaky oçerkler“, (1896 ý.). „Taryhda şahsyýetiň orny“ we beýleki işlerinde marksistik taglymatyň ajaýyp beýanyny berýär. Ol marksizmi filosofiýanyň täze bir basgançagy hökmünde bahalandyryp, onuň ozalky filosiofik we sosiologik taglymatlardan hil taýdan tapawutlylygyny görkezýär. Filosof jemgyýetçilik barlygynyň we jemgyýetçilik aňynyň çylşyrymly gatnaşyklaryny açyp, taryhda materialistik garaýşy ösdürýär. Plehanow marksistik estetikany we çeper tankydy esaslandyryjylaryň biri bolýar. Ol sungata jemgyýetçilik durmuşyny şöhlelendirmegiň bir görnüşi hökmünde garap, sungatyň gelip çykyşy baradaky taglymaty ösdürýär. Plehanow rus jemgyýetçilik aňynyň marksistik başlangyjyny goýýar. Ol rus rewolýusion demokratlaryna

Russiýada marksizmiň düýbüni tutyjylar diýip baha berýär. Filosof diniň gelip çykyşy we ösüşi, onuň jemgyýetde tutýan orny, diniň jemgyýetçilik aňynyň beýleki görnüşleriniň arasyndaky orny barada gymmatly netijeler çykarýar. Ol öz ömrüniň bütin dowamynda taryhy we dialektiki materializmiň arassalygy barada göreşipdir.

Akyldaryň filosofiki eserleriniň köp sanlylygy we olaryň ynandyryjy häsiýete eýe bolýanlygy, beýan edilşiniň gyzyklylygy we sadalygy olary marksizmi öwrenýänler üçin şu gün hem wajyp gollanma edýär. Olaryň häzirki sowet marksizminiň täzeden aňlanylýan döwründe ähmiýeti has hem uludyr. Sosialistik rewolýusiýanyň Russiýada amal bolmagynyň mümkinçiligi, Plehanowyň bu meselede Lenin bilen ylalaşmanlygy, ýagny rewolýusiýanyň çöregini bişirmeklik üçin gerek bolan dänäniň Russiýada şol döwürde ýetişmänligi baradaky pikiri, onuň garaýyşlarynyň ylmy derejesiniň ýokarlygyna güwä geçýär.

**Marksizmiň ösüşiniň leninçilik döwri.** XX asyrda marksizmiň diňe bir Russiýada däl, eýsem, bütin dňnýäde hem giňden ýaýramagyna W.Lenininiň (1870-1924) döredijiligi we eden işleri örän güýçli täsir edipdir. Ol 1889-1893-nji ýyllarda marksizm taglymatyny öwrenip, belli marksist bolup ýetişýär. Lenin özüniň 1894-nji ýylda ýazan “Halkyň dostlary kimler we olar sosial-demokratiýa garşy nähili göreşýärler“ diýen eserinde halkçylaryň ideologiýasynyň we taktikasynyň ýerliksizligini görkezip, rus işçi synpynyň gitmeli ýoluny özüçe beýan edýär.

lenin 1900-njy ýylda daşary ýurtda „Iskra“ atly rus marksistik gazýetini döredýär. Şol gazýetiň üsti bilen ol öz garaýyşlaryny beýan edip, özüne tarapdar adamlary daşyna ýygnap, 1903-nji ýylda RSDRP-niň (Russiýanyň sosial-demokratik işçi partiýasy) II gurultaýynda bolşewikleriň partiýasyny esaslandyrýar. Şol partiýa 1917-nji ýylda Russiýada ýurt ýolbaşçylygyna gelýär. Şeýle batly ösüşiň sebäbi nämede? Dogrudan hem W. Lenin marksizmi Russiýanyň şertlerinde ösdürip, bolşewiklere ýeke-täk dogry

ýoly görkezip bilipmi? Bu soraglaryň jogabyny bermezden ozal Leniniň marksistik filosofiýa eden goşandynyň üstünde durup geçeliň. Lenin özüniň 1916-njy ýylda ýazan „Imperializm kapitalizmiň iň ýokary derejesi“ atly eserinde Marksyň meşhur „Kapitalynda“ berilen kapitalistik önümçilik usulynyň derňewini dowam etdi diýip hasap edilýär. Dogrudan hem ol özüçe kapitalizmiň monopolistik ýagdaýda ösüşiniň ykdysady we syýasy kanunlaryny açýar we sosialistik rewolýusiýanyň taglymatyny işläp düzýär. Dünýäniň ýurtlary şol döwürde başlanan birinji jahan urşy sebäpli, örän çylşyrymly döwri başlaryndan geçirýärler. Şonuň üçin Leniniň kapitalistik önümçilik gatnaşyklaryň ösüşiniň kanunlary baradaky çykaran ähli netijeleriniň ylmy derejesini kesgitlemeklik örän kyn. Ýöne şondan soňky geçen döwür kapitalimiň „ölýän, çüýreýän döwri“ diýip, Leniniň çykaran netijesiniň dogry däldigini doly tassyklady.

1908-nji ýylda W. Lenin „Materializm we empiriokritisizm“ atly filosofiki eserini ýazýar. Ol bu işinde tebigaty öwrenýän ylymlaryň gazanan netijelerini jemlemeklige çalyşýar. Marksistik filosofiýanyň köp meseleleri barada öz garaýşyny berýär. Lenin has hem materialistik dialektikany ösdürmeklik bilen baglanyşykly meseleleriň üstünde durup geçýär. Ol dialektikanyň ösüş taglymaty hökmünde köptaraplydygyny görkezýär we dialektikanyň, logikanyň we akyl ýetirişiň bitewiligi baradaky düzgünnamany esaslandyrýar. Marksyň „Kapitalynyň“ şeýle bitewiligiň nusgasy bolýanlygy baradaky pikiri öňe sürüp, ol filosofiýa barada wajyp garaýyşlaryň üstünde durup geçýär (mysal üçin, materiýanyň kesgitlemesi). W. Lenin soňra marksistik filosofiýany ösdürmeklik bilen has „işewür“ meşgul bolýar.Mysal üçin, 1914-1916–njy ýyllarda eden belliklerinde („Filosofiýa depdeçesi“ atly işinde) dialektikanyň meselelerini giňişleýin derňeýär, filosofiýanyň taryhyny beýan edýär. Lenin bu taryhy ilki bilen materializmiň we idealizmiň göreşinde görýär. Ol dialektiki materializmiň ýeke-täk ylmy usulyýet bolup çykyş edýänligini belleýär. Leniniň döredijiligine we

syýasy işine marksizmi beýleki filosofiki akymlara garşy goýmaklyk, syýasy göreşi ähli meseleleri çözmekligiň ýeke-täk usuly hökmünde görkezmeklik häsiýetli bolýar. Hatda bolşewilkler ýurdy eline alanlaryndan soňra ýazan uly bolmadyk „Söweşjeň materializmiň ähmiýeti barada“ (1922) atly makalasynda hem Lenin dine garşy göreşi pursadyň iň esasy meselesi hökmünde öňe sürýär. Onuň şu kesgitlemesi marksistik nazaryýetiň we amalyýetiň beýleki görnüşlerde hem göreşi „mukaddesleşdirmek“ baradaky garaýyşlara getirýär. Ol sowet marksizminiň birtaraply ösmekligine, soňra bolsa dogmatik ýagdaýa eýe bolmaklygyna nazatyýet esas bolýar. Sowet marksizmi marksizmden gaýdýan beýleki akymlar we garaýyşlar (sosial demokratik garaýyşlar we akymlar) bilen hiç haçan düşünişip bilmedi. Bu hem ahyrynda onuň ideologiýa hökmünde pese düşmekligine getirdi.

**XIX asyryň ahyrynda we XX asyrlaryň başyndaky günbatar filosofiýasynyň aýratynlygy.** Bu döwrüň filosofiýasynyň aýratynlygy şol döwrüň medeniýetiniň, ylmynyň we tehnikasynyň ösüşiniň özboluşlylygy bilen kesgitlenýär. Adamzat taryhynyň garalýan bu döwri örän gapma-garşylykly, adamlaryň durmuşynyň dürli gurşawlarynda rewolýusion özgerişleriň geçýän döwri bolýar. Ol özgerişler:

-Bitewi dünýä bazarynyň, transmilli birleşmeleriň ýüze çykmagy we şol bir wagtda-da ýurtlaryň arasyndaky düýpli sosial-ykdysady tapawutlylyk;

-Jahan uruşlaryna ýol berilmeli däldigine we olaryň weýran ediji häsiýetine düşünmeklik, şol bir wagtda hem olara ýol açmak;

-Medeniýetiň we medeni durmuşyň milliara häsiýete eýe bolmagy, şol bir wagtda-da milliara we dinara dawalaryň güýjemegi;

-Adam paýhasynyň kuwwatynyň dabaralanmagy we onuň öz işiniň miwesini çäklemeklige ukypsyzlygy bilen baglanyşyklydyr.

Şu durmuşy-medeni gapma-garşylyklaryň çäginde filosofiýada filosofiki meseleleriň goýluşynda üýtgeşmeleriň

boljaklygy öz-özünden düşnüklidir. Bu ýagdaý örän aýdyň görnüşde şindi nemes filosofy A. Şopengaueriň (1788-1860) eserlerinde ýüze çykdy. Ol ilkinjileriň biri bolup irrasionializme esaslanýan filosofiki oýlanmany öňe sürýär. Şol döwürde Gegel we Marks tarapyndan ýokary derejede beýan edilýän klassiki filosofiýadan klassiki däl filosofiýa geçilip başlanýar.

XIX asyryň aýagynda XX asyryň başynda filosofiýa nähili mirasdan ýüz öwürýär? Olar:

-Akyl ýetirişiň, adamlaryň özüni alyp barşyny we hereketini paýhas bilen baglaýan filosofiki oýlanmanyň ýeke-täk we kesgitleýji usuly bolan rassionializmden;

-Haçan-da islendik filosofiýa dünýägaraýyş hökmünde kabul edilip, „partiýalyk“ häsiýete eýe bolup, ol ýa-da beýleki synpa gulluk edýän ýagdaýyndaky berk ideologiki determinizmden;

-Ähli filosofiki mekdepleri materialistik we idealistik udurlara bölmekden;

-Filosoflaryň köpüsi dogmatizmden we belli awtoritetlere salgylanmak däbinden ybaratdyr.

XIX asyryň aýagynda XX asyryň başynda filosofiýa nähili täzelikleri öňe sürýär? Ilki bilen şu soraga:“ Bu döwürde filosofiki oýlanmalarda plýuralizm (lat. pluralis köpsanlylyk) öňe sürülýär“-diýip, jogap berse bolar. Bu döwrüň filosofiýasy köpsanly filosifiki ugurlar, taglymatlar, mekdepler: materialistik we idealistik, rassionallyk we irrasionallyk, dini we ateistik we başga görnüşlerde ýüze çykýar.

Bu döwürde filosofiýada tebigy ylymlara gözükýän, ylmy şertlendirmelerden ugur alýan ssiýentizm (lat. scienta – ylym) we antissiýentizm täsirli bolýarlar. Ssiýentizm esasan pozitiwizmiň dowamy bolýar. Antissentizm tersine özüniň delillerinde we esaslarynda irrasionallyga we intuitiwlige daýanmaklyga çalyşýar. Häzirki döwrüň filosofiýasy bularyň ikisini hem inkärlemeýär.

**Häzirki döwrüň filosofiýasynyň tolerantlylygy** (lat. tolerantia – sabyr-takat). Filosofiýanyň dürli mekdepleri we

ugurlary biri-birine sabyrlylyk bilen garaýarlar we garşy durmaklykdan köplenç saklanýarlar. Şol sebäpli hatda bir filosofiki mekdebiň içinde hem rasionializm we empirizmiň, ylmylyk we irrasionallygyň tapawudy ýitýär. Mümkin boldugyça häzirki döwrüň filosofiki akymlary özara täsirde dialoga esaslanýarlar. Dialog diňe bir filosofiki däpleriň içinde däl, eýsem Gündogar we Günbatar medeniýetleriniň arasynda hem täsirli bolýar. Häzirki döwrüň filosofiýasynyň ýene bir aýratynlygy integratiwlik (lat. integratio üstini ýetirmek) bolýar. Bu aýratynlyk has hem XX asyryň ikinji ýarymynda güýjeýär. Onuň güýjemegine ylymda sinegretikanyň ýörelgeleri, ylmyň matematika bilen esaslandyrylmagy, ählumumy ewolýusionlyk ýörelgesi, ulgamlaýyn çemeleşmeler we beýleki usullar täsir etdi. Olaryň takyk ylymlara ornaşmagy filosofiýanyň tebigy we gumanitar ylymlar bilen birleşmegine itegi berdi.

**Häzirki döwrüň filosofiýasynyň antropomerkezliligi**. Filosofiýanyň taglymatlarynyň, oýlanmalarynyň merkezinde adam, onuň manysy we ýaşaýşy, adamyň ýaşaýşynyň we hereketiniň manysy bilen bglanyşykly soraglar durýarlar. Bu döwrüň filosofiýasy adamy taryhyň subýekti we obýekti hökmünde, onuň ähli gapma-garşylygynda we bitewiliginde garaýar. Filosofiýa diňe bir adamyň dünýä bilen köpdürli gatnaşyklaryny däl, eýsem, öz-özi bilen gatnaşygyny hem derňeýär.

Täze döwrüň filosofiýasynyň dürli ugurlary we akymlary aşakda aýratynlykda derňelýänligi sebäpli, bu ýerde biz ylmyň filosofiýasynyň üstünde durup geçeliň. Ylmyň filosofiýasy filosofiýanyň bir ugry bolup ylmy işiň häsiýetini we özboluşlylygyny öwrenýär. Ol ylmy pikir ýöretmek ölçegleriniň dogrulygyny we ylmyň häzirki medeniýetdäki ornuny kesgitlemeklige gulluk edýär. Ylmyň filosofiýasy XX asyryň ortalaryna kemala gelýär. Onuň döremegine pozitiwizm akymynyň wekilleri O. Kont, R. Awenarius, E. Mah uly goşant goşýarlar. Pozitiwistleriň nukdaýnazaryndan filosofiýanyň maksady abstrakt akyl ýöretmeklikde, metafiziki meseleleri

barlamakda däl-de bar zatlary empiriki beýan etmek arkaly „pozitiw“ bilmi almaklykda bolýar. Bu ýerde empirizm ýörelgesi pikir ýöretmekligiň ylmy we metafiziki häsýetini araçägini kesgitleýän ölçeg bolup çykyş edýär.

Ylmy filosofiýanyň ösüşine analitiki filosofiýanyň görnükli wekili Lýudwig Witgenşteýniň (1889- 1951) pikirleri uly täsir edýär. Onuň pikiriçe, filosofiýanyň ähli meseleleri ylmyň dilini derňemeklik bilen bagly bolýar. Pikiriň dilde beýan edilýänligi sebäpli, dil oýlanmanyň çägi bolýar. Ondan hem başga adamyň dilimiň çägi onuň dünýäsiniň hem çägi bolýar. Ýokarda bellenilşi ýaly, biz bu soraga aşakda gaýdyp geleris.

## Dokuzynjy bap. XVIII-XX asyrlarda türkmen akyldarlarynyň filosofiki garaýyşlary.

**Türkmeniň dargynyk döwrüniň filosofiki oý-pikirleri.** Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, orta asyrlarda musulman siwilizasiýasy biziň jemgyýetimizde peýdaly ylymlary, peýdaly filosofiýany döredip bilipdir. Ol sebitde filosofiki aňy kemala getirip, bu ýerde ýaşaýan milletleriň ruhy medeniýetiniň ýokarlanmagyna esas döredipdir. Onuň täsir edýän meýdanynda sosial-ykdysady ösüşede ýol açylypdyr.

Medeniýetleriň we ylymlaryň ýeten ýokary derejesi, bu ýerde gazanylan üstünlikler jemgyýetiň ähli taraplaryna peýdaly täsir edipdir. Ol biziň halkymyzyň mysalyndan görnüşi ýaly, belent ahlaklylygy hem döredipdir. Ýöne türkmen halkynyň dargynyk döwründe bu ýerde kynçylyklar döreýär. Emma şol sebäpli soňky döwre döredijilik, şol sanda filosofiki göredijilik asla häsiýetli bolmandyr diýsek ýalňyşarys. Bu döwürde türkmeniň adaty gymmatlyklary saklanyp galypdyr. Şol zatlary göz öňünde tutup, türkmen halkynyň dargynyk döwrüniň filosofiki garaýyşlarynyň aýratynlyklaryny açyp görkezmeklik maksady bilen biz adaty jemgyýete ünsi çekeliň. Bilşimiz ýaly adaty durmuş akyl-paýhasyň gazanan netijelerini özboluşly özleşdirýär. Belli türkmen filosofy G. Mülliýew

biziň halkymyzyň naturalistik aňynyň aýratynlygyna ünsi çekip, tebigatyň pasyllaryny öwrenmekde, haýwanat we ösümlik dünýäsini düşündirmekde halk köp sanly fantastik obrazlary döredipdir. Solaryň  üsti bilen tebigatyň elhenç hadysalarynyň öňünde alaçsyzlygyny görkezipdir. Şu ideýalaryň köpüsi hatda öňdebaryjy alymlaryň eserlerine-de giripdir. Şonuň esasynda şol döwrüň tebigat bilimi mifologiki we sholastiki filosofiýa bilen utgaşypdyr diýip belleýär. Şu ýagdaýyň halkyň medeniýetine eden täsirini alym özboluşly düşündirýär. Onuň aýtmagyna görä, adamlaryň durmuşynda dörän obýektiw zerurlyk olary tebigat bilen iş salyşmaga, onuň hadysalarynyň ösüşine, aýratynlyklaryna gözegçilik etmäge mejbur edýär. Köp wagtyň dowamynda adamlar metereologiki hadysalary özakymlylyk bilen öwrenip, onuň bilen baglanyşykly geljekki hadysalary öňünden aýdyp bilmegi başarypdyrlar. Emma tebigat hadysalarynyň kanunynyň gutulgysyzlyk bilen orta düşýändigine üns bermän, ony „hudaý tarapyn“ hasapdyrlar. Bu ýagdaýyň birinjiden tötänleýin däldigini we ikinjiden şol döwrüň medeniýetine doly gabat gelýänligini belläliň. Sebäbi adamlar öz töweregini gurşap alýan hadyslaryň olara bagly bolman, özbaşdak hakykylykda ýaşaýandyklaryny ünsden düşürip bilmeýärler. Ýöne olaryň şol hadysalary emele getirýän çeşmeleri, sebäpleri ýüze çykarmaklygy doly ylmy esasda başarmandyklary üçin, olaryň ýokary tebigy güýje ýüzlenjekdikleri gümansyzdyr. Yslam medeniýetiniň şertlerinde bu ýagdaý öz-özünden düşnüklidir. Ýöne şol şertlerde adamlar durmuşda ýüze çykýan meseleleri akylly-başly gurnamagy başarypdyrlar. Tejribe esasynda toplanan bilimleri, endikleri, döredijilik ukybyny, hojalygy gurnamak we alyp barmak ýörelgelerini halk aýawly saklap, nesillerden- nesillere geçirip bilipdir. Şol aýawlylyk türkmen halkynyň bütin taryhynda, kyn günlere garamazdan, saklanyp gelinipdir. Aýawlylyk bilen saklanan gymmatlyklar halkyň gazaply tebigy we durmuş şertlerinde ýaşamagyna, her bir ýagdaýda öz durkuny saklamagyna hemaýat edipdir.

Umuman, biziň adamlarymyza nepislik, danalyk we duýgurlyk mahsus bolupdyr. Şeýle häsiýetleri özünde taplap bilen halk öz çylşyrymly, galagoply, dagynyk ýyllarynda hem döredijilige, ýaşaýşa ukyplylygyny saklap bilipdir. Şeýle ukyplylyk ilki bilen halkymyzyň bütin taryhynyň döwamynda toplan akyl-paýhasyndan ugur alyp, külli türkmeniň bähbidini aňladyp, adamlara görelde bolup öňe çykan şahsyýetlerimiziň üsti bilen amal edilipdir. Bilşimiz ýaly, türkmeniň taryhynda şeýle şahsyýetler örän kän bolupdyr. Olara mysal edip Ärsary babany,
Keýmir köri, Gowşut hany, akyldarlarymyz Döwletmämmet Azadyny, Magtymguly Pyragyny we ýene-ýeneleri görkezse bolar. Olaryň birnäçesi ýowuz günlerde türkmeniň asyl gymmatlyklaryna daýanyp, halkyň durmuşyny täzeden gurnamaklyga ýol açyp bilen bolsalar, beýlekiler milli özboluşlylygy aňladyp, halkymyzyň medeniýetiniň baýlaşmagyna, halkyň özboluşly filosofiýasyny döretmäge uly goşant goşupdyrlar.

Döwletmämmet Azady (1700-1760) XVIII asyryň görnükli akyldary bolupdyr. Şahyr Azady bize „Wagzy-Azat“ poemasyny, „Hekaýat Jayr-ensar“, „Rubagyýat ruhy-zary we doga“ eserlerini, birnäçe goşgulary miras galdyrypdyr. Akyldaryň esasy eseri bolan „Wagzy-Azat“ mesnewi goşgy görnüşinde ýazylan, dört bölekden ybarat uly möçberli kitap bolýar (möçberi boýunça 6000 setir töweregi). Akyldar bu kitabyny ýazmakda Gündogaryň Firdöwsi, Nyzamy, Sagdy,
Nowaýy ýaly beýik şahyrlarynyň wagyz-nesihat beriji „Şanama“, „Syrlar hazynasy“, „Gülüstan“, „Bostan“, „Haýratul-ebrar“ ýaly poemalaryndan görelde alypdyr. Olary döredijilikli özleşdiripdir. Şeýleleikde, öz kitabyny ýazyp başlamaka dil, ylym, terbiýeçilik babatda özünde köp pikirleri jemläpdir. Kiçi göwünli akyldar kä halatlarda bu uly işiň hötdesinden gelip biljegine müňkürlenýän ýaly bolýar. Hut şol kiçigöwçnliligiň äheňi bilen bu kitabyň ýüwrümi ýetirilipdir. Azady öz kitabyna mylaýymlylyk, özboluşly gözellik reňkini çaýypdyr. Onuň üsti bilen okyjyda ýagşy pikirleri oýarmaga

çalyşypdyr. Bu ajaýyp kitabyň birinji babynda häkimler we olaryň wezipeleri, ikinji babynda barly adamlaryň kömegi bilen adamlaryň güzeran ýagdaýyny aýaga galdyrmak, adamkärçilik kadalary, üçinji babynda ylmyň peýdasy, alymlaryň sypatlary, dördünji babynda bolsa garyp-gasarlaryň, derwüşleriň durmuşda tutýan orunlary hem-de olaryň hak-hukuklary barada söhbet açylýar.

Azadynyň döredijiliginde türkmen halkyny bir döwlete birleşdirmek meseleleri uly orun eýeleýär. Ol döwletiň başynda ýokary düşünjeli, adyl, öz halkyny eý görýän, söýýän adamyň bolmagyny arzuw edipdir. Adamyň adama sütem etmeýän döwletiniň bolmagynyň ýollaryny derňäpdir. Azadynyň döredijiliginiň häsiýetli aýratynlygynyň biri hem onuň şygyrlarynda edep-terbiýe meselesiniň baş orunda goýulýanlygydyr. Akyldar „Baýlyklaryň baýlygy – parasat, miraslaryň iň gymmatlysy – edep-terbiýe, gedaýlygyň gedaýlygy – nadanlyk“ diýipdir.

**Magtymguly Pyragynyň filosofiki garaýyşlary.** Täze döwürde türkmen medeniýetini ösdürmeklikde Magtymguly (1733-1790) şahyr bahasyna ýetip bolmajak işleri ýerine ýetiripdir. Onuň döredijiligi biziň halkymyzyň aňynda Gündogaryň galkynyş döwrüniň ylmynyň we filosofiýasynyň öçmejek yz galdyrandygyna şaýatlyk edýär. Tebigy hadysalary, halkyň keşbini suratlandyrmakda Magtymguly dürli ölçeglerden ugur alyp, köp özgerişleri Hudaýyň emele getiren we ugrukdyran önümi hasaplasa, ahlagy, dini we ähli ruhy özgerişleri hut adamyň döredijilik dünýäsiniň şekili hökmünde öňe sürýär. Magtymgulynyň eserlerinde adamyň töweregini gurşap alýan hemme tebigy hadysalar, jemgyýetçilik wakalary güýçli ruh, Hudaý tarapyn ýaradylypdyr. Dünýäniň özi tutuşlygyna we onuň dürli-dürli hadysalary ebedilik halynda durman özgerýärler we şol bir ýagdaýda bu dünýä „pany“ dünýä ýagdaýynda galýar. Ebedi özgermezlik diňe Hudaýa degişlidir. Edil şol bir wagtda hem ähli özgerişleriň we zatlaryň esasy sebäbi bolup çykyş edýän Hudaýyň hut özüne mahsus bolan mazmuny ebedi bolsa-da, onuň „önümi hökmünde“ ýüze

çykan hadysalar ösüşe, özgerişe sezewar bolýarlar. Görşümiz ýaly Magtymguly Hudaýyň önümi bolan „kämil däl dünýäniň“, adamzat jemgyýetiniň özgermäge, ösüşe ukybynyň bardygyny belleýär. Şol ösüş neneňsi bolýar we adam oňa nähili täsir edip bilýär? Akyldar adamyň dünýäni özgertmeklik mümkinçiligini iki hili häsiýetlendirýär. Şahyr ilki bilen adamlary kanagatlylyga çagyrýar. Mysal üçin:

Magtymguly bir guldyr,
Gullugyna kaýyldyr“ diýen

setirlerinde ol kiçigöwünlilikden, kanagatlylykdan ugur alýar. Ýöne akyldaryň kanagatlylygy wagyz etmekligi kä halatlarda göwnüçökgünlik, ykbala kaýyllyk pikirleri bilen utgaşýar. Şahyryň „Galyp men“ diýen goşgusynda aşakdaky setirlere duş gelýäris:

Bu dünýäni göçüp barýan göç bildim,
Işini bet aňdym, özün puç bildim-

diýip, akyldar bu dünýäniň aladasyndan daş durmak isleýär. Akyldaryň eserlerinde şu hili garaýyşlardan düýpgöter tapawutly setirler hem az däl. Durmuşyň kynlygyna, adamlaryň dürliligine garamazdan jemgyýeti özgertmeklige gerek bolan güýçleriň, onuň öz içinde barlygyna ol ynanypdyr. Şahyr jemgyýetiň kämilligini adamlaryň akyl-paýhasly hereketi esasynda gazanylyp bolunjakdygyny yzygiderli nygtapdyr. Magtymguly akyl-paýhaslylygy, edenliligi wagyz ediji bolup çykyş edip, „özüni özgelere göz etmeklige“ çalyşýar.

Belli boluşy ýaly, Magtymguly öz döwründe täze türkmen medeniýetini esaslandyryjy bolup çykyş edýär.Onuň eserleri halkyň aňyna berk ornaşyp, şol aňy häsiýetlendirýär diýsek ýalňyşmarys. Şol döwürdäki milli aňymyzyň durmuş meselelerini çözmäge bolan ukybyny iki hili häsiýetlendirse bolar. Bir tarapdan ol aň durmuşy özgerişleri adam bilen däl-de Hudaý bilen baglaýar. Ikinji tarapdan
bu aň öz durmuşyny özgertmeklik üçin adamyň özüniň hereket etmelidiginden
ugur alýar. Bu adamlaryň tapawutly aýratynlygy, özlerini ynamly alyp barmaklary we edýän işlerinde tutanýerlilik

bolýar. Olar edenli we erkana bolup akyldaryň: „Ýigit özüni maglum eder işinde“ diýen ýörelgesinden ugur alýarlar.

Magtymgily ösüş, özgeriş baradaky pikirlerini özakymlaýyn dialektiki
çemeleşmäniň üsti bilen amal edýär. Şahyr gapma-garşylykly pikirleri özara çakyşdyryp, üçünji bir pikiri – hakykylygy tapmak usulyny ussatlyk bilen ele alan akyldardyr. Mertlik – namartlyk, husytlyk – jomartlyk, nebis – iman, akmak – akylly, dana – nadan ýaly gapma-garşylykly jübüt pikirler arkaly şahyr täze adamlara gerek pikir gymmatlyklaryny tapmagy başarypdyr. Şu hili ikiýanly garaýyş has hem Magtymgulynyň estetiki meseleleri çözüşine häsiýetli bolýar. Şahyryň etiki we estetiki pikirleriniň aýrylmaz baglanyşykda boluşy ýaly ýagşylyk we gözellik beýik şahyryň garaýşynda biri-birinden aýylmaz bolýar. Hakyky gözelligi, ilki bilen adamyň içki dünýäsiniň gözelligini görmek, bahalandyrmak, olar bilen öz we özgeleriň hereketlerini deňemeklige akyldaryň belleýşi ýaly, adamyň özüniň ruhunyň baý bolmagy zerurdyr. Adamyň içki dünýäsiniň gözelligini aňlamaklygyň gerekligi şahyryň döredijiliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

**Keminäniň we Mollanepesiň estetiki garaýyşlary.** Türkmen klassiki edebiýatyny esaslandyryjy Magtymguly, onuň geljekki ösüşine, türkmen halkynyň ruhy dünýäsiniň ähli ugurlaryna uly täsir eden we edip gelýär. Türkmen jemgyýetiniň filosofiki, jemgyýetçilik-syýasy, ahlak durmuşy we çeper döredijiligi ondan soňky döwürde beýik akyldaryň döredijiligini baýlaşdyrmak arzuwy bilen ösýär. Onuň döredijiliginiň täsiri bilen birnäçe paýhas derýalary joşup akdylar. Zelili beýik akydaryň watançylyk, Seýdi gahrymançylyk, Mollanepes we Kemine yşky-söýgi pikirlerini ösdürdiler.

Mämmetweli Kemine (1770-1840) Magtymguly tarapyndan esaslandyrylan türkmen klassiki edebiýatynyň öňdebaryjy däplerini ösdüren şahyrlaryň biri bolýar. Ol öz ussadynyň ajaýyp däplerini ösdürip, olara has ýiti durmuşy gözükmekligi, jemgyýetçilik-demokratiki ýaňlanma berýär.

Şonuň bilen bir hatarda Kemine Magtymgulynyň dünýägaraýşynyň, sosial durmuşy garaýyşlarynyň esasynda akyldaryň estetiki garaýyşlaryny hem ösdürýär. Köp derejede Keminäniň döredijiligi satiriki häsiýete eýe bolýan hem bolsa, şahyr ajaýyp söýgi we liriki goşulary bize miras goýupdyr. Tankydy we örän inçe liriki eserleriň biri-biriniň üstüni ýetirmegi, akydaryň döredijiliginiň köptaraplylygyna, giň çeperçilik zehinine şaýatlyk edýär. Satiranyň we lirikanyň şu hili çeper-ideýa baglanyşygy Keminäniň döredijiligine aýratyn häsiýet berýär. Onuň ýiti satirasy şahyryň aýdyşy ýaly, „asyryň betnyşanlyklaryna garşy“ gönükdirilendir. Şahyryň söýgi-liriki eserleri ýürek ýylysy we ýiti köňül duýgusy bilen aralaşýar. Kemine bir tarapdan zulumyň, adalatsyzlygyň taryhy ýerliksizligini görkezse, ikinji tarapdan gözelligiň döredijilik ukybyny açmaklyga çalyşýar.

Magtymgulynyň däplerine eýerip, Kemine sungatyň we çeper sözüň ähmiýetine uly baha beripdir. Sungatyň iň ýokary wezipesini şahyr halka gulluk etmeklikde görüpdir. Çeper döredijiligiň kömegi bilen ol adamlarda ýokary ahlaklylyga, durmuşy ýamanlyklara garşy durmaklyga çagyrýar. Onuň durmuşy aladalara özüňi basdyrma, sebäbi ters bolan ýagdýynda aladanyň özi seni ýok eder diýen ajaýyp pikirleri, şahyryň döredijiliginde göwher daşlary kimin köp duş gelýär.

Kemine ahlaklylygy we ruhy gözelligi ilki bilen halallykda, dogruçyllykda, zähmete söýgüde, halka we Watana gulluk etmeklikde, ýalana we adalatsyzlyga garşy durmaklykda görýär. Onuň üçin estetiki ideal bolup ýokary ruhulygy, ahlak arassalygy göteriji takyk adam çykyş edýär.

Mollanepesiň (1810-1862) döredijiligi türkmen halkynyň estetiki aňynyň taryhynyň ajaýyp sahypasy bolýar. Onuň eserlerinde adamyň iň inçe duýgularynyň beýan edilişi özüniň gaýtalanmazlygy, ýokary çeperliligi we şahyranalygy bilen tapawutlanýar. Şahyryň „Zöhre we Tahyr“ dessany adamzat söýgüsiniň beýik senasy bolýar. Magtymgulynyň, Keminäniň, Zeliliniň we beýleki gündogar akyldarlarynyň däplerini dowam edip, Mollanepes öz döredijiliginde birnäçe estetiki

esaslary, has hem gözelligiň, tragikiligiň meselelerini baýlaşdyrýar. Bu gymmatlyklaryň täze taraplaryny ösdürip, olaryň ynsanperwerlik manysyny çuňlaşdyrýar. Şahyryň estetiki garaýyşlary öz döwrüniň öňdebaryjy jemgyýetçilik-syýasy garaýyşlary bilen berk baglanyşykda bolýar. Onuň öňe süren pikirleri halkyny bagtyýarlykda, Watanyny bitewi we garaşsyz derejede görmek bilen ruhlanýar. Olar şahyryň şu beýik maksatlary amal etmeklige işewür aralaşanlygy bilen baglydyr. Ol 1855-nji ýylda Gowşut hanyň ýolbaşçylygynda bolan Saragt urşuna gatnaşýar. Şol söweşde Hywa hany Muhammet eminiň we onuň goşunlarynyň ýok edilmegi şahyryň bitewi döwlet baradaky arzuwlaryna täze ynanç esaslaryny döredýär.

Hakykylyga gulluk etmekligi şahyryň borjy hökmünde duýan Mollanepes sungatyň we estetikanyň meselelerini ýokary ideýa-çeperçilik derejä galdyrýar. Hakykat, hakykylyk düşünjeleri şahyryň döredijiliginde howaýy-simwoliki häsiýetini doly ýitirmese-de, has durmuşylyk, reallylyk häsiýete eýe bolýarlar. Ony biz şahyryň öz eserlerinde gahrymanlara real häsiýetleri berişinde hem görýäris. Mysal üçin, „Zöhre we Tahyr“ dessanynda hakykylygy we adalatlylygy gazanmaklykda sungatyň orny örän kesgitli we ýiti goýulýar.

Türkmen şahyrlarynyň estetiki pikirleri, adamyň gözelligini açmak we kemala getirmek meseleleri ruhy çäklilikden çykmak, ahlak arassalygyny gazanmak, adalatsyzlyga we haramlyga garşy göreşmek bilen berk baglanyşykda bolýar. Şonuň üçin bu pikirler häzirki döwürde hem biziň halkymyza, onuň ruhy galkynyşyna hyzmat edýärler.

**XIX asyryň aýagynda we XX asyrda Türkmenistanda filosofiýa ylmynyň ösüşi.** XIX asyryň 80-nji ýyllarynyň başynda Türkmenistan Russiýa imperiýasynyň düzümine birikdirilenden soňra, türkmen milletiniň ruhy dünýäsine rus medeniýeti täsir edip başlady. 1917-nji ýylda Russiýada bolşewikler ýurt başyna geçenlerinden soň, bu ýerde marksizmiň täsiri hem güýjedi. Şol döwürde sowet döwletiniň

düzüminde bolan Türkmenistan respublikasynda filosofiýa ylmy marksizmiň täsiri bilen kemala geldi.

1951-nji ýylda döredilen Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň ilki Filosofiýa we hukuk bölüminiň , soňra bolsa institutynyň, ýokary mekdeplerde jemgyýetçilik ylymlar kafedralarynyň döredilmegi marksistik filosofiýanyň jemgyýetiň ruhy dünýäsine ornaşmagynyň esasy şerti boldy. Türkmenistanda alym filosoflaryň topary döredi. Olar filosofiýa ylmyna degişli işleri ýerine ýetirip başladylar. Awtorlar topary tarapyndan taýýarlanan “Türkmenistanda filosofiýa we jemgyýetçilik-syýasy pikiriň taryhynyň oçerkleriniň” neşir edilmegi (1970), bu ugurda gazanylan uly üstünlik boldy. Bu işde türkmen halkynyň filosofiýa we jemgyýetçilik-syýasy pikiriniň baý taryhy yzarlanýar. Azady, Magtymguly, Kemine, Seýdi, Zelili, Mollanepes ýaly şahyrlaryň filosofiki garaýyşlary derňelýär. Şonuň ýaly-da, bu işde XX asyryň ortalaryndan respublikada filosofiýa ylmynyň ösüşi häsiýetlendirilýär. Akademik G. O. Çaryýewiň “Türkmenistanda jemgyýetçilik pikiriň taryhyndan” (1954), “Magtymguly akyldar” (1971), f.y.d. G. Mülliýewiň “Magtymgulynyň eserinde sada materializmiň we özakymly dialektikanyň käbir meseleleri” (1959) hem-de f.y.k. Ý. Hojaýewiň we I. L. Sosonkiniň işlerinde filosofiki we etiki meseleler garalýar. Filosofiýa ylymlarynyň doktarlary N.Baýramsahatow, T. Hydyrow, G. Akynyýazow, O. Danagulyýew dagylar türkmen halkynyň jemgyýetçilik-syýasy pikirleriniň ösüşi we sosial meseleler barasynda filosofiki işleri ýerine ýetirdiler.

XX asyryň soňky onýyllygynyň başynda türkmen halkynyň öz garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen türkmen filosofiýasynyň aýaga galmagyna dörän mümkünçilikler täze Galkynyş eýýamynda hakykatdan hem açylyp başlandy. Ýurdumyzda başalanan täze Galkynyş eýýamy halkyň medeni mirasyny şol sanda filosofiki we estetiki baýlyklaryny jemgyýete gaýtaryp getirmeklik wezipesi häzirki döwrüň talaby bolýar.

# Onunjy bap. Häzirki zaman filosofiýasynyň esasy ugurlary.

**Häzirki zaman filosofiki oýlanmasynyň esasy ugurlary.** Häzirki zaman filosifiýasy XX asyrda emele gelen örän çylşyrymly ruhy birleşme bolýar. Onuň plýurialistik häsiýeti diňe bir ylmyň we tejribäniň has giňelmegi we ösmegi bilen bagly bolman, eýsem, ondan öňki ýüz ýyllygyň dowamynda, has-da XIX asyryň ikinji ýarymynda filosofiýanyň ösmegi bilen bagly boldy. Geçen asyryň filosofiki oýlanmasy dürli ugurlar boýunça öňe çykýar. Olaryň içinde, ekzistensializm, pragmatizm, empirizm, instrumentalizm, neotomizm, neopozitiwizm, logiki semantika, fenomenalizm, struktualizm, postmodernizm, germenewtika we beýlekileri görkezse bolar.

**Ekzistensializm** – ýaşaýyş filosofiýasy pozitiwizme bolan gaýtargy boldy. Bu filosofiýa öz ugrukmasyna görä antropologik garaýyş hökmünde ýüze çykýar. Onuň esasy meselesi adam, onuň bu dünýede ýaşaýşy bilen bagly bolýar. Ol belli bir derejede göwnüçökgünlik dünýägaraýşa eýerýär. Ol: „Ýiti gapma-garşylyklaryň we taryhy çökgünlikleriň şertinde adam nähili ýaşamaly?“ diýen soragy öňe sürýär. Bu akymyň wekilleri soragyň jogabyny tapmaklyk üçin geçen filosofiki oýlanmalara hem-de häzirki döwrüň adam durmuşynyň, medeniýetiniň görnüşlerine ýüzlenýärler.

Ekzistensializm filosofiýasynda–Karl Ýaspers (1883-1969) we Martin Haýdegger (1889-1976) tarapyndan esaslandyrylan nemes hem-de Ikinji jahan urşy döwründe dörän we ilki bilen Žan Pol Sartryň (1905-1980), Albert Kamýunyň (1913-1960), Gabriel Onore Marseliň (1889-1973) atlary bilen bagly fransuz mekdeplerini tapawutlandyrýarlar.

Ekzistensializm jahan uruşlary döwründe (Birinji jahan urşy döwründe – nemes, Ikinji jahan urşy döwründe - fransuz) tötänleýin ýüze çykmaýar. Bu filosofiýa XX asyryň gaýgyly pursadyny dirilik we ölümiň aralygynda goýulan adamyň ýaşaýyşdan daşlaşmagyny şöhlelendirýär. Onuň üçin daşlaşma: hem adamyň döreden zatlarynyň oňa garşy durýan güýje

öwrülmegi; hem döwletiň, onuň dürli hili edaralarynyň adama garşy durmagy we başgalardyr.

Has hem ekzistensializm daşky dünýäden daşlaşan adamyň özüniň başdan geçirmelerini: göwniçökgünlik, ýekelik, parhsyzlyk, gorky, hakykylygy adama garşy duran güýç hökmünde kabul etme we başgalary giňişleýin derňeýär. Haýdeggeriň aýtmagyna görä, gorky, howsala, alada we başgalar adamyň subýektiw barlygyny ýa-da „dünýädäki barlygyny“ düzýär. Olary filosof ilkinji hasap edýär. Alymyň pikiriçe, bu ilkinji „dünýädäki barlyk“ adamyň aňy bilen ýüze çykýar. Şeýlelikde, Haýdegger daşky dünýäniň barlygy içki dünýäniň barlygynyň üsti bilen döredilýär diýip hasap edýär. Daşky barlygy bolsa wagt döredýär. Haýdegger özüniň „Barlyk we wagt“ atly işinde barlygyň ýagdaýynyň dürli aňladylyşy bolan „ekzistensial“ düşünjesini girizýär we onuň bütin ulgamyny tertipleýär. Her bir barlygyň görnüşiniň manysyna düşünmeklik üçin adam ähli tejribeleýin, maksatlaýyn görkezmelerden ýüz öwürmeli. Şahsy barlygyň manysyna eýe bolmak diňe adamyň öz Menini gözläp barlyga eýe bolýanlygy sebäpli mümkin bolýar. Fransuz ekzistensialistleri hem bu meselä ýüzlenýärler. Mysal üçin Ž.P, Sartr „Barlyk we hiç zat“ atly eserini ýazýar. A. Kamýu özüniň „Skif baradaky mif“ atly eserinde:„Durmuş, ony geçmek üçin mynasypmyka?“ diýen soragy öňe sürýär. Ol adamyň durmuşy manysyz diýen netijä gelýär. Filosof Skifiň zähmetiniň manysyzlygyna düşünip, agyr zähmetini hudaýlary günälemeklige öwürenligini ýatlap, ol şu hereketi bilen manysyzlyga many berdi diýip belleýär. Kamýu bu „manysyz dünýäde“ adamyň ýekelikde galýanlygyny aýdýar. Kamýu, Sartr, Marsel ekzistensial düşünjeleri diňe bir aýratyn adama degişli etmän, eýsem, adamzada degişli edip görkezýärler. „Serhetdäki ýagdaýda“ duran adamzat olaryň aýtmagyna görä, ähliumumy betbagtçylygyň öňünde gorky duýgusyny başdan geçirýär.

XX asyryň filosofiýasy gapma-garşylykly garaýyşlara eýe bolýar. Bu ýerde ynamsyzlyk bilen bir hatarda pragmatiki (grekçe pragma – iş, hereket) garaýyşlar hem täsirli bolýar. Bu

filosofiýanyň üns merkezinde „pragmatik ýörelge“ diýip atlandyrylýan jümle durýar. Bu akymy esaslandyryjy Çarlz Sanders Pirs (1839-1914ý) bilimiň tejribede ähmiýetlidigini tassyklamagynyň gerekligini belleýär. Ol ösüş taglymatyny işläp düzýär. Bu taglymat ösüşiň ugrukdyryjy güýji hökmünde „tötänligi“ we „söýgüni“ görkezýär.

Pirsiň esasy pikirlerini amerikan filosofy U. Džeýms (1842-1910) ösdürýär. Ol tejribä belli bir usul, özboluşly hakykylyk taglymaty hökmünde garaýar. Tejribe usul hökmünde filosofiki dawalary ol ýa-da beýleki taglymatyň **praktiki** ähmiýetiniň üsti bilen çözmeklige niýetlenýär. Şu usul esasynda filosof gadymdan gelýän materializm bilen idealizmiň arasyndaky dawany, soňkynyň bähbidine çözýär.

Adaty durmuşda bolsa bu iki ugruň birini saýlamak üçin Džeýms “Ynanja erk” diýip bellenen ýörelgesini hödürleýär. Bu ýörelge onuň pikiriçe, şeýle saýlawy amal etmeklige mümkinçilik berýär. Ýörelgä görä eger bu iki alternatiw çözgütleriň arasynda saýlaw rasional esasda mümkin bolmaýan bolsa, onda adam bu hili saýlawy rasional däl-de duýgy esasynda amal etmeklige ahlak taýdan hukuklydyr.

Älemiň doly döredilip gutarylmanlygy sosial tejribäni hem öz içine alýar we dünýäni çäksiz kämilleşdirmeklige mümkinçilik açýar. Häzirki döwürde ol tamamlanmadyk hem bolsa adamlaryň ony özgertmäge bolan ukyplaryny we öz güýçlerini birleşdirmeklige ynansalar, onda adamlaryň ony kämilleşdirip biljekdiklerine Džeýms ynanypdyr.

**Neopozitiwizm we neotomizm.** XX asyryň filosofiýasynda pozitiwistik garaýyşlar uly orun eýeleýärler. Pozitiwistik (lat. positivus – oňoýly) filosofiki ugur XIX asyryň 30-njy ýyllarynda kemala gelip, şu günlere çenli öz täsirliligini ýitirenok. Pozitiwizm öz ösüşiniň dowamynda üç döwri geçýär. Onuň başlangyç, birinji döwri O. Kontuň, G. Spenseriň we beýlekileriň ady bilen baglydyr. XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başynda kemala gelen Ikinji döwri R. Awenarius, E. Mah, A. Puankere we beýlekileriň ady bilen bagly bolup empiriokritisizm ýa-da mahizm ady bilen bellidir.

Üçünji döwür neopozitiwizm ýa-da logiki pozitiwizm diýip atlandyrylýar.

Neopozitiwizmiň soňky döwri XX asyryň 20-nji ýyllarynda Ýewropa ýurtlarynda başlanýar we soňra Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda giňden ýaýraýar. Bu ugryň wekilleriniň arasynda iňlis filosofy B. Rasseli, awstriýaly filosof L. Wilgenşteýni, „Wena kružogynyň“ agzalary M. Şliki, R. Karnapy, K. Gedeli, F. Franki, nemes alymy G. Reýhenbahy we beýlekileri görkezse bolar. Logiki pozitiwizmiň ýüze çykmaklygy ylmyň täze pudaklarynyň, ylmy barlagyň täze usullarynyň kemala gelmegi bilen baglydyr. B. Rasseliň belleýşi ýaly, „häzirki döwrüň analitiki empirizmi barlagyň adaty görnüşlerinden tapawutlylykda özüne matematikany alyp, güýçli logiki tehnikany ösdürýär. Ýöne neopozitiwizmiň özboluşlylygy diňe logikanyň tehnikasyny kämilleşdirmek bilen çäklenmeýär. Ylmy taglymatlaryň düzümi çylşyrymlaşýar, ylmyň ýörüte dilini işläp düzmeklik gerekligi ýüze çykýar. Logiki pozitiwizmiň tarapdarlarynyň akyl ýetirilişe garaýyşlaryna laýyklylykda, ylmy diýip häsýetlendirip boljak iki hili ýüze çykarma bar. Tebigat, jemgyýet, adam baradaky empiriki ylymlarda biziň duýgularymyzy aňladýan „protokol sözlemlerinde“ görkezilen faktlar, gözegçilikler baradaky bilimlerdir. „Formal“ ylymlaryň esasyny analitiki ýa-da tawtalogiki sözlemleri düzýär. Bu sözlemler öz manysyna görä aýdylan zatlary özgertmekligiň düzgünleri bolýarlar. Neopozitiwistleň pikiriçe, ylmy diýip atlandyryp boljak başga hiç bir aýdylan zat bolup bilmez.Neopozitiwizmiň esasy ýörelgesi bolup werifikasiýa (lat. vereus hakyky, facere bitirmek) ýörelgesi çykyş edýär. Bu ýörelgä laýyklylykda ylmyň esaslandyryjy sözlemlerinden, „protokol sözlemlerinden“ daşda aýdylanlar mana eýe bolup bilmeýärler. Şeýle manysyz sözleriň hataryna olaryň pikiriçe, köp sanly filosofiki we dini pikirler girýärler. Mysal üçin, „ruh bakydyr“ ýa-da „materiýa substansiýadyr“. Öz gözüň bilen görüp, gurallaryň kömegi bilen belläp bolmaýan zatlar, logiki

pozitiwistleriň aýtmagyna görä, ylmy barlagyň meselesi bolup bilmeýär.

Geljekde ylmyň empiriki esaslaryny saklamaklyga bolan çemeleşmeler K.R. Popper (1902-1994) tarapyndan werifikasiýa ýörelgesiniň galplaşdyrylma (falsifikasiýa) ýörelgesi bilen çalşylmagyna getirdi. Eger werifisirlemek barlamaklyga bolan mümkinçiligi aňladýan bolsa, ylmy taýdan aýdylan zatlary galplaşdyrmak, empiriki taýdan ýalana çykarmaklygy aňladýar. Eger haýsy hem bolsa bir aýdylan zady ýalana çykaryp bolýan bolsa, ol tejribe bilen deňeşdirilip biliner. Galplaşdyrmak ýöregesi ylymdan „metafiziki“ taýdan aýdylan zatlary aradan aýyrmaklyk üçin netijeli zat boldy. „Taryhda ösüş bardyr“ diýen jümläni galplaşdyryp bolmaýar, sebäbi taryhyň agyr sahypalary hem öz aklanmasyny tapýar.

Häzirki döwürde filosofiki oýlanmanyň dürli dini modelleri giňden ýaýrady. Şolaryň hataryna katolik serkowyň filosofiýasy (neotomizm), yslamyň filosofiýasy, prawoslaw filosofiýasy, dürli hili gündogar dini filosofiki taglymatlar: buddizm filosofiýasy, daosizm filosofiýasy we beýlekiler girýärler. **Neotomizm** XIX asyryň ahyrynda döräp, katolik serkowyň agalyk edýän ýurtlarynda ýaşaýan adamlaryň filosofiki oýlanyş modeli hökmünde häzirki döwürde hem giňden ýaýrandyr. Neotomizmiň esasyny orta asyr sholasty Foma Akwinskiýniň filosofiýasy düzýär. Neotomizm Hudaýyň barlygyny filosofiki taýdan esaslandyrmak bilen bir hatarda dürli hili dini dogmalary subut etmeklige, belli bir ruhy başlangyç hökmünde „arassa barlyga“ garamaklyga çalyşýar. Ol tebigy-ylmy taglymatlary we sosial tejribäni teswirlemek bilen meşgul bolýar. Neotomizm köplenç häzirki „industrial we ylmy medeniýetiň“ şertlerinde ýaşaýan „bilimli adamyň“ ýagdaýyny ara alyp maslahatlaşýar. Bilimlilik öz medeniýetiň taryhyny, soňky ýüzýyllyklarda onuň üýtgeýşini bilmekligi göz öňünde tutýar. Hristian däplerini, katolik serkowyň alyp barýan işlerini, katolisizmiň medeni-ruhy ýagdaýyny öwrenmeklik neotomizmiň sosial-filosofiki taglymatynyň üns merkezinde durýar.

Neotomizmiň täsirli wekilleri Žak Mariten (1882-1973), Etýen Anri Žilson (1884-1978), Ýuzef Mariýa Bohenskiý (1902-nji ýylda dogulan) bolýarlar. Neotomizm empirizmi we rasionializmi, dini we ylmy birikdirmeklige ymtylýar. Ol belli bir görnüşde filosofiýany diniň gullugyna goýmaklyk däbini hem dowam edýär. Neotomizmiň merkezi meselesi Hudaý bolýar. Hudaý gutarnyksyz, baky, döredilmedik, kämil şahsyýet reallygy hökmünde kabul edilýär. Ol özünden başga bar bolan ähli zatlary döreden, ähli manylyklara degişlilikde akyl ýetirmekden daşda, ýöne bu dünýede degerli barlygyny saklaýar. Neotomizm ilki bilen Hudaýy duýgy tarapdan kabul edýär. Şol bir wagtda hem onda diňe bir filosofiýany Hudaýyň barlygyny esaslandyrmaklykda däl, eýsem, dini dili derňemeklikde, dini ynançlary we adamyň hakykylyga gatnaşygyny düşündirmeklikde rassionallyk tarapy güýçli bolýar.

**Fenomenologiýa we germenewtika. Fenomenologiýa** (grek. phainomenon gelýän we logiýa bilim) XX asyryň iň bir täsirli filosofiki akymy bolýar. Bu akym nemes filosofy Edmund Gusserl (1658-1938) tarapyndan esaslandyrylýar we Martin Haýdegger (1889-1976) tarapyndan ösdürülýär. Fenomenologiýa üçin iň esasy mesele bolan aňyň meselesi, taglymatda manylaryň ideal logiki baglanyşygynyň özboluşlylygyny kesgitlemeklik meselesinden gelip çykýar. Gusserl: „Manyny ideal bitewilik hökmünde gurnaýan aňyň düzümi nähili?“ diýen soragy öňe sürýär. Onuň filosofiýada düýpli özgeriş diýip yglan eden garaýyşlary akyldaryň „Filosofiýa berk ylym hökmünde“ atly makalasynda beýan edilýär. Bu garaýyş subýektiwligi psihologiki düşünmezlik we naturalizmi tankyt bilen baglaýar. Gusserl aňy „naturallaşdyrmakda“ diňe bir akyl ýetiriş taglymatyna degişlilikde däl, eýsem, bütin adamzat medeniýetine degişlilikde gorkyny duýandyr. Bu hem naturalizmiň aňyň manylaýyn barlygyny hem-de absolýut ideallary we kadalary otnositeleşdirjek bolýanlylygy bilen baglanýar. Filosof naturalizmiň relýatiwizmine aň baradaky berk ylmyň

usulyýetini garşy goýýar. Şeýle garaýşyň esasynda many döredijі aňyň akymyna refleksiýany gönükdirmek barada nazary bolmadyk talap bar.

Aň baradaky taglymatda berklik, birinjiden, zatlaryň barlygy we olaryň giňişlik-wagt we sebäpli baglanyşyklary barada refleksiýasyz „ýöne“ tassyklamakdan saklanmagy; ikinjiden, başdan geçirmäň sebäpli-assosiatiw baglanyşyklaryna degişlilikde aýdylanlardan saklanmagy göz öňünde tutýar. Şeýle garaýyşlar esasynda amal edilýän fenomenologiýanyň akyl ýetiriş taglymaty ilki bilen transsendentliligi (lat. transcendentis çäklerden daşary çykýan) tankytlaýar. Bu filosofiki akymyň wekilleri öz göz öňüne getirmeleri, hereketi bilen dünýäni döredýän arassa subýekt ýok diýýärler. „Dünýä bar“ düşünje Haýdeggeriň filosofiýasynyň merkezi kategoriýasy bolýar. Adam dünýä barada, hatda ylmyň üsti bilen bilýän ähli zadyny durmuş tejribesi bilen gazanýar. Feomenologiýa hem şeýle tejribä gaýdyp gelmegi ündeýär. Men ylmynyň aýdyşy ýaly, dünýäniň bir pursady däl-de absolýut başlangyjy bolýar. Gusserliň „zatlaryň özüne gaýdyp gelmek“ baradaky çagyryşy ýaşaýyşly dünýä gaýdyp gelmekligi aňladýar.

Zatlaryň özüne, ýaşaýyşly dünýä gaýdyp gelmekligi üçin reduksiýany (lat. reductio gaýdyp gelmek) amal etmeli bolýar. Tebigy we jemgyýetçilik ylymlaryň dünýä barada aýdýan zatlaryny, onuň gurluşy we ösüşi barada ähli mifleri we ýalan garaýyşlary aradan aýyrmalydyr. Şonda dünýä ony düşündirjek bolnandan ozalky biziň ýaşaýşymyzyň, biziň tejribämiziň dünýäsi görnüşinde ýüze çykar. Reduksiýa bu dünýä geň galmaklykdyr. Dünýä meniň pikir edýän zadym däl-de, meniň ýaşaýan zadym. Haçan-da men dünýäde ýaşaýan öz Menime gaýdyp gelemde ylmy hakykylygy däl-de dünýäde ýaşamaklyga borçly edilen adam bolýaryn.

Ähliumumylyk we dünýä adamyň ýüreginde ýerleşýär. Eger dünýä diňe obýekt hökmünde garalsa oňa düşünip bolmaýar. Haçan-da dünýä biziň tejribämize öwrülende, biziň özümiz dünýägaraýyşdan başga zat bolmamyzda bu aýdyň

bolýar. Şonda biziň iň gizlin psihikofiziki damar urmamyz dünýä barada habar berýär.

Tebigy sebäpler, mysal üçin, ýer titremesi esasynda ýene bir dagyň ýa-da gorpyň döremegi bilen dünýäde hiç zat üýtgemeýär. Ýöne adam bu dünýä gelende dünýä başgaça bolýar. Sebäbi adam geljegi herekete getirýär. Bu ýerde netijäni kesgitleýän sebäbiň däl-de ýagdaýyň döremegi, onuň başlanmagy bilen, gutarnyksyz çözülişe getirýär. Täze gurşaw emele gelýär we dünýä täze many gatlagyny eýeleýär. Çaganyň dünýä inen öýünde ähli zat öz manysyny üýtgedýär. Olar ondan şindi mälim bolmadyk ýüzlenmä garaşýarlar. Aň hereketleri bir bitewilige birleşdirýän dünýäniň merkezinde duran Men däl-de, eýsem gaýtalanmaýan tejribe, ýaşaýşyň gaýtalanmaýan „birleşmesi“. Ol dogulan pursatyndan özüni aýdyňlaşdyryp her bir häzirki pursatda özüni tassyklaýar.

Ýokarda aýdylanlary jemläp, fenomenologiýa hereketiniň wekilleriniň zähmeti bilen dünýä bilen özara täsirine düýpgöter täzeçe düşünmeklige esas döränligini aýtsa bolar. Şu düşündiriş ösdürilen we takyklanan halatynda biziň adam we onuň Älemde tutýan orny baradaky garaýyşlarymyz kesgitli üýtgäp biler.

**Germenewtika.** „Germenewtika“ (grekçeden düşündiriş, teswirleme) tekstleriň manysyny ýüze çykarmaklygyň sungaty we nazaryýeti. Ozal gadymy akyldarlar germenewtika ýüzlenipdirler. Olar dürli hili pikirleri, atalar sözlerini, mifleri, simwollary, buky pikirleri teswirlemek bilen meşgul bolupdyrlar. Orta asyrlarda biziň ýurdumyzyň çäginde ýaşan filosoflar, ilki bilen hem al Farabi  Platonyň, Aristoteliň we beýleki filosoflaryň eserleriniň üstünde işläpdirler. Mysal üçin, musulman filosofy al Gazaly Gurhany Kerimi teswirläpdir. Häzirki döwürde gadymy ýadygärlikleri düşündirmeklige uly üns berilýär.

Germenewtika filosofiki mesele hökmünde nemes filosoflary F. Şlegel (1772-1829) we F. Şleýermaher (1768-1834) tarapyndan öňe sürülýär we işlenip düzülýär. Olary ilki bilen poeziýada, sungatda we medeniýetiň dürli

fragmentlerinde obýektiw-gözellik meseleleriniň „filosofiki dilini“ şöhlelendirmek gyzyklandyrypdyr. F. Şlegeliň „Poeziýa barada söhbetdeşlik“, „Grek poeziýasyny öwrenmeklik“ we F. Şleýermaheriň „Monologlar“, „Dialektika“ atly eserleri oňa şaýatlyk edýär.

Nemes filosofy W. Dilteý (1833-1911) germenewtikanyň döreýşiniň taryhyny derňäp, ony derňelýän döwrüň „duýgy-ruhy“ durmuşyny janlandyrmak esasynda geçmişiň medeniýetini teswirlemekligiň usuly diýip kesgitleýär. Ol Şleýermaher tarapyndan öňe sürülen: „Tebigaty biz düşündirýäris, adama bolsa düşünýäris“ diýen jümlesi bilen ylalaşýar. Medeniýetiň adam tarapyndan döredilýänligi sebäpli, kesgitli hadysalary logiki taýdan kanuna getirmek bolýan düşündirmeklik ýeterlik bolmaýar. Barlagçynyň öwrenilýän döwre „girişmek“ bilen özüni ol ýa-da beýleki awtoryň ýerinde goýmaklygy bilen hadysalara düşünmekligi mümkin bolýar. Bu ýerden germenewtikanyň tarapdarlary ol ýa-da beýleki döwrüň medeniýetini we onuň fragmentleriniň ýüze çykmasyny teswirlemek üçin düşündirmek esas bolýar diýip hasaplaýarlar. Düşünmeklik işinde üç düzüm böleklerini: 1) gepi täzeden seslendirmek (rekonstruirlemek); 2) takyk tekstiň awtorynyň – takyk adamyň döredijilik işini täzeden dikeltmeklik; 3) tekstiň awtorynyň özboluşly aýratynlygyny, onuň esasy „durmuş pursatlaryny“ tapmak tapawutlandyrylýar.

Häzirki zaman günbatar filosofiýasynda germenewtikanyň meseleleriniň işlenip düzülmegi dürli nazary we dünýägaraýyş gözükmelerden ugur alýan barlagçylaryň ünsüni germenewtikanyň meselelerine, ilki bilen hem tejribe bilen baglanyşykda garalýan usulyna çekdi. Germenewtikanyň awtorlarynyň biri nemes filosofy H. G. Gadamer (1900 dog.) oňa tejribe hökmünde garaýar. Gadameriň pikiriçe, düşünmeklik „onuň çäklerinde ýaşap we oýlanyp bolýan däpler bilen berilýär“. Özem düşünmeklik bada döremeýär, ondan öň „düzedip“, „düzedip durup“ bolýan „öňki düşünmeklik“ döreýär. Ýöne soňkydan doly azat bolup bolmaýar, sebäbi „öňki düşünmeklik her bir düşünmekligiň gözükmesi bolýar.

Dil däplere düşünmekligiň göterijisi bolýar. Germenewtikanyň filosofiki ylym hökmünde düşünmeklik işini derňemeklikdigini, hakykylyga tarap hereketdigini yzygiderli nygtaýarlar. Şonuň ýaly-da germenewtikanyň netije däl-de bilime tarap ýol hakykylygy gazanmaklygyň tejribesidigi barada hem pikir aýdylýar.

Görşümiz ýaly, germenewtika filosofiýasy köp sanly gyzykly meseleleri öňe sürýär. Olar indiden beýläk hem üstünde işlenmegini, çuňlaşdyrylmagyny ýa-da täzeçe goýulmagyny talap edýär. Germenewtiki meseleleriň esasy derňewi şonuň üçin şindi öňdedir.

XX asyryň filosofiki garaýyşlary örän giň. Ýokarda görkezilen akymlar bilen bir hatarda bu döwürde täze-täze akymlar we ugurlar döredi. Biz bu döwrüň filosofiýasy baradaky gürrüňimizi şol asyryň 80-90-njy ýyllarynda giňişleýin ýaýran **intuitiwizm** bilen tamamlamak isleýäris. Bu ugur intuisiýa (duýgurlykda) diňe bir akyl ýetirişiň esasy serişdesi hökmünde garaman, eýsem, ony häzirki zaman ylymlary – lukmançylyk, biologiýa, fizika we beýlekiler bilen birikdirmek isleýär. Intuiwitizmiň ozalky wekillerine intuisiýany paýhasa garşy goýmak häsiýetli bolýar. Ýöne filosofiýanyň taryhynda olary birikdirmeklige, olaryň biri-biriniň üstüni ýetirmekligi gazamaklyga çalşylan döwürler bolupdyr (Dekart, Şelling, rus filosoflary N. Losskiý, S. Frank we başgalar). Häzirki döwrüň intuwistleri adamyň ýerdäki duýgulaýyn tejribesinden daşary çykyp ruhy, dini tejribelere daýanmaklygy ündeýärler. Meseläni şeýle goýmaklyk üçin ylmyň, tehnikanyň we paýhasyň has ýokary derejä galmaklygy gerek.

Görşümiz ýaly, häzirki döwrüň filosofiýasy örän baý we köptaraplydyr. Biz iňňän gerekli ruhy baýlygy öwrenmeklige girişýäris. Türkmenistanda jemgyýetçilik ylymlaryň täze ulgamynyň okadylyp başlanmagy bilen şu örän ähmiýetli işe gerekli şertler döredi.

# III bölüm.

## Barlyk hakyndaky taglymat

### Birinji bap. Barlyk hemme zady öz içine alýan reallyk hökmünde

Barlyk filosofiýanyň esasy düşünjeleriniň biri bolýar. „Barlyk“ düşünjesi „bar“ sözünden döreýär. Bu düşünje filosofiki mesele hökmünde haçan-da filosofiki pikir öz öňünde ýaşaýyş baradaky meseläni goýandan we ony derňäp başlandan soňra ýüze çykýar. Filosofiýa öz predmeti hökmünde bitewi dünýäni, maddy we ruhy başlangyçlaryň arabaglanyşygyny, adamyň jemgyýetdäki we dünýädäki orny bilen baglanyşykly soraglary özünde jemleýär. Başgaça aýdylanda filosofiýa dünýäniň we adamyň barlygy baradaky meseleleri anyklamaklyga çalyşýar.

Häzirki döwrüň filosofiýasynda „barlyk“ sözüniň dar we giň manylaryna üns berilýär. Dar manyda oňa aňdan aýralykda bar bolan dünýä diýilip düşünilýär. Giň manyda bolsa ol diňe bir maddy dünýä bolman, eýsem, adamlaryň aňy, pikirleri, duýgusy, hyýallary bolýar. Barlyk hiç zada bagly däl reallyk hökmünde „materiýa“ diýen düşünje bilen aňladylýar.

Diýmek, barlyk – bu ähli bar bolan zatlardyr. Ol adammy ýa-da haýwan, tebigatmy ýa-da jemgyýet, ymgyr uly Galaktikamy ýa-da biziň Zeminimiz, şahyryň arzuw-hyýallarymy ýa-da matematikanyň takyk taglymaty – bularyň bary barlykdyr. Barlyk özüniň garşydaş-ýokluk düşünjesine eýe bolýar. Eger barlyk – ähli bar zatlar bolsa, onda ýokluk – ähli ýok zatlar. Olar biri-biri bilen nähili gatnaşýarkalar? Biz bu sowalyň jogabyny tapmalyk üçin filosofiýanyň taryhyna ýüzleneliň.

**Barlyk kategoriýasyna taryhy taýdan aň ýetirilişi.** Bu gürrüňi gadymy grek filosofy Parmanitdan başlalyň. Biz ýokarda bu filosof baraga käbir maglumatlary getiripdik. Onuň döredijiliginiň ösen döwri biziň eramyzdan öňki 504-501-nji

ýyllar bilen gabat gelýär. Ol özüniň „Tebigat baradaky“ filosofiki poemasynda barlyk we ýokluk meselesiniň üstünde durup geçýär. Akyldar: „Barlyk bar, ýokluk bolsa asla ýok. Bu şübhesizlige ýoldur. Ol hakykata-da ýakynlaşdyrýar“ diýip belleýär.

Ýene bir ýol – ýoklugyň barlygyny tassyklamakdyr. Şu hili garaýşy Parmenid bütinleý inkärleýär. Onuň üçin bar bolan zat bar, bar bolmadyk zat ýok. Göräýmäge şeýle hem bolmaly. Ýöne bu ýerden nähili netije çykýar?! Bu ýerde esasy zat – barlyk hereketden aýrylandyr. Barlyk täzeden ýüze çykanok. Ol ýok bolup hem gitmeýär. Onuň geçmişem, geljegem ýokdur. Ol diňe häzirki döwürde bolýar. Filosofiki pikire eýermeýän adam üçin bu garaýşyň görnüp duran zatlara ters gelýänligi sebäpli, geň bolup görünmegi mümkin. Biz elmydama hereketde, tebigatda-da, jemgyýetde-de zatlaryň ýüze çykýanlygyna we ýok bolýanlygyna gözegçilik edýäris. Ýakyn geçmişde SSSR atly ägirt uly döwlet dargady. Bu dünýäden adamlaram ötýärler. Bize bolsa barlyk hereketsiz diýýärler. Onda ýokarky pikiri neneňsi delillendirse bolar?!

Parmenidiň tarapdarlarynyň ony şu hili delillendirmekleri mümkin. Birinjiden, Parmenid barlyk barada gürrüň edende ol ýa-da başga zady däl-de umumy barlygy göz öňünde tutýar. Ikunjiden, ol tötänleýin zatlary kabul etmeýär. Barlyk akyl taýdan aňalnylýan manydyr. Eger duýgy akylyň tassyklaýan zadyny inkärleýän bolsa, onda akyldan ugur almaklyk gerek. Şonuň üçin Geraklit Parmenide garşy çykýar. Ol Parmenitden tapawutlylykda herekete esasy orun berýär. Ol hereketi gapma-garşylyklaryň biri-birine geçişi hökmünde garaýar. Barlyk we ýokluk üznüksizdir. Geraklit: „Diri we ölen, oýa we ukydaky, ýaş we garry-bularyň bary bir zat. Sebäbi birinji ikinjide, ikinji bolsa birinjide ýitýär“ diýýär. Gadymy filosoflaryň dünýäniň dört başlagyjy: toprak, suw, howa we ot barada pikir ýöredendiklerini biz bilýäris. Geraklitiň pikirine görä, şol başlangyçlar diňe bir bar zatlar bolman, eýsrm, biri-birine geçýän zatlar hem bolýarlar. Geraklit: „Topragyň ölümi –

suwuň döremegi, suwuň ölümi – howanyň döremegi, howanyň ölümi – odyň döremegi we tersine“ diýipdir.

Demokrit barlyk barada ozal öňe sürülen taglymatyň gapma-garşylygyny atom baradaky ylmy garaýşy öňe sürüp aradan aýyrmaklyga çalyşypdyr. Ähli görünýän zatlar atomlardan durýarlar. Olary biri-birinden boşluk bölýär. Bu bolsa zatlaryň bolmaklarynyň we olaryň hereketleriniň şerti bolýar. Aristotel özüniň „Metafizika“ atly işinde Demokritiň atom we boşluk baradaky taglymatynyň barlyk we ýokluk taglymaty bolýanlygyny belläp, bu ýerden barlygyň ýoklukdan artykmaç bolup bilmejekligi baradaky pikiriň gelip çykýanlygyna ünsi çekýär.

Geçen filosoflaryň bitewi kosmos baradaky garaýyşlary Platon tarapyndan düýpgöter üýtgedilýär. Ol barlygy deň bolmadyk görnüşlere bölýär. Olar:

1. Ilki bilen üýtgemeýän ideal manylaryň dünýäsi, pikirleriň dünýäsidir. Bu dünýä zatlaryň dünýäsinden öň ýüze çykyp, olary kesgitleýär. Ol barlygyň täze görmüşi bolýar.

2. Biziň daş töwergimizi gurşaýan zatlaryň dünýäsidir. Olaryň barlygy kemter görnüşe eýe bolýar.

3. Materiýa. Ol dünýä ruhunyň barlygynyň ideýalarynyň obrazy esasynda ruhy döredijiligiň döredýän zatlarydyr. Materiýanyň barlygy Platonyň pikirine görä, ýokluga ýakyndyr, sebäbi, ol özbaşdak ýaşamaklykdan mahrum edilip, barlyk bolup diňe zat görnüşinde ýüze çykýar.

Umuman, Platonyň filosofiýasyna barlygyň aýratyn görnüşini, jemgyýetçilik aňyň barlygyny ýüze çykarýan usul hökmünde garasa bolar. Platonyň ideýalar baradaky taglymaty täze eýýamyň başynda Plotin tarapyndan ösdürilip, belli bir derejede gutarnykly häsiýete eýe bolýar. Plotiniň filosofiki garaýyşlarynyň taplanýan döwri geçiş döwrüne gabat gelýär. Antiki dünýä kem-kemden dargap onuň ýerine hristian dünýäsi gelýär. Öňki köphudaýlylyk pikiriniň ýerine ýekehudaýlylyk pikiri döreýär. Bu dünýägaraýyşda bolup geçen düýpli öwürlüşik döwri bolýar. Dini filosofiýa üçin barlygyň iki görnüşini: Hudaýyň barlygyny we onuň döreden tebigatynyň

barlygyny tapawutlandyrmaklyk örän wajyp bolýar. Barlyk we ýokluk, Hudaý we adam baradaky düşünjeleriň baglanyşygyny we beýleki birnäçe filosofiki meseleleri çözmekligiň ýoluny kesgitleýär.

Dini ideologiýanyň uzak döwrüň dowamyndaky agalygy, materialistik garaýyşlaryň gowşaklygy we onuň täsiriniň çäkliligi, adamyň we jemgyýetiň barlygyna bolan garaýyşlaryň üýtgemänligi örän uzak döwrüň dowamynda materialistik taglymatda hem jemgyýetiň barlygy baradaky ylmy garaýyş idealistik nukdaýnazardan çözülip gelindi. XIX asyryň 40-50-nji ýyllarynda düýpgöter täze ýagdaý ýüze çykdy. Bu döwürde dialektiki materializmiň esaslary işlenip düzülip, taryha materialitik nukdaýnazardan düşünmekligiň esasy ýörelgeleri kesgitlenildi. Bu iş nemes filosoflary Karl Marks we Fridrih Engels tarapyndan amal edildi. Filosofiýa „jemgyýetçilik barlygy“ diýen täze düşünje girizildi. Jemgyýetçilik barlygy tebigy barlyk bilen bir meňzeş bolmaýar. Jemgyýetçilik barlygy öz aňlaryna we ony kesgitleýän zatlara bagly bolmadyk adamlaryň maddy we biri-biri bilen gatnaşyklaryny aňlatmyk üçin ulanylýan filosofiki kategoriýa bolýar. Ol jemgyýetiň ýaşamaklygynyň we ösmekliginiň esasy bolýar. Tebigatyň esasynda döräp , onuň bilen aýrylmaz baglanyşykda bolup, jemgyýet özboluşly düzüm bolup ýaşap başlaýar. Jemgyýetiň we onuň maddy esaslarynyň maddy önümçiliginiň ösüş kanunlary, özal bolmadyk kanunlarynyň täze görnüşleri döreýär.

Jemgyýete bolan täze garaýyşlar adama bolan täze garaýyşlary döredýär. Indi adam öňki dini garaýyşdaky Hudaýyň döreden zady ýa-da, köne materialistleriň aýdyşy ýaly tebigatyň döreden zady däldir. Ol jemgyýetiň taryhy ösüşiniň netijesi bolýar.

## Ikinji bap. Barlygyň görnüşleri. Men barlyk

**Barlygyň görnüşleri.** **„B**arlyk“ düşünjesine biz nähili many (material, ideal, irrasional) beremizde hem, derňemeklik

maksady bilen ýaşaýyş görnüşiniň aýratynlygy esasynda ony birnäçe görnüşe bölýärler. Ýokarda beýan edilşine görä, filosofiki akyl ýetirmäniň taryhy ösüşiniň dowamynda barlygyň dürli görnüşleri, ýagny bar bolan-obýektiw (tebigat, jemgyýet, adam), şonuň ýaly-da oýlanyp tapylan (absolýut manylaryň dünýäsi, jemgyýetçilik aňy), görnüşleri ýüze çykarylýar. Şolaryň esasynda tebigatyň barlygyny (zatlar, prosesler, ýagdaýlar), sosial barlygy (özüne umuman, jemgyýetiň barlygyny, şeýle hem aýratyn adamyň barlygyny alýar), ruhuň barlygyny (subýektiw ideal, ýagny adamyň aňy we obýektiw ideal, onuň adamdan ýokarky görnüşleri) biri-birinden tapawutlandyrýarlar. Diýmek, barlyga diňe bizi gurşap alýan maddy dünýä, ýagny, bar bolan maddy zatlaryň jemi ýa-da haýsy hem bolsa ýokary barlyk – Hudaý ýa-da Dünýä ryhy görnüşde garamaklyk ýeterlik bolmaýar. Barlygyň adamyň döredujilik başlangyjy bilen baglanyşykly subýektiw görnüşi hem bolýar. Subýektiw sebäplere köpçiligiň, sosial toparyň, döwletiň, aýra-aýra şahsyýetleriň maksadalaýyk hereketi, şonuň ýaly-da olaryň aňlary, erkleri, herekete bolan ukyplary girýärler. Obýektiw sebäpler elmydama kesgitleýji bolýarlar, ýöne olaryň täsiri subýektiw sebäpleriň üsti bilen ýüze çykarylýar. Şu hem obýektiw we subýektiw barlyklaryň özara baglanyşygyny kesgitleýär. Şonda barlyk obýektiw we subýektiw reallygyň bitewiligi bolup çykyş edýär. Bu kategoriýanyň aýratyn manysy hem, onuň adam bilen baglanyşyklylygy bolýar. Sebäbi bu dünýäniň özi adamyň döreden subýektiw reallylygy bolmadyk ýagdaýynda garyplaşardy we onuň hereketliligi peselerdi. Subýektiw reallygyň täsiri bilen obýektiw reallygyň özi täze mana eýe bolup, täze hadysalar, tehniki we tehnologiki desgalar, landşaftlaryň täzelenmegi, kosmosyň özleşdirilmegi bilen baýlaşýar. Olar adamyň döredijilikli hereketiniň netijesi bolýarlar. Şolaryň esasynda barlygyň görnüşleri akyl ýetirmäniň kämilleşmegi bilen has çuňňur häsiýetlendirilýär.

**XX asyryň filosofiýasy we ylmy barlygyň esasy görnüşleriniň häsiýetnamasyna aşaky täzelikleri girizdi.**

**Tebigatyň barlygy.** Häzirki döwürde dünýäni aňlaýyş tebigatyň üç düýpli: 1) sistemalyk; 2)ählumumy ewolýusionlyk; 3) öz-özüni gurnamaklyk häsiýetnamasyna esaslanýar. Häzirki filosofiki pikir tebigatda zatlary däl-de, manysy, onuň düzüm böekleriniň özara täsiriniň üsti bilen kesgitlenýän sistemlary görýär. Dünýäniň gurluşy başky materiallaryň üsti bilen kesgitlenmän, onuň sistemalaýyn-düzümleýin gurluşy bilen kesgitlenýär diýip hasap edilýär. Şol hem dünýäniň köpdürliligini, şeýle hem onuň bitewiligini we durnuklylygyny üpjün edýär. Häzir tebigatyň barlygynyň ýene bir wajyp häsiýetnamasy, onuň ewolýusiýa ukyplylygy bilen baglanylýar. Ylma äşgär bolan ähli tebigy sistemalar (XIX asyrda hasap edilýän diňe bir janly görnüş däl) ewolýusiýanyň netijesi bolýarlar. Ewolýusiýanyň täsin ukyby çäkli däl-de ählumumy häsiýete eýe bolýar.

Ewolýusiýanyň mehanizminiň hem ählumumy bolmaklygy mümkin.Şu gün şonuň esasy görnüşi hökmünde öz-özüni gurnamaklyk hadysasy garalýar. Açyk deňagramlylykda bolmadyk sistemanyň öz-özünden, özakymlaýyn gurnalyşyň has ýokarky derejesine geçmekligidir.

**Sosial barlyk.** Barlygyň bu görnüşi soňky döwürde: 1) tehnologiýalaşmak; 2) edaralaşmak; 3) globallaşmak; 4) maglumatlara eýe bolmak tendensiýalary ýüze çykardy. Olaryň birinjisi sosial barlygyň içinde, adamyň daşky gurşawa uýgunlaşmaklygy we öz durmuşyny gurnamaklygy bilen baglanşykda tehniki serişdeleriň has köp orna eýe bolýandyklaryny aňladýar. Ikinjisi jemgyýetçilik durmuşyny gurnamaklygyň we formallaşdyrmaklygyň derejesiniň ýokarlanýandygyna şaýatlyk edýär. Üçünji tendensiýa dünýäniň dürli sebitleriniň özara baglanşygynyň artýanlygyna, sosial hereketleriň görnüşlerini standartlaşdyrmaklygyň gutarnyksyzlygyna şaýatlyk edýär. Ýokarda görkezilen tendensiýalaryň soňkysy sosial barlykda täze, adamlaryň işewirligini özüne çekýän gatlagyň peýda bolandygyny görkezýär. Sosial reallygyň düzümini zat (çig mal, energetika

we başg.) baýlyklary däl-de maglumatlar kesgitläp başlaýar. Maglumat gurşawyň çürt-kesik artmagy sosial barlygyň düzümini üýtgedýär.

**Ruhuň barlygy.** Barlygyň bu görnüşi gönümel sosial barlyga bagly bolýar. Şonuň üçin ol soňkynyň tendensiýalaryny belli bir görnüşde gaýtalaýar. Şol bir wagtda hem belli bir awonomlyga eýe bolanlygy sebäpli, XX asyrda ruhy barlyk:

1) Pikirleriň maddy kuwwatlylygy (energiýa, atom, gen we başg.) ýüze çykaryldy.
2) Ruhy barlygyň sosial gymmatlyklary kemala getirýän bölegi standartlaşdyrmak we unifisirlemek tedensiýalaryna boýun bolman, tersine, bu ýerde köpdürliligiň artmaklygyna getirdi.
3) Täze kommunikasion tehnologiýalar ruhy barlygy görkezmekligiň görnüşini we ony kemala getirmegiň adaty usullaryny hem üýtgetdi.

**Men barlyk.** Adamyň döredijilikli häsiýetini nygtamaklyk üçin filosofiýada „Men“ diýen düşünje ulanylýar. Bu düşünjäni açyp görkezmeklik üçin Men konsepsiýasy işlenip düzülýär. Bu konsepsiýa adamyň özüni göz öňüne getirişini açyp görkezýän garaýyşlar ulgamy bolýar. Onuň esasynda adam beýlekilere we özüne bolan gatnaşygyny gurnaýar. Ol adamyň özüne bolan gatnaşygynyň ýörelgesi bolup çykyş edýän içki gapma-garşylykly onuň Meniniň görnüşi bolýar. Bu konsepsiýa durmuş tejribesi esasynda döreýär. Onuň düzümine: hakyky Men (şu pursatda adamyň özüni göz öňüne getirişi), ideal Men (adamyň pikiriçe, onuň ahlak kadalaryna eýeren ýagdaýynda bolmaklyk mümkinçiligi), hereketli Men (adamyň adam bolmaklyk neti), fantastik Men (mümkinçilikler dörän ýagdaýynda adamyň adam bolmaklyk islegi) girýär.

Men konsepsiýasynyň döremekligine nemes klassiki filosofiýasynyň görnükli wekili Fihte uly goşant goşupdyr. Ol Mene gutarnykly döredijilikli başlangyç hökmünde garaýar. Adamyň döredijilik ukyplary barlyga akyl ýetirmekligi bilen

açylýar. Barlyk bize haçan-da barlyga ýakyn bolan ýagdaýmyzda wyždan ýa-da söýgi duýgusyny başdan geçirýän halatymyzda elýeterli bolýar. Şonda adamyň kalbynda barlygyň owazy bilen ýaňlanan sözler we pikirler döreýär. Bu pikirleri erkiň güýji bilen getirip bolmaýar. Bu sözleri oýlap tapyp bolmaýar. Barlyk elmydama bar. Ýöne ol bize oňa kybapdaş bolan ýagdaýmyzda açylýar. Bu ýagdaý onuň özboluşlylygyny, aýratynlygyny kemala getirýär.

Adamy gaýtalanmaýan, aýratyn adam edýän zatlar onuň psihologiki özboluşlylygy, çagalyk tejribesi, durmuş ýoly we jemgyýetde tutýan ornunyň gapma-garşylygydyr. Şol aýratynlyk hem „Men“ diýen düşünje bilen aňladylýar. Bu ýerde adamyň barlygynyň kategoriýalary bolup erkinlik, ýaşaýşyň manysyny gözlemek, döredijilik, söýgi, ynanç, bagt we beýlekiler çykyş edýärler.

## Üçünji bap. Materiýa filosofiki garaýyş. gurluşy, dowam ediş usullary

Materiýa obýektiw reallygy aňladýar. Obýektiw reallyk bu ýerde adamyň aňyndan daşarda we adamyň aňyna bagly bolmadyk ähli zat bolýar. Materiýa barada gürrüň edilende ilki bilen onuň häsiýetli aýratynlyklaryny onda-da, oňa elmydama mahsus häsiýetleri derňemeklik zerur. Şolaryň hataryna: giňişligi, wagty we hereketi goşsa bolar.

Ähli zatlaryň giňişlikde ýaşaýandyklary, giňişlikde hereket edýändikleri, şol bir wagtda-da adamyň, onuň daşyny gurşap alýan zatlaryň wagt ölçeginde bolýandyklygy sebäpli, „giňişlik“ we „wagt“ düşünjeleri örän ir kesgitlenen we ulanylyp başlanandyr. „Giňişlik“ we „wagt“ kategoriýalary filosofiýanyň, ylmyň esasy düşünjeleriniň biri bolýarlar. Ol hem bu kategoriýalaryň barlygyň has umumy ýagdaýyny aňladýandyklary bilen baglydyr. Wagt barlygyň ol ýa-da beýleki zatlarynyň barlygyny ýa-da ýoklugyny häsiýetlendirýär, olaryň ýaşaýşynyň, üýtgeýşiniň, hereketiniň, häsiýetiniň içindäki aýrylmaz bölek bolýanlygy sebäpli, onsuz

olaryň hiç biri bolup bilmeýär. Giňişlige ýöntem görnüşde garalanda, ony ähli zatlaryň ýerleşýän ýeri hökmünde kabul etse bolar. Giňişligem, wagtam hereket bilen aýrylmaz baglanşykda bolýarlar.

Olar bilen bagly meseleler mehanika ylmynyň ösen döwri bolan XVII asyrda köptaraply derňelip başlanýar. Şol başlangyç döwürde materiýanyň bu düzüm bölekleri biri-birinden aýralykda we üýtgemeýän görnüşde derňelýär. Bu döwürde täsirli bolan naturfilosofiýa adamyň akyl ýetirmeklik mümkinçiliklerini görkezmeklige gerek bolan dünýäniň şekilini gurýar. Ýöne materiýa naturfilosofiki akyl ýetirme çemeleşmelerinden tapawutly bolýar. Ol kem-kemden giňäp aýratyn ylmy meselä öwrülýär. Materiýanyň aýrylmaz bölegi bolan hereketiň derňelişi onuň mysaly bolup biler.

Hereketiň barlygy dünýä akyl ýetirmekligiň şerti bolýar. Onda-da ol dünýäni ýönekeý görnüşde duýmaklykdan, onuň ýokary-aşakly çylşyrymly şekilini döretmeklige çenli häsiýetli bolýar. Herekete diňe materiýanyň esasy häsiýeti hökmünde garamaklyk oňa akyl ýetirmekligiň ýeterlikli şerti bolup bilmeýär. Hereket takyklanmaly. Oňa hereketsizlik düşünjesiniň goşulmaklygy gerek. Adam gaýtalanmaýan dünýäni hereketli, durnuksyz ýagdaýda kanunlaýyn görnüşde aňlap bilmeýär. Şol bir wagtda dünýäniň hereketsizliginiň hereketsiz dünýäni kabul etmäge tapawutly aýratynlyk hökmünde girizilmänligi hem oňa akyl ýetirmeklige hemaýat edip bilmeýär. Şonuň üçin hereketi hereketsizlikden bölüp aýyrmaklyk dünýä akyl ýetirmekligi inkärlemeklige getirýär.

Hereketsizlik pursaty herekete akyl ýetirmekligiň şerti bolup, onuň aýrylmaz tarapy hökmünde çykyş edende döreýär. Hereketsizlik hereketiň käbir tarapynyň durnukly pursaty bolýar. Ol hereketiň, onuň tapgyrlylygynyň, düzüm böleklerden durýanlygynyň umumy kanunlarynyň barlygyny aňladýar. Hereket bilen hereketsizligiň özara täsiri materiýanyň düzümleşmegini göz öňünde tutýar. Şonuň ýaly-da ol dünýä akyl ýetirmeklige we onda adamyň ornuny kesgitlemeklige kömek berýär. Şu wezipe hereketiň görnüşleriniň açylyp

görkezilmegi bilen mümkin bolýar. F. Engels bu meseläni özüniň „Tebigatyň dialektikasy“ atly işinde derňäp, hereketiň mehaniki, himiki, fiziki, biologiki we sosial görnüşlerini tapawutlandyryp, olaryň biri-birine geçişini häsiýetlendirýär. Alym hereketiň görnüşleriniň öz hereketleri barada ýörelgeleri açyp görkezýär. Mysal üçin, maddy zat dürli görnüşdäki herekete ukyplydyr. Şonuň ýaly-da hereketiň her bir görnüşi birnäçe maddy göterijiler bilen bagly bolýar. Hereketiň esasy we çetki görnüşleri bolýarlar. Häzirki döwürde hereketiň görnüşleri umumy we hususy görnüşlerde kadalaşdyrylýar. Onuň umumy görnüşine kwant-mehaniki, makromehaniki, termodinamiki we kibernetik görnüşler goşulsa, hususy görnüşine subatom-fiziki, himiki, molekulýar fiziki we biologiki görnüşleri goşulýar. Şonuň ýaly-da oňa „jemgyýetçilik akyl ýetirme“ hem girýär.

Görşümiz ýaly, ylmy akyl ýetirmäniň kämilleşmegi bilen materiýa we onuň atributlary: giňişlik, wagt we hereket baradaky garaýyşlar giňelýär we çylşyrymlaşýar. Materiýanyň her bir gurnalyş derejesinde hereketiň we zatlaryň arabaglanyşygynda aýratynlygyny, giňişlik gurnalyşynyň we wagt özgerişiniň dowamlylygynyň özboluşly görnüşlerini ýüze çykarýar. Şonuň üçin soňky döwürde şu aýratynlyklara üns berlip, dürli „wagt“ we dürli „giňişlik“ mysal üçin biologiki özgerişiň wagty we giňişligi barada gürrüň edilip başlandy. Ýöne „biologiki wagt“ ýa-da „sosial wagt“ düşünjelerini belli bir ägälik bilen kabul etmeli. Wagt her bir material ulgamyň ýaşaýşynyň dowamlylygyny we onda özgerişleriň çalşyşynyň yzygiderligini aňladýan wagtyň görnüşiniň barlygy bolýar. Giňişlik bolsa her bir maddy ulgamlaryň uzynlylygyny, düzümini, topologiýasyny häsiýetlendirýän materiýanyň barlygynyň görnüşi bolýar. Şu manyda giňişlik, wagt we hereket edil materiýa kimin umumy düşünjeler bolýarlar. Hawa, bu ýagdaý maddy ulgamyň dürli görnüşlerinde özboluşly şertleriň özara gatnaşygyny aradan aýyrmaýar. Ösüşiň dowamynda guramanyň ýokary görnüşleriniň sada görnüşiň täsirini aradan aýyrman, olaryň üstünden gurluşy

ýaly, hereketiň degişli görnüşleri hem çylşyrymlaşyp, şol has çylşyrymly maddy ulgamlarda aragatnaşyklaryň täze görnüşlerini ýüze çykarýarlar.

Ulgamlaryň ýokarly aşaklylygyny gurnap, biz ilki bilen mikrodünýäni, makrodünýäni we megadünýäni tapawutlandyrýarys. Biziň Zeminimizde bolsa olardan başga hereketiň biologiki görnüşleriniň göterijileri bolan janly jandarlaryň dünýäsini, hem-de öz özboluşlylygy we aýratyn kanunlary bolan adam-jemgyýet dünýäsini görkezse bolar. Umuman, barlyga bolan garaýyş giňeýär, täze garaýyşlar döreýär.

Barlyga Parmenidiň düşünişine esaslanýan klassiki filosofiýada ynançlaryň, gymmatlyklaryň baglanyşygynyň kepili bolan adamyň ýaşaýşynyň wajyp pursady hökmünde gutarnyksyz hereketiň ýokardan inmegi boýun alynýan bolsa, indi häzirki döwrüň filosofiýasynda adamyň täze gymmatlyklary döretmeklige bolan ynanjyna özboluşly garalýar. Bu filosofiýa adama durmuşy bolşy ýaly kabul etmekligi maslahat berýär. Adaty durmuş filosofiki oýlanmalaryň esasy gymmatlygyna we esasy meselesine öwrülýär.

Filosofiýa indi barlygyň berk düzgünini täzeden döredýän many, kanun, sebäp we beýleki kategoriýalar bilen känbir meşgul bolmaýar. Şeýlelikde, biziň derňeýän barlyga bolan garaýşymyzyň özgerişi dünýägaraýyşda bolup geçýän üýtgeşmeler bilen bagly bolýar. Bu özgerişleri aňlap, filosofiýa öz dili hem-de özboluşly serişdeleri bilen her gezek barlyk meselesini täzeden düşündirýär.

## Dördünji bap. .Diýalektika we metafizika.
## Dialektika - ösüş taglymaty.

**Diýalektika we metafizika.** Bu düşünjeleriň many-mazmuny häzirki döwrüň filosofiýasynda biri-biri bilen arabaglanşykda açylýar. Şol arabaglanşygy açyp görkezmeklik üçin biz ilki bilen „metafizika“ düşünjesiniň üstünde durup

geçeliň. Ýokarda bellenilişi ýaly, „metafizika“ düşünjesi biziň eýýamymyzdan öňki birinji asyrda Aristoteliň filosofiki mirasynyň bir böleginiň aňladylyşy hökmünde ýüze çykýar we sözüň doly manysynda „fizikadan soňra gelýän zat“ diýen manyny berýär. Aristoteliň özi ony „ilkinji filosofiýa“ diýip atlandyrýar we özüniň filosofiki taglymatynyň wajyp bölegi diýip hasaplaýar. Metafizika, onuň aýtmagyna görä, ähli ylymlara hökmany bolan we duýgy organlaryna mümkin bolmanlygy sebäpli, ähli zatlaryň başlangyjyna diňe oýlanma esasynda akyl ýetirilýän ylym bolýar. Metafizika şu manyda türkmeniň akyldary al. Farabiniň filosofiýasynda hem ulanylýar. Ýöne soňra oňa düýpgöter başgaça garaýyş ýüze çykýar. Orta asyr filosofiýasynda metafizika teologiýany filosofiki taýdan esaslandyrmaklyga hyzmat edýär. Özi hem Aristoteliň logikasyny bir taraply, üýtgemeýän görnüşde ulanylmagy esasynda döreýär. Şonuň üçin täze döwürde metafiaika dialektika garşy oýlanyş usuly hökmünde düşünmeklik ýüze çykýar. Onuň sebäbi hem metafizikanyň ähli zatlara we hadysalara üýtgemeýän we biri-birine bagly däl görnüşde garamaklygynyň, tebigatyň we jemgyýetiň ösüşinde gapma-gaşylygy inkärlemekliginiň akyl ýetirmeklikde birtaraplylyga getirýänligi bilen baglanylýar. Şeýle ýagdaýyň ýüze çykmaklygynyň taryhy sebäpleri ylmy-filosofiki akyl ýetirmäniň gadymyýetde we Galkynyş eýýamynda tebigata bitewilikde we ösüşde, özgerişde garanlygy, täze döwürde bolsa ylymlaryň bölünişmegi, olaryň biri-birine bagly däl, biri-birinden aýra böleklere bölünmegi bilen bagly bolýar. „Metafizika“ düşünjesi dialektika garşydaş manyda nemes akyldary F. Gegel tarapyndan ulanylýar. Häzirki döwrüň filosofiýasy dialektika ählumumy baglanyşyklar we ösüş baradaky taglymat hökmünde garaýar. Ol adamzadyň durmuşynyň, aňyýetiniň, bütin taryhyň içinden eriş-argaç bolup geçýän gapma-garşylyklary aňlamaklygyň görnüşi bolýar.

Dünýäni we ýaşaýşy gapma-garşylyklaýyn aňlamaklyk öz gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Adamlar hakykat-

ýalan, ýagşy-ýaman, mertlik-namartlyk, mukaddeslik-adatylyk, halal-haram we beýleki gapma-garşylyklary arabaglanşykda aňlamaklyga çalyşypdyrlar. Bu Magtymguly Pyragynyň goşgularynda has aýdyň görünýär. Ýokarda biz olaryň üstünde aýratyn durup geçipdik. Şeýle garaýyş adamyň ýaşaýşynyň özüniň gapma-garşylyklydygyny görkezýär. Adam şu gapma-garşylyklaryň esasynda ýaşanlygy sebäpli, ol olaryň arasyny açmaly bolýar. Ýöne bu wezipäni amal etmeklik ýeňil bolmandyr. Ony biz filosofiýanyň taryhynda hem görýäris. Şonuň üçin, biz „dialektika“ düşünjesiniň filosofiýanyň taryhynda aňladylyşyny yzarlalyň.

„Dialektika“ diýen söz bize gadymy grek filosofiýasyndan miras berilendir. Ony filosofiýa Sokrat girizýär. Ol hakykaty gazanmaklyk üçin jedel sungatyny işläp düzmekligiň gerekligini belläpdir. Şeýle garaýyş Sokratyň şägirdi Platon tarapyndan kabul edilýär we ösdürilýär. Ol düşünjeleriň doly anyklygyny gazanmaklyk üçin, olary böleklere bölmegiň we sazlaşdyrmagyň tehnikasyny işläp düzýär. Ýöne soňra bu garaýyşlar kän ösdürilmeýär. Orta asyr filosofiýasynda dialektika diňe düşünjeleri ulanmaklygyň tehnikasy, logika, ýagny formal jedel sungaty hökmünde garaýyşlar hökmünde berkeýär. Barlyga degişlilikde bolsa dialektiki garaýyş inkärlenýär. Gapma-garşylyk meselesi ösüş meselesi kimin filosofiýadan gysylyp çykarylýar. Bu döwür ýokarda belenilişi ýaly metafizikanyň doly agalyk edýän döwri bolýar.

Dialektikanyň täzeden dikeldilmegi esasan nemes klassiki filosofiýasynyň, ilki bilen hem başda bellenilişi ýaly Gegeliň tagallalary bilen mümkin bolýar. Gegeliň aýtmagyna görä, filosofiýa dünýäniň manysyny öz-özünden aňlaýan usul bolýar. Öz-özünden ösýän pikiri ol şol usul hökmünde kesgitleýär. Gegel üçin filosofiýa pikirlenmek baradaky ylym bolýar, ýöne pikiriň daşky görnüşi baradaky ylym köne formal logika däl-de, manylaýyn ylym, manylaýyn dialektiki logika bolýar. Bu logika akyl ýetirmäniň aňşyrykly görnüşinden paýhaslaýyn görnüşine galmaklygyna esas döredýär.

Aň nazaryýet işinde-de, amalyýet işinde-de gerekli. Ol şübhesizdir. Ýöne şol derejede saklanmaklyk, pikiriň aňa häsiýetli görnüşleri bilen çäklenmegi ýeterlik bolmaýar. Aňyň gutarnykly kesgitlemeleriniň hötdesinden gelýän dialektika çenli beýgelmeklik gerek. Dialektika, Gegeliň pikiriçe, dialektika aňyň, zatlaryň hem-de asla gutarnyklylygyň hakyky tebigaty bolýar. Dialektika aňyň kesgitlemesiniň birtaraply we çäkli bolan halatynda, ýagny özlerini inkärlemeklige eýe bolan ýagdaýynda bir kesgitlemeden has doly bolan ikinji kesgitlemä geçmekligi bolýar. Her bir gutarnyklylygyň düýp manysy, onuň öz-özüni aradan aýyrýanlygynda bolýar. Şeýleleikde, dialektika her bir ylmy taýdan açylýan pikiriň hereketlendiriji ruhy bolýar we ýeke özi ylmyň manysyna has doly baglanyşyklary we gereklilikleri girizýän ýörelge bolýar.

**Dialektika – ösüş taglymaty.** Arabaglanyşyk we ösüş baradaky taglymaty bolan Gegeliň dialektikasynyň mirasdüşeri bolup dialektiki materializm çykyş edýär. Gegeliň dialektikasy Marks we Engels tarapyndan örän uly baha mynasyp bolýar. Bu diňe bir Gegeliň taglymatynyň manysy bilen bagly bolman, eýsem, ondan gelip çykýan netijelerde onda-da, Gegeliň özüniň çykarmadyk netijelerinde hem bolýar. Biz ýokarda olaryň bu ugurda amal eden işleriniň üstünde durup geçipdik. Şoňa garamazdan, meseläni örän wajyplygy sebäpli, biz oňa gaýdyp geleliň. Engelsiň aýtmaklygyna görä, Gegeliň filosofiýasynyň hakyky manysy we onuň özgeridiji häsiýeti adamzat pikiriniň we hereketiniň netijesiniň gutarnykly häsiýeti baradaky her bir garaýşy aradan aýranlygynda bolýar. Hakykat bu ýerde ýat tutmaly bolan dogmatiki görüşleriň ulgamy hökmünde göz öňüne getirilmän, eýsem, akyl ýetiriş işiniň özünde, ylmyň uzak döwürli taryhy ösüşinde bolýar.

Dialektiki filosofiýa üçin hiç bir gutarnykly kesgitlenen, şübhesiz, mukaddes zat bolmaýar. Ähli zat ösüşde bolýar. Üznüksiz döreýän we ýok bolýan hereketden, gutarnyksyz aşakdan ýokary göterilmelerden başga hiç zat onuň öňünde durup bilmeýär. Ol ähli zatlarda hökmany suratdaky geljekki ösüşleri we aşak düşmeleri görýär. Dialektiki materializm

Gegeliň dialektikasynyň düşünjeleriniň we kategoriýalarynyň many-mazmunyna üýtgeşmeler girizýär. Dialektikanyň obýektiw we subýektiw görnüşleri kesgitlenýär. Tebigatyň we maddy jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň dialektikasy obýektiw dialektika bolýar. Adamlaryň akyl ýetiriş we pikirleniş işiniň dialektikasy subýektiw dialektika bolýar. Dialektikanyň esasy kanunlary bolan: mukdar özgerişiň täze hile geçişi we tersine; gapma-garşylyklaryň bitewiligi we göreşi, biri-birine geçmegi; inkär etmegi inkär etmeklik kanunlary we kategoriýalary hem dialektiki filosofiýada täzeçe düşündirilýär.

Dialektika ösüş hereketi barada bar bolan iki kesgitlemäni özüne alyp jemleýär we olary aradan aýyrýar. Olaryň biri ösüşi ýaý oky görnüşde göz öňüne getirip, onuň hereketiniň netijesinde düýpgöter täze zatlar ýüze çykyp, hiç bir könäniň gaýtalanmaýanlygyny nygtaýar. Ikinjisi, ösüşi halka görnüşde göz öňüne getirip, ösüşi şol bir zatlaryň gaýtalanmagy bilen baglaýar. Şeýle garaýyşlaryň aradan aýrylmagy ösüşi burum-burum (spiral) göz öňüne getirmeklige mümkinçilik berýär. Şeýle ösüşiň hetijesinde garalýan zadyň bir tarapy häsiýeti gutarnykly ýitirilýär, ýöne beýlekisi ösüşiň täze öwrüminde täze derejede gaýtalanýar.

Ösüş baradaky taglymat hakynda aýdylanda I. R. Prigožiniň (1917) bu taglymata goşan täzelikleri barada aýtmazlyk mümkin däl. Ol düýpgöter täze öz-özüni gurnamaklyk taglymatyny işläp düzýär. Prigožiniň aýtmagyna görä, öz-özünden ösüş tötänliligi we durnuksyzlygy agalyk edýän „molekulýar derejedäki saýlawy“ durnukly amal etmeklik bolýar. Şonuň esasynda klassiki fizikanyň ösüşiň prinsipial dolanmagy we geologiki, biologiki we sosial-taryhy gutarnyksyz ewolýusiýa fakty baradaky taglymatlarynyň gapma-garşylyklary aradan aýrylýar. Bu bolsa köp zatlara täzeçe garamaklyga mümkinçilik döredýär.

Prigožiniň we onuň şägirtleriniň ulanýan düşünjeleri we kategoriýalary şindi filosofiki häsiýete eýe bolup bilenoklar. Ýöne, ylyma ulgamlaýyn garaýşyň girizilmegi bilen filosofiýanyň kategoriýalarynyň hem täzeçe aňlanmagynyň

gerekligi ýüze çykdy. Onda bu ugurdaky özgeriş ylmy özgerişiň täze tapgyryna getirmekligi mümkin.

## IV bölüm.

## Adam we onuň dünýädäki barlygy

**Adam hakynda umumy düşünje.** Filosofiýa özüniň bütin taryhynyň dowamynda adam meselesi bilen meşgul bolýar. Gadym döwrüň filosoflary adamyň manysyny kiçi älem, adamyň özüni gurşap alýan uly älemiň dar görnüşi, onda-da şol älemi gaýtalaýan kiçi, janly, hereketli dünýä diýip hasap edenler. Orta asyryň filosofiýasy adamyň manysyny, onuň hudaýtarapyn döredilenliginde we ruha eýe bolýanlygynda görüpdir. Täze döwrüň filosofiýasy adamyň manysyny, onuň aňlamaklyga bolan ukybynda görüp, onuň maksadyny tebigatyň üstünden agalyk etmek bilen baglapdyr. Marksistik filosofiýa adamyň manysyny jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen baglylykda açmaklyga çalyşýar. Bu filosofiýa adamyň zähmetiň kömegi bilen haýwanat dünýäsinden bölünendigini, özbaşdaklyga eýe bolandygyny we dörändigini belleýär. Adamyň maksady, garaýyşlary, hereketi we niýeti onuň tarapdarlarynyň pikiriçe, soňky netijede jemgyýetçilik gatnaşyklary, ilki bilen hem önümçilik gatnaşyklary bilen kesgitlenýär.

Häzirki döwrüň ylmy hem adamyň manysyny kesgitleýän we onuň ösüşiniň esasyny düzýän başlangyç hökmünde, jemgyýetçilik önümçiliginiň çäginde amal edilýän zähmetiň uly orna eýe bolýanlygyny belleýär. Adam gönümel ýa-da başga zadyň kömegi bilen umumylykda jemgyýeti düzýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryna girmezden öndürip hem, zähmet bilen meşgul bolup hem bilmeýär. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň we zähmetiň ösmekligi, kämilleşmegi bilen adamlaryň jemgyýetçilik gatnaşyklary hem ösýär. Nähili derejede adam jemgyýetçilik gatnaşyklaryny özünde jemlese, özleşdirse, amal etse şol şolaryň täsiri bilen şol derejede onuň öz ösüşi bolup geçýär. Bu ýerde ähli jemgyýetçilik gatnaşyklaryň jemi: maddy we ruhy, geçen we häzirki gatnaşyklary öz içine alýar. Adam bir wagtyň özünde

öndürýän, aňlaýan, medeniýetli, ahlakly jandar bolýar. Ol köp ýa-da az derejede jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ähli öwüşgünlerini özünde toplap, özüni jemgyýetçilik manysynda amal edýär. Şu meseläniň ikinji tarapy adamyň adamzat taryhynyň önümidigi bilen baglydyr. Häzirki adam „tarp ýerden“ döränok. Ol jemgyýetçilik-taryhy ösüşiniň netijesi bolýar. Bu ýerde gürrüň adamyň adamzat kowumy bilen baglylygy barada bolýar. Ýöne adam diňe jemgyýetiň we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň önümi däl, ol öz gezeginde olary dörediji hem bolup çykyş edýär. Şeýlelikde, adam bir wagtyň özünde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hem obýekti, hem subýekti bolýar. Adam bilen jemgyýetiň arasynda dialektiki özara täsir bar: adam jemgyýetiň mikro derejedäki ýüze çykmasy – mikrojemgyýet bolýar, jemgyýet bolsa – jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky adamyň özi bolýar. Onda bu ýerde adamyň sosial-hereketli manysy barada aýtsa bolar. Sosial gatnaşyklaryň we pikir alyşmalaryň çäginden daşarda ol adam hökmünde amal bolup bilmeýär. Ýöne adamy öz manysynda onuň özünde görüp bolmaýar. Onuň hakyky ýüze çykmasyny adamyň ýaşaýşyndan tapyp bolýar. Eger adamyň manysy – adam kowmunyň umumy häsiýetnamasy bolsa, adamyň ýaşaýşy özüniň takyk-tejribeleýin ýüze çykma manysynda elmydama aýratyn hem takykdyr. Adam ýaşaýşy onuň barlygynyň, ähli köpdürli görnüşleriniň we häsiýetleriniň ýüze çykmasynyň bitewiligi bolýar. Bu bitewilik ilki bilen üç – biologiki, sosial we psihologiki başlangyjyň bitewiligi hökmünde aňladylýar. Olaryň islendik biri ýok bolanda adamyň özem ýok bolýar. Şonuň üçin adamyň ukyplarynyň artmagy we onuň bitewi görnüşde kemala gelmegi şu esaslar: tebigy zehinliligi, sosial gurşaw we içki Meni (erki, gözükmeleri, bähbitleri we başg.) bilen baglydyr.

Adamyň ýaşaýyş meselesiniň ähmiýeti onuň manysy meselesiniň ähmiýetinden pes däldir. Mümkin boldugyça özüniň doly aňladylyşyny ol ýaşaýyş filosofiýasynda, ýa-da ekzistensializmde tapdy. Adamyň ýaşaýşy bu ýerde adamyň aýratynlandyrylan, bu dünýäniň çäklerinden çykmaklygyna

baglanyşdyrylan adamyň barlygy hökmünde düşündirilýär. Ýokarda aýdylanlardan adamyň düýp mazmunynyň dört ölçeglidigini onuň biologiki, sosial, psihologiki we ýaşaýyş esaslarynyň üsti bilen düşündirse bolar.

**Adamda biologiki we sosial zadyň mynasybeti.** Adamyň manysy we ýaşaýşy baradaky mesele ondaky biologiki we sosial başlangyçlaryň baglanyşygy meselesi bilen baglydyr. Ýokarda bellenilişi ýaly adam öz manysy boýunça sosial jandar bolýar. Şol bir wagtda-da adam tebigatyň önümi bolup, onuň çäginden çykyp özüniň biologiki tebigatyna degişli bolman ýaşap bilmeýär. Biologiki başlangyçlar adamda onuň genleriniň hem-de bedeninde geçýän morfo-fiziologiki, elektrohimiki, damar-beýni we beýleki özgerişleriň üsti bilen ýüze çykýar. Sosial we biologiki başlangyçlar adamda aýrylmaz baglanyşykda bolýarlar. Onuň bir tarapy „sosial häsiýete“ eýe bolan şahsyýet, ikinji tarapy onuň tebigy esaslaryny düzýän bedeni bolýar. Özüniň biologiki tebigatyna görä her bir adam ata-enesinden alýan genleriniň jemi bilen kesgitlenýär. Adam doglanda genlerde şifrlenen ukyplar we başlangyçlar görnüşinde berlen biologiki mirasa eýe bolýar. Bu başlangyçlar adamyň fiziki gurluşyna (boýyna, endamynyň reňkine, ýüz keşbine, sesine, ömrüniň dowamlylygyna we beýl.), onuň psihiki häsiýetlerine (duýgylaryna, hyjuwyna, aýratyn häsiýetlerine we başg.) täsir edýärler. Ýöne bu ýerde adamyň ukyplarynyň diňe tebigy taýdan kesgitlenýänligi barada netije çykarmak dogry bolmaz. Başlangyçlar - diňe mümkinçiliklerdir. Şol mümkinçilikleriň ukyplara öwrülmegi üç zadyň: biologiki (başlangyçlar), sosial (sosial gurşaw we terbiýe), psihiki (adamyň içki Meni, onuň erki we başg.) jemlenmegine bagly bolýar.

Sosial we biologiki meselelere garalanda iki çetki nukdaýnazarlardan: sosial faktorlary ileri tutmaklyk – pansosiologizmden we biologiki faktorlary ilerletmek – panbiologizmden daşda durmalydyr. Birinji ýagdaýda adam diňe sosial gurşawyň önümi bolup görünýär. Bu taglymatyň tarapdarlary diňe bir adamyň manysyny däl, eýsem, bütin

adamzadyň ýaşaýşyny hem sosial gurşawyň täsiri bilen baglaýarlar. Geçen asyryň otuzynjy ýyllarynda sowetler ýurdunda „buržuaz“ genetika ylmyna garşy göreşijiler şol ýörelgelerden ugur alypdyrlar.

Ikinji konsepsiýanyň tarapdarlarynyň hataryna dürli biologiýalaşdyryjy taglymatlaryň wekilleri girýärler. Mysal üçin, olaryň hataryna bir milleti tebigy taýdan beýleki milletiň üstünde goýmaklyga çalyşýan jynsparaz taglymat girýär. Jynsparazlaryň ygtybarsyzlygy adamyň genetiki başlangyjynyň ýeke-täkligi, onuň millet (şonuň ýaly-da haýsy hem bolsa başga sosial topar) derejesinde däl-de, aýratyn adam bilen baglanyşykly ýüze çykýanlygynda bolýar. Tebigatda haýsy hem bolsa jynsy, milli ýa-da sosial genotip ýok. Şonuň üçin agzalyp geçilen taglymatlar ylmy taýdan ygtybarsyzdyr.

Ýokarda bellenilişi ýaly, adamda biologiki we sosial başlangyçlar berk baglanyşykda bolýarlar. Haýwanlaryň ýaşaýyş şertlerine düşen çaga, fiziki taýdan belli bir şertlerde diri galýan hem bolsa adam bolup ýetişmeýär. Adam bolmaklyk üçin adam hökmany suratda belli bir döwürde jemgyýetiiň gymmatlyklaryna eýe bolmaly. Sosial başlangyçlaryň adamdaky biologiki başlangyçlara täsiriniň ýene bir tarapy, adamyň biologiki başlangyçlary sosial görnüşde kanagatlandyrylýanlygynda we amal edilýänliginde bolýar. Adam ýaşaýşynyň tebigy-biologiki tarapy jemgyýetçilik-medeni esaslarda „adamlaşdyrylýar“. Hatda bu ýagdaý adamyň biologiki gereklilikleri bolan nesilleri dowam etmek, iýmek, içmek we şunuň ýaly başga meselelerine-de degişli bolýar. Emma bu elmydama oňaýly bolmaýar. Aýratyn adamyň öz tebigy gerekliklerini haýwanlardan tapawutlylykda bozulan görnüşde kanagatlandyryşy kimin, jemgyýet hem öz daşky gurşawyna ýaramaz täsir edip bilýär. Şeýle ýetmezçilikleri çözmeklik şu günüň talaby bolýar.

**Adamyň Älemdäki orny. Adam we adamzat.** Adamzadyň Älemdäki orny geçen döwürlerde köplenç ylmy gipotezalar we çaklamalar derejede bahalandyrylandyr. Älemiň we onuň ähli bölekleriniň şol sanda daşky gurşawyň hem-de

adamzadyň bitewiligi baradaky meseleler XX asyrda astronomiýa we astrologiýa çäklerinden filosofiýa we amaly kosmonawtika, astronawtika geçýär. Köp alymlar Günüň işewürligini galdyran yzlaryna (tegmiller, onuň ýüzündäki ýalynlar we başg.) üns beripdirler. Rus alymy A. L. Çiżewskiý (1897-1964) özüniň astronomiýa we taryh boýunça geçiren barlaglarynyň netijesinde Günüň işewürliginiň Ýerdäki biologiki we sosial özgerişlere edýän täsirini görkezipdir.

Belli rus alymy L. N. Gumylýew (1912-1992) etnogenez (halklaryň döreýşi) meselesiniň üstünde önümli işläpdir. Ol etnogeneziň geografiki gurşaw bilen gönümel baglanyşykda bolýanlygyny gören. Öz gezeginde bu gurşaw Ýeriň biosferasynyň bölegi bolup, Galaktikanyň bölegi bolan Gün ulgamyna girýär. Şeýlelikde, adam we jemgyýet Älemiň aýrylmaz bölegi bolup, mikrodünýä (adam) bilen makrodünýä (kosmos) aşakly ýokarly baglanyşyk zynjyrynda ýaşaýar. L. Gumylýow „passionarlyk“ taglymatyň üstünde uzak wagtlap işleýär. Onuň pikiriçe, milletleriň döreýşi we ösüşi köp tebigy, şol sanda kosmiki (güniň nury, magnit meýdany we başg.) zatlara bagly bolýar. Milletleriň ösüşi olaryň içinde artrykmaç gujura eýe bolan, soňky maksatlara gönügen aýratyn adamlaryň – passiunarlaryň bolmagy bilen kesgitlenýär. Hut passionarlaryň işewürligi we hereketi bilen, alymyň aýtmagyna görä, halkyň durmuşyndaky esasy taryhy wakalar düşündirilýär. Passionarlar adamlara passionar induksiýasynyň üsti bilen täsir edýärler. Passionarlaryň öz hereketi bolsa landşaft, taryhy wagt we kosmiki täsirler bilen bagly bolýar.

Adam özüniň işewür hereketi bilen daşky gurşawy özgerdip, emeli gurşawy döredýär. Adamyň işiniň netijesinde dörän bu gurşawyň ähmiýeti jemgyýetiň ösmekligi bilen artýar. Şu gün adamzat jemgyýetini uly şäherlerden, iri zawodlardan, tehnologiki desgalardan, ulag we aragatnaşykdan aýralykda göz öňüne getirmek kyndyr. Şol bir wagtda-da emeli gurşawyň çäksiz ösmegi, onuň tebigata edýän täsiri goşmaça aladalary döredýär. Tehnogabaranyň (bir ýylyň dowamynda adam tarapynda döredilen zatlaryň agramy) göwrümi biogabaranyň

(ähli janly organizmleriň massasy) göwrüminden bir görkeziji ýokarda bolýar. Jemgyýetiň we adamyň tebigata edýän ägirt uly, onda-da tiz ösýän täsiri noosfera taglymatynda öz şöhlelenmesini tapdy.

Noosfera – tebigatyň we jemgyýetiň özara täsirleşýän gurşawydyr. Bu ýerde adam paýhasynyň täsiri artyp, ol diňe bir biosferany özgertmekligiň sebäpkäri bolman, eýsem, ony gorap saklamagyň hem kesgitleýji güýjine öwrilýänligini aňladýar. Şonda jemgyýet ozalky öndüriji güýçleriň ösüşini, tebigata deň ölçegli bolmadyk täsirini oýlanyşykly sazlaşdyrmaklyk derejesine çykarmaklygy gerek bolýar. Noosferanyň döwründe jemgyýetiň gerekliligi biosferanyň we umuman, tebigatyň mümkinçilikleri bilen ölçelen bolmalydyr. Biosfera we siwilizasiýa bitewi organizmiň gapma-garşylykly bölekleri dälde, biri-biriniň üstüni ýetirýän böleklere öwrülmelidir. Bu bolsa adamyň, jemgyýetyň we tebigatyň bitewileşýänliginiň görkezijisi bolar.

**Indiwid we şahsyýet.** Adam adamzat kowmunyň ýeke-täk wekili hökmünde indiwid hasaplanýar. Bu düşünjäniň kesgitlemesi haýsy hem bolsa aýratynlaýyn häsiýetlendirmä mätäç däldir. Indiwid elmydama köpüň biri bolýar, emma şahsylaýyn häsiýete eýe bolmaýar. Şu manyda „indiwid“ we „şahsyýet“ düşünjeleri öz göwrümi we manysy boýunça biri-birinden düýpgöter tapawutlanýarlar. Indiwid diýen düşünjede adamyň haýsy hem bolsa bir aýratynlygy ýa-da ýeke-täk häsiýeti görkezilmeýär. Şonuň üçin ol manysy boýunça örän garyp bolýar. Ýöne göwrümi boýunça bolsa bu düşünje örän giň, sebäbi her bir adam indiwid bolýar. Indiwid diýen düşünjede göz öňünde tutulýan hem bolsa bu ýerde adamyň biologiki we sosial hilleri bellenilmeýär.

„Şahsyýet“ düşünjesi manysy boýunça örän baý bolýar. Oňa adamyň diňe umumy we aýratyn häsiýetleri däl, eýsem, ýeke-täk, gaýtalanmaýan häsiýetleri hem girýär. Adamy şahsyýet edýän zat oňa häsiýetli bolan sosial häsiýetlerdir, onuň sosial özboluşlylygydyr. Umuman, ol adamyň sosial indiwiduallygydyr. Şahsyýet düşünjesine adamyň tebigy-

aýratyn häsiýetleri goşulmaýar. Ol hem dogrudyr. Çünki, biziň ýokarda belleýşimiz ýaly, adam ilki bilen sosial jandardyr. Ýöne şonda adamyň tebigy indiwiduallygynyň şahsyýet düşünjesine täsir edýändigini bilmelidir. Onuň täsiri adama hut biologiki başlangyçlaryň täsir edişi kimindir.

Adamyň sosial indiwiduallygy tarp ýerden ýa-da diňe biologiki şertleriň täsiri bilen döremeýär. Adam takyk taryhy döwürde we sosial giňişlikde, amaly tejribäniň we terbiýäniň täsiri bilen kemala gelýär. Şonuň üçin, şahsyýet sosial indiwiduallyk hökmünde örän köp zatlaryň takyk jemi, birleşmesi we özara täsiri bolýar. Şahsyýet, adamzadyň durmuşy-medeni tejribesini özünde näçe köp jemledigiçe, öz gezeginde onuň ösmegine aýratyn goşandyny goşdygyça ol belentdir.

Filosofiýada şahsyýet meselesi „Adamyň şahsyýet hökmünde manysy, onuň dünýädäki we taryhdaky orny nämede?“- diýen sorag bilen bagly bolýar. Şahsyýýete bu ýerde adamlaryň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň, hereketleriniň, biri-biri bilen pikir alyşyşynyň indiwidual aňladylmasy we subýekti hökmünde garalýar. Taryhy we adaty manyda adamlaryň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň we biri-biri bilen pikir alyşyşynyň hili şahsyýetiň taryhy görnüşini, onuň takyk ýagdaýyny we häsiýetini kemala getirmeklige örän güýçli täsir edýär. Edil şonuň ýaly-da şahsyýete işiň, hereketiň täsiri barada hem aýtmak ýerliklidir. Adamyň hereketi, işewürligi şahsyýetiň ösmekliginiň we onuň jemgyýetde dürli hili wezipeleri ýerine ýetirmekliginiň esasy bolup çykyş edýär. Diňe şahsy hereketiniň üsti bilen adam şahsyýet hökmünde öz-özüni tassyklaýar. Adam özi hakynda näme pikir etse-de, öz hasabyna nähili meýilleri öňe sürse-de, onuň hakyky manysy işiniň üsti bilen açylýar.

Şahsyýetiň wajyp häsiýetnamasy bolup, ahlak-ruhy manysy we onuň bilen şertlendirilen hereketleri çykyş edýärler. Şahsyýetiň manysyna we ony häsiýetlendirýän ugurlaryna aňynyň, dünýägaraýşynyň, ahlaklylygynyň we jogapkärliginiň derejesi bilen kesgitlenen aňynyň ugrukmasy we şahsy

gözükmesi goşulýar. Gürrüňsiz, şahsyýetiň kemala gelmedine we onuň özüni alyp barşyna sosial gurşaw düýpli täsir edýär. Emma şahsyýetiň şahsy gözükmesine we özüni alyp barşyna onuň içki, ruhy dünýäsiniň täsiri az bolmaýar. Ýöne ýerden adamyň öz bagtynyň eýesidigi barada aýdylmaýar. Adamda paýhasly-ahlaklylyk we erklilik näçe güýçli ýüze çykýan bolsa şonça-da, onuň durmuşy gözükmesi umumadamzat gymmatlyklary bilen gabat gelýär. Şahsyýetiň beýikligi şol gymmatlyklary ösdürmeklige we berkitmeklige goşýan goşandy bilen kesgitlenýär. Şu nukdaýnazardan şahsyýet özüniň ruhunyň, erkinliginiň we döredijiliginiň güýji bilen häsiýetlendirilýär. Şu tarapdan şahsyýet öz tebigy esasyndan ýokary galyp, belli bir manyda ony ýeňip geçip, özüniň biologiki ölüminden soň hem hereketiniň miwesini we öçmejek yzyny galdyrýar.

Şahsyýetiň erkiniň we ruhunyň güýji belli bir durmuşy şertlerde ýerine ýetirilen hakyky amaly işleriň üsti bilen amal aşyrylýar. Şahsyýeti häsiýetlendirýän wajyp şert bolan adamyň hereketi – onuň özi däl-de işiniň netijesi bolýar. Haçan-da hereket hakyky görnüşde ýüze çykanda şahsyýet bolmaklygyň, erkin, halal, dogruçyl bolmaklygyň neneňsi kynlygy aýan bolýar. Sebäbi, adam dogrudan hem özüni şahsyýet hasap edýän ýa-da şeýle bolmaklyga ymtylýan bolsa, onda ol ilki bilen jogapkärçiligi duýmaly onda-da, diňe bir hyýal-niýetinde däl, eýsem, öz hereketinde-de jogapkärçiligi duýmalydyr. Şonuň üçin şahsyýetiň jogapkärçiligi erkinliginden kem derejedäki häsiýetnamasy bolmaýar, jogapkärçilik bolmadyk ýagdaýynda erkinlik eden-etdilige getirýär. Diýmek, jogapkärçilikli bolmak erkin bolmakdan kyn bolýar.

Watanymyzyň Täze Galkynyş eýýamynda şeýle şahsyýeti ýetişdirmeklik meselesi ýurtda geçýän özgerişleriň hem maksady hem-de esasy şerti bolýar.

# V bölüm.

## Ruh, aň we paýhas

**Ruh hakynda umumy düşünje.** Ruh barada gürrüň edilende ilki bilen onuň materiýa bilen baglanyşyklydygyny, ýagny bu dünýäniň ruhy we maddy başlangyçlarynyň biri bolýanlygyny bellemeklik gerekdir. Şol baglanyşyk hem ähli – tebigat, jemgyýet we şahsyýet derejelerinde ýüze çykýar. Adam derejesinde ol baglanyşyk jan bilen ten, olaryň birligi hökmünde aňlanylýar. Şonda akyldarlar teni adamyň tebigatdan bolan „meni“ bilen baglasalar, jany ruhdan bolan „meni“ bilen baglaýarlar. Ruh tebigatyň ähli derejelerine mahsus bolanlygy sebäpli, jan hem bitewi häsiýete eýe bolup, hemme zatlaryň içki iteriji güýji hökmünde çykyş edýär. Ruhuň adamyň içki dünýäsini düzýänligi sebäpli, onuň manysyny açyp görkezmekligi filosofiýada ähli taraplaýyn derňelen aňdan başlalyň.

Aň özüne duýgulary, tolgunmalary, ýady, erki, hyýallary, pikirlenmeleri alýar. Olaryň birinji bäşisi adamyň psihikasyny düzýärler. Pikirlenmä bolan ukyp adamyň artykmaçlygy bolup aňyň ähli bölekleri bilen aýrylmaz baglanyşykda bolýar. Ruhuň many-mazmunyny açyp görkezmeklik üçin aňyň üç tarapyna garalyň. Olar: daş-töwerekdäki zatlara we hadysalara gönükdirilen aň; özüni, onda-da hut özüni başga bir zat hökmünde aňlaýan aň; takyk tolgunmalar bolup çykyş edýän aňdyr. Ýokarda görkezilen aňyň ýokarky iki tarapy filosofiýada ruh diýip atlandyrylýar. Aňyň bu ýerde görkezilen üçünji tarapy köňül (jan, ýürek) diýip atlandyrtlýar.

Zatlara we öz-özüne gönükdirilen aň pikirler, kesgitlemeler, daş töweregimizi gurşaýan dünýä bilen iş salyşýar. Adam „ideal modelleriň“ kömegi bilen ikinji ideal dünýäni, „ikinji tebigaty“ döredýär. Ruhunda adam bu dünýäden ýokary galyp, älemiň kanunlaryna akyl ýetirip, olaryň kömegi bilen tehnikany, tehnologiýalary döredýär, jaýlary gurýar, kosmosy özleşdirýär. Görşümiz ýaly, bu ýerde

ruh, ruhy-ideal we maddy zadyň bitewiligi ýüze çykýar. Adam bu dünýäniň kanunlaryny açyp, olaryň esasynda tehniki we tehnologiki çözgütleriň nusgalaryny işläp düzýär. Olaryň esasynda dörän maşynlarda, tehnologiki desgalarda bu nusgalar maddylaşýarlar.

Jan, göwün, ýürek başga zat. Jan düýpli zat bolany sebäpli, ol adamy janly edýär. Dünýäniň kanunlaryna „akylyna“ siňdirip, tehnologiýany emeli intellekt hem döredibem, işledibem biler. Eger adamyň göwni, ýüregi, jany bolmasa, ol maşyn bolardy. Şeýle bolmanlygy hem gowudyr. Her bir täsirli zat adamyň ýüreginde ýer alýar. Aň üýtgeýär, ozalky ýagdaýyna gaýdyp gelmän, ähli bolan zatlary özünde göterýär. Göwnüň ýaşaýşy barlygyň düýpgöter başga ölçegine eýe bolýar. Ol adamyň içki Meni bolup, güýçli tolgunmalary başdan geçirýär. Göwnüň ýaşaýşy adamyň içki dünýäsinde ählitaraplaýyn şöhlelenýär.

Adamyň ozalky ýeten derejeleri ýa-da geljekde bolup biljek ýagdaýy, onuň ata-babalarynyň ýa-da geljekki nesilleriniň mümkinçilikleriniň ählisi, onuň göwnüniň ýaşaýşynyň her bir pursatyna gatnaşýarlar. Şol pursatdan daşarky ýagdaýlarda adama aňam, bilimem elýeterli bolup bilmeýär.

**Aň we onuň düýp manysy.** Ýokarda materiýa barada gürrüň edilende, ol aňa degişlilikde kesgitlenip, ony aňdan daşarda we oňa bagly bolmadyk ähli zat diýip düşündiripdik. Aň örän çylşyrymly zat bolup, ony dürli nukdaýnazarlardan düşündirmeli bolýar. Ilki bilen aň daşarky dünýäniň bize görnüşi bolýar. Ol daşarky dünýäni, materiýany şöhlelendirýär. Şonuň üçin ony hiç zada bagly bolmadyk daşarky dünýäniň adam tarapyndan görlüşi diýip kesgitlese bolar. Şol bir wagtda hem aňy diňe adama häsiýetli aýratynlyk diýip aýtmak mümkindir.

Antrapologiýa ylmy pikirlenmeklige ukyply Adamyň (adamyň häzirki adamzada degişli görnüşi) takmynan mundan 40-50 müň ýyl ozal dörändigini belleýär. Ol ylym aňyň adamyň haýwanat dünýäsinden arany açyp, ösmekligi

netijesinde 2,5-3 mln. ýylyň dowamynda kemala gelendigini nygtaýar. Görşümiz ýaly, bu ýerde aň adamyň we jemgyýetiň ösüşiniň önümi hasaplanýar. Köp filosoflar aňy bu dünýäniň mukaddeslikleriniň mukaddesligi hasap edýärler. Din aňy dünýäniň ilkinji başlangyjy hökmünde kabul edýär.

Filosofiýanyň taryhynda aň bilen baglanyşykly meseläniň çözgüdine iki hili çemeleşilýär. Birinjiden, garalýan meseläniň biziň aňymyzda şöhleleniş usullary hökmünde garalýar. Bu ýerde aňyň ýüze çykyşy beýan edilýär. Ikinjiden, „Aňyň hut özi neneňsi mümkin bolýar?“-diýen soraga jogap beriljek bolunýar. Köp wagtyň dowamynda filosofiýanyň akymlary bu iki çemeleşmäni biri-birinden kän tapawutlandyrman geldiler. Şonuň üçin olaryň tarapdarlary:„Eger, zatlaryň barlygynyň beýan ediliş usuly berlen bolsa aň meselesi çözüldi“-diýip hasap edýärdiler. Diňe soňky döwrüň filosofiýasy aňyň ýüze çykmaklygy baradaky meselä aýratynlykda garaýar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, aň özbaşdak zat bolmanlygy sebäpli, oňa akyl ýetirmek, ony beýan etmek ýeňil bolmaýar. Biz ony filosofiýanyň taryhynyň ähli döwürlerinde görýäris. Mysal üçin, antiki filosofiýa diňe aňyň garalýan zada gözükmesini açdy.  Aňyň beýleki bir aýratynlygy, adamyň öz içki dünýäsi bilen baglanyşykly meseleler bu filosofiýa tarapyndan kän işlenilip bilinmedi. Şu hili ýagdaý ol döwrüň dünýägaraýşynyň özboluşlylygy bilen düşündirilýär. Antiki adam Älem we daşarky zatlar bilen ýaşaýar. Ol şol zatlar hakynda hem pikirlenýär, „özünden daşda“ ýaşaýar. Onuň „Meni“ zatlara gönügendir.

Ýekehudaýlylyk pikiriniň döremegi we ösmegi bilen dini filosofiýada adamyň içki dünýäsi bilen baglanyşykly meselelere üns berilip başlanýar. Ol filosofiýany ýalňyzlyk meselesi has hem gyzykdyrýar. Bu ýerde oňa ruhuň manysy hökmünde garaýyş güýjeýär. Biziň eýýamymyzyň başynda belli filosof Plotin ruhuň mazmuny we onuň bilen baglanyşykly aň meselesine aýratyn üns berýär. Ol ruhy tejribäniň derejelerini görkezip, bu ýerde aňyň, onuň ýokarky (Hudaý) we aşaky (duýgy) derejelerini  birikdiriji wezipeaini

ýerine ýetirýänligini belleýär. Adam ruhy tejribä eýe bolup, özüniň diňe ten bilen çäklenmeýänligine akyl ýetirýär. Adam öz ruhy manysyny açmaklyk üçin, özünde Hudaýdan bolan „Meniniň“ ýaşaýşyny açmaly bolýar. Bu bolsa her günki aladalar bilen meşgul bolup ýaşaýan adam üçin kyn meseledir. Dini filosofiýa bu soraglary özboluşly çözýär. Şolaryň netijesinde aňa ruhuň ýüze çykmasy hökmünde garaýyş kemala gelýär. Aňa şu ýerde adamyň bu dünýäniň lezzetlerine öte gyzykmasy üçin berlen jeza häkümünde garalýar. Adamyň „Meniniň“ aňda iki görnüşde ýaşaýanlygy bellenilýär. Ol özüniň her günki ýaşaýşyny Hudaýa ýakyn bolup ýaşan döwri bilen deňäp geçmeli bolýar. Aň geçmişi, şu güni we geljegi biri-birine garşy goýup, adamyň bu dünýäde wagtlaýynlygyna akyl ýetirýär.

Täze döwürde bu garaýyşlar öz täsirini gowşadýar we aň meselesini täzeçe çözmeklige şertler döreýär. Bu döwürde kän aňlanylmadyk sebäplere görä adamlar Hudaý baradaky pikiri siwilizasiýa düşünjesinden aýyrýarlar. Bu döwürde nigilistik (lat. nihil hiç zat), ozalky kabul edilen zatlary inkärlemek bilen bagly garaýyşlar güýjeýär. Şu we beýleki sebäpleriň netijesinde, adam özüniň iki dünýä: Zemin we zeminden daşarky dünýä degişlidigi baradaky pikirden ýüz öwürýänligi üçin, aň bilen baglanyşykly meselelere täzeçe garamaklyga mümkinçilik döreýär. Şonda adam filosofiýanyň esasy meselesine öwrülýär.

Bu ýerde filosofiýa adam adamyň öz aňlaýan dünýäsiniň şerti hem mümkinçiligi bolýanlygyndan ugur alýar. Bu pikiri ýokarda bellenilişi ýaly, fransuz akyldary R. Dekart:„Men aňlaýan, diýmek men ýaşaýaryn“-diýen jümle bilen kesgitleýär. Onda adam  bu dünýäde ýaşaýanlygynyň we bu dünýäniň ýeterlik esasy bolýar. Şeýle garaýyşlaryň esasynda täze döwrüň akyldarlary orta asyrdan arany açyp, şol bir wagtda hem onuň bilen arabaglanyşygy saklaýarlar. Şoňa garamazdan orta asyrlarda işlenip bilinmedik adamyň içki ruhy dünýäsi bilen baglanyşykly meselelere ünsi çekmeklik täze döwrüň medeniýetiniň esasy meseleleriniň birine öwrülýär. Bu

ýerde aňyň diňe özüne açylyp bilinýänligi, öz-özüňi aňlamazdan onuň bolup bilmeýänligi baradaky pikir öňe sürülýär. Aň öz-özüni aňlamaklyk hereketiniň üsti bilen öz manysyny we düzümini aýdyňlaşdyryp bilýär. Şonda aň bar bolan tebigy dünýäni ýüze çykarmagyň we onuň ýaşaýanlygyny subut etmekligiň serişdesi bolup çykyş edýär.

**Aň we aňsyzlyk.** Aň, ýokarda görkezilşi ýaly, diňe bir zatlara gönükdirilen, özüni aňlaýan hem-de tolgunmalaryň akymy bolmaýar. Onuň ýene bir tarapy – aňsyzlyk bolýar. Özem öz göwrümi boýunça ähli aňlanylan dünýäden giň bolýar. Aňyň bu tarapyny geçmişde köp filosoflar: Spinoza, Gegel we Marks dagylar derňäpdirler. Ýöne belli awstriýaly filosof Z. Freýd (1856-1939) bu meseläni has giňişleýin derňäp, ilkinji bolup ony ylmy esasda düşümdirmeklige girişipdir.

Freýd adamyň psihikasynyň aşakdaky üç bölekli (bu ýerde ol sada görnüşde getirilýär) şekilini berýär. Onuň bölekleri: birinji, ýokarky derejesi – ýokary aň, Ýokarky Men; ikinji, orta derejesi – aň, Men: üçünji, aşaky derejesi – aňsyzlyk, Ol.

Ýokarky aňa - adama jemgyýet tarapyndan berilýän özüňi alyp barmaklygyň düzgünleri, ata-enäniň duýduruşlary, ahlak gözegçilikleri we başgalar degişlidir. Aňsyzlyk - öz tebigaty boýunça biologiki kuwwata eýe bolan biziň gutarnyksyz baý gorumyz: gorkular, instinktlar we duýgylardyr. Aň – psihikanyň belli bir aralyk bölegidir. Aşakdan ony endikler we duýgular iterse, ýokardan – jemgyýetçilik talaplary iterýär. Öz endikleriňe eýermek bolmaýar, jemgyýet oňa ýol bermez. Olary gysyp çykaryp hem bolmaýar, sebäbi şeýle ýagdaýda psihiki keseller, gaharjaňlyk, garasöýmezlik ýaly näsazlyklar döreýär. Diýmek, şu hili iki taraplyga uýgunlaşmaly bolýar.

Freýdiň çykaran esasy netijesi: adam hiç haçan özüni soňuna çenli aňlap bilmez. Aňsyzlygyň çuň gatlaklary bolup, ol doly aňlanyp bilinmeýär. Ol gutarnyksyz çuňňurlyk bolup, onda biziň tebigatdan gaýdýan durkumyzdan miras galan gabanjaňlyk duýgularymyz, çagalyk döwrümizde eýe bolan gorky we beýleki kemçiliklerimizdir. Mysal üçin, çaga bir

zatdan gorkup ony ýatdan çykarjak bolýar, aňyndan aýyrýar. Ýöne, psihika hiç zady ýatdan çykaranok, bu başdan geçirmeler aňsyzlyk gurşawyna gysylyp çykarylýar. Çagalykda şu we beýleki ýagdaýlara düşen adamda dürli hili geňlikler bolup bilýär. Biri ýatmazdan öň jaýyň ähli burçlaryna seretse, beýlekisi köwüşlerini şertlendirilen görnüşde ýerleşdirýär. Çagalykda başyndan geçiren haýsy täsirler zerarly adam şu ýa-da beýleki ýagdaýa düşýänini bilmek kyn. Bu täsirleriň adamy aňyndan aýyrýan, örän çylşyrymly netijesiniň bolmagy mümkindir.

Aňsyzlyk adamyň biologiki güýjüniň gutarnyksyz çeşmesi bolýar. Bu güýç dürli görnüşli lezzetlere eýe bolmaklyga sarp edilibem ýa-da edebi, sungat eserlerini döretmeklige gönükdirilip hem bilner. Döredijilik adamsy özüniň döredijilik güýjüni, ylhamyny aňsyzlyk çeşmesinden alýar. Aňsyzlygyň adamyň ýatan wagty, düýşünde ýüze çykmaklygy mümkin. Adam ukudaka Ýokarky Men aradan aýrylyp, Ol adamyň aňyna eýe bolýar. Şonda adamyň düýşüne hiç haçan onuň oýuna gelmeýän zatlar girip biler. Adam bir zat diýýär, emma onuň aňsyzlygy ony başga zada iterýär. Iru-giç adam öz hakyky islegleri barada aýtmaly bolýar. Psihoanaliz adama özüniň kimligine düşünmegine kömek berýär. Freýd XIX asyrda açylmadyk adamyň many-mazmunynyň çuňluklaryny açýar. Ol psihoanaliziň nukdaýnazaryndan adamzadyň taryhyny düşündirmeklige çalyşýar. Ol bu taryhy ilkidurmuş urug jemgyýetinde atalaryň we ogullaryň arasynda dörän gapma-garşylyk (ata kast etmek, ganjaryşmak) esasynda düşündirjek bolýar. Şol kyn ýatlamalar esasynda dörän duýgular diniň döremekligine esas bolýar. Şol duýgular gahar-gazaba bolan itergileri beklemäge, olary Ýokarky Mene geçirip, dürli görnüşli çäklemeleriň ulgamy bolan medeniýetiň döremegine getirdi diýip, Freýd belleýär.

**Dil, söz we pikirlenme.** Häzirki döwürde adamyň beýnisiniň gurluşy, onda bolup geçýän elektrohimiki reaksyýalary, ýadyň biohimiki esaslary we başgalary düýpli öwrenilen. Ýöne, „Adam nähili pikirlenýär, adamyň kellesine

pikir nähili gelýär?“ diýen soraglaryň jogaby tapylanok. Filosofiýa adama ömrüniň dowamynda birnäçe gezek hakyky pikiriň gelýänligini we onuň hemme adama gelmeýänligini belleýär. Şonuň üçin pikire taýýar bolmaly, elmydama kelläňi arassa saklamaly. Gadymy hindi paýhasy onuň üçin ertirki nahardan soňra aýbogdaş oturup, elleriňi dyzyň üstünde goýup, 15 minudyň dowamynda hiç bir zat hakynda pikir etmezlige çalyşmaklygyň gerekligini aýdýar. Ýatmazdan öň hem şu ýagdaýy gaýtalamalydyr. Hiç zat hakynda pikirlenmezlik kyn, ýöne oňa öwrenşip bolýar. Şeýle ýagdaýda hakyky pikiriň gelenini aňsa bolar. Hakyky pikiriň gelmekligi bolsa elmydama gudrat. Adamyň özüniň bir zady görmekligi, özüniň bir zada düşünmekligi elmydama kyndyr. Bu ýagdaý örän seýrek we ajaýyp pursatdyr. Ilkinji gezek bir zady görmek hem adamyň kellesine pikiriň gelendigini aňladýan bolsa gerek. Pikirlenmek – görmekligi, onda-da ýöne bir gözüň bilen däl, ähli durkuň bilen görmekligi aňladýar. Pikirlenmeklik diliň kömegi bilen amal edilýär. Ýöne, filosofiýada diliň we pikirlenmäniň gabat gelmeýänligi ir döwürlerde bellenendir. Iň gadymy dil yşarat dili bolýar. Yşarat şonda hereket görnüşde ýüze çykýar. Onda-da yşarat amaly hereket däl-de, öz real esasyndan aýrylan hakyky hereketi aňlatmaklyk bolýar. Yşarat abstaksiýa tarap ilkinji ädim bolup çykyş edýär. Söz abstraksiýanyň indiki, özem yşaratdan ýokarky basgançagy bolýar. Amaly hereketem, yşaratam, sözem hereketiň görnüşleri bolandyklary sebäpli, dilde algaritmler we pikir galyplary saklanyp galyp başlaýarlar. Duýgularyň we kabul etmeleriň esasynda ýüze çykýan obrazlar we göz öňüne getirmeler kem-kemden özbaşdak ýaşaýşa eýe bolýarlar. Şonda maddy zatlardan üzňe bolan abstrakt pikirlenme ýüze çykýar. Dil adamlaryň habarlaşmagynyň we özara düşünişmeginiň serişdesi hökmünde baýlaşýar we çuňňur pikirleri aňlatmaklyk ukybyna eýe bolýar.

Diller köp dürli, ösen we ösmedik diller bolýarlar. Soňkuda düşünjeleriň baýlygy grammatikanyň ösmekligi bilen däl-de äheň, labyz dürlüligi bilen aňladylýar. Şol bir sözler bu dillerde dürli äheňde aýdylyp, her ki gezek başga manyny

aňladýarlar. Grammatika näçe çylşyrymly boldugyça dil şonça baý bolýar. Diliň baý sözlük düzüminiň üsti bilen pikiriň örän inçe öwüşginlerini berse bolýar.

Her bir halkyň pikir ýöredişi çalt ösýär: her ýyl täze ylmy açyşlar, täze hadysalar ýüze çykýarlar. Dil bolsa örän haýal üýtgeýär. Şonuň üçin dil pikiriň ösüşinden yza galýar. Ýöne halkyň edebi dili mysal üçin, Magtymguly, Mollanepes, Berdi Kerbabaýew ýaly beýik söz ussatlarynyň dili elmydama türkmen medenýetiniň esasyny düzen, diliň baýlaşmagyna esaslary döredendir. Eger dil medeniýet bolýan bolsa, onda ony ýoýmak bolmaýar ýa-da islegiňe görä üýtgedip bolmaýar. Diliň arassalygynyň goralmagy we saklanmagy gerekdir.

Dil bilen pikirlenmäniň arasynda çylşyrymly, gapma-garşylykly baglanyşyk bolýar. Bir zat hakynda pikirlenmek bir zat, aýtmak bolsa köplenç başga zatdyr. Öz pikiriňi diliň we hatyň üsti bilen beýan etmekligi hähili öwrenmeli? Ony täzeçe, täsirli aýtmaklygy her bir adam başarmaýar. Ýöne düşnükli, diňleýjä ýeter ýaly beýan etmeklik her bir adamyň borjy. Onuň üçin bolsa diliň gudratly güýjüni aňmaklyga ymtylmalydyr.

# VI bölüm.

# Akyl ýetiriş teoriýasy

## Birinji bap. Akyl ýetiriş teoriýasyna umumy garaýyş. Taryhy derňew

Filosofiýada akyl ýetirmek meselesi, barlygyň, adamyň we jemgyýetiň many-mazmunyny açmak bilen baglanyşykly meseleler kimin örän wajyp bolýar. Onuň çözülişi barlyk meselesiniň çözülişi bilen berk, köplenç bolsa gönümel baglanyşykda amal edilýär.

Aň, ýokarda bellenilişi ýaly, mydama barlygy aňlamaklygyň, adamyň öz barlygyna balan gatnaşygynyň beýany bolýar. Bilim adamyň aňynda berlen obýektiw reallyk bolup, ol öz hereketinde dünýäniň kanunalaýyk baglanşyklaryny ideal görnüşde döredýär. Akyl ýetiriş jemgyýetçilik-taryhy tejribe bilen şertlendirilen bilim almaklyga, ony çuňlaşdyrmaga, giňeltmäge we kämilleşdirmäge gönükdirilen hereket bolýar.

„Bilim“ diýen düşünje köplenç üç manyda ulanylýar. Olar:

1. Bilerlige esaslanyp haýsy hem bolsa bir zady döretmeklik, amal etmeklik ukyby, endigidir.
2, Akyl ýetirmeklige ähmiýetli her bir maglumat görnüşidir.
3. „Öz dosty“ tejribeleýin gatnaşyk bilen bilelikdäki we baglanyşykdaky adamyň hakykylyga bolan gatnaşygynyň aýratyn akyl ýetiriş ölçegi, gnosologiki (gnostos –grekçe bilim, ligos söz, ylym) görnüşidir. Ikinji we üçünji taraplar akyl ýetirişiň, gnosologiýanyň garaýan meselesi bolýar.

„Obýektiw hakykylyk adamyň aňynda şöhlelendirilip bilinermi, eger, şöhlelendirilen ýagdaýynda nähili görnüşde?“ diýen sorag adamlary gyzyklandyryp gelipdir. „Dünýä akyl ýetirip bolýarmy?“ diýen sorag alymlaryň we filosoflaryň köpüsi tarapyndan kanagatlanarly çäzülýär. Şol bir wagtda agnostisizm (grekçe a – däl, gnosis – bilim) diýen taglymat

hem bar. Onuň wekilleri dünýä akyl ýetirmeklik, onuň kanunlaryny açmak we obýektiw hakykylygy gazanmaklyk mümkinçiligi inkärleýärler (doly ýa-da belli bir derejede).

Agnostisizm häsiýetlendirilende şu zatlary göz öňünde tutmaly. Birinjiden, ony akyl ýetirişi inkärleýän görnüşde göz öňüne getirmeli däl. Bu ýerde gürrüň akyl ýetiriş barada däl-de onuň real hakykylyga degişlilikdäki çäkleri we mümkinçilikleri baradadyr. Ikinjiden, agnostisizmiň käbir ýüze çykmalaryny dürli görnüşdäki filosofiki ulgamlarda tapyp bolýar. Şol sebäpli agnostisizmi, mysal üçin, diňe idealizm bilen baglamaklyk nädogrydyr. Bilişimiz ýaly, beýik nemes filosofy Gegel obýektiw idealist bolup, diňe bir agnostisizmi tankytlaman, eýsem, akyl ýetirişiň dialektiki taglymatyny hem işläp düzýär. Üçünjiden, agnostisizmiň ýaşamaklyga ukyplylygy, onuň akyl ýetirişiň käbir hakyky kyn we çylşyrymly meselelerini aňlap bilenliginde bolýar. Mysal üçin, olar akyl ýetirişiň çäginiň gutarnyksyzlygy, baky üýtgäp duran barlygy doly aňlap bolmajaklygydyr.

Skeptisizmiň tarapdarlary agnostisizmden tapawutlylykda dünýäni aňlap bolýandygyny inkärlemeýärler. Ýöne oňa akyl ýetirmeklik mümkinçilige ýa müňkür bolýarlar ýa-da müňkür bolman oňaýsyz netijede saklanýarlar. Olar akyl ýetiriş işine dialektiki däl-de „garaýan inkärlemek“ hökmünde düşünýärler. Şeýle çemeleşme subýektiwizme getirýär. Şol bir wagtda hem skeptisizm (has hem “pikirlenýän“) ýalňyşlyklary ýeňip geçmeklige we hakykaty gazanmaklyga kömek berýär.

Umuman, akyl ýetiriş we onuň öwrenilişi üýtgemeýän, gutarnykly ýetilen dereje bolman , dialektiki, onda-da belli bir kanunalaýyklylyga görä ösüşde bolýan işdir. Olar gözbaşyny gadymy filosofiýadan alyp gaýdýan baý taryha eýe bolýarlar.

Eger şol taryhy öwrenmek maksady bilen gadymy grek filosofy Demokrite ýüzlensek, onda ol ähli zatlaryň örän uşak, bölünmeýän atomlardan durýanlygyny belleýär. Ruh hem şolar ýaly böleklerden durýar. Zatlardan örän inçe bulutjagazlar – eýdoslar bölünýärler. Demokritiň pikiriçe, eýbos zatlaryň maddy görnüşi bolýar. Gözüň üsti bilen adama geçip, eýdos

möhüriň mumda yz galdyryşy kimin, ruhda çap bolýar. Bu ýerde akyl ýetirmeklik wezipesini iki zat: eýdoslaryň akyp çykmasy we olaryň ruhda çap bolmagy amal edýärler. Demokrit bu işde akylyň hem işewür ornuny belleýär. Şonuň esasynda akyl ýetirmäni iki: duýgularyň üsti bilen amal edilýän – garaňky we akylyň üsti bilen amal edilýän – ýagty görnüşlere bölýär. Ondan başga-da gadymy grek filosoflary: hakykata görä we pikire görä diýen gapma-garşylykly düşünjeleri ulanypdyrlar. Olaryň birinjisi – filosofiýanyň bilimsiz adaty adamlardan ýokary galmaklyga mümkinçilik berýän zat, ikinjisi – mähelläniň pikiridir.

Häzirki döwrüň filosofiýasy akyl ýetirişiň gurallary hökmünde duýgy organlary, dünýäniň logiki, düşünjeleýin şekilini berýän adamyň ukybyna, akylyna garşy goýmaýar. Ýöne duýgy organlarynyň adamyň öwrenýän hadysasynyň diňe daşky şekilini berýänligine ünsi çekýär. Akyl ýetirişiň logiki serişdeleri bolsa jemgyýetrçilik-taryhy tejribäniň esasynda biziň daşymyzy gurşap alýan dünýäniň hadysalarynyň we wakalarynyň jümmüşine aralaşmaga mümkinçilik berýär. Akyl ýetiriş serişdeleriniň şu tapawudy, gadymy akyldarlar tarapyndan duýgy – akyl gapma-garşylykly jümle hökmünde bellenipdir.

Gadymýetde akyl ýetiriş taglymaty çuňňur görnüşde Aristotel tarapyndan işlenip düzülipdir. Ol ýüze çykarylýan bilimi derňemeklige uly üns beripdir. Akyldaryň sillogistikasy logikanyň köp asyrlaryň içindäki ösüşini kesgitleýär. Aristoteliň logiki işleriniň toplumy bir ýere jemlenip, „Organon“, ýagny „bilimi almaklyk üçin gural“ diýen ada eýe bolýar.

Täze döwürde akyl ýetiriş taglymaty ösüşe itergi alýar. Şu özgerişiň gözbaşynda özüniň „Täze organon“ atly ajaýyp eseri bilen iňlis akyldary F. Bekon durýar. Bu eseriň wezipesi tebigatyň kanunlaryna akyl ýetirmeklik usullary barada taglymaty döretmeklikde bolýar. Bilim – güýçdür. Bekonyň bu jümlesi şu gün hem öz ähmiýetini ýitirenok. Ýöne hakyky bilimde güýç bolýar. Bekon öz döwründe akyl ýetiriş

taglymatyny işläp düzmeklik üçin wajyp bolan birnäçe meseleleri öňe sürýär. Tebigaty tejribeleýin öwreniş, müňkürlik ýörelgesi olaryň esasy ugurlary bolýar.

Fransuz akyldary R. Dekart Bekonyň müňkürlik ýörelgesini akyl ýetirmekligiň esasy ýörelgesine öwürýär. „Usul barada oýlanmalar“ atly işinde akyldar akyl ýetirişiň aşaky düzgünlerini işläp düzýär. Olar:

1. Hakykat hökmünde diňe akyla aýdyň we takyk bolan we hiç hili müňkürlige (şübhä) ýol bermeýän kesgitlemelere rugsat bermeli.
2. Çylşyrymly meseleleri çözmeklige mümkinçiligi bolan ýönekeý böleklere bölmeli.
3. Belli we subut edilen zatlardan näbelli we subut edilmedik zatlara yzygiderli geçmeli.
4. Logiki oýlanmanyň zynjyrynda barlanmadyk halkalaryň gapdalyndan geçmeklige ýol bermeli däl.

Dekartyň oýlanmalary ilki bilen paýhasa degişli bolany sebäpli, onuň öňe süren akyl ýetiriş ulgamy rasionializm (racio lat. – paýhas) ady bilen filosofiýanyň taryhyna girdi. Bu ulgamyň ösüşine iňlis filosofy Dj. Lokk we nemes filosogy G. Leýbnis (1646-1716) öz goşantlaryny goşdular.

Akyl ýetiriş taglymatynyň täze hil derejä eýe bolýan täze döwründe agnostisizm hem täzeden ýüze çykýar. Filosofiýanyň başlangyç döwründe agnostisizm müňkürlik görnüşinde ýüze çykýar. Soňra, ýokarda bellenilişi ýaly, onuň bilen baglanyşykly pikirler al Gazaly tarapyndan işlenip düzülendir. Onuň täze döwürde kemala gelmegine iňlis filosofy D. Ýum (1711-76) uly goşant goşýar. Ol sebäpli baglanyşygyň obýektiw häsiýetini inkärleýär.

Täze döwrüň filosofiýasynyň wekilleri, ilki bilen hem R. Dekart üçin şol döwürde „ählumumy şübhelik“ usuly görnüşinde çykyş edýän skeptisizm paýhasy öz esasynda tassyklamaklygyň guraly bolýar. Kem-kemden skeptisizm akyl ýetirişiň mümkinçiliklerini tankytlamakdan paýhasyň akyl ýetirmeklik mümkinçiliklerine, rasional akyl ýetirmäniň

tankydyna geçýär. Şeýdip hem ol ýaşaýyş filosofiýasyna, ekzistensializma ýol arçalaýar.

Häzirki döwrüň filosofiýasynda skepzisizm kritisizme (tankydy garaýşa) öwrülýär. I. Kant täze döwürde Ýewropanyň ruhy medeniýetinde tankydy garaýşyň tarapyna oýlanşykly geçen ilkinji filosof diýsek ýalňyşmarys. Onuň döredijiliginiň özboluşlylygyny kesgitleýän meşhur eseri „Arassa paýhasy tankyt“ diýip atlandyrylýar. Bu eserinde akyldar paýhasyň akyl ýetirijilik ukybyny açmaklygyň ýollaryny gözleýär. Şu maksada gönükdirilen Kantyň gnosologiýasy ilki bilen XVII asyrda empirizm bilen rasionializmiň arasynda dörän dawany çözmekligi göz öňünde titýar. Bu dawada akyldaryň aýtmagyna görä iki tarap hem belli bir derejede mamladyr. Rasionialistler tejribäniň ählumumy we gerekli bilimi berip bilmeýändigini aýdandyklary bilen mamladyr. Empirikler hem mamladyr. Olar tejribäniň diňe derňelýän zat barada hakyky bilim berýändigini aýdypdyrlar. Ählumumylyga isleg bildirýän biziň aňymyzyň kategoriýalary (sebäplilik, gereklilik we başg.) tejribäniň manysy däl-de görnüşi bolan halatynda şu ýagdaýdan çykyp bolýar. Onda-da her bir tejribeden öň taýýar bolup, haýsy hem bolsa bir tejribäniň amal bolmak mümkinçiligini kesgitlän görnüşi bolan ýagdaýyndadyr. Şonda duýgularyň täsiriniň ýazgysy biziň paýhasymyzyň „ak kagyzyna“ däl-de öňünden taýýýalanan esasyna geçýär. Şu hili öňünden taýýarlyk bolmasa hiç hili tejribe hem bolup bilmeýär. Kantyň pikirine görä, şonsuz diňe tertipsiz, diýmek, manysyz duýgularyň toplumy bolup biler. Bu ýagdaý adamyň hakyky dünýä öz göwnüne gelen, islän häsiýetnamasyny ýazyp bilýändigini aňlatmaýar. Kantyň akyl ýetiriş taglymaty hut şeýle ýagdaýlardan habarly edýär. Bu taglymatyň özi bolsa adamyň öz akyl ýetiriş derejesine görä dünýäni aňlap bilýändigini we şol sebäpli hem absolýutlaýyn bilime dalaşyp bilmejekdigini görkezýär.

Adamzat tebigata onuň häsiýetleri barada üznüksiz soraglar bilen ýüzlenip we berilýän soraglaryň häsiýetine görä käbir jogaplary alyp, tebigatyň şol jogaplardaky kimin

gurulandygy barada pikir edýär. Hawa, adamyň akyl ýetiriş gatnaşyklarynyň çäklerinde ol şeýle hem gurulandyr. Ýöne Kantyň aýtmagyna görä, ol diňe biziň ondan sorap ýetişen zatlarymyz bolýar ahyryn. Bu ýerde mesele biziň emelsigimizde däl (wagt onuň üstini ýetirip biler), eýsem, biziň akyl ýetiriş ukyplarymyzyň çäkliliginde bolýar. Diňe ak-gara reňkleriň kömegi bilen köp reňkli tebigatyň suratyny neneňsi görkezip bolar?! Bizde diňe ak-gara reňkler bolany sebäpli tebigat hem şeýle bolmaly diýip pikir etmeklik ýöntemlik bolýar.

Hawa, dünýä kesgitli görnüşde gurnalandyr. Özi hem ol adamyň aňyna bagly bolmaýar. Bu ýagdaý barada Kant şübhelenmeýär. Ýöne dünýäniň gurluşy şeýle bir absalýutlyk bolýar, ol adamyň aklyna sygyp biljek ähli mümkinçiliklerinden has çylşyrymlydyr. Şonuň üçin ony akyla doly salyp bolmaýar. Şol absolýuty hem Kant „zadyň özündeligi“ diýip atlandyrýar. Ol hakda takyk bir zat bilip bolmaýar. Ony diňe duýmak bolýar. Görşümiz ýaly, Kant hem dünýä onuň hakyky özbolşunda akyl ýetirmekligiň mümkin bolmajaklygy barada netijä gelýär.

Haçan-da paýhas öz pikirlerini predmetleýin düşündirip başlanda, ol şo bada gapma-garşylyklara çolaşýar. Kant olary arassa paýhasyň antinomiýalary diýip atlandyrýar. (Antinomiýalar – biri beýlekini aradan aýyrýan jübitleýin pikir ýöretmeklik). (Mysal üçin, wagt ölçeginde dünýä başlangyja eýe – wagt ölçeginde başlangyja eýe däl). Kantyň aýtmagyna görä bu logiki ýalňyşmaklyk däl-de, eýsem, paýhasyň adamyň akyl ýetiriş mümkinçilikleriniň çäginden çykýanlygynyň alamatydyr. Bu antinomiýalary bolsa filosof „hadysalar“ dünýäsini „zatlaryň özündeligindäki“ dünýäden tapawutlandyrmak bilen çözmekligi maslahat berýär. Bu garaýyş I. Kantyň filosofiýasynyň iň çolaşykly meselesi bolýar.

Subýekt-obýekt gatnaşygynda akyl ýetiriji subýekt şu çäklerden çykyp bu gatnaşygy daşyndan synlap bilmeýär. Ol her bir ýagdaýda hem akyl ýetiriş gatnaşyklaryň „içinde“ galmalydyr. Sebäbi, akyl ýetirilýän predmet akyl ýetirijiniň

ünsüne düşen badyna, ol „öz-özündäki predmetden“ „biziň üçin – predmete öwrülýär. Biziň göz öňümize getirmämizden daşda ýaşap bilmeýär. „Hadysany“ „zadyň özüliginden“ bölýän serhedi, kesgitlemä görä pozup bolmaýar. Sebäbi, ol diňe göz öňüne getirmäniň tapawudyny häsiýetlendirýär. Umuman, bu tapawut  göz öňüne getirme bilen, onuň daşyndaky zadyň tapawudy däldir.

Kant şu hili pikir ýöretýän wagtynda, oňa garşy çykyp bolmaýar. Ýöne, haçan-da ol „zadyň özündeligi“ kategoriýasyna barlygyň özbaşdak derejesini berip, oňa aňlap, başga zadyň üsti bilen akyl ýetirip bolýan hudaý, bakylyk, erkinlik düşünjeleri „ýerleşdirende“, akyldaryň akyl ýetiriş ulgamynyň yzygiderligi we logiki häsiýeti bozulýar. Bu ýerde Kanty agnisionizmde günälemäge esaslar döreýär. Soňra tejrribe, ylmy eksperimentler we maddy önümçiligiň üstünlikleri şeýle garaýyşlary aradan aýyrmaklyga esaslary döredýärler. Hakykaty tapmaklyga esas bolýan akyl ýetiriş taglymaty nähili döreýär?

XIX asyryň ortalarynda  filosofiýada dialektiki materializm  ugry döreýär.  Bu ugurda akyl ýetirişiň özalky döwürde öňe sürlen birnäçe meseleleri öz çözgüdini tapýar. Dialektiki materializm akyl ýetirme işinde tajribäniň aýratyn ornuny belleýär. Bu ugur ilki bilen ozalky filosofiki ulgamlaryň akyl ýetirmekligiň maksady hökmünde kabul eden baky, gutarnykly we üýtgemeýän hakykylyklaryndan arany açýar. Şol bir wagtda-da dünýä akyl ýetirmekligiň hakyky meselelerinden ýüz öwürmeýär. Akyl ýetirmeklikde absolýut we otnositelligiň biri-birine gatnaşygy täzeçe aňlanylýar.

Marksistik filosofiýada akyl ýetiriş obýektiw dünýäniň – tebigatyň, jemgyýetiň, adamyň predmetleriniň häsiýetlerini we hadysalaryny, adam aňynyň häsiýetini we akyl ýetirişiň öz manysyny aňlamaga gönükdirilen adamlaryň ruhy hereketi hökmünde düşündirilýär. Akyl ýetirişiň obýekti bolup obýektiw we subýektiw hakykylyk çykyş edär. Bu ýerde adamlaryň akyl ýetiriş we pikirleniş hereketleriniň biri-biri

bilen aýrylmaz baglanşykda bolýanlygy, olaryň durnukly biri-birine geçýändikleri bellenilýär.

Akyl ýetiriş işinde  akyl ýetirişiň duýgulaýyn we rasional taraplarynyň özara täsirini açyp, marksistik filosofiýa ony şu hili düşündirýär. Duýgylaýyn akyl ýetiriş duýgularyň, kabul etmekligiň we başg. üsti bilen ilkinji pikirleniş materialyny beriji bolup çykyş edýär. Ol materiallar soňra logiki akyl ýetiriş görnüşinde aňlanylýar. Netijede, ol ýa-da beýleki hadysalaryň manysy, olaryň kanunalaýyk baglanyşyklary we gatnaşyklary açylýar. Logiki pikirlenmäniň täsiri bilen hakykylygyň predmetleriniň we hadysalarynyň duýgulaýyn şöhlelenmesi kämilleşýär. Şeýlelikde, akyl ýetiriş taglymaty kem-kemden kämilleşýär we täze görnüşe eýe bolýar.

Akyl ýetiriş taglymaty soňky döwürde akyl ýetirijiniň işewürligini göz öňünde tutmaklyga çalyşýar. Şonda filosofiki akymlaryň köpüsi akyl ýetirişiň rasional we rasional däl görnüşleriniň baglanyşygyna uly üns berýärler. Akyl ýetiriş işinde, filosoflaryň köpüsiniň bellemegine görä, göz öňüne getirmek, arzuw-isleg duýgusy ähmiýetli bolýarlar. Bu ýerde ilki bilen intuisiýa (garaşylmaýan aýdyňlyk) aýratyn orny eýeleýär. Soňky döwürde dörän filosofiki akymlaryň wekilleriniň arasynda intuisiýany paýhasa (intellekte) garşy goýmaklyk meýilleri  bildirýänler az däl. Şonuň bilen baglanyşykly akyl ýetirişiň rasional we rasional däl görnüşlerine gyzyklanma güýjeýär we akyl ýetirişiň soňky görnüşine ýokary orun berilýän halatlary köpelýär. Bu ýerde täzeçe düşündirişler ýüze çykýar.

Häzirki döwrüň iň täsirli filosofiki akymlarynyň biri bolan germenewtika akyl ýetiriş taglymatyna „düşündiriş“ diýen kesgitlemäni girizdi. Onuň tarapdarlary hakykata bir adamyň akyl ýetirip bilmeýänligini, şol sebäpli hem bu işde başgaça pikir edýänlere ýol bermekligiň gerekligini belleýärler. Şonda, olaryň aýtmagyna görä, düşünmek we özara düşünişmek bolmadyk ýagdaýynda oňaýly netije bolup bilmeýär. Mana eýe bolan zada düşünip bolýar. Düşünmek adamlaryň, medeniýetleriň, pikirleriň we başgalaryň pikir alyşmasy bolýar.

Ol bolsa öwrenilýän zadyň kanuna we sebäpli baglanyşyga esaslanyp düşündirilmegi hökmünde çykyş edýär.

## Ikinji bap. Akyl ýetirişiň düzümi we onuň düzüm bölekleri

Akyl ýetirişiň düzümi filosofiýanyň taryhynyň döwamynda giňeýär we berkeýär. Şonuň üçin bu meselä girişmeden ozal şol taryha ser salalyň. Akyl ýetiriş ruhy işiň görnüşi hököminde jemgyýetiň döräli bäri bolup, onuň bilen baglanyşykda özüniň ösüş döwürlerini geçýär. Şol döwürleriň her birinde akyl ýetiriş prosesi adamzadyň ösüşiniň ýolunda kesgitlenen dürli arabaglanyşykly sosial-medeni görnüşlerde amal edilýär. Şonuň üçin akyl ýetiriş işini haýsy hem bolsa bir görnüşe  hat-da, örän täsirli ylmy görnüşe hem syrykdyryp bolmaýar. Bar bolan görnüşleriň hiç biri akyl ýetirişi doly „örtüp“ bilmez.

Taryhyň irki döwürlerinden başlap adaty-amaly akyl ýetiriş bolupdyr. Ol tebigat şonuň ýaly-da adamlaryň özi, olaryň ýaşaýyş şertleri, pikir alyşyşlary, durmuşy baglanşyklary ýaly zatlar barada sada maglumatlary beripdir. Şu hili akyl ýetirişiň esasy bolup adamlaryň duýgylaýyn her günki tejribesi we amaly işleri çykyş edipdir. Adaty akyl ýetirişiň gurşawy köp görnüşlidir . Ol özünde sagdyn aňy, ynançlary, bellikleri, däp-dessurlary, salgylanmalary jemleýär.

Akyl ýetirişiň ilkinji görnüşleriniň biri oýun bolýar. Oýnuň üsti bilen akyl ýetirmeklik diňe bir çagalaryň däl, eýsem, ululаryň hem hereketiniň wajyp bölegi bolýar. Oýnuň dowamynda akyl ýetiriş işini işewür ýerine ýetirýär. Şonda ol uly göwrümli täze bilimleri alýar, medeni baýlyklary özüne siňdirýär. Oňa mysal hököminde iş oýunlaryny, sport oýunlaryny, artistleriň tetrdaky we kinodaky oýunlaryny getise bolar.

Adamzat taryhynyň başlangyç döwründe mifologiki (rowaýatlaryň üsti bilen) akyl ýetiriş örän wajyp orun eýeläpdir. Onuň özboluşlylygy hakykaty fantastiki görnüşde şöhlelendirmeklik bilen bagly bolýar. Mifleriň çäklerinde

tebigat, kosmos, adamlaryň özleri, olaryň durmuşy şertleri, pikir alyşmak görnüşleri barada belli bir bilimler ýüze çykarylýar. Häzirki adamzat jemgyýeti üçin hem mifleriň ähmiýeti az däl. Soňky döwürde mifologiki oýlanmaklygyň diňe bir fantastiki oýlap tapmalary däl-de, geçen nesilleriň tejribesini aňlamaga we geljekki nesillere geçirmäge kömek berýän dünýäniň özboluşly modelleşdirilmesi diýen pikiri öňe sürýän alymlar hem bar.

Umuman, rowaýatlaryň çäginde soňra sungatda ösen görnüşde aňladylan akyl ýetirişiň çeper-obrazlaýyn görnüşi döreýär. Ol ýörüte akyl ýetiriş meselesini çözmese-de, özünde baý gnosologiki potensialy jemleýär. Akyl ýetirişiň gadymy görnüşleri bolan filosofiki we dini akyl ýetiriş mifologiýa bilen genetiki baglanyşykda bolýarlar. Olar barada biz filosofiýanyň taryhy bölüminde durup geçipdik. Bu ýerde bolsa şolaryň esasynda kemala gelen akyl ýetirişiň düzümini we görnüşlerini beýan etmeklige girişeliň.

Ylmy akyl ýetiriş örän çylşyrymly düzüme eýe bolup, ösýän bitewi ulgamdyr. Onuň düzümi bu ulgamyň bölekleriniň arabaglanşygyny hem kesgitleýär. Ylmy akyl ýetirişiň düzümi dürli nukdaýnazardan häsiýetlendirilip biliner. Akyl ýetirişiň obýektiniň we subýektiniň özara täsiri nukdaýnazardan, onuň düzümine:

a) Ylmyň subýekti – onuň kesgitleýji elementi: aýratyn barlagçy, ylmy birleşme, ylmy kollektiw we başg., umuman, jemgyýetdir.
b) Obýekt (predmet), ýagny ylymyň ýa-da ylmy dersiň öwrenýän zadydyr. Başgaça aýdylanda barlagçynyň pikiriniň gözükýän ähli zady,ýagny, beýan edip, kabul edip, atlandyryp, pikirde aňladylyp bolýan ähli zatlardyr.

ç) Kesgitli ylym ýa-da ylmy ders, olaryň garaýan meseleleri bilen kesgitlenen usullar ulgamydyr.

d) Ylmyň özboluşly dili – tebigy hem emeli (bellikler, simwollar, dürli hili formulalar we başg.) görnüşidir.

Akyl ýetiriş işinde adamyň ähli ukyplary herekete getirilýär. Olaryň hataryna biri-biri we adamyň beýleki ukyplary bilen bagly bolan duýgy („janly gözegçilik“ etme) we akyl (pikirlenme, rasional oýlanma we başg.) girýärler.

Ýokarda bellenilişi ýaly, filosofiýanyň taryhynda akyl ýetiriş işinde, onuň duýgulaýyn we rasional (pikirlenme) görnüşleriniň bu ýerdäki ornuna iki hili biri-birine garşydaş nukdaýnazar bilen garaýanlar bar. Olaryň birinjisini öňe sürýän sensualistler (sensus latynça – duýgy) akyl ýetiriş işinde duýgy organlaryna kesgitleýji orun berýärler. Bu hili garaýyşlar filosofiki akymlaryň ählisinde hem bolýar. Ikinji ugruň tarapdarlary bolan rasionialistler (ratio latymça –akyl, pikirlenme) ilki bilen täze döwürde gazanylan matematika ylmynyň üstünliklerine daýanyp, ählumumy we gerek bolan hakykat duýgulaýyn tejribäniň däl-de pikirlenmäniň üsti bilen gazanylyp bilner diýýärler. Şu iki garaýşyň tarapdarlary köp sanly dogry pikirleri öňe süren hem bolsalar, olar aýra-aýrylykda birtaraply we çäkli bolýarlar. Filosofiýanyň, ylmyň we ruhy medeniýetiň beýleki görnüşleriniň ösüşi bilimiň iki garşydaş taraplary bolan duýgulaýyn we rasionallaýyn akyl ýetirişiň jemi bolýandygyny görkezýär.

Duýgulaýyn akyl ýetiriş görýän, eşidýän, duýýan , syzýan we başga duýgy organlaryň üsti bilen amal edilýär. Janly gözegçilik özara baglanyşykda bolan üç görnüşde amallaşdyrylýar. Olar duýmak, kabul etmek we göz öňüne getirmek bolýarlar. Olaryň her biri hakyky dünýäniň adam tarapyndan şöhlelendirilýän subýektiw obrazy bolýarlar. Duýgy görmeklik, eşitmeklik, duýmaklyk, syzmaklyk ýaly birnäçe görnüşlerden durýar. Duýgy bu ýerde janly gözegçiligiň has çylşyrymly görnüşi bolan kabul etmekligiň düzüm bölegi bolup çykyş edýär.

Kabul etme, aýratynlykdaky duýgularyň birleşmesi bolan gönümel janly gözegçiligiň üsti bilen açylýan, garalýan zadyň ähli taraplarynyň bitewileşdirilen doly keşbi bolýar.

Göz öňüne getirme garalýan zadyň geçmişde duýgy organlaryna täsir eden, emma şu pursatda täsirini ýitiren

duýgulaýyn-görünýän keşbi bolýar. Oňa ýatlanylýan we oýlanylýan keşpler girýärler. Ol janly gözegçilik üçin daşky dünýäni göze görünýän görnüşde şöhlelendirme häsiýetli we adamyň real durmuşy bilen gönümel baglanşygynda mümkin bolýar.

Rasional akyl ýetirme doly görnüşde pikirlenmäniň üsti bilen beýan edilýär. Pikirlenme hakykaty umumylaşdyrmanyň we başga usullar arkaly şöhlelendirmäniň dowamynda amal edilýär. Duýgy organlary arkaly alnan maglumatlary jemlemeklik bilen barlygyň kanunalaýyk baglanyşyklaryny abstrakt düşünjeleriň üsti bilen aňlamaklyk bolýar. Adam öz pikirini tebigy ýa-da amaly bolup bilýän bellikler ulgamy görnüşde, dil bilen berk baglanyşykda amal edýär.

Antiki döwürden başlanýan gadymy filosofiki däplerden ugur alyp pikirlenmäniň iki – oý we akyl derejelerini tapawutlandyrsa bolar. Oýlanma pikirlenmäniň başlangyjy bolup, bu ýerde abstrakt pikirler öň berlen shemalaryň, standartlaryň we galyplaryň üsti bilen işlenilip düzülýär. Oýlanma sagdyn pikir diýip aňladylýan adaty her günki durmuşdaky pikirlenme bolýar.

Akyl rasional akyl ýetirişiň ýokary derejesi bolýar. Rasional akyl ýetirmäniň bu görnüşine abstrakt pikirleri döredijilikli işläp düzmek we olaryň tebigatyny derňemek häsiýetli bolýar. Diňe şu derejede pikirlenme garalýan zatlaryň many-mazmunyny açyp bilýär. Pikirlenmäniň ösüş prosesi oýuň we akylyň özara baglanyşygyny we biri-birine geçişini özüne alýar. Pikirlenmäniň dürli görnüşleri bar. Olar özara arabaglanyşykda bolan abstrakt pikirleriň üsti bilen barlygy şöhlelendirmegiň usullary bolýarlar. Düşünje, pikir ýöretme we netije çykarma onuň başlangyç görnüşleridir. Düşünje hakykatyň umumy baglanyşyklarynyň, kanunalaýyklyklarynyň, esasy taraplarynyň kesgitlemelerde berkidilen şöhlelendirmesi bolýar. Pikir ýöretme barlygyň zatlaryny, hadysalaryny, wakalaryny, olaryň häsiýetlerini, baglanyşyklaryny we gatnaşyklaryny şöhlelendirýän pikirlenmäniň görnüşi bolýar. Netije çykarma öň kesgitlenip

düzülen bilimlerden täze bilimleri işläp düzmeklige esas döredýän pikirlenmäniň görnüşi bolýar.

Görşümiz ýaly, duýgylaýyn we rasional akyl ýetiriş görnüşleriniň üsti bilen garalýan zadyň many-mazmuny açylyp bilinýär. Özi hem onuň manysynyň açylmagy akyl ýetiriş işiniň iki görnüşiniň hem netijeli ulanylmagy esasynda mümkin bolýar.

## Üçünji bap.Akyl ýetirmäniň derejeleri we usullary

Akyl ýetirmäniň dürli derejeleri bolýar. Onuň ilkinji derejesi hökmünde adaty akyl ýetirmäni görkezse bolar. Akyl ýetirmäniň bu derejesi adamyň her günki durmuş tejribesine daýanýar. Oňa sagdyn pikirem, rasionallygam, irrasionallygam häsiýetli bolýar. Şol bir wagtda hem akyl ýetirmäniň bu derejesiniň mümkinçilikleri belli bir derejede çäkli bolýar. Bu ýerde mesele etmeli işleri „nädip bilmek...“ (taýýarlamak, bejermek, ulanmak) barada bolup, ol „näme bilmeli...“ (ol ýa-da beýleki zadyň özi näme) diýen soraga kän jogap berip bilmeýär.

Ylmy akyl ýetirme adaty-tejribeleýin akyl ýetirmeden: akyl ýetirilýän zadyň manysyna girişilmegi, ulgamlaýynlyk, subut edilmegi, diliniň bir manylygy we takyklygy, alnan bilimiň usullarynyň bellenilmegi ýaly meseleler bilen tapawutlanýar.

Şeýlelikde, ylmy häsiýetli bilimi gazanmaklyk işi adaty akyl ýetirmeden çylşyrymly we özboluşlydyr. Şonuň üçin bu ugurda işlemeklik ýörüte taýýarlygy we uzak döwürde bu işi şägirt bolup öwrenmekligi talap edýär. Şonda taryhyň dowamynda dörän ylym-bilimi, olary ulanmaklygyň we ösdürmekligiň usullaryny özleşdirmeli bolýar. Bu bolsa öz gezeginde ylmy işgärleri taýýarlaýan ýörite edaralaryň bolmagyny talap edýär. Şeýle ýagdaý bolsa durnukly sosial gurşaw hököminde kemala gelen, ösen ylma häsiýetli bolýar. Şeýle edaralar XVII-XVIII asyrlarda döreýärler. Şol döwürde Ýewropada ilkinji ylmy jemgyýetler, akademiýalar hereket

edip, ylmy žurnallar çap edilip başlanýar. XIX asyryň aýagynda XX asyryň başynda uly ylmy institutlar, laboratoriýalar, ylmy-barlag merkezleri döreýärler. Bu ýagdaý ylmyň önümçilik bilen baglanyşygynyň üýtgäp, sosial ornunyň täze derejä galmagy bilen bagly bolýar.

XIX asyryň aýagyna çenli diýen ýaly „ylym-tehnika-önümçilik“ üçlüginiň baglanyşygynda ylma kömekçi orun berlip gelindi. Şondan soňra tebigaty öwrenýän ylymlarda başlanan özgeriş esasynda ylym öz ösüşinde önümçilikden öňe geçip başlaýar. XX asyrda ylym şindi görülmedik depginde ösýär. Onuň täsiri bilen önümçiligiň täze pudaklary (atom energetikasy, elektronika, nanatehnologiýa, kosmonawtika, kompýuter tehnologiýasy, internet we başg.) döreýärler. Ylmyň şeýle ösüşi oňa bolan ynamy hem artdyrýar. Onuň bilen uly arzuwlar baglanylýar. Ýöne soňky döwürde şol ynam gowşaýar. Onuň mümkinçilikleriniň çäkliligi aýan bolýar. Diýmek, ylmy akyl ýetirişiň akyl ýetirişiň beýleki görnüşleri bilen baglanyşygynyň güýçlenmekligi gerek.

**Akyl ýetirmäniň empiriki we nazaryýet derejesi**. Olary maglumatlary umumylaşdyrmak işiniň, akyl ýetirişde ulanylýan usullaryň, maglumatlary bellemeklige ýa-da düşündirilýän maglumatlaryň umumy çyzgysyny döretmeklige gönükdirilen akyl ýetiriş hyjuwyň ugrukdyrylyşynyň özboluşlylygy tapawutlandyrýar.

Ylmyň ösüşi we onuň jemgyýetdäki orny ylymda ulanylýan usullaryň kämilligine hem bagly bolýar. Usul barlanylýan zatlaryň tebigy aýratynlyklary we kanunalaýyklygy bilen kesgitlenen akyl ýetirişiň we tejribäniň kadalarynyň, çemeleşmeleriniň jemi bolýar. Şu hili düzgünler we çemeleşmeler köp sanlydyr. Olaryň käbiri adamyň maddy dünýäniň zatlary bilen iş salyşyşynyň adaty tejribesine daýanýar. Beýlekileri has düýpli – ylmy we nazaryýet esaslandyrmany talap edýärler. Ylmy usullar öz manysyna görä taglymatlaryň arka tarapy bolup çykyş edýärler. Her bir taglymat barlygyň ol ýa-da beýleki tarapynyň nähili bolýandygyny düşündirýär. Şol bir wagtda-da şonuň bilen

nähili iş salyşmalydygyny, onuň bilen näme edip bolýandygyny we näme etmelidigini görkezýär. Taglymat şeýlelikde usula „öwrülýär“. Öz gezeginde usul indiki ylmy akyl ýetirişi ugrukdyryp, bilimiň has hem açylmagyna we çuňlaşmagyna kömek berýär. Ylym özüniň döremegine esas bolýan usullary aýdyňlaşdyryp, hakyky ylmy görnüşe eýe bolýar.

Häzirki döwrüň ylmy usullary özüniň çylşyrymlylygy we bölünişýänligi bilen tapawutlanýarlar. Bu usullary kadalaşdyrmak mümkinçiliginiň köp sanly görnüşleri bar. Biz olaryň käbiriniň üstünde durup geçeliň.

Ilki bilen usullary umumylogiki we ylmy görnüşlere bölse bolar. Umuman, umumylogiki usullar akyl ýetirişiň görnüşleriniň ählisine degişli bolýar. Olar akyl ýetirişiň adaty we nazaryýet derejelerinde hem „işleýärler“. Olar: analiz we sintez, induksiýa we deduksiýa, abstraklaşdyrma, meňzeşleşdirme we başgalardyr. Olar her bir adamyň gündelik tejribesiniň „logikasyna“ daýanyp, çylşyrymly nazaryýet esaslandyrmasy görnüşinde gönümel, araçysyz kemala gelýärler. Eger biziň formal logikanyň kanunlaryny bilmeýän ýagdaýymyzda-da, köplenç, pikirlenişimiz logiki häsiýetli bolýar. Adaty adam öz pikirlenişiniň logiki häsiýetini ylymdan däl-de, maddy-önümçilik işinden alýar.

Analiz - barlanýan zadyň ulgamlaýyn häsiýetini we gatnaşyklaryny açyp görkezmeklik üçin ony pikirde böleklere bölmeklige gönükdirilen akyl ýetiriş işidir.

Sintez – analiziň dowamynda barlanylýan zadyň bölünen böleklerini bir bitewilige birikdirmek işidir.

Induksiýa – aýry-aýry başlangyçlary jemlemeklik bilen çykarylýan umumy netije esasynda bilimi almaklygyň usuly ýa-da pikir ýöretmeklik usulydyr.

Deduksiýa – bilimiň umumylykdan aýra-aýralyga tarap hereketiniň usuly ýa-da pikir ýöretmeklik usuly, ýagny umumy başlangyçdan aýry-aýry netijelere gelmeklik ýagdaýydyr.

Meňzetme – bir meňzeş bolmadyk zatlaryň käbir häsýetleriniň meňzeşligi, gabat gelmegi esasynda olaryň başga

taraplarynyň hem meňzeşligini çak etmeklige mümkinçilik berýän akyl ýetiriş usulydyr.

Abstraktlaşdyrma – barlanýan zadyň barlagçy üçin kän manysy we ähmiýeti bolmadyk taraplaryndan pikiri sowup, şol bir wagtda-da onuň barlagy üçin ähmiýetli we gerekli taraplaryny ileri tutmaga mümkinçilik berýän pikirlenme çemeleşmesidir.

Ýokarda getirilen usullaryň ählisi ylmy akyl ýetirişde hem ulanylýar. Bu ýerde akyl ýetirişiň empiriki derejesiniň - gözegçilik, ölçeg, synag we nazaryýet derejesiniň – ideallaşdyrma, formallaşdyrma, modelirleme, ulgamlaýyn çemeleşme, düzümli-funksional derňeme ýaly usullaryny hem görkezmeklik wajypdyr. Bu usullaryň ählisi umumy ylmy usullar bolup, ylmyň bar bolan ugurlarynda ulanylýar. Olardan başga hususy ylmy usullar hem bolýar. Olar takyk ylmy taglymatlar üçin kesgitlenýär.

## Dördünji bap. Hakykylyk, onuň obýektiwligi we düýp manysy

Filosofiýada meşhur „Hakyat näme?“ diýen soragyň uzak wagtyň dowamynda gözlegi hakykylygyň dürli görnüşli taglymatlarynyň döremegine getirdi. Olardan: klassiki – hakykata barlyk bilen kybapdaş bilim hökmünde düşünilmegi; pragmatiki – peýdaly durmuşda ulanylýan bilimleriň ählisi hakykylyk häsiýetlerine eýe bolýandyklaryna eýerilmegi; kogerent – hakykylyga pikiriň öz-özi bilen kybapdaş, garşydaş däl görnüşde düşündirilmegidir. Olaryň arasynda iň giň ýaýran Aristotelden gözbaş alýan hakykata barlyk bilen kybapdaş bilim hökmünde düşündirýän klassiki hakykylyk taglymatydyr. Hakykylyk baradaky gürrüňi akyl ýetiriş işinde duş gelýän azaşmak meselesinden başlalyň. Azaşmak bu ýerde – bilimiň onuň aňladýan zadyna gabat gelmeýänligi, oňa kybapdaş bolmaýanlygydyr. Akyl ýetirişde azaşmaklygyň sebäbi, jemgyýetçilik-taryhy tejribäniň we akyl ýetirişiň özüniň çäkliligi bilen bagly bolýar. Azaşmaklyk akyl ýetirişiň aýratyn

taraplarynyň haýsy hem bolsa birini kesgitleýji orna goýup, barlygy nädogry şöhlelendirmek bolýar. Azaşmak hakykylygy gazanmagy kynlaşdyrýar, ýöne ol hökmany zatdyr. Azaşmak akyl ýetirişiň hakykylyga tarap hereketiniň mümkin bolan bir görnüşi bolýar. Ol dürli görnüşlerde bolup bilýär. Azaşmaklygyň ylmy we ylmy däl, tejribeleýin we nazary, dini we filosofiki görmüşlerini tapawutlandyrsa bolar. Azaşmaklygy ýalandan tapawutlandyrmaklyk gerek. Ýalan hususy bähbide we näsazlaşdyrmak niýetine eýerip, nädogry bilimleri we ýalňyş maglumatlary bermeklik bolýar. Eger azaşma bilimiň häsiýetnamasy bolsa, ýalan adamyň işleýän ugrunda nädogry hereketiniň netijesi bolýar. Logiki ýörelgeleri we düzgünleri ýoýýan hakyky ýalňyşy we işiň ýagdaýyny bilmezlikde döreýän ýalňyşlary tapawutlandyrmaklyk gerek. Durmuş-önümçilik tejribäniň we akyl ýetirişiň özüniň ösüşi ol ýa-da beýleki azaşmalary iru-giç aradan aýryp, hakykylyga ýol açýar.

Hakykylygyň iň wajyp häsiýeti bolsa, onuň barlaýan adama bagly däldigini görkezýän obýektiwligi bolýar. Ýeriň Güniň daşyndan aýlanyşy baradaky bilim barlagçy (adam) bilen däl-de barlanýan zat (Ýer bilen Günüň özara täsiri) bilen manylaýyn kesgitlenýär. Bu dogry, ýöne ýeterlik bolmaýar. Hakykylyk bilimiň üsti bilen açylýar, şonuň üçin, ol adamyň hereketiniň netijesi bolýar. Adama degişli bolýan zat, oňa bagly bolman bilermi? Elbetde, ýok. Diýmek, hakykylyk subýektiw hem bolýar. Obýektiwlik we subýektiwlik iki aýratyn hakykylyk däl-de gapma-garşy häsiýetlere eýe bolan bir bitewi hakykylyk. Hakykylygyň subýektiwligi onuň ýalňyşlygyny ýa-da ýoýulanlygyny aňlatmaýar. Bu hasiýet diňe ölçeg ulgamynyň özboluşlylyga eýe bolan adamdan başlanýandygyny aňladýar. Köp sanly ölçeg ulgamlaryň ählisi birmeňzeş hukuga eýe bolýan bolsalar-da, olaryň ählisini bir wagtda göz öňünde tutup bolmaýanlygy sebäpli, adamyň döreden ylmy doly we gutarnykly bolup bilmeýär. Şonuň üçin her bir hakykat elmydama otnositel häsiýetli bolýar, ýagny doly däl, takyk däl, takmynan ýagdaýda bolup üýtgetmeklige,

ösdürilmeklige mümkinçiligi bolýar. Bu ýerde hakykylygyň otnositelligi absolýut, doly, takyk, gutarnykly hakykylygyň barlygyny göz öňünde tutýar we ony aradan aýyrmaýar. Olar bilelikde, gapma-garşy bitewilikde ýaşaýarlar: absolýut hakykylygyň bölekleri otnositel hakykylyk diýip atlandyrylýan bilim toplumynyň içine ornaşdyrylan görnüşde ýaşaýar. Kem-kemden şolar ýaly bölekleriň sanynyň köpelip, uly toplumyň ýygnanmagy hem akyl ýetiriş bolup çykyş edýär. Şonda sagdyn esasda dörän hakykylyk durmuşyň ähli ugurlaryna oňaýly täsir edýär. Şeýle hakykylygy gazanmaklygyň esasy ölçegi bolup tejribe, ýagny adamlaryň maddy, duýgulaýyn-material hereketi çykyş edýär. Ýöne bu ölçeg gutarnykly bolup bilmeýär. Adamzat ähli ugurlarda örän uly tejribe toplan hem bolsa, ol tejribäniň haýsy hem bolsa bir çaklamany tassyklamaga ýa-da inkärlemäge ýeterlik bolmazlygy mümkin. Şonuň üçin, goşmaça ölçeg hökmünde bilimiň: formal-logiki gapma-garşylygynyň bolmazlygy – sazlaşyklylygy; hadysalaryň giň möçberini düşündirmeklige esas bolýan sadalygy; içki gözelligi kämilligi gerekdir. Ölçegleriň hakykata golaýlamagy ölçeg abzallarynyň takyklygyndan başga geçirilen ölçegleriň köp sanlylygyna hem bagly bolýar. Muňa Omar Haýýamyň (XII asyr) Ispyhan abserwatoriýasynda teleskopsyz öwran-öwran geçiren ölçegleriniň esasynda düzen kalendarynyň häzirki ulanylýan kalendardan has takyklygy mysal bolup biler.

Umuman, adamzat ähli ugurlarda hakykylygy gazanyp, ösüşinde bir derejeden indiki derejä geçýär. Şonuň üçin biziň häzirki özgerýän we kämilleşýän türkmen jemgyýetimize ykdysadyýetde, syýasatda, medeniýetde hakykylygy gazanyp, ýurdumyzy ösüşiň täze derejelerine çykaryp bilýän adamlar gerek. Häzirki ýaşlar flosofiki medeniýete eýe bolup, şeýle adamlar bolup ýetişerler.

# VII bölüm.

# Sosial filosofiýa

## Birinji bap. Sosial filosofiýa we onuň düzümi. Adam, jemgyýet we tebigat

**Sosial filosofiýanyň we taryhy filosofiýanyň döreýşi we ösüşi.** Sosial filosofiýa nämäni öwrenýär diýen sowalyň jogaby ýönekeý ýaly bolup görünýär. Ol jemgyýeti öwrenýär. Emma jemgyýeti köp ylymlar derňeýärler. Sosial filosofiýanyň şol ylymlaryň arasyndaky ornuny we onuň öwrenýän meselesiniň özboluşlylygyny kesgitlemeklik gerek. Bilşimiz ýaly jemgyýeti sosiologiýa, syýasaty öwreniş, hukugy öwreniş, taryh, ykdysadyýet we beýleki ylymlar öwrenýärler. “Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy” dersi hem häzirki türkmen jemgyýetiniň aýratynlyklaryny öwrenýär. Jemgyýeti öwrenýän ylymlaryň köp dürlüligi jemgyýetçilik durmuşynyň baýlygy we köp taraplylygy bilen baglydyr. Şol ylymlaryň her biri jemgyýeti belli bir tarapdan öwrenýär. Munuň özi olaryň özüniň barlaýan aýratyn meselesi (predmeti) bilen bagly bolýar. Sosial filosofiýa jemgyýeti öwrenýän ylymlar bilen berk baglanyşykda bolýar. Jemgyýeti häsiýetlendirmekde olaryň gazananlaryna esaslanýar. Şol bir wagtda-da onuň öz aýratynlygy bar. Sosial filosofiýa jemgyýeti bitewilikde öwrenýär we onuň ösüş aýratynlyklaryny hem-de hereketlendiriji güýçlerini ýüze çykarýar. Bu bolsa sosial filosofiýanyň özüne kybapdaş ylymlardan tapawutlanýanlygyny görkezýär.

Onuň jemgyýeti filosofiki taýdan öwrenmekligiň özboluşlylygy adam bilen dünýäniň özara täsirini, ýörelgelerini, onuň pikirleriniň, hereketiniň aýratynlygy bilen kesgitlenýändigini bellemelidir. Jemgyýeti bitewi görnüşde açmaklyk üçin sosial filosofiýa adam azatlyklarynyň çäklerini, sosial hadysalara akyl ýetirmegiň aýratynlygyny, dünýäni özleşdirmegiň dürli görnüşlerini, ýagny, dini, sungaty, ahlagy

göz önünde tutmaly bolýar. Bu ýerde sosial bitewilik subýekt-obýekt bitewiligi hökmünde maddy we ruhy, aýratyn we umumy, şahsy we birleşme gapma-garşylykly filosofiki garaýşyň meselesi bolup çykyş edýär. Şol sebäpli sosial filosofiýa jemgyýetiň şu we beýleki ugurlarynyň özara täsirini köp taraplaýyn derňäp, ony bitewi ulgam görnüşinde öwrenýär. Bu filosofiýa „sosial“, „sosiallylyk“ düşünjeleri giňden ulanýar. „Sosial“ sözi dar manyda jemgyýetiň sosial durmuşy bilen baglanylýan bolsa, giň manyda „jemgyýet“ diýen düşünje hökmünde ulanylýar. „Sosiallylk“ düşünjesi bolsa jemgyýetde bolup geçýän hadysalaryň tebigatda bolup geçýän zatlardan tapawutlydygyny görkezýär. Şonuň ýaly-da bu düşünje indiwiduallyk düşünjesine garşydaş manyda hem ulanylýar.

Sosial filosofiýa jemgyýeti ýokarly-aşakly baglanyşykda bolan ulgam görnüşinde (ykdysady, syýasy, sosial, ruhy) açyp, oňa bir bitewi organizm hökmünde garap, onuň hereketiniň aýratyn adama bagly däldigini görkezýär. Bu ýerde sosial filiosofiýanyň şahalary bolup ykdysady filosofiýa, syýasy filosofiýa, medeniýet filosofiýasy, ylmyň filosofiýasy, tehnikanyň filosofiýasy, etika we estetika çykyş edýärler. Soaial filosofiýanyň bu şahamçalary barada biz soňra aýratyn durup geçeris. Häzir bolsa sosial filosofiýada jemgyýetçilik-taryhy kanunalaýyklyklary açmaklyk mümkinçiliklerini görkezmek maksagy bilen bu filosofiýanyň esasy akymlarynda beýan edilişiniň üstünde durup geçeliň.

**Sosial filosofiýanyň esasy ugurlary (materializm, idealizm we başg.).** Adamlaryň hereketiniň iteriji güýji neneňsi kesgitlenýän, jemgyýetçilik gatnaşyklary nähili düşündirilýän bolsa, şol esasda hem jemgyýetiň durmuşynyň, umuman, taryhy ösüşiň manysy açylyp görkezilýär. Eger adamlaryň hereketleriniň esasyny delilleriň we maksatlaryň kesgitleýändiginden ugur alynsa, onda jemgyýetçilik ösüşini idealistik nukdaýnazardan düşindirip bolýar. Eger-de adamlaryň hereketiniň delili we maksady jemgyýetçilik barlygynyň şertleri bilen kesgitlenýänliginden ugur alynsa, onda jemgyýetiň özgerişiniň we ösüşiniň aňlanylyşyny

materialistik garaýyş kesgitleýär. Bu garaýyşlaryň ikisi hem jemgyýetde bolup geçýän hadysalary ylmy esasda düşündirmeklige ähmiýetli bolýarlar.

Sosial filosofiýanyň esasy meselesi adamlaryň barlygynyň we aňynyň özara täsiri baradaky sorag bolýar. Bir tarapdan bu ýerde adamlaryň maksatlary, delilleri, ykdysady, syýasy, ahlak we başga ýörelgeleri çykyş edýän bolsa, beýleki tarapdan, olaryň ýaşaýşynyň we hereketiniň obýektiw şertleri çykyş edýärler.

Bu soragyň jogaby jemgyýetiň ösüşiniň many-mazmuny bilen kesgitlenýär. Sebäbi, ol ösüş adamlaryň oýlanyşykly, maksadalaýyk hereketleri bilen amal edilýär. Şonda esasy mesele olaryň hereketlerindäki obýektiw we subýektiw şertleriň, maddy we ruhy barlyklaryň özara täsri bolýar. Şu ýerde ýüze çykýan soraglara ýa yzygiderli idealistik ýa-da materialistik nukdaýnazardan jogap berse bolar. Birinjide ähli zadyň sebäbi adamlaryň aňy ýa-da dünýäniň ruhy bilen baglanylsa, ikinjide şol sebäp bolup adamlaryň ýaşaýyş şertleriniň çykyş edýänliginden ugur alynýar.

Umuman, udealizm adamlaryň öz hereketlerini oýlanyşykly guraýandyklaryndan, bir iş etmezden öň, bu işi göz öňüne getirýändiklerinden ugur alýar. Bu bolsa edilmeli işiň ideal nusgasynyň, onuň amal edilmeginden öňde bolmalydygyny aňladýar. Şonda aňyň islendik hereketde ilkinjiligi barada netije çykarylýar. Galan zatlar bolsa öňa degişlilikde ikinji nobatda bolýarlar. Ähli maddy we ruhy gymmatlyklara aňyň miwesi hökmünde garalýar. Bu ýerde delil hökmünde akyl zähmetiniň el zähmetinden aýrylmagy, akylyň we ruhuň döredijiligini kesgitleýänligi görkezilýär. Dogrudan hem adamyň, jemgyýetiň we onuň medeniýetiniň ösüşinde ruhy başlangyçlaryň ähmiýetini inkärläp bolmaz. Oňa idealistik garaýyşlaryň tarapdarlarynyň öňe süren örän ähmiýetli pikirleri şaýatlyk edýär. Häzirki sosial filosofiýa Kantyň we Gegeliň, Dýurkgeýmiň we Weberiň jemgyýet barada öňe süren pikirleri bolmadyk ýagdaýynda örän garyp bolardy.

Materializm hem sosial filosofiýanyň taryhynda wajyp orun eýeleýär. Bu garaýşyň tarapdarlary her jemgyýetiň ýaşaýşynyň obýektiw esaslaryny açyp görkezmeklige çalyşýarlar. Mysal üçin, Marksistler şu maksat bilen taryhy materialistik nukdaýnazardan düşündirýän jemgyýetçilik-ykdysady formasiýa taglymatyny öňe sürdüler. Bu taglymaty işläp düzende K. Marks öz degşirmeleriniň başlangyç pursaty hökmünde adamlaryň ýaşamaga mümkinçilik almak üçin hemişe azyk, geýim-gejim, ýaşaýyş jaý we başga zatlary öndürmeli bolýarlar diýen esasdan ugur alýar. Olar şu zatlary öndürmek işinde biri-biri bilen dürli gatnaşyklara girýärler. Bu ýerde şol gatnaşyklaryň içinde önümçilik-ykdysady gatnaşyklaryň esasy we başga gatnaşyklaryň hemmesini kesgitleýän gatnaşyklar bolýanlygy görkezilýär.

Jemgyýetçilik önümçiligi iki tarapy: ondüriji güýçleri we önümçilik gatnşyklary öz içine alýar. Öndüriji güýçler jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky maddy gatnaşyklary häsiýetlendirýär. Oňa işlenilýän zatlar, iş gurallary we serişdeleri, adamlaryň özleri hem girýärler. Adamlar maddy baýlyklary öndürmeklik üçin önümçilik gatnaşyklara girýärler. Bu gatnaşyklaryň esasyny önümçilik serişdelerine bolan eýeçilik düzýär. Öndüriji güýçleriň we önümçilik gataşyklaryň dialektiki arabaglanyşygy jemgyýetiň ösüşini kesgitleýär. Öndüriji güýçler ösüp, onuň ösüşine önümçilik gatnaşyklary päsgelçilik döreden ýagdaýynda, marksistik taglymata görä, olar güýç bilen aradan aýrylyp, ösüşe esas döredýän täze gatnaşyklar gurnalýar. Bu taglymatyň tarapdarlarynyň aýtmagyna görä, şeýle özgerişler esasynda ähli halklar iru-giýç bäş formasiýa ösüş ýoluny (ilki durmuş, gul eýeçilik, feodalizm, kapitalizm, kommunizm) geçmeli.

Görşümiz ýaly, marksizmde jemgyýetçilik önümçiligi sosial ösüşi kesgitleýär. Jemgyýetçilik aňy bu ýerde sosial determenistik arabaglanyşykdan aýrylmaýar. Ol önümçilik gatnaşyklaryndaky özgerişi durmuşa geçirmeklige gatnaşýar, ýöne olary kesgitlemeýär. Tersine önümçilik hereketi aňy kesgitleýär.

XIX – XX asyrlarda sosial filosofiýanyň iň täsirli ugurlarynyň biri pozitiwizm (lat. positivus – oňaýly) boldy. Ony fransuz alymy Ogýust Kont (1798-1857) esaslandyrýar. Onuň pozitiw filosofiýasynyň merkezi meselesi jemgyýetiň ösüşiniň we onuň ilkinji esasynyň kanunalaýyk häsiýete eýe bolýanlygydyr. Kont adamzadyň intellektual ösüşiniň beýik kanunynyň barlygyny we akyl ýetiriş işiniň taryhda üç: teologiki, metafiziki we pozitiw basgançagy geçendigini belleýär. Teologiki basgançakda dini-mifologiki aň agdyklyk edýär. Metafiziki basgançakda ilki bilen düşünjelere esaslanylýar, ýöne ylym-bilimiň gowşak bolanlygy sebäpli, bu düşünjeler howaýy häsiýete eýe bolýarlar. Pozitiw basgançagynda jemgyýetiň esaslaryny anyklamakda ylmy gözegçilikden ugur alynýar Şonda kem-kemden dünýä akyl ýetirmekligiň teologiki we metafiziki çemeleşmeleri, onuň kanunlaryny açmak we derňemek çemeleşmeleri bilen çalşylýar. Bu kanunlar gözegçilik edilýän hadysalaryň arasyndaky durnukly gatnaşyklar bolýarlar. Jemgyýetiň ähli ugurlarda oňaýly ösüşini şol kanunlary ele alýan adamlaryň intellektual ewolýusiýasy kesgitleýär.

Kontuň pozitiw filosofiýasy iňlis filosofy G. Spenser (1820-1903), fransuz alymy E. Dýurkgeým (1858-1917), nemes sosiology M. Weber (1864-1920) we başgalar tarapyndan ösdürildi. Spenser jemgyýetiň ewolýusion ösüşi baradaky taglymaty öňe sürýär. Onuň pikirine görä, sosial ewolýusiýa jemgyýetiň sadalykdan çylşyrymlylyga, birmeňzeşlikden dürli görnüşlilige, kesgitsizlikden kesgitlilige geçýänligini aňladýar. Bu jemgyýetiň oňoýly ösüşi, onda-da, onuň sosial edaralarynyň kämilleşmek ýoly bilen ösüşi bolýar.

Dýurkgeým sosial hadysalaryň tebigatyny düşündirmeklige çalyşýar. Akyldaryň aýtmagyna görä, adamlaryň özlerini alyp baryşlarynyň, olaryň dürli hili hereketleriniň başlangyç pursaty adamlaryň, sosial toparlaryň we olaryň degerli sosial edaralarynyň ulgamy bolan jemgyýet bilen baglydyr. Adam birleşmeleriniň aňy tarapyndan ahlak, syýasy, hukuk, dini we beýleki düşünjeleriň, kadalaryň we

gymmatlyklaryň işlenip düzülmegi aýratyn adamy belli bir ugur boýunça hereket etmeklige iterýär. Şeýlelikde, olar sosial hadysalaryň we sosial ewolýusiýanyň sebäbi bolup çykyş edýärler.

M. Weber jemgyýetiň ösüşinde adamyň hereketliliginiň aýratyn ornuny açyp görkezýär. Jemgyýet, onuň pikiriçe, başga adamlara gönükdirilen hereketiň, ýagny sosiallylygyň miwesi bolan adamlaryň özara täsiridir. Sosiallylyk bu ýerde adamyň gerekli ählumumylyk hereketini ele almaklyk ukyby bolýar. Weberiň sosial filosofiýasynyň esasy manysy XX asyrda Günbataryň ösen döwletlerinde öz beýanyny tapan ykdysady rasionallyk bolýar. Ol öz şöhlelenmesini hojalyk gurşawynda ýokary rasional hereketi üpjün edýän we ykdysady netijeliligi gazanmaklyga mümkinçilik berýän rasional dini (protestan dini), hukuk we dolandyryş rasionallygy (rasional býurokratiýa), rasional maliýe ulgamyny we başgalary özünde jemleýär.

**Jemgyýete ulgamlaýyn (sistemalaýyn) garamak.** Ulgam özara baglanyşykda bolan we belli bir derejede kadalaşdyrylan bölekleriň bitewiligidir. Her bir ulgamyň manysyny onuň gurnalyşy we bölekleriniň düzümi kesgitleýär.

Sosial ulgam – esasy bölekleri bolan adamlary, sosial toparlary, olaryň baglanyşygyny, özara gatnaşygyny we täsirini öz içine alýan bitewilik bolýar. Bu baglanyşyklar, özara täsirler we gatnaşyklar taryhy özgerişiň dowamynda täzeden kemala getirilýär. Olar durnukly häsiýete eýe bolup, nesillerden nesillere geçirilýär.

Şeýleleikde, jemgyýet köp sanly aýry-aýry adamlardan, sosial toparlardan, olaryň baglanyşyklaryndan, özara täsirlerinden we gatnaşyklaryndan durýar. Ýöne, jemgyýeti şu bölekleriň ýönekeý jemi hökmünde häsiýetlendirmek bolarmy? Ýok, bolmaz. Jemgyýet ýönekeý, mehaniki jem bolman, bitewi ulgam bolýar. Bu bolsa jemgyýetçilik derejede aýry-aýry baglanyşyklaryň we gatnaşyklaryň täze hiliniň, ulgamynyň kemala gelýändigini aňladýar. Ulgamlaýyn hil aýratyn hil ýagdaýy bolanlygy sebäpli, oňa bölekleriň ýönekeý jemi

hökmünde garap bolmaz. Bu ýerdäki baglanyşygy we gatnaşyklary korelasion (correus - latynça gatnaşyga girmek) görnüşde häsiýetlendirýärler. Ol bolsa ulgama girýän bölekleriň koordinasiýasyny we subordinasiýasyny aňladýar. Koordinasiýa bu ýerde bölekleriň belli bir derejedäki ylalaşygy bolýar. Şol ylalaşyk baglanyşyklara aýratyn häsiýet berip, sosial ulgamyň bitewiligini üpjün edýär. Subordinasiýa bölekleriň ähmiýetine görä aýratyn ýerlerini görkezýän aşakly-ýokarly baglylygy we geçirilýän baglylygy bolýar.

Şeýle baglanyşyklaryň täsiri bilen jemgyýet, özüniň hiç bir bölegine aýratynlykda mahsus bolmadyk häsiýete eýe bolan bitewi ulgam hökmünde çykyş edýär. Şonda sosial ulgam bolan jemgyýet täze integral hile eýe bolanlygy sebäpli, öz böleklerine degişlilikde belli bir derejede özbaşdaklygy gazanýar. Ol bolsa jemgyýetde ösüşiň täze usulynyň döremegine getirýär. Filosofiýada sosial ulgam taglymatynyň ýüze çykmaklygy jemgyýetde geçýän özgerişleri, umuman, taryhy ösüşiň häsiýetlerini açyp görkezmeklige determenistik (berk yzygiderli baglanyşyk) we funksionallylyk (weipeleýin) garaýyşlary netijeli ulanylmaklyga esas döretdi.

**Sosial filosofiýa taryhy ösüşiň häsiýeti barada.** Ýokarda görkezilişi ýaly, sosial filosofiýanyň dürli ugurlary taryhy ösüşiň manysyny we onuň hereketlendiriji güýjüni biri-birinden tapawutly düşündirýärler. Şonda biz taryhda kanunalaýyklygy tassyklaýan we inkärleýän garaýyşlar, taryhyň obýektiw häsiýete eýe bolýanlygy we onda subýektiw faktorlaryň agdyklyk edýänligi baradaky taglymatlar bilen duşuşdyk. Käbir taryhçylar taryhyň manysynyň barlygy hakynda aýtsalar, beýlekiler ony inkärleýärler. Şu hili dürli garaýyşlar taryhy ösüşi derňemekligiň köp sanly çemeleşmeleri we usullary bilen bagly bolýar.

Taryhy ösüşiň manysyna we onuň iteriji güýjüniň ähmiýetine garaýyşlaryň köpdürliligi tötänleýin däldir. Sebäbi, adamzat taryhynyň amal edilişi çylşyrymly we köpderejeli hereketdir. Oňa dürli güýçler we şertler täsir edýärler. Ol dürli taryhy döwürleri geçip, dürli medeniýetleri we siwilizasiýalary

ýüze çykarýar. Adamzadyň taryhyna we sosial durmuşa geografiki gurşaw hem, jemgyýetiň öndüriji güýçleri hem, tehnikanyň we tehnologiýanyň ösüş derejesi hem, agalyk edýän ideologiýa hem, etiki we beýleki gymmatlyklar hem täsir edýärler. Olar biri-biri bilen berk baglanşykda çykyş edýärler. Şonuň ýaly-da taryhyň erke, bähbitlere we gerekliliklere eýe bolan adamlaryň hereketiniň jemi bolýanlygyny hem göz öňünde tutmaly. Adam öz paýhasy we duýgusy, pikirleri we arzuwlary bilen bir wagtda taryhy dramanyň ýazary, hem ýerine ýetirijisi bolýar. Aýratyn şahsyýetiň hereketine dürli şertleriň täsir edýänligi sebäpli, onuň netijesi adamyň garaşýan zadyndan asla başga bolýar. Şeýle ýagdaý has hem jemgyýete degişlilikde dogry bolýar. Ony biz taryhy ösüşiň köp dürlüliginiň gerekliligi we onuň sebäpleriniň köpdürliligi barada gürrüň edemizde göz öňünde tutmalydyrys. Ýöne, taryhy ösüş özüniň dürli-dürlüligine garamazdan obýektiw häsiýete eýe bolýar. Adamzadyň durmuş hereketleri olaryň maddy gerekliliklerini we bähbitlerini kanagatlandyrmaklyga gönükdirilýär. Adamlar maddy önümçilik bilen meşgul bolman ýaşap bilmeýärler. Önümçilik ilki bilen adamlara geçen nesillerden miras galan öndüriji güýçleriň derejesi bilen kesgitlenýär. Hut şol öndüriji güýçleriň esasynda hem önümçilik gatnaşyklary düzülýär.

Şeýlelikde, taryhy ösüşiň obýektiwligi maddy mümkinçilikleriň we adamlaryň ýaşaýyş hereketlerine şertleriň we olary belli bir yzygiderlikde hereket etmeklige iterýän bähbitleriň barlygy bilen kesgitlenýär. Taryhy ösüşe subýektiw täsiriň işewür gatnaşýanlygyna gazanmazdan, onuň obýektiwligi taryhy kanunlaryň barlygy barada aýtmaklyga mümkinçilik berýär. Sosial filosofiýanyň wezipesi hem şol kanunlary açyp görkezmeklikde bolýar.

Taryhy ösüşiň obýektiwligi onuň bitewiligi bilen hem bagly bolýar. Hawa, taryh köp dürli we köp hillidir. Ýöne bu ýagdaý taryhyň obýekti we subýekti bolup çykyş edýän adamlara häsiýetli umumylygy inkärlemäge esas bolmaýar. Öndüriji güýjüň ösüşindäki yzygiderlilik we özara baglanyşyk

adamzadyň taryhy ösüşiniň esasy sütünini düzýär. Durmuşa girişýän her bir täze nesil öňki nesilleriň eden işlerine daýanýarlar. Şonda näçe öňe gidildigiçe adamzat taryhy bütindünýä taryhy bolup çykyş edýär. Ýöne kem-kemden berkeýän adamzadyň özara täsiri we özarabaglanyşygy oňaýly we oňaýsyz netije berip biler. Häzirki döwürde adamzadyň öňünde çözmesi ýeňil bolmadyk global meseleleriň ýüze çykmagy oňa mysal bolup biler. Şonuň üçin adamzadyň bitewileşmek prosesi çylşyrymly we gapma-garşylykly hereket bolýar. Oňa öz bähbidine, maksadyna, wezipesine we başga esaslara eýe bolan halklar we döwletler gatnaşýarlar. Bu ýagdaý taryhy ösüşiň obýektiwligini inkärlemeýär, emma oňa köptaraply täsir edýär.

Adamzat taryhynyň gapma-garşylykly häsiýeti, oňa dürli hilli obýektiw we subýektiw faktorlaryň gatnaşmagy, onuň bitewiligi we köp dürlüligi onuň dürli ugurlylygyny kesgitleýärler. Şonuň bilen baglanyşykly taryhda jemgyýetiň, onuň düzüminiň we ýaşaýyş usulynyň dürli modelleriniň bolmaklyk mümkinçiligi hem bagly bolýar. Her bir taryhy döwürde ol ýa-da beýleki taryhy ösüşiň usulyny, görnüşini we manysyny dürli-dürli täsirleriň takyk köp dürli baglanyşygy kesgitleýär. Emma, bu aýdylan zatlar sosial filosofiýanyň mümkinçiliklerini we onuň bolup biläýjek ýagdaýlary aýdyp bilmeklik ukybyny inkärlemäge esas bolmaly däldirler. Onuň wezipesi hem köp sanly faktlaryň içinden esasysyny saýlap taryhy hadysalaryň we sosial ulgamlaryň taryhy ösüşiniň mümkingadalygyny we kanunalaýyklygyny görkezmeklikde bolýar.

## Ikinji bap. Ykdysady filosofiýa

**Jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň filosofiki meseleleri.** Agzalan meseleler bilen esasan köp sanly ykdysady ylymlar meşgul bolýarlar. Emma ykdysady durmuş, jemgyýet we daşky gurşaw bilen baglanyşykly meseleler sosial filosofiýa hem degişli bolýar. Sosial filosofiýa bu ýerde: umuman jemgyýet bilen ykdysady durmuşyň özara baglanyşygy;

ykdysady durmuşyň ösüş çeşmeleri; ykdysady durmuşyň obýektiw we subýektiw taraplary; ykdysady aň we onuň ykdysady durrmuşa täsiri; adamlaryň jemgyýetdäki ykdysady gatnaşyklary we ykdysady bähbitleri bilen baglanyşykly soraglara garaýar. Bu ýerde jemgyýetiň ykdysady durmuşyna we onuň ösüşine aňyň, şol sanda ylmyň üsti bilen täsir etmeklik mümkinçiligi baradaky sorag hem wajyp bolýar. Jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň ewolýusiýasy bilen ykdysady ewolýusianyň aragatnaşygy we olara döwletiň täsiri bilen baglanyşykly soraglary hem aradan aýryp bolmaýar. Şu soraglar, jemgyýetiň ýaşaýşy bilen bagly bolup, diňe bir ykdysady däl, eýsem, sosial-filosofiki ähmiýete hem eýe bolýarlar. Olaryň üstünde durup geçeliň.

**Jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň esasy ugurlary.** Jemgyýetiň ykdysady durmuşyna ilki bien önümçilik, paýlamak, dürli zatlary alyp-çalyşma we ulanmak ýaly ugurlar girýärler. Olar maddy baýlyklary, şol sanda azyk, geýim-gejim, jaý, ulag we aragatnaşyk serişdeleri ýa-da hyzmatyň görnüşleri bolan saglygy goraýyş we bilim bolup bilerler. Ruhy gymmatlyklary öndürmekligiň, paýlamaklygyň we çalyşmaklygyň hem ykdysady manysy bolýar, sebäbi, olaryň öndürilmegine akyl we fiziki zähmet sarp edilýär.

Önümçilik elmydama jemgyýetçilik häsiýetine eýe bolýar. Onuň dowamynda adamlar biri-birine we bilelikde tebigata täsir edip, tebigatyň zatlaryna özleriniň dürli hili gerekliliklerini kanagatlandyrmaklyga kybapsdaş häsiýet berýärler. Tebigatyň zatlaryna adam tebigy we sosial güýç hökmünde täsir edýär. Şonuň bilen adamyň tebigata edýän täsiriniň, onuň öndürýän önüminiň we edýän hyzmatynyň häsiýeti kesgitlenýär. Bu ýerde önümçilik serişdelerine we öndürilen harytlara bolan eýeçilik gatnaşyklary bilen kesgitlenýän önümçilik usulynyň sosial häsiýeti aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Şonuň bilen önümçiligiň sosial häsiýeti bagly bolýar. Önümçilik serişdeleriniň eýesi (aýratyn adam, belli bir topar ýa-da döwlet) önümçilige, öndürilen zatlary paýlamaga täsir edýän esasy güýç bolýar. Adamlar tarapyndan

öndürilen zatlaryň paýlanyşygy we olary ulanmak hem öz gezeginde önümçilige itergi berýär. Olar ony ösdüribem ýa-da togtatybam bilýärler. Ulanmaklyk bu ýerde diňe bir şahsy gereklilik üçin däl, eýsem, önümçilikde ulanmaklygy hem göz öňünde tutýar.

Jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň ýüze çykmasynyň ýene bir görnüşi alyş-çalyş gatnaşyklary bolýar. Onuň esasynda jemgyýetçilik zähmet bölünişigi we eýeçilige bolan gatnaşyk ýatyr. Bu gatnaşyk jemgyýetde bar bolan zähmet bölünişigini berkidýär. Haryt çalşygynda hakykatdan hem hereket çalşygy, ýagny, ukyplaryň özara bölünişigi bar. Mysal üçin, lukman öz hünäriniň üsti bilen dürli adamlara kömek berýär, şol bir wagtda hem ol tikinçiniň, sürüjiniň we beýleki adamlaryň hyzmatyny hem ulanýar. Öndürilen harytyň we hyzmat işiniň çalşygy önümçilik we ulanmaklyk baglanyşygynyň üsti bilen aňladylyp, olar ykdysady durmuşda wajyp orun eýeleýär. Görşümiz ýaly, ykdysady durmuşyň ähli ýüze çykmalary biri-biri bilen baglanyşykda bolup, önümçiligiň ösmekligine täsir edýärler.

**Önümçilik usulynyň jemgyýetiň durmuşyndaky orny.** Jemgyýetiň ösüşi we onuň ykdysady durmuşy berk baglanyşykda bolýarlar. Ykdysadyýet jemgyýete dürli görnüşde täsir edýär. Aslynda maddy baýlyklary durnukly öndürmezden jemgyýetiň ýaşaýşy mümkin däl. Önümçilik usuly, ilki bilen hem hereket edýän zähmet bölünişigi jemgyýetiň sosial düzümini kesgitleýär. Şonuň ýaly-da önümçilik usuly jemgyýetiň syýasy durmuşyny hem kesgitleýär. Jemgyýetiň ykdysadyýetinde agalyk edýän gatlak syýasatda hem täsirli bolýar. Önümçilik jemgyýetiň ruhy durmuşynyň ösmekligi üçin hem gerek bolan maddy esaslary, şol sanda kitaphanalaryň, muzeýleriň, teatrlaryň we başgalaryň işlemegini üpjün edýän desgalary we kitaphanalar, şonuň ýaly-da kitaplary, gazýetleri, žurnallary çap etmeklik üçin poligrafiki serişdeleri, kagyzy, reňkleri, saz gurallary we ýene-ýene zatlary döredýär. Bu ýerde ruhy durmuşyň maddy üpjünçiligi amal edilýär.

Görşümiz ýaly, önümçilik usulynyň jemgyýetiň ösüşindäki wajyp orny barada çykarylýan netije, umuman, esaslydyr. Ýokarda bellenilişi ýaly, şu pikir K. Marksyň taryhy ösüş, onuň taryhy materialistik nukdaýnazar bilen düşündiriş taglymatynda köptaraplaýyn garalyp geçilýär. Ol taglymatyň ähmiýeti barada M. Weber hem belläpdir. Şol bir wagtda-da alym ony Marksyň yzyny dowam etdirijileriň dogmatiki goşantlaryndan arassalamagyň gerkligini, ykdysadyýet bilen bir hatarda ahlagyň, syýasatyň, diniň, has hem soňkynyň jemgyýete täsirini göz öňünde tutmaklygyň gerekligini görkezipdir.

Jemgyýetçilik önümçiligiň, ähli ykdysady durmuşyň ösmekliginiň has çuňňur çeşmesi bolup, adamlaryň ykdysady gereklilikleri we önümçiligiň özüniň ösüşiniň gereklilikleri çykyş edýärler. Bu ýerde sosial islegler sosial gerekliklileriň ýüze çykmasy bolýanlygy barada ýokarda bellenipdi. Diýmek, ykdysady islegler ykdysady gerekliklileriň ýüze çykmasy bolýarlar. Azyga, geýim-gejime, ýylylyga, jaýa we başga zatlara gereklilikler şolaryň käbirleri bolýarlar. Olaryň biri biososial gereklilik bolsa, beýlekisi sosial gereklilik (döwrebap geýim, telewizor, internet we başg.). Bu gereklilikler durmuşda önümçiligiň ol ýa-da beýleki önümi öndürmegine itergi berýärler. Sosial-ykdysady gereklilikler önümçiligiň ösmekliginiň wajyp çeşmesi bolýarlar. Islegler öz gezeginde önümçiligiň ösmekligi bilen baglydyr. Ykdysady gerklilikleriň, önümçiligiň we ulanmaklygyň özara dialektiki baglanyşygy ykdysady durmuşyň ýüze çykmasynyň biri bolýar. Oňa düşünmeklik we ony durmuşda ulanmaklyk wajypdyr.

Önümçilik usulynyň iki tarapy: öndüriji güýçler we öňümçilik gatnaşyklary barada biz ýokarda durup geçipdik. Bu ýerde biz ýene bir gezek öndüriji güýçleriň iki tarapdan, bir tarapdan işçi gurallardan we ikinji tarapdan, adamlardan durýanlygyna ünsi çekýäris. Bu ýerde adamlaryň biri-biri bilen önümçilik-ykdysady gatnaşyklara girýändiklerini belleýäris. Öndüriji güýçler we önümçilik gatnaşyklary biri-biri bilen dialektiki arabaglanyşykda we täsirde bolýarlar. K. Marks şol

gatnaşyklary derňäp, önümçilik gatnaşyklaryň öndüriji güýçleriň häsiýetine gabat gelmek kanunyny açypdyr. Şol bir wagtda-da K. Marks öndüriji güýçlerde tehnikanyň we tehnologiýanyň ornuny doly açyp bilmedi.

**Tehnika filosofiýasy.** Ýokarda bellenilşi ýaly, öndüriji güýçlerde tehnika wajyp orna eýe bolýar. Emma onuň bu ýerdäki orny soňky wagta çenli ýeterlikli açylyp görkezilip bilinmedi. Biz şol ýetmezçiligi göz öňünde tutup, tehnikanyň many-mazmunyny açmaklyga çalşalyň. Eger jemgyýet adamlaryň we adam toparlarynyň, jemgyýetçilik gatlaklaryň tebigat bilen açyk ulgamyny döredýän bolsa, onda tehnika şol ulgamy hereketlendiriji güýç bolup çykyş edýär. Köp wagtyň dowamynda tehnika we tehnologiýa düşünjelerine çäkli garaýyş agalyk edip, olary köplenç senagat önümçiligi bilen baglanyşdyrmak häsiýetli boldy. Uzak wagtyň dowamynda filosofiýa bu soraglara ýeterlik üns bermedi.

Şu ýerde ýüze çykan meseleler XX asyryň ikinji ýarymynyň ortalarynda tehnika filosofiýasynyň filosofiýanyň wajyp pudagyna öwrülmegine getirdi. Bu filosofiýanyň döremekligine belli nemes filosofy M. Haýdegger, ispan filosofy H. Ortega-i-Gassrt, belli nemes filosoflary H. Blýumenberg we A. Kestler wajyp orun eýeleýärler. Tehnikany filosofiki nukdaýnazardan derňemekligiň gerekligi diňe bir tehnikanyň ylym bilen birlikde ähli halklaryň jemgyýetçilik, maddy we ruhy dünýäsinde kesgitleýji orun eýeläp, ýer ýüzüniň keşbini düýpgöter özgertmekligi däl, eýsem, hut şu gün, tehnikanyň ýokary derejä çykan wagty, onuň düýp häsiýetleriniň açylyp başlanýandygy bilen bagly bolýar. Mysal üçin, tehnikanyň ösmekligi ylmyň käbir häsiýetnamalaryna we onuň tehnika bilen baglylygyna täzeçe garamaklygyň gerekligini ýüze çykardy. Tehnika kabul edilýän ykdysady, ekologiki, sosial, ylmy, syýasy çözgütleriň köpüsine kesgitleýji täsir edýär.

Şularyň bary bilelikde, hökmany suratda: „Tehnika näme?“ diýen soragy öňe sürýärler. Tehnika düşünjesiniň örän köp sanly kesgitlemesi bar. Onuň köpdürliligi bu meseläň dürli

hünärdäki we dürli derejedäki bilermenleriň çemeleşmekleri bilen bagly bolýar. Ýöne, biziň düşünişimize görä, tehnikanyň her bir kesgitlemesi peýdaly bolsa-da, olar tehnikanyň tebigatyny gutarnykly şöhlelendirip bilmezler. Onuň sebäbi hem tehnikanyň mümkinçilikleriniň gutarnyksyzlygynda we adamyň tehnikanyň täze taraplaryny açmaklyk ukybynyň çäksizliginde bolýar.

„Tehnika“ düşünjesi „tehne“ (grekçe – senetçilik, sungat, ussatlyk) sözünden gelip çykýar. Tehnikanyň kesgitlemeleriniň käbiri: bir işi ýerine ýetirmeklik üçin ulanylýan usullaryň we düzgünleriň jemi; maddy dünýäni özgertmeklige we adamyň zerurlylyklaryny kanagatlandyrmaklyga alyp barýan hereket; gurallaryň we maşynlaryň ulgamy; önümçilik işiniň amal edilişini upjün edýän ähli maddy şertler, ýagny, giň manyda zähmet serişdeleri; we başgalardyr. XX asyrda „tehnika“ düşünjesi giňden ýaýrap, ol tebigy güýçleri ulanmak usullarynyň, çemeleşmeleriniň we bilimiň jemi manyda ulanylýar. Şonuň ýaly-da bu düşünje adam hereketiniň dürli ugurlarynda gazanylan ussatlygy diýip hem düşündirilýär.

Biziň döwrümiziň tehnikasy öz manysy boýunça gadym döwürde ekerançylykda we maldarçylykda ulanylan tehnikadan hem düýpgäter tapawutlanýar. Hat-da ygtybarly senagat tehnikasy hem biziň döwrümiziň tapawutly aýratynlygy bolmaýar. Häzirki döwürde adamzat kosmiki giňişlige çykdy, önümçiligi düýpgöter özgertýän maglumat gaznasy we nanatehnologiýalar ösýär. Adamyň özi belli bir derejede tebigatyň ewolýusiýasyna işewür gatnaşyp başlaýar. Tehnika eýe bolmak ýa-da ony döretmek adamyň düýpli aýratynlygyna we gerekliligine öwrülýär. Şu gereklilikleri kanagatlandyrmazdan adam bu gün dünýäde ýaşap bilmeýär.

Häzir adama degişlilikde tehnikanyň iki hili (ulanylanda peýda bermek we gorky dötetmek) häsiýete eýe bolýanlygy we onuň ähli ugurlarda agalygynyň güýjemegi adamyň özüniň tehnikany döretmeklik işine jogapkärligini artdyrýar. Adam özüniň tehniki döredijilik işinde etiki we sosial jogapkärligini

duýup, mertebeli ýaşamaklygy üçin täze „giňişligi döretmeli“. Umuman, tehnika oýlanşykly hereketiň netijesi bolýar. Şonuň üçin oňa düşünmek we ony dolandyrmak hem mümkindir. Bu ýerde esasy mesele jemgyýetçilik erkiň döremeginde, jemgyýetiň sebit we has giň çäklerde etiki ylalaşygy tapmaklyga ukybynda bolýar. Häzirki döwürde şeýle erkiň döreýänligini biz görýäris. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalary bilen Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi bilen ekologiki meseleleri çözmeklikde alyp barýan işleri, ýurduň ekologiki ýagdaýyny düýpgöter gowulandyrmak maksady bilen Altyn Asyr Türkmen kölüniň gurulmagy we birinji tapgyrynyň 2009-njy ýylyň 15-nji iýulda işe girizilmegi şol erkiň döreýänliginiň mysaly bolup biler.

Umuman, XX asyrda dörän tehnikanyň filosofiýasynyň öwrenilip başlanmagy tehnikanyň adamzat medeniýetinde we adamyň durmuşynyň ähli ugurlarynda aýratyn orna eýe bolýandygyny, häzirki zaman filosofiki oýlanşyk giňişliginde bu filosofiýanyň örän wajyplygyny görkezýär. Şol bir wagtda hem tehnikanyň filosofiýasy bilen baglanşykly meseleleriň şindi örän ýüzleý işlenendigini bellemeklik gerekdir. Tehnikanyň many-mazmunyny açmaklykda „ylym“ düşünjesiniň ähmiýetini hem-de häzirki döwürde ylmyň öndüriji güýje öwrülýändigini göz öňünde tutup, bu düşünjäniň üstünde durup geçeliň.

**Rasionallyk we ylym.** Häzirki döwürde adamyň döreden ruhy gmmatlyklarynyň içinde ylym özüne has uly ünsi çekýär diýsek ýalňyşmarys. Sosiotehnologiki rewolýusiýa (maglumat-kompýuter, biotehnologiki, nanatehnologiki) näçe ýaýradygyça oňa milionlarça adamlaryň, syýasy partiýalyň, hojalyk düzümleriň we hökümetleriň nazary tiz-tizden düşýär. Ylym barada pikir alyşýarlar, ony öwýärler we ýazgarýarlar, goldaýarlar we näletleýärler` Onuň bilen ajaýyp geljek baglanylýar` Ondan adamzadyň jebirleri üçin hasap soralýar. Ylyma berilýän baha köp öwüşgünli: çäksiz öwmeklikden ylmy açyşlara maratoriý yglan etmeklige çenlidir. Biziň şu

günlerimiziň ähli jemgyýetçilik-ykdysady, sosial-syýasy we medeni ýagdaýy şu pursatda ylmy häzirki dünýäde ýakyn geçmişden tapwutlylykda has uly täsirlilige eýe edýär.

Şeýle ýagdaýda ylym barada gürrüňi dowam etmek maksady bilen aşaky soraglara ýüzleneliň: 1) ylym näme – ol nähili hereket edýär, onuň netijeleri nähili? 2) ylymyň gymmatlygy nämede? Dogrudan hem ol Aristoteliň nazary garaýyşlaryndan ýa-da Dao baradaky gadymy hytaý taglymatyndan gowumy? Mümkin, ol mifleriň bir görnüşi bolup, olardan tapawutlanýan däldir?

Şu we beýleki soraglara jogap bermeklik üçin ilki bilen häzirki döwrüň ylym baradaky taglymatynyň ylmy rasionallygyň takyk taryhy görnüşi hökmünde düşündirýändigini belläliň. Rasionallyk düşünjesi ozal görkezilşi ýaly, pikiriň taryhynda "rassio"-akyl düşenjesiniň esasynda kemala gelýär. Rasionalizm hykykylyga ynamly garamakdyr. Ol özüniň subýektiwliginde barlygyň ähli baýlyklaryny açyk ýerleşdirmeklik mümkinçiliginden ugur alýar. Ol akyly adamyň iň ýokary ukyby hökmünde kesgitläp, dünýä çemeleşme usuly bolýar.

Kant öz döwründe akyly ýörelgeleri işläp düzmeklige ukyp diýip düşündirip, ondan ýokarda hiç zadyň ýoklugyny belläpdir. Başlangyç logiki esaslar bolan ýörelgeler her bir netijeli oýlanşygyň şertleri bolýarlar. Ýörelge gözleýän pikiriň ýol görkeziji, ugrukdyryjy pursatydyr. Ähli klassiki rassionalizm pikiriň ösüş pursaty hökmünde ol-ýada beýleki ýörelgäni öňe sürýär. Gegel - "obsalýut pikiri", Şopengauer - "erki", Marks - "materiýany" öňe süripdir.

Akylyň taryhy tipologiýasy şindi doly derejede işlenip düzülenok. Şoňa garamazdan rasionallyk düşünjesi netijeli hereketi gazanmaklygyň adama häsiýetli umumy serişdesi bolýar. Ol her bir maksady gazanmaklyga gerek bolan takyk hasap hökmünde düşündirilýär. Umuman, rasionallyk işiň optimal netijesini gazanmaklyk bilen baglanylýar. Ylym rasional bilim hökmünde çykyş edýär. Ol hakykylygy

gazanmaklyga gönükýär. Ylym sözüň doly manysynda dünýä we adam barada täze bilimleri öndürýän hereket bolýar.

Häzirki jemgyýetde ylym çylşyrymly, çuňňur biri-birinden bölünen böleklerden durýan ruhy birleşme hökmünde çykyş edýär. Ol özüniň soraýan, derňeýän tarapy bilen ähli bar zatlara ýüzlenýär. Ylmyň obýekti bolup bilmejek dünýäde hiç bir hadysa ýok. Onuň mümkinçilikleri we ýörelgeleri ylmy sosial tejribäniň mümkinçilikleri we çäkleri bilen kesgitlenýär.

Häzirki döwrüň tehnogen siwilizasyýasynda ylmy rasionallyk aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Ylmy rasionallyk nukdaýnazary bilen dünýä gatnaşmaklyk adamyň dünýäni we özüni gözegçilik astynda üýtgetmeklige mümkinçiligine ynanymlylygy döredýär. Şindi F. Bekon tarapyndan öňe sürülen " Ylym-güýç" diýen şygar ähli kişä bellidir. Ýöne güýç hóküme daýanmaklygy aňladýar. Onda-da diňe bir syýasy häkimiýete däl, eýsem, tebigy hadysalaryň üstüňden häkimliligi aňladýar. Ylmy işleriň häkimlilige gönükmekligi adamyň mertebesini galdyrýar, onuň ynamlylygyny berkidýär.

Biziň döwrümizde ylym galaktikadan aňyrky Kosmosa çenli "galdy", elementar bölekleň we kwarklaň "içine" girişdi, işewür ýaşaýyş gurşawa ornaşdy we adamyň psihikasyna we sosial durmuşyna ýüzlendi. Ylmyň hereketi bir ýanly däl, ol gapma-garşylyklydyr. Alymlaryň ýalňyşlary, olaryň gazanan üstünliklerinden az däl. Kä kalatlarda ylma müňkürlik bilen köpelen hakykylyk hem diýýärler. Şonda-da, ylma esasly bildirilýän närazylyklara garamazdan, hut ylym adamzat taryhynda başlanan öwrülşige sebäpkär bolýar. Ylym sözüň doly manysynda gönümel öndüriji güýç bolýar. Şonuň bilen bir wagtda ylym adamzat birleşiginde bolup geçýän hadysalara öz täsirini ýetirýän sosial güýç hem bolýar. Bu hem ylmy-nazatyýet bilim toplumynyň (düýpli we amaly, tebigy we sosial-gumanitar, inžener-tehniki we guramaçylyk) ählisine degişlidir.

**Ylmy-tehniki progres.** Soňky ýyllarda adamzat dünýäsi bilen tebigat dünýäsiniň gatnaşygyny düýpgöter özgerşe getiren düýpli öwrülişik başlandy. Ol şindi hemmeler

tarapyndan kabul edilen ady alanok. Bu hem düşnükli, sebäbi, ol şindi köp derejede öz başlangyç döwründedir. Onuň açylyşy geljekde bolmaly.

Dürli nazary ulgamlarda ol birmeňzeş atlandyrylmaýar. Marksistik adalgada ol “ylmy-tehniki rewolýusiýa”, O. Tofleriň düşündirişinde “sosio-tehniki rewolýusiýa”. Köplenç ony maglumat-kompýuterleýin ýa-da maglumat-ekologiki diýip hem atlandyrýarlar. Onuň öz içki sütüni bolup elektron-kompýuter, biotehnologiki, nanatehnologiki tehnologiýalary döretmek we ýaýratmak çykyş edýär. Onuň netijesi bolup täze siwilizasiýanyň, şertlendirip aýdylanda, “maglumatlaýyn”, “maglumatlaýyn-ekologiki” çykyş etmegi mümkin.

Şol öwrülişige kybapdaş sudury ýaňy ýüze çykjak bolýan jemgyýet, onda maglumatyň we bilimiň aýratyn orna eýe bolmaklygy bilen häsiýetlendiriler. Hut şu gün ösen döwletlerde senagatyň we oba hojalyk önümçiliginiň esasy pudaklary, aragatnaşyk we kommunikasiýa, bilim we ruhy durmuş düýpli ylymlaryň gazananlaryna berk esaslanýar, has güýçli derejede ylmy özüne siňdiren häsiýete eýe bolýar. Bilimi tapmak, döretmek, artdyrmak we saklamak, köpeltmek we ýaýratmak adamlaryň hereketinde bu gün uly orna eýe bolýar. Maglumat gymmatly önüme we esasy haryda öwrülýär.

Şeýle ýagdaý maglumat düşünjesine has eserdeň garamaklygy talap edýär. Ýaňy ýakynda, kibernetikadan öňki döwürde maglumat habary geçirmek manysynda düşünilýärdi. Soňky dýwürde bu düşünje täzeden aňlanylýar we çuňlaşdyrylýar. Şu gün ol şindi akyl ýetirilmedik zatlara gözükýän gözlegçilerem, şonuň ýaly-da önümçiligi we sosial durmuşy dolandyrmaklyga ýolbaşçylyk edýänlerem “iýmitlendirýän” belli bir substansiýa diýip düşündirilýär.

Soňky döwürde maglumaty dowamlylyk we hereket bilen bir hatarda goýýan filosofiki taglymatlar döredilýer. Olarda maglumatlylyk bütin Ählumumylygyň we onuň bölekleriniň häsiýeti hökmünde düşündirilýär. Köp ýagdaýlarda awtorlar maglumaty dürlüligi şöhlelendirmek, kesgitsizligi aradan aýyrmak, entropiýany inkärlemek, köpgörnüşleri geçirmek,

düzüm çylşyrymlylygynyň ölçegi we başg. häkmünde aňladýarlar. Şeýle bolsa-da maglumatyň umumy kabul edilen kesgitlemesi ýok. Jemgyýetiň ”maglumatlaýyn” hökmünde ösmek mümkinçiligi bolýanlygyny göz öňünde tutup, şonuň bilen baglanşykda adamyň emeli gurşawynda täsirli merkeziň “energetiki” we “zat” esaslardan “maglumata” geçýändigini bellese bolar. Şonuň bilen baglanşykly tehnologiýalaryň häsiýetleri üýtgeýär.

Biziň günlerimiziň tehnikasy we tehnologiýasy ylmy özüne siňdiren häsiýete eýe bolýar. Ýokary tehnologiýalar (informatika, nanatehnologiýalar, biotehnologiýalar we başg.) önümçiligi ozalkylardan düýpgöter tapawutlanýan täze derejä çykarýarlar. Olaryň üsti bilen dünýä özüniň geljegine nazar salýar. Hakykatdan hem, şeýle tehnologiýalary döretmekligi Adamzat bilen Tebigatyň gatnaşyklarynda, önümçilik hereketiniň esasynda geçýän düýpli hil özgerişidir.

**Eýeçilik we şahsyýetiň öz-özüni ykrar etdirmegi.**Ýokarda biz bu meseläniň käbir tarapynyň üstünde durup geçipdik. Bu ýerde gürrüňi „eýeçilik“ diýen düşünjäni anyklamakdan başlalyň. Eýeçilik (önümçilik serişdelerine) önümçilige gatnaşýan aýratyn adamlaryň ýa-da toparlaryň arasyndaky önümçilik serişdelerine bolan gatnaşygynyň üsti bilen kesgitlenen, iň esasy ykdysady gatnaşyk bolýar. Eýeçilik önümçilik gatnaşyklarynyň esasy bölegi bolup, önümçiligi gurnamaklyk,
ömdürilen harytlary bölmeklik boýunça ykdysady we sosial-ykdysady gatnaşyklary döredýär we jemgyýetiň sosial düzümini kesgitleýär. Eýeçiligiň dürli görnüşleri bolýar: hususy, toparlaýyn, döwlet we başgalar. Olar hem eýeçiligiň subýektini kesgitleýärler. Olaryň hataryna: aýratyn adamlar, paýdarlar, döwlet we olaryň dürli görnüşdäki birleşmeleri girýärler. Olar hem öz gezeginde dürli hili bolýarlar. Eýeçiligiň obýekti emläk bilen bagly bolup: ýer, önümçilik serişdeleri, desgalar, jaý, pul, gymmat bahaly kagyzlar we başga-da girdeji gazanmaklyga mümkinçiligi döredip bilýän zatlary öz içine

alýar. Häzirki döwürde eýeçiligiň obýektiniň bir görnüşi bolan halkara kapital hem ösen görnüşe eýe boldy.

Türkmen jemgyýetiniň häzirki özgerýän döwründe eýeçilik bilen bir hatarda „eýeçilik etmek“ we „telekeçi“ düşünjeleri örän ähmiýetli bolandyklary sebäpli, biz olaryň üstünde hem durup geçeliň. Eýeçilik etmek öz zadyňa erk etmeklik bilen bagly bolýar. Eýeçi öz zadyny belli bir şertlerde başga kişä (mysal üçin telekeçä) eýeçilik etmäge hem berip biler. Şonda eýeçi bilen telekeçiniň arasynda emlägi hojalyk tarapdan ulanmaklyk gatnaşyklary ýüze çykýar. Telekeçi wagtlaýynça kesekiniň emlägini eýelemäge, ulanmaga we dolandyrmaga ýuridiki hukuk alýar.

Geçen döwürde „eýeçi“ we „telekeçi“ düşünjeleri biri-birinden kän tapawutlandyrylmandyr. Biziň halkymyz hem telekeçini peýda görmek ugrunda ykdysady töwekkelligi öz üstüne alýan eýeçi hökmünde häsiýetlendirýär. Eýeçiniň özi önümçiligi gurnaýar, meýilleşdirýär, onuň netijesini ulanýar. Bazar ykdysadyýetiniň ösmegi we onuň bilen baglanyşykly gymmatlyklaryň, has hem kredit-karz gatnaşyklarynyň döremegi eýeçi bilen telekeçini biri-birinden tapawutlandyrmaklyga getirýär. Şeýle özgeriş paýdarlar jemgyýetiniň mysalynda aýdyň görünýär. Ozal eýeçilik hakyky emläk bilen bagly bolýan bolsa, indi paýdar gymmat bahaly kagyzyň, ýagny, aksiýanyň eýesi bolýar. Bu özgeriş hususy eýeçilikden korporasiýanyň eýeçiligine geçilmegine, eýeçiligiň telekeçilikden aýrylmagyna getirýär. Kem-kemden telekeçi ykdysadyýeti ösdüriji esasy güýje öwrülýär.

Şeýle özgeriş türkmen jemgyýetinde özboluşly görnüşde geçýär. Hususy eýeçilik hem, telekeçilik hem ýurt garaşsyzlygyny alanyndan soňra täzeden döremeli boldy. Türkmen halky şonda bu gymmatlyklary inkärleýän jemgyýet gurluşyndan bazar ykdysadyýetiniň we hukuk döwletiniň gymmatlyklaryna esaslanýan jemgyýet gurluşyna geçmeli boldy. Häzirki biziň täze Galkynyş eýýamymyzda bazar gatnaşyklarynyň içinde erkin, halal, başarnykly hereket edýän telekeçini, mülkdary, hünärmeni ýetişdirmeklik döwletiň esasy

aladalarynyň birine öwrüldi. Häzirki döwürde ýurt Ýolbaşçymyzyň belleýşi ýaly, türkmen jemgyýetinde telekeçi synp döredi.

**Sosial-ykdysady dolandyryşyň düýp mazmuny we düzüm bölekleri.**

Jemgyýetiň ykdysady durmuşyny dolandyrmaklyga iki hili garaýyş şu wagta çenli täsirli boldular. Ykdysadyýeti bazar bäsleşiginiň şertlerinde öz akymyna döreýän giňişleýin düzgün esasynda gurnamakdyr. Ösen ýurtlarynyň tejribesiniň görkezişi ýaly, bu düzgün ykdysadyýetiň netijeliliginiň wajyp şerti bolup çykyş edýär. Ykdysadyýeti dolandyrmaklyga bolan ikinji garaýyş, ony merkezden dolandyryp, ähli baýlyklary umumylykda ulanyp, jemgyýetde adamlaryň gatnaşyklaryny oýlanyşykly gurnamaklyga gönükdirilen ýörelgelerden ugur alýar. Ykdysadyýeti dolandyrmaklygyň bu iki hili biri-birinden netijeliligi hem-de aňladylyşy bilen tapawutlanýarlar.

Merkezleşdirilen ykdysadyýetiň belli bir derejede täsirlilige eýe bolýanlygyny bellemeli. Onuň täsirliligi adamyň daşky isleglerine jogap berýänligi bilen bagly bolýar. Bu düzgüniň esasynda edilýän oýlanmalara görä eger adamlar öz hereketlerini ugrukdyryjy düzgünleri oýlap tapan bolsalar, onda olara ol düzgünlerden has gowy we özüne çekiji täze düzgünleri tapmak hem başardar. Ýöne eger, adamzat özüniň birleşip ýaşaýanlygy üçin takyk hereket görnüşlerine bagly bolýan bolsa, onda ol olary başga bir zat ýaly bolup görünýän hereket görnüşleri bilen çalşyp bilermi? Ýok, çalşyp bilmez. Görşümiz ýaly, bäsleşige esaslanýan bazar düzgüniniň we merkezleşdirilen ykdysadyýetiň ýörelgeleriniň arasyndaky tapawut adamzadyň ýaşamaklyk mümkinçilikleri baradaky sorag bolýar. Köp ýurtlar şol sanda Türkmenistan hem XX asyrda merkezleşdirilen ykdysadyýetiň içinde ýaşamaly boldy. Olaryň tejribesi ykdysadyýeti dolandyrmaklygyň bu görnüşiniň netijeliliginiň pes bolýandygyny görkezdi. Şonuň üçin bu ýurtlaryň aglabasy täze döwürde bazar ykdysadyýetiniň gymmatlyklaryny özleşdirmäge girişdiler. Ykdysady galkynyşy adamlaryň we zähmet birleşmeleriniň ähli görnüşleriniň

işgärleriniň bazar bäsleşigi şertlerinde zähmet we telekeçilik işewirligini artdyrmak esasynda gazanmaklyga çalşyldy. Şonda köp ýurtlarda bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde amal edilýän şeýle özgerişi döwletiň kömegi bilen ýurduň ykdysady we ylmy-tehniki ösüşini hem-de adamlaryň durmuş goraglylygyny üpjün edip, ýetip bolunjaklygy hem göz öňünde tutuldy. Bu ýurtlaryň ykdysadyýetinde geçýän özgerişler köp derejede özboluşlydyr. Mysal üçin, Türkmenistanda ykdysady meseleleri dolandyrmaklyga döwletiň gatnaşmaklygynyň gerekligi köp deliller bilen şertlendirilýär. Olar: adamlaryň sosial goraglylygyny üpjün etmek, ykdysadyýetde ösen ýurtlaryň yzyndan ýetmek, uly mäçberli sosial ykdysady taslamalary amal etmek, bu ýerde milletiň asyl ynsanperwerlik ýörelgelerini göz öňünde tutmak we başgalardyr. Şu maksatlara ýetmeklik üçin jemgyýetiň özgerişi bilen bagly bolan gatnaşyklar we gymmatlyklar döwlet tarapyndan kesgitlenen üýtgetmeler esasynda girizilýär. Täze jemgyýetçilik gurluşygynyň başlangyç döwründe, heniz ýurtda sazlaşykly bazar ýörelgeleriniň, erkin bäsleşik şertlerindäki durmuş tejribesiniň berkemedik mahalynda bazar ykdysadyýetiniň esaslary ilki bilen döwlet düzgünleriniň kömegi arkaly berkarar edilýär. Geçiş döwri tamamlanyp jemgyýetiň demokratik häsiýetiniň güýjemegi bilen dolandyryşyň subýekti giňelýär. Bazar gatnaşyklarynyň berkemegi bilen ykdysadyýeti dolandyrmaklykda telekeçileriň, hünärmenleriň orny artýar. Bu işe ylmy edaralar, alymlar gatnaşýar. Bu döwürde ykdysady ösüşiň toplumlaýyn, uzak möhletleýin mümkinçiliklerini açmaklyga uly üns berilýär. Mysal üçin, Türkmenistanda ýurduň ykdysadyýetini bazar gatnaşyklaryna geçirmekligiň türkmen modeli işlenip düzüldi. Onuň häsiýetli aýratynlyklary: Türkmenistanyň ykdysadyýetini we eksport kuwwatlylygyny diwersifikasiýalaşdyrmak; dünýä ylmynyň gazananlaryny özünde jemleýän, halkara bazarlarynda bäsleşige ukyply taýýar önümleri öndürmek; daşary ýurt maýa goýumlaryny ýurduň ykdysadyýetine çekmekligiň ykdysady we hukuk binýatlaryny halkara standartlarynyň derejesine getirmek; milli manadyň

ýeke-täk bazar hümmetini girizmek; Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdeji binýadyny berkitmek we şonuň netijesinde ýurduň sosial pudaklarynyň ösüşine uly möçberlerde maýa goýum serişdelerini gönükdirmekdir.

Belli bolşy ýaly, jemgyýete ornaşýan bazar ykdysadyýeti bada-bat pähim-paýhaslylygy we rasional ýörelgeleri özünde jemleýän netijeli zähmet edebini göteriji adamlaryň önümçilikde giňişleýin ýaýramygyna hemaýat edip bilmeýär. Kä halatlarda jemgyýete ornaşýan täze gymmatlyklara ähli zady, şol sanda adamlary hem peýda berýän serişdä öwürýän güýç diýip düşünýänlere hem duş gelse bolýar. Özgerişe serişde hökmünde şu hili garamaklyk işewür telekiçileriň ugrukdyryjy düşünjesine öwrülen ýagdaýynda ykdysady bähbitden daşarky gymmatlyklara, milli we umumyadamzat ahlak gymmatlyklaryna kembaha garalmagy mümkindir. Şol sebäpli özgerişiň özüne ýeterlikli gymmatlyk diýip düşünilmegi, ýagny, oňa şahsyýetiň özüni kämilleşdirmäge dörän mümkinçilik hökmünde garamaklygy gerek. Ol bolsa bähbidi, gazanjy ruhy-ahlak ölçegler bilen ölçemekligi talap edýär. Ýagny, ykdysadyýetiň ahlak-psihologiki sütünleriniň döremekligi gerekdir. Türkmenistanda ykdysady gatnaşyklar hut şu ýörelgeleriň esasynda gurnalýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2010-njy ýylyň başynda Fransiýa Respublikasyna resmi saparynyň çäklerinde geçirilen türkmen-fransuz biznes-forumynda Türkmenistanyň gysga döwürde uly ýoly geçip, sazlaşykly ösýän döwlete öwrülendigini hem-de onuň bazar ykdysadyýeti boýunça iň oňat tejribäni öňünde jemleýän özbaşdak milli modeli döredendigi bellenildi.

Bazar gatnaşyklarynyň içinde ykdysadyýet we ahlaklylyk berk baglanyşykda bolanda jemgyýet ynsanperwer ösüşe eýe bolýar.

## Üçünji bap. Syýasy filosofiýa

**Jemgyýetiň syýasy ulgamy.** Syýasy filosofiýa syýasy ulgamy derňemeklik, onuň bilen baglanyşykly meseleleri aýdyňlaşdyrmaklygy maksat edinýär. Bu hem jemgyýetiň durmuşynda syýasy ulgamyň wajyp orun eýeleýänligi bilen baglydyr. Ol jemgyýetde bar bolan syýasy gatnaşyklary we bu ýerde bolup geçýän syýasy hadysalary sazlaşdyrmaklyga gözügýär.

Jemgyýetiň syýasy ulgamy öz hereketleri syýasy häsiýete eýe bolan edaralaryň, guramalaryň we kada-düzgünleriň jemi bolýar. Ol synplaryň, beýleki sosial toparlaryň şonuň ýaly-da milli birleşmeleriň syýasy bähbitlerini amal etmeklik bilen meşgul bolýar. Şol bähbitler jemgyýetiň içinde bar bolan syýasy gatnaşyklaryň ýüze çykmasy bolýar we syýasy häkimiýetiň çözýän meselelerini kesgitleýär: ony ele almak, amal etmek we goramak, şonuň ýaly-da raýatlaryň syýasy hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmekdir. Şu bähbitler jemgyýetde syýasy ulgamyň ol ýa-da beýleki edarasynyň kömegi bilen amal edilýär. Olaryň hataryna: döwletiň kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýet organlary; goşun, hukuk goraýjy edaralar, ilki bilen hem kazyýet, prokuratura, polisiýa; döwlet arbitražy; syýasy partiýalar we hereketler; jemgyýetçilik guramalar – belli bir sosial we hünär toparlaryň bähbitlerini, şol sanda olaryň syýasy bähbitlerini goraýan kärdeşler arkalaşygy, ýaşlar we beýleki birleşmeleriň guramalary degişlidir. Bu döwlet guramalary, beýleki syýasy edaralar we guramalar özara täsirde bolup, belli bir derejedäki bitewi syýasy ulgamy döredýärler.

Syýasy ulgamyň iň esasy edarasy bolup syýasy häkimiýet edaralary, hukuk we ideologiýa çykyş edýärler. Olar jemgyýetiň syýasy gurluşynyň durnuklylygyny we onuň ösüşini, işleýşini üpjün edýän merkezi mehanizmi bolýarlar. Bu döwlet organynyň kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji edaralary – parlamentiň (mejlisiň), hökümetiň, ýerli häkimiýet

edaralaryň, şonuň ýaly-da syýasy partiýalaryň, hereketleriň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriň işinde ýüze çykýar.

Syýasy ulgamyň her bir edarasy özüne mahsus wezipäni ýerine ýetirýär. Olaryň hereketleri dürli häsiýete eýe bolan syýasy hadysalary: jemgyýeti özgertmek, ol ýa-da beýleki syýasy hakykylyga uýgunlaşmak, syýasy güýçleriň raýdaşlygyny ýa-da bäsleşigini sazlaşdyrmaklyga gönükdirilýär. Bar bolan syýasy edaralaryň ulgamy jemgyýetiň ähli syýasy durmuşynyň kadaly hereket etmekligini üpjün etmeklige gulluk etmeli, şonuň esasynda ähli sosial toparlaryň we milli birleşmeleriň syýasy bähbitlerini amal etmeli bolýarlar.Onuň üçin bolsa syýasy edaralaryň çeýe işlemekleri gerekdir. Olar jemgyýetiň ähli agzalarynyň syýasy bähbitlerini sazlaşdyrmaklyk üçin dürli syýasy güýçleriň (jenaýat toparlaryndan başga) ylalaşygy esasynda syýasy meseleleri çözmeli we gerek bolan ýagdaýlarda: jemgyýetiň bähbitleri goralanda talapkärligi görkezmelidir. Şu talapkärlik ilki bilen döwlet edaralarynyň hukuk we ahlak kadalaryna esaslanyp hereket etmekleri bilen gazanylýar. Syýasy ulgamda esasy orny döwlet eýeleýär. Onuň bu ýerdäki ornuny açyp görkezmeklik üçin hukuk bilen baglanşykly meseleleriň üstünde durup geçeliň.

**Hukuk ideýasy, häkimiýet hukugy we hukuk häkimiýeti.** Özi hem bu meseläni “hukuk” sözüniň manysyny açyp görkezmekden başlalyň. Ilki bilen onuň iki manysyna ünsi çekeliň. Birinjiden, „hukuk“ sözi aýratyn adama bagly bolmadyk adamyň özüni alyp baryşynyň düzgün-nyzamynyň bar bolan ulgamyny aňladýar. Oňa obýektiw hukuk diýilýär. Ikinjiden, bu düşünje bilen adamyň haýsy hem bolsa bir zada dalaşmaklygy, bir zady talap edip bilmekligi aňladylýar. Bu subýektiw hukuk bolýar. Umuman, hukugyň hakykylyk, dogruçyllyk, adalatlylyk bilen baglanyşyklydygyny bellemelidir. Ol adamy ýalandan, adalatsyzlykdan, eden-etdilikden goraýar. Bu ýerde eden-etdilik hukuga garşy duran zatlaryň umumy aňlatmasy bolýar.

Hukuk we eden-etdilik bir ýere sygyşmaýarlar. Ýöne jemgyýetde eden-etdiligem bar. Ony kim edýär? Elbetde, adamlar biri-birine degişlikde edýärler. Her bir jenaýat jenaýatkäriň öz pidasyna degişlilikde eden-etdiligi bolýar. Ol adamyň öz islegine görä özüňi alyp barmaklygynyň, ýaşaýşynyň düzgünini bozýar. Häkimiýetiň hem eden-etdilige ýol berýän pursatlary bar. Bu ýerde eden-etdilik diňe bir häkimiýetiň özi tarapyndan kabul edilen kanunlary bozmaklygy bilen çäklenmän, eýsem, eden-etdilige ýol berýän kanunlary kabul edýänliginde bolýar. Has erbedi haçan-da eden-etdilik kanun esasynda aklanylyp, kanunda hukuk bilen gabat gelmeýän düzgünler kesgitlenýär. 1934-nji ýylyň 1-nji dekabrynda sowet häkimýeti tarapyndan kanunçylyk güýjüne eýe bolan „halk duşmanlary“ bilen göreş barada karar kabul edilýär. Ol kanun adamy özüňi goramaklyga we kazyýetiň kararyna arz etmeklige bolan hukuklaryndan mahrum etdi. Kazyýet derňewiniň açyklygy ýok edildi. Bu karar ýurtda adam hukuklarynyň ýoýulmagyna getirdi. Bigünä adamlaryň köpçülikleýin tutulmagyna, ýok edilmegine getirdi. Şu zatlar hukukmy ýa-da eden-etdilik?! Bu ýerde ýüze çykan bähbitleriň biri-birine garşy durmagyny nähili sazlaşdyrmaly? Şu soraglaryň jogaplary köp döwrüň dowamynda gözlenendir. Şonda hukuk döwletiň kabul eden ähli kararlary we görkezmeleri bolýar diýýän adamlar az bolmandyr. Hukuga şeýle garamaklyk öz gözbaşyny gadymýetden alyp gaýdýar. Şonda hukuga Hudaýyň erkiniň ýüze çykmasy hökmünde düşünilipdir. Bu ýagdaýda hukugyň nämedigini, eden-etdiligiň nämedigini döwlet, häkimiýet kesgitleýär. Hukuk bu ýerde döwletiň erkiniň kanunda aňladylmagy bolýar. Adamlar diňe döwletiň peşgeş beren hukuklaryna eýe bolup bilýärler. Ýokarda getirilen mysal oňa şaýatlyk edýär. Häkimiýetiň hukugynyň elhenç görnüşde ýüze çykmasy bolýar.

Gadymyýetden bize hukuga başga hili garaýyş hem ýetdi. Hukuk daşky güýjüň mejbur etmekligi däl-de, adalatlylyga eýerip hereket etmekligiň görkezmesidir. Onuň esasynda gadymy rim düşünjesi „jus“ – hukuk we ondan gelip çykýan

„justitia“ – adalatlylyk diýen düşünje ýatyr. Bu taglymata görä, hukuk „ýokarda“ häkimiýet edarasynda däl-de, „aşakda“ adamlaryň bilelikde ýaşaýan we hereket edýän, olaryň bähbitleriniň çakyşýan ýerinde döreýär. Şeýle çakyşmalar yzygiderli bolanlygy sebäpli, kem-kemden olary sazlaşdyrmagyň, biri-biriniň üstüni ýetirmegiň, özara täsirini göz öňünde tutmagyň düzgünleri işlenip düzülýär.

Ýöne adamlaryň bähbitleri esasynda döreýän dawalary neneňsi çözmeli, gapma-garşylykly bähbitleri neneňsi sazlaşdyrmaly? Onuň üçin her bir tarapyň bähbitleriniň çägini, ölçegini kesgitlemelidir. Diýmek, şol bähbitleri kanagatlandyrmaklyga gerek bolan erkinligiň ölçegini kesgitlemelidir. Häzirki döwrüň ylmy „Hukuk – erkinligiň ölçegi“ diýen kesgitleme berýär. Şu jümleden ugur alnanda häkimiýetiň hukugyndan hukuk häkimiýetine geçmeklige ýol açylar. Bu häkimiýet hukuk döwleti bolýar. Hukuk döwleti bozup, ýatyryp ýa-da çäkläp bilmeýän hukuk kadalarynyň esasynda we olaryň çäginde hereket edýär. Bu döwlet raýatlaryň we olaryň birleşmeleriniň elinden alynmaýan tebigy-taryhy hukuklaryny ykrar edýär.

**Döwletiň düýp mazmuny.** Gadym döwürlerden bäri akyldarlar döwletiň manysyny açmaklyga çalyşanlar. Aristotel döwletiň umumy bähbitleri aňlamaklyk esasynda ýüze çykýanlygyny we bagtly ýaşamaklyk üçin gurulýanlygyny belläpdir. Türkmen akyldary al-Farabi hem bu pikiri goldapdyr. Orta asyrlarda döwlet bilen baglanyşykly meseleler çuňňur öwrenilip başlanýar. Nyzamyl Mülküň „Syýasatnamasy“ bu meselä bagyşlanyp ýazylan ilkinji düýpli eserleriň biri bolýar. Täze döwürden başlap Ýewropada döwletiň many-mazmuny barada köp dürli pikirler öňe sürülýär. Belli iňlis alymy T. Gobbs (1588-1679) döwletiň tertip-düzgün gorkusy esasynda döränligini belläp, oňa adam ýa-da adam topary kimin garaýar. Onuň pikiriçe, döwlet köpçülikleýin şertnama esasynda belenilýän, parahatçylygy we gorawlylygy üpjün edýän kişi bolýar. Gegel döwletiň başlangyjyny zorlukda görendir. Nemes syýasatçysy F. Engels

we rus syýasatçysy W. Leniň döwletde bir synpy başga synp tarapyndan ezmekligiň guralyny, maşynyny görenler. M. Weber döwleti legitimlige (kanuny esasda ykrarlanan) esaslanýan adamlaryň beýlekileriň üstünde agalyk gatnaşygy diýip kesgitländir.

Häzirki döwrüň ylmy döwlete jemgyýetiň syýasy ulgamynyň esasy edarasy, adamlaryň, jemgyýetçilik toparlaryň, synplaryň we assosiýalaryň hereketini we gatnaşyklaryny gönükdirýän, olara gözegçilik edýän gurama hökmünde garaýar. Döwlet jemgyýetde häkimiýetiň merkezi edarasy bolýar. Ol hem tötänleýin däldir. Syýasy gatnaşyklarda esasy mesele häkimiýet meselesi bolýar. Ol hem ilki bilen döwlet bilen baglydyr. Şol häkimiýetiň gurallaryny ulanyp, döwlet edaralary jemgyýetiň syýasy ulgamynyň ähli böleklerine täsir edýär. Döwlet öz hereketini jemgyýetde agalyk edýän sosial-synpy güýçleriň bähbidine gulluk edýän kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleriniň belli bir apparaty hökmünde çykyş edýär. Şol apparatyň kömegi bilen şol güýçler öz täsirini jemgyýetiň ykdysady, syýasy, sosial we ruhy gurşawlarynda berkidýärler.

Döwletiň manysy we ähmiýeti onuň wezipeleriniň üsti bilen ýüze çykýar. Olara: syýasy häkimiýeti amal etmeklik wezipesi; ýurdy daşarky höwplardan goramak wezipesi; hojalyk-guramaçylyk wezipesi; ruhy medeniýeti ösdürmeklik wezipesi; Ideologiki wezipe; daşarky gatnaşyklar wezipesi. Döwletiň özboluşly sosial wezipesine hem ünsi çekmeklik gerekdir. Ol köp sanly sosial meseleleri çözmeklik, adamlaryň sosial goraglylygyny üpjün etmek bilen baglydyr.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň döwlet gurluşynda düýpli özgerişler geçýär. 2008-nji ýylyň sentýabr aýynyň 26-syna geçen nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynda şeýle täzelenişe gerek bolan hukuk esaslary döredildi. Şol Maslahatda ýurtda dörän täze reallyklardan ugur alyp kabul edilen „Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda“ Türkmenistanyň Konstitusion

Kanuny esasynda Türkmenistanyň Halk maslahaty öz işini döwlet derejesinde bes edýär. Jemgyýetimizde we döwletimizde ykdysady hem-de sosial öňe gidişligi üpjün etmek maksady bilen onuň hukuklary Türkmenistanyň Prezidentine we Türkmenistanyň Mejlisine berildi. Ýerli Halk maslahatynyň bölümçeleri bolsa, welaýatlarda, welaýat hukukly şäherlerde, etraplarda, şäherçelerde halk köpçüligi bilen baglanyşdyryjy möhüm ulgam hökmünde saklanyp galýar. Olar öz hukuklaryna laýyklykda degişli çärelerde ykdysady, durmuş we medeni meseleleri çözmäge gatnaşyp, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýetleriň işjeň kömekçileri, maslahatçylary bolýarlar. Türkmenistanda ýokary döwlet häkimiýetini we dolandyryşy Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti amala aşyrýarlar. Olar şu beýik wezipäni amal etmeklikde jemgyýetçilik guramalaryň, şol sanda Ýaşulularyň maslahatynyň oý-pikirlerine, tekliplerine daýanýarlar.

**Syýasy häkimiýet.** Adaty aňda „syýasat“ diýen düşünje haýsy hem bolsa bir zady dolandyrmak bilen baglanylýar. Mysal üçin, „ykdysady syýasat“, „bilim syýasaty“ we başgalar. Syýasat şonuň ýalyda adam başlangyjynyň işewürligi bilen hem baglanýar, ýagny oýlanyşykly maksatlary we olary amal etmekligiň ýollaryny kesgitlemek. Ylymda hem „syýasat“ diýen düşünjäniň dürli kesgitlemeleri bar. Syýasatyň manysy Aristoteliň pikiriçe, döwletiň we adamyň abadançylygyny gazanmaklyk üçin adamlary jemlemekde bolýar. T. Gobbs syýasata umumy bähbidi aňlamaklyga gönükdirilen hereket hökmünde garaýar. Italiýan alymy N. Makiawelli (1469-1527) syýasaty güýç hökmünde düşündirmeklikden ugur alýar. Marksizmde bu garaýyş ösdürilip syýasat synplaryň häkimiýet üçin göreş meýdany hökmünde aňladyldy. Syýasata gural hökmünde garaýanlar hem bar. Häzirki döwürde syýasata syýasy häkimiýetiň kömegi bilen umumy ähmiýetleri amal etmeklik bilen baglanuşykly toparlaryň, partiýalaryň, adamlaryň, döwletiň hereket meýdany hökmünde garalýar.

Syýasy häkimiýet bu ýerde bir subýektiň döwlet gurallaryny ulanyp öz erkini toparlara, köpçülige, guramalara, adamlara dakmaklyk başarnygy bolýar. Syýasy häkimiýet döwletiň kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleriniň üsti bilen amal edilýär. Bir subýektiň başga birine kesgitli täsir edip bilmeklik başarnygy dürli serişdelere: gorka, bähbide, ynanja, adata, kanuna, däbe we başgalara esaslanyp biler. Syýasy häkimiýeti sosial häkimiýetiň beýleki görnüşlerinden: maşgaladan, ahlakdan, hukukdan tapawutlandyrmaklyk gerek. Syýasy häkimiýeti amal etmeklik adam köpçüliginiň bähbitlerini kanagatlandyrmaklygy göz öňünde tutup döwlet edaralaryna daýanýar.

Syýasat toparlaryň, adamlaryň, guramalaryň durmuşy saýlawynyň gurşawy bolup, ahlak bilen jebis baglanşykda bolýar. Arzuw edilýän geljegiň taslamalaryny saýlamaklyk, ol ýa-da beýleki çäkli maksatlaryň ähmiýetliligi adamyň, toparyň ýagşy we ýaman, adalatlylyk we adalatsyzlyk baradaky ahlak oýlanmalaryna esaslanýar. Ahlak we syýasat jemgyýetçilik durmuşynyň irki sosial dolandyryş görnüşlerine degişli bolýarlar. Olary ýakynlaşdyrýan zat ikisiniň hem sosial saýlaw gurşagyna degişli bolýandyklary we şonuň üçin ýeterlik derejedäki hereketliligi we üýtgeýänligi bolýar. Olaryň manysy köp zatlar: taryhy we sosial-medeniden başlap, subýektiw göz öňüne getirmeler hat-da tötänliklere çenli zatlaryň täsirine baglydyr. Ondan başga-da ahlak we syýasat adamlaryň ýaşaýyş hereketlerini sazlaşdyryjy kada-düzgünleri hem bolýarlar. Adamlaryň özüni alyp baryş hereketi ähli adamlar üçin hökmany bolan ahlak we syýasy-hukuk kadalaryň (umumy düzgünler, ýokary nusgalyklar, özüňi alyp barmaklygyň nusgalary) üsti bilen sazlaşdyrylýar. Ýöne ahlak we syýasy kadalar biri-birinden kesgitleniş usullary we amal ediliş serişdeleri bilen tapawutlanýarlar. Mysal üçin, ahlak kadalary jemgyýetde adamlaryň ýagşy we ýaman, wyždan, adalatlylyk düşünjeleriniň esasynda kemala gelýärler. Jemgyýetiň agzalarynyň köpüsiniň aňlamaklary we kabul etmekleri bilen olar hökmany ähmiýete eýe bolýarlar. Syýasy we hukuk

kadalary döwlet tarapyndan kesgitlenip, köplenç kanunlarda öz beýanyny tapýarlar. Olaryň çap edilmegi bilen bu kadalar hökmanylyga eýe bolýarlar. Ahlak kadalary resminamalarda berkidilmeýärler, olar adamlaryň aňynda bolýarlar. Syýasy-hukuk kadalary diňe ösen raýat jemgyýetinde adamlaryň olaryň adalatlylygyna düşünmekleri bilen meýletin ýerine ýetirilip bilner. Ýöne döwlet olaryň ýerine ýetirilmegi üçin mejbur ediji çäreleri hem ulanyp bilýär. Görşümiz ýaly, ahlak bilen syýasatyň gatnaşygy çylşyrymlydyr. Ilkibaşda syýasat agalyk edýän ahlak bilen bitewilikde bolupdyr. Adaty görnüşde şeýle bitewilik Gündogarda döräp kem-kemden Günbatra geçýär. Jemgyýet we döwlet gurluşynyň ösmekligi bilen olaryň biri-birinden tapawutlandyrmagy talap edýär. Sosial bähbitleriň we adamlaryň jemgyýetdäki ornunyň bölünişmegi, gabat gelmeýän bähbitleri sazlaşdyrmak we umymy bähbitleri kesgitlemek üçin netijeli gural hökmünde syýasaty döredýär.

**Häkimiýetleriň bölünişigi ideýasy we häkimiýet institutlary.** Häkimiýet barada gürrüň edilende häkimiýetleriň bölünşigi meselesi aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Bu meseläni ilkinji gezek iňlis alymy Dj Lokk çözmeklige çalyşýar. Ol ýokary häkimligi kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we federal häkimiýetlere bölmek barada pikiri öňe sürýär. Ol kanunçykaryjy wezipäni parlament, ýerine ýetiriji – harby güýçler we kazyýet, federal – korol we ministrler diýip düşündirýär. Dj. Lokk bu ýerde konstitusion režim nazary taglymaty barada gürrüň edýär.

Dj. Lokkyň häkimiýeti bölmek baradaky pikiri fransuz alymy Ş. Monteskýe (1689-1755) tarapyndan has doly işlenilip düzülýär. Onuň aýtmagyna görä, her bir režimde goý, ol monarhiýa (şalyk) bolsun ýa-da demokratiýa häkimiýet hökmany suratda kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet şahamçalaryna bölünmelidir. Ol: „döwletde kanun döretmek häkimiýeti umumy ýurt ähmiýetli kararlary ýerine ýetirmek häkimiýeti we jenaýaty ýa-da aýry-aýry adamlaryň dawaly meselelerini sud etmek häkimiýeti biri-birinden bölmek gerek“ diýip belläpdir. Diňe şeýle bölünişik bolan döwletde adamy

kanunyň buýurmadyk zatlaryny etmeklige, kanunyň rugsat berýän zatlaryny ýerine ýetirmezlige hiç bir kişi mejbur edip bilmez.

Jemgyýetiň döwrebap syýasy ulgamynyň döremegi örän çylşyrymly meseledir. Ol kämilligi gazanmaklyk üçin, durnukly demokratik däpler esasynda, düzüm döredijiler bolan: häkimiýeti, jemgyýeti we şahsyýeti sazlaşdyrmak gerek bolýar. Şonda häkimiýeti amal edýän döwletiň hökmany suratda kanuna daýanýan hukuk döwleti bolmaklygy wajypdyr. Jemgyýet hem özgermelidir. Oňa dürli görnüşli assosiasiýalar, köpçülikleýin hereketler, partiýalar häsiýetli bolmalydyr. Şolaryň kömegi bilen ýerli öz-özüňi dolandyryşy artdyryp belli bir derejede döwletiň täsiri çäklendirilmelidir. Şonuň ýaly-da bu ýerde raýata düýpgöter başga orun berilýär. Birleşmeler öz agzalaryndan düzgün-nyzamlylygy gorka görä däl-de düşünjelilige, içki ynanja esaslanyp ýerine ýetirmekligi talap edýärler. Olar öz borçlaryny ak ýürekli ýerine ýetirip, öz hukuklaryny hem talapkär goraýarlar.

Şu hili düzgüniň döremekligi liberal-demokratik ideologiýanyň öňe sürýän ýörelgeleriniň agdyklyk etmekligi bilen bagly bolýar. Liberal-demokratik ideologiýanyň syýasy nazaryýet esasy bolup, 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda BMG-niň Baş Assembleýasy tarapyndan kabul edilen Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasy çykyş edýär. Bu resminama 1798-njy ýylyň 28-nji awgustynda beýik Fransuz rewolýusiýasy döwründe kabul edilen „Adamyň we raýatyň hukuklarynyň Jarnamasynyň“ amal edilişi boldy.

Ähliumumy Jarnamada: „Ähli adamlar öz mertebesinde azat we deň bolup durýarlar“ diýip bellenilýär. Her bir adam Deklarasiýanyň beýan eden ähli hukuklaryna we azatlyklaryna eýe bolmalydyrlar. Adama degişli hukuklary we azatlyklary amal edilmeli ugurlaryna görä şahsy, syýasy, ykdysady, durmuşy-medeni, ekologiki görnüşlere bölse bolar. Syýasatda liberal-demokratik jemgyýet, görşümiz ýaly, adam hukuklarynyň, häkimiýet bölünşiginiň, öz etjek işiňi azat saýlap almaklygyň, bäsleşik azatlygynyň ýörelgelerine

daýanýar. Bu syýasy ýörelgeler, bir tarapdan, syýasy filosofiýada Dj. Lokk tarapyndan we ikinji tarapdan etikada we hukuk filosofiýasynda I. Kant tarapyndan jemlenen täze döwrüň syýasy-sosiologiki taglymatyna daýanýar. Diýmek, adamyň erkinligi onuň sosial jogapkärliligi bilen aýrylmaz baglanyşykda bolýar. Ykdysadyýetde liberal ideologiýa döwlet tarapyndan ähli çäklendirmeleri aradan aýyrmagy, hususy işewürlige giň ýol açylmagyny, telekeçilige gerek bolan mümkin boldugyça erkin şertleri döretmekligi talap edýär. Häzirki döwürde hem liberal-demokratiýanyň tarapdarlary demokratik, erkin bäsleşik, hususy eýeçilik ýörelgelerine ykrarly bolup, döwletiň şu şertleriň döremegine yzygiderli täsir etmekliginiň gerekligini, Adamyň diňe demokratik düzgüniň içinde mertebelenýänligini belleýärler. . Demokratik däl syýasy düzgünlere totalitarizm we awtokratizm girýärler. Totalitarizm demokratiýanyň garşydaşy bolany sebäpli, biz şu düzgüniň üstünde durup geçeliň. Totalitarizm (totalis latynça-tutuşlaýyn) jemgyýetiň syýasy, ykdysady we ruhy taraplaryna döwletiň doly gözegçilik etmekligi bilen tapawutlanýar. Bu ýerde adamlaryň oý-pikirleri hem göz astynda bolýar. “Başgaça pikirlenýän” diýen düşünje oňa şaýatlyk edýär. XX asyryň uzak döwründe adamlaryň aň-düşünjesi bir ölçegiň esasynda gurnaljak bolundy. Adamlaryň aňy galypa salynanda, olaryň ruhy weýran bolýar. Gazaply düzgünler ozal hem bolan, ýöne totalitarizm täze döwrüň zalymlygy bolýar. Sebäbi ,raýatlaryň üstünden doly gözegçilik köpçülikleýin maglumat serişdeleriniň, radionyň, telewidenianyň döremegi bilen mümkin boldy. Totalitarizmde adam döwlet maşynynyň öňünde ýeke-täk galyp, oňa boýun bolýar.

Türkmen döwleti häzirki täze Galkynyş eýýamynda özüniň demokratik mümkinçiliklerini giňişleýin açyp, kanunyň hökmirowanlygyny berkidip, adamyň ähli taraplaýyn gorawlylygyny üpjün edip döredijilige, gurujylyga gerek bolan şertleri döredýär. Bu döwlet „Döwlet adam üçindir“ diýen ýörelgeden ugur alýar.

## Dördünji bap. Jemgyýet we adamzat, millet we maşgala

**Jemgyýet we bileleşik.** Jemgyýet bitewi durmuşy-medeni ulgam bolup çykyş edýär. Jemgyýet birnäçe ulgamlardan durýar, olar bitewileşdiriji, ulgam dörediji häsiýetlere eýe bolýarlar. Şol ulgamlaryň biri bolup durmuşy (sosial) birleşik çykyş edýär.

Durmuşy birleşme – bu belli bir häsiýetdäki durmuşy hereketiň subýekti bolup, hakykatda bar bolan adamlaryň bitewi birleşigi görnüşde çykyş edýär. Diýmek, durmuşy birleşik:

- hyýaly däl-de, hakyky, onda-da barlap bolýan birleşik bolýar;
- adamlaryň, sosial toparlaryň ýönekeý (mehaniki) jemi bolman, özünde ulgamlaýyn häsiýetleri jemleýän bitewilik bolýar;
- durmuşy özara täsiriň subýekti bolýar. Bu bolsa olaryň özüniň ösüşiniň we öz hereketiniň hereketlendirijisi bolýanlygyny aňladýar.

Durmuşy birleşmeler özüniň köp dürli görnüşliligi bilen tapawutlanýarlar. Iki adamy özünde jemleýän kiçi toparlardan başlap, köpsanly halkara syýasy we ykdysady hereketler onuň dürli görnüşleri bolýarlar. Birleşmeleri kadalaşdyrmaklyk üçin ondan başga has düýpli ulgam dörediji ol ýa-da beýleki görkeziji hem ulanylýar. Şolaryň esasynda territorial, etniki, demografiki birleşmeleri tapawutlandyrsa bolýar. Ýokarda görkezilişi ýaly, sosial birleşmeler jemgyýetiň bitewilenmeginde, adamlaryň öňünde duran meseleleri çözmeklikde wajyp orun eýeleýärler. Olaryň jemgyýetiň durmuşyndaky ornunyň ykrarlanmagy raýat jemgyýetiniň döremegine esas bolýar.

Raýat jemgyýeti baradaky ideýa öz gözbaşyny antiki döwürden alyp gaýdýar. Rimli akyldar M. Siseron (b.e. öüki 106-43 ý.ý.) raýatyň ýönekeý, durmuşy meseleden başga zada eli ýetmeýän adamdan tapawudyna ünsi çekendir. Soňra bu meseläniň üstinde T. Gobbs, Dj. Lokk, G. Gegel, K. Marks we

başgalar işleýärler. Häzirki döwürde raýat jemgyýeti syýasy häkimiýetden aýralykda hereket edýän we soňka täsir etmäge ukyply jemgyýetçilik edaralaryň we jemgyýetçilik guramalaryň toplumy hökmünde göz öňüne getirilýär.

M. Weberiň pikirler akymynda raýat jemgyýeti hakykylykdan has daşda bolan akyl ýetiriş abstraksiýasy, ideal kysym bolýar. Ýöne pikiriň özünde belli bir many bar. Onuň manysy ýokarda bellenilişi ýaly, häkimiýeti, jemgyýeti we şahsyýeti sazlaşdyrmak bilen baglanyşykly. Şeýle sazlaşyk gazanylanda häkimiýeti amal edýän döwletiň hökmany suratda kanuna daýanýan hukuk döwleti bolmaklygy wajypdyr. Şonda jemgyýet hem özgermelidir. Oňa dürli görnüşli assosiasiýalar, köpçülikleýin hereketler, partiýalar häsiýetli bolmaly. Şolaryň kömegi bilen ýerli öz-özüňi dolandyryş täze derejä galyp, belli bir şertlerde döwletiň täsiri çäklendirilmelidir. Raýatyň hem bu ýerde orny düýpgöter üýtgeýär. Olar indi öz wezipesine yhlasly, jogapkärçiligi duýýan, borçlaryny ýerine ýetirýän adamlardyr. Başgaça aýdylanda olar ýokary hukuk, ahlak, syýasy aňly, hukuk medeniýetli adamlardyr. Şeýle häsiýetlere eýe bolan adamlar köpelip jemgyýetde kem-kemden artýan kuwwatly orta gatlak döremelidir.

Bu zatlar ajaýyp. Şol bir wagtda bu ýerde hyýalylykdan ýokary galmaklyk wajypdyr. Mesele ýeňil däl. Bu jemgyýetde hemme adamlar eýeçiler bolup çykyş etmeli we bol-elin ýaşamalydyr. Ýöne adamzadyň şu güne çenli toplan tejribesi biriniň baýlyk toplamaklyga bolan nebsini we beýlekiniň mugthorlukda ýaşamak pikirini aradan aýryp bilmedi we ýetmezçilik meselesini hem çözüp bilmedi. Bu birinjiden. Ikinjiden, ähli adamlaryň kanuna boýun raýatlar bolmaklygy hem göz öňüne getirilmegi örän kyn meseledir. Şu ýeňil bolmadyk meseleleriň çözgüdini döwletiň, jemgyýetiň we adamyň sazlaşygynyň, adamyň pähim-paýhasynyň üsti bilen tapyp bolar. Diýmek, täze adamyň ýetişmegi, adamyň özüne akyl ýetirmegi we özünde adamkärçiligi açmaklygy şol çözgüde barýan ýollar bolýarlar. Bu meselä biz aşakda ýene gaýdyp geleris.

**Jemgyýetiň sosial gurluşy.** Her bir jemgyýetde sosial birleşmeler – sosial toparlar, we gatlaklar hem-de milli umymylyklar hereket edýärler. Olar ykdysady, sosial, syýasy, medeni gatnaşykda bolýarlar. Olaryň aragatnaşygy we özara täsiri jemgyýetiň sosial düzümini emele getirýär. Jemgyýetiň sosial düzüme bölünmekliginiň esasyny zähmet bölünişigi önümçilik gurallaryna we onuň önümine bolan eýeçilik gatnaşyklary düzýär. Zähmet bölünişigi esasda synplar, hünär toparlary we beýleki sosial toparlar şonuň ýaly-da şäher we oba ýaşaýjylary, akyl we el zähmeti bilen meşgul bolýan uly adam toparlary döreýärler. Eýeçilige bolan gatnaşyklar jemgyýetiň, onuň sosial düzüminde bolan şeýle içki bölekliligi ykdysady taýdan berkidýär.

Jemgyýetiň sosial düzüminiň esasy böleklerine: synplar; şäher we oba ilaty; akyl we el zähmetiniň wekilleri; gatlaklar (jemgyýetdäki orny diňe bir sosial-ykdysady gatnaşyklar bilen däl-de, eýsem, bar bolan däp-düzgünler we hukuk kadalar bilen kesgitlenýän sosial toparlar); sosial-demografiki toparlar (ýaşlar, ýaşuly nesil, aýallar, erkekler; milli umumylyklar – milletler, etniki toparlar we başg) girýärler. Ähli sosial toparlar we milli umumylyklar diýen ýaly, öz düzümi boýunça birmeňzeş bolmandyklary sebäpli, olar öz gezeginde öz ykdysady, syýasy, sosial we beýleki bähbitlere eýe bolan sosial toparlara we gatlaklara bölünýärler. Şu ýagdaý sosiologiýada giňden ýaýran stratifikaiýa taglymatynda düýpli öwrenilýär. Bu taglymat jemgyýeti dürli esaslara görä: girdejisiniň derejesi, hünäri, işiniň görnüşi, syýasy garaýyşlary, gymmatlyklara gözükmesi we başgalar boýunça gatlaklara (stratalara) bölýär.

Jemgyýetde bar bolan sosial toparlaryň we milli umumylyklaryň özara baglanyşygy üýtgemeýän görnüşde däl-de üýtgeýän, hereketli görnüşde bolup, kä halatlarda olaryň ol ýa-da beýleki gerekliliklerini kanagatlandyrmak we bähbitlerini amal etmek meseleleri boýunça işewür görnüşe eýe bolýarlar. Şonda olar öz aralarynda belli bir gatnaşyklara girişýärler. Bu ýerde sosial düzümiň hereket edýän tarapy bolan sosial gatnaşyklar barada gürrüň gidýär. Bu gatnaşyklar

subýektleriň arasynda maddy baýlyklary ulanmak, olaryň ýaşaýyş durmuşyny gowulandyrmak, bilim almak, ruhy gymmatlyklara eýe bolmak we başg. bilen baglanyşykly gerekliliklerini kanagatlandyrmak boýunça ýüze çykýarlar. Şonda gürrüň ol ýa-da beýleki sosial toparyň, birleşmäniň jemgyýetçilik durmuşynyň sosial gurşawyna, şol gurşawda özüni ykrarlamagyna degişli gerekliliklerini kanagatlandyrmaklygy barada bolýar.

Jemgyýetiň sosial düzüminiň barlygynyň wajyp tarapy, onuň hereketliligi bilen bagly bolýar. Bu ýerde adamlaryň ol ýa-da beýleki sosial toparlardan we gatlaklardan beýlekilere geçýändikleri barada gürrüň gidýär. Mysal üçin, haçan-da daýhan obadan şähere göçüp gelende, ol diňe oba ýaşaýjysyndan şäher ýaşaýjysyna geçenok, şäherde haýsy hem bolsa bir işe durmagy bilen başga sosial topara hem geçýär. Işçiniň ýa-da daýhanyň çagasy akyl zähmeti bilen meşgul bolup başlan wagtynda, ýa-da intelligensiýanyň wekiliniň çagasy telekeçilige geçende hem adamyň sosial ýagdaýy üýtgeýär. Bu meseläni öwrenmeklik döwlet ähmiýetli bolýar. Jemgyýetde bolup geçýän hereketi öňünden görmeklik onuň durnuklylygyny saklamagyň şerti bolýar.

Jemgyýetiň sosial düzüminiň herketliligi we sosial toparlaryň özara täsiri baradaky meseleler ýokarda garalan raýat jemgyýetiniň meseleleri bilen baglanyşykda bolýar. Bilşimiz ýaly, öz döwründe bu meseläniň üstünde Gegel durup geçipdir. Raýat jemgyýetini ol hususy bähbitleri we gereklilikler hususy eýeçiligiň we adamlaryň ählumumy deňliginiň esasynda belli bir derejede döwlete bagly bolman kanagatlandyrýan gurşaw hökmünde häsiýetlendirendir.

Raýat jemgyýeti hususy eýeçilige we hukuga esaslanýan şahsyýetler we gatlaklaryň arasyndaky gatnaşyklar ulgamy hökmünde öňe çykýar. Gegel köplenç raýat jemgyýetiniň sosial-ykdysady we hukuk taraplarynyň arabaglanyşygy baradaky soragy öňe sürüpdir. Marks raýat jemgyýetinde taryhy ösüşe düşünmekligiň açaryny gözlemelidigi barada aýdyp gidipdir. Bu hem tötänleýin däl, sebäbi marksistik

garaýşa görä sosial-ykdysady gurşaw jemgyýetiň esasy bolýar. Ol gurşaw we onda amal edilýän eýeçilik gatnaşyklary raýat jemgyýetiniň ösüşini häsiýetlendirýän esasy bölek bolýar.

Raýat jemgyýeti baradaky meselelere garalanda geçen akyldarlaryň galdyran miraslaryna esaslanyp, şu günki hakykata, bu meseläniň häzirki döwürde işlenilişini göz öňünde tutmalydyr. Raýat jemgyýetine jemgyýetde bar bolan uly we kiçi sosial toparlaryň özara täsiri hökmünde garamaklyk dogry bolsa gerek. Olaryň özara täsiriniň ykdysady esasy eýeçiligiň dürli görnüşleriniň erkin ösüşi bolmalydyr. Olaryň bähbidini bolsa kanunyň agalyk edýan hukuk döwletiniň degerli organlary goramaly. Netijede, raýatlaryň bähbitleri we hukuklary esasynda goýlan raýat jemgyýetinde her bir adam özüni erkin we döredijilikli ýüze çykaryp, jemgyýete we adamlara getiren peýdasyna görä öz gerekliliklerini kanagatlandyrýar. Bu ýerde ol döwletiň ähli hukuk we sosial gorawlylyk serişdelerini ulanar.

Häzirki döwürde Türkmenistanda şeýle jemgyýetiň kemala gelmekligi üçin köp esaslar döredilýär. Ýokarda bellenilişi ýaly, ýurtda sosial gorawly, eýeçiligiň dürli görnüşlerini özünde jemleýän ykdysadyýet hereket edýär, adam hukuklaryny goraýan hukuk döwleti berkeýär. Esasan hem türkmen jemgyýetinde täze Galkynyş eýýamynda raýat jemgyýetiniň esasyny düzjek orta gatlak döreýär. Türkmeniň milli aňy bazar ykdysadyýeti, hukuk döwleti bilen baglanyşykly täze gymmatlyklary işewür işläp düzýär. Bu bolsa türkmen jemgyýetiniň kämilleşýänligine, jebisleşýänligine şaýatlyk edýär.

**Milletiň düýp mazmuny.** Her bir jemgyýetde millet wajyp orun tutýar. Millet belli bir territorial çäklerde taryhyň dowamynda kemala gelen adamlaryň durnukly birleşmesi bolup, oňa bitewi dil, medeni we psihiki umumylyk mahsusdyr. Şonuň ýaly-da onuň agzalaryna özlerini başgalardan tapawutlandyrýan bitewilge degişlidiklerini aňlamaklyk häsiýeti mahsus bolýar. Milletiň döremekligi üçin tebigy esas bolup birek-birek bilen pikir alyşmaklyga we

bitewilişmeklige mümkinçilik berýän territorial umumylyk hyzmat edýär. Milletiň döremekliginiň ýene bir şerti bolup dil umumylygy çykyş edýär.

Dörän milletiň birikdiriji görkezijisi bolup milli aň çykyş edýär. Bir millete degişliligiňi we ykbalyň birligini aňmaklyk adamlarda millilik duýgusyny berkidýär. Millet döränden soňra bitewi organizm hökmünde hereket edýär, ol içerki nikalar we nesilleri terbiýelemek işi bilen öz-özüni täzeden döredýär. Has durnukly ýaşamaklyk üçin millet döwlet görnüşindäki öz sosial-territorial guramasyny döretmeklige çalyşýar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, her bir milletiň döremekliginde ruhy medeniýetiň wajyp bölegi bolan, özüni rowaýatlardan we dini garaýyşlardan alyp gaýdýan dünýägaraýyş aýratyn orun eýeleýär. Bu garaýyşlary tebigy we ruhy başlangyçlaryň, tebigy we adamyň ruhy-ahlak dünýäsini birleşdiriji güýji bolup geçen nesilleriň ynançlary uly ähmiýete eýe bolýar. Türkmen milletiniň dünýägaraýşy ýekehudaýlylyk pikirleriniň esasynda kemala gelip, irki döwürlerde özüniň şöhlelenmesini rowaýatlarda, ertekilerde tapdy. Bütin halk üçin ýeke-täk ynanjyň, bitewi gymmatlygyň ýüze çykarylmagy milletiň akyl we duýgy, beden we köňül kuwwatynyň peýda bolmagyna getiripdi.

Türkmeniň milli aňynyň berkemeginde yslam dini aýratyn orna eýe bolýar. Türkmen aňynyň esasy aýratynlyklary we türkmen aňynyň, ýaşaýşynyň ähli taraplary belli bir derejede yslam dininiň ýörelgeleriniň maddy we ruhy ýüze çykmasy bolýar. Orta asyrlarda türkmeniň milli aňyna dünýewi gymmatlyklar ornaşyp güýçli täsir edip başlaýar. Şeýleleikde, berkän türkmen milleti özüniň sada sagdynlygy, gaýduwsyzlygy we ynsanpewerligi bilen tapawutlanýar. Baknalyk döwründe olary gowşatmaklyga meýiller edildi.

XX asyryň ahyrynda türkmen halkynyň öz garaşsyzlygyny almaklygy bilen şu ajaýyp häsiýetler täzeden dikeldilip, türkmeniň döredijilik hyjuwynyň artmaklygyna täze esaslar döreýär. Türkmeniň aňyna umumyadamzat gymmatlyklary we äheňleri tebigy suratda ýakyn bolýar.

Türkmen özüni beýleki milletlerden tapawutlandyrýan sypatlary däl-de, özüni özgelere ýakynlaşdyrýan ölçegleri ileri tutýat. Türkmen halky adamlary biri-birinden çetleşdirýän synpy, dini, milli we beýleki ýörelgelerden daşda durup, adama we adamzada dereje berlip gelipdir. Şonuň üçin hem türkmen milletiniň uýýan ýörelgeleri çuňňur ynsanperwer häsiýete eýe bolýar. Diýmek, türkmeniň milliligi milletçilige getirmeýär. Türkmen beýleki milletleri beýgeldip beýgelýär.

Milletçilik bolsa, ýokarda jynsparazlyk taglymatlaryň eden täsiriniň mysalynda görkezilişi ýaly, beýleki milletleri kemsidip özüňi beýgeltjek bolmakdyr. Bu hili garaýyşlaň nähili derejede elhençligine adamzat XX asyryň birinji ýarymynda faşistik hereketleriň we döwletleriň mysalynda sapak alarça bolupdy.

**Maşgala we nika.** Maşgala dürli hili garaýyşlar bar. Ilki bilen biz maşgala jemgyýetiň edarasy hökmünde garaýşyň üstünde durup geçeliň. Şonda jemgyýetiň beýleki edaralaryndan maşgalanyň tapawutlandyrylmagynyň tötänleýin däldigini belläliň. Jemgyýetçilik durmuşyny öwrenýän ähli barlagçylar maşgalany nesillerden-nesillere miras alynýan medeni nusgalary göteriji hem-de şahsyýeti terbiýelemegiň şerti hasaplaýarlar. Hut maşgalada adam ilkinji durmuşy tejribä, özüňi jemdyýetde alyp barmaklyk endiklerine eýe bolýar. Ol bu ýerde bilimiň esaslaryny alýar.

Her bir jemgyýet üçin maşgala durmuşynyň esaslary, däp-dessurlary we düzgünleri özüniň özboluşlylygy bilen tapawutlanýarlar. Özem her bir adam üçin hut onuň özüniň jemgyýetindäki maşgala durmuşynyň gurluşy, maşgala däpleri we esaslary ýeke-täk mümkin bolan we iň gowy esaslar bolýarlar. Şol sebäpli maşgala durmuşyna köplenç milli nukdaýnazar bilen garalýar.

Eger maşgalanyň jemgyýetdäki ornuny aňlamaklyk üçin, onuň taryhyna garalsa, onda jemgyýetiň iň ýöntem görnüşlerinde maşgalanyň ýeke-täk sosial edara bolanlygy tassyklanylýar. Bu ýerde häkimiýeti, harytlary we beýleki baýlyklary bölmek meselesinde bir ýa-da birnäçe maşgalanyň

maslahatynyň esasynda çözülendir. Has çylşyrymlaşan medeniýetlere geçilmegi bilen jemgyýetde beýleki edaralar döräp, olaryň ähmiýeti artyp başlaýar. Taýpalaryň ulalmaklygy bilen medeniýet ösüp syýasy guramalary döretmeklik gerekliligi döreýär. Şonuň ýaly-da dini we beýleki edaralar döräp başlaýarlar, terbiýeçileriň we ruhanylaryň kanunlaşdyrylan wezipeleri dörelýärler. Olaryň kä biri maşgaladan aýrylýar.

Görşümiz ýaly, maşgala jemgyýetiň ähli sosial edaralarynyň esasy bolýar. Şonuň üçin maşgalanyň ösüşi barada aýdylanda jemgyýetiň ösüşi göz öňüne gelýär. Jemgyýetiň beýleki edaralary ýaly maşgala hem jemgyýetde ähmiýetli wezipeleri ýerine ýetirmeklik üçin kadalaryň we düzgünleriň ulgamy gerek bolýar. Bu ýerde ol çagalary terbiýelemekligi we beýleki jemgyýetiň gerekliliklerini üpjün edýän nika bilen birikdirilen topar ýa-da garyndaşlyk hökmünde kesgitlenýär. Jemgyýetiň köp görnüşlerinde maşgalanyň wezipeleri biri-birinden kän tapawutlanmaýar, şol bir wagtda-da adamlaryň olary amal ediş görnüşleri we usullary tapawutlanýarlar. Mysal üçin, türkmen maşgalasyna monogamiýa (monos grekçe bir, ýeke-täk, gamos nika) we giňeldilen görnüş häsiýetlidir. Oňa beýlekiler bilen meňzeşlik hem häsiýetli. Ähli jemgyýetlerde diýen ýaly maşgalanyň döreýän başlangyç döwri kynçylyklar bilen bagly bolup, är-aýal ýanýoldaşlyk gatnaşyklary barlagyndan geçmeli bolýar.

Nikany jemgyýetçilik tarapyndan makullanan, maşgalany düzýän iki ýa-da köp adamlaryň maşgala bolmaklaryna kömek berýän özüňi alyp barmaklygyň nusgalary diýip kesgitlese bolar. Nika baglanyşygy diňe bir nesil öndürmeklik üçin gerek bolman, eýsem, ýene-de ençeme hukuk we borç kadalaryny göz öňünde tutýar. Şonda her bir jemgyýet özüniň maşgalada adamlaryň özüňi alyp barmaklygyň nusgalyk ulgamyny döredýär.

Jemgyýetiň ähli görnüşlerinde maşgala kesgitli sosial meseleleri çözmekligi maksat edinýän edaralaýyn düzüm hökmünde ösýär. Ol bu ýerde dürli wezipeleri ýerine ýetirýär.

Olaryň käbiriniň üstünde durup geçeliň. Jemgyýetiň täze nesilleri öndürmek we adamy milli we umumyadamzat gymmatlyklaryna girişdirmek, pikir alyşmak we duýgy isleglerini kanagatlandyrmak ýaly wezipeleridir.

Öz düzümi we hili zerarly maşdala adamlaryň duýga bolan isleglerini kanagatlandyrýan esasy çeşme bolýar. Garyndaşlyk w ýanýoldaşlyk gatnaşyklary adamlara şeýle mümkinçilikleri döredýärler. Maşgalada terbiýelenen her bir adam maşgala agzalaryndan miras hökmünde ony häsiýetlendirýän dürli derejeleri alýar. Olar: onuň milleti, şäher ýa-da oba medeniýetindäki orny we başgalardyr. Jemgyýetiň ähli görnüşlerinde maşgala öz agzalarynynyň fiziki, ykdysady we psihologiki goraglylygyny üpjün edýär. Aýratyn ýagdaýlarda maşgala agzalalary adamyň günäsi üçin günä we gynanç çekýärler. Maşgala agzalary bilelikde hojalyk ýöredip, öz agzalarynyň arasynda berk ykdysady baglanyşygyň bolmagyna hemaýat edýärler. Maşgala jemgyýetiň iň berk ykdysady topary bolýar.

## Bäşinji bap. Jemgyýetiň ruhy-medeni durmuşy

**Jemgyýetçilik aňy**. Ilki bilen jemgyýetçilik aňyna tutuşlygyna jemgyýetiň ruhy durmuşy hökmünde garap, onuň jemgyýetiň ýaşaýşynda we ösüşinde wajyp orna eýe bolýanlygyny belläliň. Ol baý mana eýe bolan ýagdaýynda adamlaryň durmuşynda oňaýly ruhy atmosferany, gowy ahlaky-psihologiki şertleri döredýär. Başga bir ýagdaýlarda jemgyýetiň ruhy durmuşy garyp, täsirsiz bolmagy mümkin. Jemgyýetiň ruhy durmuşynyň mazmunynda onuň hakyky adamkärçilik manysy ýüze çykýar. Ruh, ruhulyk diňe adama degişli bolup, ony dünýäniň beýleki zatlaryndan beýgeldýär.

Aýratyn adamyň aňy we jemgyýetçilik aňy biri-biri bilen bagly bolýarlar. Aýratyn adamyň aňynda onuň jemgyýetde ýaşaýşynyň we hereketiniň özboluşlylygy, şonuň ýaly-da onuň häsiýetiniň, onuň ruhy medeniýetiniň derejesi ýüze çykýar. Aýratyn adamyň aňy bilen jemgyýetçilik aňy özara täsirde

bolýarlar. Köp adamlaryň özboluşly aňy täsin obrazlar, ideýalar bilen jemgyýetçilik aňyny baýlaşdyrýarlar. Şol bir wagtda-da her bir adamyň aňy jemgyýetçilik aňynyň täsiri bilen kemala gelýär we ösýär.

Aýratyn adamyň aňynda özboluşly, goý, ol üýtgetmeler esasynda kabul edende hem, onuň jemgyýetde ýaşap özleşdiren öz aňynyň üstünden geçiren göz öňüne getirmeleri, garaýyşlary, ters pikirleri bar bolýar. Şahsyýet öz halkynyň, adamzadyň ruhy baýlygyny näçe köp özleşdirse şonça-da ruhy tarapdan baý bolýar.

Jemgyýetçilik aňynyň wezipeleri köpdürlidir. Olaryň käbiriniň üstünde durup geçeliň. Olaryň birinjisi akyl ýetirmeklik funksiýasy. Jemgyýetçilik aňy adamlaryň gös-göni amaly işiniň hem, ylym äleminde amala aşyrylýan akyl ýetiriş işiniň hem netijeleriniň tebigat biliminde, jemgyýetiň durmuşyna akyl ýetirmeginiň netijeleri bolsa jemgyýetçilik taglymatlarda umumylaşdyrylýar.

Sosial toparlaryň, gatlaklaryň bähbitlerini beýan etmeklik jemgyýetçilik aňynyň wajyp wezipesi bolýar. Jemgyýetçilik ösüşiniň irki döwürlerinde munuň özi uruguň we taýpanyň bähbidine düşünmek görnüşinde ýüze çykypdyr, şoňa görä-de ol adatlar, däp-dessurlar we beýleki görnüşlerde berkidilipdir. Häzirki döwürde bu wezipe ideologiýanyň üsti bilen ýerine ýetirilýär.

Jemgyýetçilik hadysalaryna akyl ýetirmeklikde, durmuşy bähbitleri beýan etmeklikde ideologiýanyň we jemgyýetçilik psihologiýasynyň esasy wezipesi bolan sosial-amaly wezipäni amala aşyrmak üçin zerurdyr. Olar jemgyýeti birleşdirmäge, adamlary ol ýa-da beýleki maksatlary gazanmaga gönükdirmäge we şonuň bilen durmuşy hereketleri düzgünleşdirmekde işewür orun eýelemeklige ukyplydyrlar. Ynanç köpçüligiň kalbyna ornan mahalynda ol adamlary döredijilige gönükdirýär.

Jemgyýetçilik aňy hem, aýratyn adamyň aňy hem adamlaryň jemgyýetçilik durmuşynyň şöhlelenmesi bolup, ony köre-körlük bilen kabul etmeýär. Ol belli bir derjede

özbaşdaklyga, onda-da ep-esli derejedäki özbaşdaklyga eýe bolýar.

Jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşynyň ýöne bir yzyna düşmän, ony aňlaýar, jemgyýetdäki özgerişleriň manysyny açýar. Ýöne, ol jemgyýetçilik ösüşden yza galýar. Doly ýüze çykyp, öz ýetjek derejesine ýeten halatynda olaryň özgerişleri düýpli aňlamaklygy mümkin bolýar. Şol bir wagtda-da jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşyndan öňde-de bolup biler. Jemgyýetde bolup geçýän ol ýa-da beýleki hadysalaryň derňewine esaslanyp, jemgyýetçilik aňy onuň ösüşiniň mümkingadarlygyny görüp we şonuň esasynda özgerişleriň geljekde mümkin bolup biljek gidişini öňünden aňlap biler.

Jemgyýetçilik aňynyň belli bir derejedäki özbaşdaklygy, onuň öz ösüşinde adamzadyň paýhasyna, ylmyna, sungatyna, umuman, medeniýetiň gazananlaryna daýanýanlygy bilen hem kesgitlenip biliner. Şeýle ýagdaý jemgyýetçilik aňynyň yzygiderliligi bilen baglydyr. Şonuň esasynda durmuşyň dürli ugurlarynda ýygnanan nesilleriň ruhy mirasy ösýär. Bular bolsa jemgyýetçilik aňynyň diňe bir jemgyýetçilik durmuşyny şöhlelendirmek bilen çäklenmän, onuň öz ösüşiniň içerki logikasynyň, özüniň ýörelgeleriniň we däpleriniň bardygyny aňladýar.

Jemgyýetçilik aňynyň belli bir derejedäki özbaşdaklygy, onuň jemgyýetçilik durmuşyna işewür täsir etmekliginiň üsti bilen hem ýüze çykýar. Dürli görnüşdäki pikirler, taglymatlar, syýasy doktrinalar, ahlak ýörelgeleri, sungat eserleri, din jemgyýetiň ösüşine oňaýly täsirem, oňaýsyz täsirem edip biler. Mysal üçin, bu ýagdaý jemgyýetiň ruhy durmuşyny baýlaşdyryp, onuň jebisleşmegine edýän täsiri bilen bagly bolýar. Indi bolsa aňyň aýratynlyklaryny häsýetlendirmek üçin onuň düzümine garalyň.

**Jemgyýetçilik aňynyň düzümi**. Jemgyýetçilik aňynyň çylşyrymly düzümi bolýar. Onuň düzüminde her haýsy belli bir derejede özbaşdak we şol bir wagtda-da onuň beýleki taraplary bilen gönümel ýa-da aralyklaýyn baglanyşyga girýän ruhy

düzümleri tapawutlandyryp bolýar. Gutarnykly ýagdaýda jemgyýetçilik aňyny aýratyn taraplary biri-biri bilen baglanyşykda bolan düzümleýin bitewilik hökmünde göz öňüne getirse bolýar.

Häzirki döwrüň sosiýal filosofiýasy jemgyýetçilik aňynyň düzüminde aşakda getirlen taraplary tapawutlandyrýar:

-adaty we nazaryýet aňy;

-jemgyýetçilik psihologiýasy we ideologiýa;

-jemgyýetçilik aňynyň görnüşleri.

Şu düzüm bölekleri häsiýetlendirmek üçin ilki bilen biz jemgyýetçilik aňynyň derejeleri bilen baglanyşykly meseläniň üstinde durup geçeliň. Jemgyýetçilik aňy iki sany dürli garaýyşlardan: şöhlelendirilýän zadyň nukdaýnazaryndan we şöhlelendirmegiň derejesi nukdaýnazaryndan seljerilip bilner. Bu ýerde bir tarapdan, tebigat we onuň kanunalaýyklyklary, beýleki tarapdan bolsa, jemgyýet we onuň ýörelgeleri şöhlelendirilýän zat hökmünde çykyş edýärler. Tebigatyň-da, jemgyýetçilik durmuşynyň-da şöhlelendirilişi, öz nobatynda, dürli derejede – ýa adaty-amaly aňyň görnüşinde ýa-da nazaryýet aňynyň görnüşinde amala aşyrylyp biliner. Bularyň birinjisi ozaly bilen adamlaryň we sosial toparlaryň adaty, gündelik durmuşynyň şertleri arkaly kemala gelýän düşünjeleriň, endikleriň, pikirleriň, sosial meýilleriň jemi hökmünde çykyş edýär. Şoňa görä-de adamlar şol garaýyşlaryň nireden peýda bolýandyklary we olary döreden jemgyýetiň nämeden ybaratdygy barasynda pikirlenmeýärler.

Adaty-amaly aň taryhy taýdan jemgyýetçilik aňynyň ilkinji görnüşidir. Jemgyýetiň kämilleşmekligi, zähmet bölünişiginiň güýjemegi adamlaryň gündelik işinden aýrybaşgalaşan nazaryýet pikirlenmäniň döremegine getirdi. Sosial gatlaklaryň we döwletiň peýda bolmagy, olar bilen bilelikde bolsa syýasatyň we hukugyň ýüze çykmagy jemgyýetçilik durmuşyny çylşyrymlaşdyrdy. Olar özüniň beýanyny aňyň gurşawynda hem tapdylar.

Adaty we nazaryýet aňy jemgyýetçilik aňynyň iki - aşaky we ýokarky derejeleri bolýarlar. Olar biri-birinden

jemgyýetçilik hadysalary aňlamaklygyň düýplüligi, olara düşünmekligiň derejeleri bilen tapawutlanýarlar.

Adaty aň ahli adamlara mahsus bolýar. Ol adamlaryň her günki işleriniň, olaryň tejribeleriniň esasynda kemala gelýär. Ol köplenç adamlaryň durmuşy maglumatlary öz akymyna şöhlelendirmekleri esasynda ýüze çykýar. Haçan-da adamlar ol ýa-da beýleki hadysalara ylmy taýdan düşünmedik ýagdaýlarynda, olar barada özleriniň adaty aňynyň derejesinde pikir ýöredýärler. Şeýle ýagdaýlar her bir adamyň we adam toparlarynyň tejribesinde hem az duşuşmaýar. Sebäbi, biz köp zatlar barada ylmy esasda pikir ýöretmeýäris.

Adamlaryň bilimi näçe derejede pes bolsa şonça hem olar jemgyýetiň durmuşyndaky hadysalar barada adaty aňyň derejesinde pikir ýöredýärler. Ýöne ýokary sowatly adam hem ähli zat barada ylmy esasda pikirlennmeýär. Şol sebäpli, adaty aň giň meýdanda ulanylýar. Ol „sagdyn manyda“ jemgyýetçilik durmuşynyň köp hadysalary barada pikir aýtmaga, umuman, dogry çözgütleri tapmaklyga esas bolýar. Şonuň bilen hem adaty aňyň adamlaryň durmuşyndaky we jemgyýetiň ösüşindäki orny kesgitlenýär.

Ýaşaýyş tejribesine esaslanýan adaty aňda adamlaryň durmuşyň çylşyrymly ugurlarynda dogry gözükmekleri üçin gerek bolan örän köp sanly peýdaly maglumatlar toplanandyr. Şol bir wagtda hem adaty aňda hyýaly, örän howaýy, çen bilen aýdylýan, kä halatlarda ýalňyş pikirler, ters pikirler hem az däl. Olaryň esasynda hem jemgyýetçilik pikiriniň üsti kä halatlarda „eşitmişler“ („myş-myşlar“) bilen hem ýetirilýär. Şonuň üçin jemgyýetiň durmuşynda nazaryýet aňyň artmagy zerurdyr.

Nazaryýet aňy adaty aňdan tapawutlylykda jemgyýetçilik durmuşynyň hadysalarynyň many-mazmunyny we olaryň ösüş kanunlaryny aňlaýar. Bu jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşyna degişlilikde hem amal edilýär. Şonuň üçin bu aň adaty aňdan has ýokarda bolýar. Nazaryýet aňy logiki taýdan arabaglanyşykly kadalaryň ulgamy hökmünde çykyş edýär. Diýmek, ol jemgyýetçilik durmuşynyň ol ýa-da beýleki taraplary bilen bagly belli bir ylmy taglymat bolýar. Nazaryýet

aňy döredijiler bolup ylmyň dürli ugurlarynda işleýän alymlar, hünärmenler çykyş edýärler.

Adaty we nazaryýet aňy özara täsirde bolýarlar. Netijede, olaryň ikisi hem baýlaşýar. Mysal üçin, jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlary bilen baglanşykly ylmy maglumatlaryň goşulmagy bilen adaty aň baýlaşýar. Şu nukdaýnazardan häzirki jemgyýetçilik aňy mundan bir, iki asyr öňki aňdan tapawutlanýar. Türkmen jemgyýetçilik aňynyň garaşsyzlykdan öňki ýyllardaky aňdan köp derejede üýtgändigini aýtsa bolar, öz gezeginde täze Galkynyş eýýamynyň jemgyýetçilik aňy hem köp derejede täzelenýär, täze many-mazmuna eýe bolýar.

Jemgyýetçilik ideologiýanyň we jemgyýetçilik psihologiýasynyň üstünde durup geçeliň. Bilşimiz ýaly, ideologiýa adamlaryň durmuşy hakykata we biri-birine gatnaşyklaryny, durmuşy meseleleri we gapma-garşylyklary aňlamaklyga we bahalandyrmaklyga hem-de bar bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny berkitmeklige ýa-da üýtgetmeklige gönüükdirilýän durmuşy maksatlary (maksatnamalary) öz içine alýan garaýyşlaryň we pikirleriň ulgamy bolýar. Jemgyýetde ideologiýa adamyň hereketini manylaýjy we gözükdiriji ulgam, adamy syýasy herekete iteriji we adamlary birikdiriji güýç wezipeleri ýerine ýetirýär. Syýasy ideologiýa, birinjiden, isleg bildirýän jemgyýetiň nusgasyny beýan edilişi we ikinjiden, ösüşe we ony amal ediliş usulyna bolan garaýyş bilen tapawutlandyrylýar.

Türkmen jemgyýetiniň täze Galkynyş eýýamynyň ideologiýasy, mysal üçin, şol hyjuw biri-biriniň üstini ýetrýän „Döwlet adam üçindir!“ diýen ýörelgäniň we „Adam döwlet üçindir!“ diýen şygaryň üsti bilen ýüze çykýar. Olar bir bitewi ahlak meýdanyny döredip, şu döwrüň ruhy-medeni maksatnamasy bolup çykyş edýärler.

Jemgyýetçilik psihologiýasynda jemlenen jemgyýetçilik durmuşynyň gatnaşyklary we hadysalary özlerini diňe bir adamlaryň gerekliliklerinde we bähbitlerinde ýüze çykarman, eýsem, dürli görnüşli duýgularda, meýillerde, gylyk

häsiýetlerde, adatlarda, däplerde, şonuň ýaly-da olaryň maksatlarynda, pikirlerinde we ymtylmalarynda hem aňladýarlar. Bu ýerde jemgyýetçilik durmuşynda bolup geçýän hadysalara düşünmek we olara bolan adamlaň ruhy gatnaşygyny aňladýan belli bir duýgy we paýhas hyjuwy bolýar.

Jemgyýetçilik psihologiýasy adamlaryň öz ýaşaýyş şertlerine we jemgyýetçilik durmuşyna duýgy we paýhas gatnaşyklarynyň jemi bolup çykyş edýär. Ony sosial toparlaryň we milli birleşikleriň psihiki häsiýetleriniň ýüze çykmasy hökmünde häsiýetlendirip bolar. Mysal üçin, milli psihologiýa, şeýle gatnaşyklar häsiýetli bolýar. Ol halkyň milli häsiýetinde aýdyň görünýär. Jemgyýetçilik psihologiýasy durmuşy we oňa bolan gatnaşygy kabul etmekligiň ynançlary, durmuşy ýörelgeleri bolup ýüze çykýarlar. Durmuşy psihologiýa jemgyýetde gymmatlyklaýyn gözükdirme we sebäpli-ugrukdyryjy wezipeleri ýerine ýetirýär.

Şeýlelikde, biz jemgyýetçilik aňy seljerýän mahalymyzda onuň derejeleriniň her birinde (nazaryýet derjesinde hem, adaty-amaly derejesinde hem) adamlaryň sosial durmuşyna degişli bölegini tapawutlandyryp, ony şol derejelere laýyklykda ideologiýa we jemgyýetçilik psihologiýasy hökmünde aňladýarys. Durmuşda ideologiýa bilen jemgyýetçilik psihologiýanyň arasy biri-birinden geçip bolmajak çäk bilen bölüngi däldir, olar biri-biri bilen ysnyşykly utgaşýarlar, biri-birine täsir edýärler.

Jemgyýetçilik ýaşaýşynyň şöhlelendirilmesiniň we jemgyýetiň durmuşyna jemgyýetçilik aňynyň yzyna täsir etmeginiň hakykatdan hem amala aşyrylmagyna hut özleri maý berýän özboluşly görnüşleri derňemezden jemgyýetçilik aňy barada dogry düşünje edinip bolmaz.

**Jemgyýetçilik aňynyň görnüşleri we olary çäklendirmekligiň ölçegleri.**

Häzirki döwrüň sosial filosofiýasynda jemgyýetçilik aňynyň syýasy, hukuk, ahlak, estetiki, dini, ylmy we filosofiki görnüşlerini tapawutlandyrýarlar. Olaryň her biri

jemgyýetçilik durmuşynyň degişli taraplaryny şöhlelendirýärler we olary ruhy taýdan ýüze çykarýarlar. Şonda jemgyýetde bolup geçýän syýasy, ykdysady we beýleki özgerişleri ol ýa-da beýleki derejede täsir edýän jemgyýetçilik aňyň ähli görnüşleriniň belli bir özboluşlygy saklanýar.

Jemgyýetçilik aňynyň görnüşlerini tapawutlandyrmagyň we çäklendirmegiň ölçegleri nämeler bolýarlar? Ilki bilen olar garaýan zatlary bilen tapawutlanýarlar. Olaryň her birinde jemgyýetçilik durmuşynyň ol ýa-da beýleki tarapy şöhlelendirilýär. Şu hem çäklendirmekligiň esasyna goýulandyr. Mysal üçin, syýasy aňda beýleki taraplardan has giň möçberde adamlaryň syýasy hereketlerini we şonda ýüze çykýan gatnaşyklary özünde jemleýän jemgyýetiň syýasy durmuşy şöhlelendirilýär. Hukuk aňynda hukuk kadalaryny we kanunçylyk namalary işläp düzmeklik we ulanmaklyk bilen baglanyşykly jemgyýetiň hukuk durmuşynyň dürli pursatlary şöhlelendirilýär. Ahlaklylyk aňy jemgyýetde bar bolan ahlak gatnaşyklaryny şöhleledirýär. Özüniň ýüze çykmasynyň bir görnüşi sungat bolan estetiki aň bolsa adamlaryň özlerini gurşap alýan dünýä bolan estetiki gatnaşyklaryny şöhlelendirýär. Jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynyň özara bagalnşykda bolany sebäpli, jemgyýetçilik aňynyň her bir görnüşiniň olary gönüleýin ýa-da gytaklaýyn şöhlelendirjekligi düşnüklidir. Ýöne "öz" meselesini ol beýlekilerden has doly şöhlelendirýär we ruhy taýdan özleşdirýär.

Jemgyýetçilik aňynyň görnüşleri sosial barlygyň degişli taraplaryny şöhlelendirmegiň görnüşleri we usullary bilen hem tapawutlanýarlar, diýmek, çäklenýärlerem. Mysal üçin, ylym dünýäni düşünjeler, gipotezalar, nazaryýet ulgamlary, taglymatlar görnüşinde şöhlelendirýär. Şonda ol akyl ýetirmäniň tejribe, modelirleme, pikir ýöretmeklik, eksperiment usullaryna ýüzlenýär. Estetiki aňyň ýüze çykmasy görnüşinde sungat dünýäni çeper obrazlaryň üsti bilen şöhlelendirýär. Ahlak aňy özüňi alyp barmaklygyň ahlak kadalarynda we ýörelgelerinde, şonuň ýaly-da däplerde,

adatlarda we başgalarda öz beýanyny tapýan ahlak başdan geçirmeler we garaýyşlar görnüşde jemgyýetde bar bolan ahlak gatnaşyklaryny şöhlelendirýär. Jemgyýetçilik gatnaşyklary syýasy we dini garaýyşlarda hem özboluşly şöhlelendirilýär.

Ahyrynda, jemgyýetçilik aňynyň görnüşleri jemgyýetiň durmuşynda tutýan orunlary we ähmiýetleri bilen hem tapawutlanýarlar. Şu ýagdaý olaryň her biriniň jemgyýetde ýerine ýetirýän wezipeleri bilen kesgitlenýär. Bu ýerde gürrüň jemgyýetçilik aňynyň dürli görnüşleriniň ýerine ýetirýän akyl ýetirmekli, estetiki, terbiýeçilik we ideologiki wezipeleri şonuň ýaly-da adamlaryň özüni alyp barşyny we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny ahlak, syýasy we hukuk taýdan sazlaşdyrmak wezipeleri barada barýar. Ylymda, sungatda, ahlakda, hukuk, din we filosofiki aňda jemgyýetiň ruhy mirasyny saklamak wezipesi barada hem aýtmak gerek. Şonuň ýaly-da ylmyň, filosofiýaň we jemgyýetçilik aňynyň beýleki görnüşleriniň öňünden görüjilik wezipesini hem bellemeklik gerekdir. Jemgyýetçilik aňynyň her bir görnüşinde ýokarda görkezilen wezipeleriň belli bir toplumy jemlenýär. Şolary amal etmeklik bilen olaryň jemgyýetdäki orny kesgtlenýär.

Jemgyýetçilik aňynyň syýasy, hukuk, ahlaky, estetiki, dini we beýleki görnüşleri özara baglanyşykda we özara täsirde bolýarlar. Sebäbi, olarda gönümel şöhlelendirilýän jemgyýetçilik durmuşynyň taraplary biri-birine täsirli bolýarlar. Şeýlelikde, jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşynyň özüniň bitewiligini açyp görkezýän bitewilik bolýar. Jemgyýetçilik aňynyň şu hili düzüm bitewiliginde adamlaryň adaty we nazary aňy, olaryň jemgyýetçilik psihologiýasy we ideologiýa, şonuň ýaly-da ýokarda görkezilen jemgyýetçilik aňynyň görnüşleri biri-birine täsir edýärler. Ol ýa-da beýleki döwürde dörän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň häsiýetine we jemgyýetde çözülýän meselelere görä jemgyýetçilik aňynyň görnüşi - syýasy, hukuk, ahlak, ylmy ýa-da dini aň öňe çykmaklygy mümkindir.

Häzirki Türkmenistanyň täze Galkynyş we beýik özgertmeler döwründe jemgyýetde syýasy, hukuk, ahlak, dini aňyň we aňyň beýleki görnüşleriniň ähmiýeti artýar. Jemgyýetiň syýasy ulgamynyň täze görnüşe eýe bolýan döwründe adamlaryň syýasy aňynyň ähmiýeti ýokarlandy.Täze jegyýetçilik gatnaşyklaryna geçilýänligi we hukuk döwletiniň gurulmagy bilen, hukuk döredijilik işiň işewürleşýänligi sebäpli, hukuk aňy hil taýdan özgermeli bolýar. Ahlak, estetiki we dini aňyň orny hem beýgelýär. Olar halkyň ruhy medeniýetiniň baýamagyny we adamlaryň özara gatnaşygyny ynsanperwerleşmegini üpjün edýän ahlak we estetiki gymmatlyklary taplamaklyga hyzmat etmelidir.

Jemgyýetiň ösüşinde täze derejä we hile çykmaklygy, onuň demokratik häsiýetleriniň işewür açylmagy we ýaşaýşyň täze görnüşlerine geçilmegi adamlaryň döredijilik işewürligini artdyrmaklygy talap edýär. Bu işewürlik düýpli aňlanylyp, aýdyň maksatlara we ynançlara esaslanmalydyr. Şeýlelikde, jemgyýetçilik aňynyň ähli görnüşleriniň ähmiýeti artýar. Aňyň bu görnüşleriniň çäginde jemgyýetçilik durmuşynyň özgerişi we onda bolup geçýän hadysalar aňlanylýar hem-de olara işewür täsir etmekligiň usullary işlenip düzülýär.

## Altynjy bap. Halk köpçüliginiň we şahsyýetiň taryhdaky roly. Taryhyň manysy we taryhy progres ideýasy

**Halk taryhy esasy dörediji güýç hökmünde.** Halkyň taryhdaky kesgitleýji ornuny nygtaýan taglymatlar bilen bir hatarda, bu orny şahsyýetler bilen baglaýan taglymatlar hem az däl. Bu ýerde taryhy hereketlendiriji güýç hökmünde – „absolýut „meni““ (M. Ştirner), „belent şahsyýetleri“ (T. Karleýl), „ýokary adamy“ (F. Nisse), „dörediji elitany“ (W.Pareto, G. Moska), „tehnokratik ýa-da dolandyryjy elitany“ (Dž. Býornhem, G. Lassuel), „beýik şahsyýetleri“ (häzirki zaman liderlik taglymaty) öňe sürýärler. Şahsyýetiň taryhdaky orny barada örän ýerlikli pikirleri Gegeliň, täzeleniş döwrüniň

fransuz taryhçylary O. Týerriniň, F. Gizonyň, F. Minýeniň eserlerinde görmek bolýar.

Halk köpçiliginiň taryhdaky aýgytly ornuny nemes filosoflary K. Marks we F. Engels görkezmeklige çalşypdyrlar. Maddy önümçiligi adamzat ýaşaýşynyň ähli beýleki görnüşlerini kesgitleýji ugur hökmünde tapawutlandyryp, olar halk köpçüligini jemgyýetiň esasy öndüriji güýji diýip häsiýetlendirýärler. Halk – maddy gymmatlyklary dörediji bolup, sosial rewolýusiýalary işewür durmuşa geçiriji güýç bolar diýen pikiri nemes filosoflary nygtaýarlar. Şonuň ýaly-da olar halkyň dili we ruhy medeniýeti döretmekdäki ornyny hem görkezýärler. Marksistik taglymyt halk köpçüliginiň taryhdaky ornunyň kem-kemden güýjeýänligini we ýokarlanýandygyny belleýär. Onda-da onuň oýlanşykly hereketiniň artýanlygyny nygtaýar.

Görşümiz ýaly, bu ýerde halkyň taryhy ösüşdäki orny ilki bilen, onuň jemgyýetiň esasy öndüriji güýjüni düzýänligi bilen baglanylýar. Şu manyda ol hakykatdan hem taryhy dörediji bolýar. Ýöne, halk köpçüliginiň orny diňe maddy önümçilik bilen çäklenmeýär. Ol ruhy medeniýetiň hem esasyny döredýär. Olara halk sungatynyň eserleri, halkyň arhitektura-binägärlik nusgalary mysal bolup bilerler. Halk milli dili goraýar we ösdürýär, ajaýyp ruhy gymmatlyklary dörediji we göteriji bolýar. Halk köpçüliginiň taryhdaky orny dürli döwürlerde üýtgän, özgerendir.

Halkyň taryhy dörediji güýje öwrülmegi üçin, onuň aňyýetiniň, guramaçylyk ukyplarynyň artmaklygynyň gerekligi baradaky pikir köp eserlerde öňe sürülýär. Onuň üçin bolsa halk bilen şahsyýetiň jebis baglanyşyga girmelidiginiň zerurlygy olarda bellenilýär. Taryhyň ösüşiniň kesgitleýji pursatlarynda taryhy şahsyýetleriň halky öňe alyp gitjek güýje öwrülmekleri üçin, olar özlerinde milleti öňe alyp gitjek ruhy güýç-kuwwaty jemlemeli bolýarlar. Halk köpçiligi bilen şahsyýetiň ruhy arabaglanyşygy türkmen halkynyň ruhy-medeni mirasynda hem beýan edilýär. Bu ýerde şeýle baglanşygyň ýüze çykmaklygy üçin taryhyň bir döwründe

jemgyýetde ýygnanan gujur-kuwwat indiki bir döwürde milletiň kemala getiren şahsyýetinde tebigy suratda döremelidigi, özi hem şol ýerde galmak üçin ýa-da ýitip gitmek üçin däl-de, taryhy hereketiň üçünji nokadynda täze hilde milletiň öňüne gaýdyp gelmek we ony täze belentliklere çykarmak üçin döremelidigi aýdylýar. Netijede, milletiň özi täze gerejä galmaly. Şol derejede millet ruhy we maddy medeniýeti döredip, olary nesillerden nesillere kämilleşdirip geçirmeklik ukybyna eýe bolýar. Bu derejä bitewileşen millet we jebis sosial toparlar çykyp bilýärler. Eger, sosial birleşme düzüm böleklere bölünip bir bitewilige öwrülmedik ýagdaýynda, ol oňaýly herekete ukypsyz mähelle bolýar.

**Mähelle we onuň psihologiýasy.** Mähelle – giňişlikdäki gönümel ýakynlygy ýa-da haýsy hem bolsa başga daşky täsiriň we duýgulaýyn umumylyk esasynda az wagtlaýyn birleşen, içki taýdan gurnalmadyk adamlaryň köpçiligi bolýar. Ylymda mähellä dürli garaýyşlar bar. Köplenç, mähellä aňsyz, gözsüz weýran ediji güýç hökmünde garalýar. Fransuz alymy G. Lebon (1841-1931) mähelläniň düzümine sosial toparlaryň dürli görnüşlerini, hatda syýasy partiýalary hem goşup, oňa örän giň häsiýetnama berýär. Ol XX asyryň başlangyç döwrüni „mähelläniň zamanasy“ diýip atlandyrýar.

Belli ispan filosofy Ortega i Gasset (1883-1955) özüniň „Mähelläniň gozgalaňy“ atly eserinde şu meseläni düýpli derňeýär. Onuň aýtmagyna görä, „mähelle“ düşünjesi göze görnüp duran we belli bir hil häsiýete eýe bolan topary aňladýan düşünje bolýar. Alym bu düşünjäni sosiologik nukdaýnazardan derňeýär. Jemgyýet, onuň pikiriçe iki zadyň: azlygyň we köpçüligiň hereketli birligi bolýar. Azlyk – adam ýa-da adamlaryň topary bolup, mähelleden hil taýdan tapawutlanýar. Köpçülik – hil taýdan biri-birinden kän bir tapawutlanmaýan adamlaryň mähellesi bolýar. Mähelläniň esasy häsiýetli hil aýratynlygydyr. Orteganyň aýtmagyna görä, onuň jemgyýeti aşak alyp barýan ýük bolýanlygy bilen baglydyr. Köplenç mähelle başlangyç islegleri, pikirleri, ýaşaýyş obrazlary meňzeş bolan adamlardan kemala gelýär.

Alymyň pikiriçe, şeýle ýagdaý adamlar oňa nähili görnüşde saýlananlarynda hem, her bir jemgyýetçilik toparynda bolup geçýär. Ýöne mähelläni saýlanan azlykdan tapawutlandyrýan häsiýetli aýratynlyk hem bar.

Mähelle ýa-da köpçülik däl toparlarda, olary düzýän adamlary herekete getirýän islegler, pikirler, kämillik ölçegler gabat gelýärler. Dürli hili işler bilen meşgul bolýan kiçi topar döremezden ozal, oňa girýän adamlar özboluşly häsiýete eýe bolup, haýsy hem bolsa bir sebäbe görä mähelleden aýrylmaly bolýarlar. Şonda adamyň kämillik nusgalarynyň we gözükmeleriniň topara girýän beýleki adamlaryň gözükmeleri bilen gabat gelmekligi kiçi toparyň döremekligine ilkinji esas bolýar. Köpçülikde bolsa şeýle meňzeşligiň döremekligi örän kyndyr.

„Köpçülige“ diňe adamlaryň ýygnanyşygy hökmünde garamaklyk ýeterlik bolmaýar. Ony psihologiki nukdaýnazardan häsiýetlendirmeklik hem zerurdyr. Sebäbi, mähelle görnüşindäki köpçülige girýän adama belli bir aýratynlyk häsiýetli bolýar. Şonuň üçin ýeke bir adama garalanda hem onuň köpçülik adamsy bolýanlygyny ýa-da bolmaýanlygyny aýtsa bolar. Orteganyň aýtmagyna görä, adam-köpçülik ol dürli sebäplere görä ýagşy ýa-da ýaman tarapdan özüni bahalap bilmeýär. Onuň üçin özüň özüňi „başgalar ýaly“ duýmaklyk häsiýetlidir. Mysal üçin, dürli sebäplere görä, özüniň aýratyn ukybyny bilmeklik üçin öz-özüne baha berjek bolýan ýönekeý adamy göz öňüne getirsek we onuň özünde şol ukyby görüp bilmedik ýagdaýyna garasak, ol özüni ýöntem, ukypsyz, ýönekeý duýmagy mümkin. Ýöne özüni „adam-köpçülik“ kimin duýmaz. Ol mähellä birleşmez. Şu we beýleki esaslar mähelläni pähimli-paýhasly topardan tapawutlandyrýar. Bu ýerde mähelläni köpçülikden hem tapawutlandyrmak çerekdir.

Mysal üçin, fransuz alymy G. Tard (1843-1903) mähelläniň däl-de köpçülikleýin birleşmeleriň (gazýet, žurnal okyjylaryň, sportyň görnüşlerini söýüjileriň we başgalaryň) ornunyň artýandygyny belleýär. Şol bir wagtda hem şu hili

birleşmeleriň soňky wagtda mähelle häsiýetine eýe bolýandyklaryny hem biz görýäris. Şonuň üçin mähelläniň kemala gelşi, onuň görnüşleri we wezipeleri bilen baglanyşykly soraglary öwrenmeklik ähmiýetlidir. Özüni alyp baryşyna görä, häzirki döwrüň ylmy mähelläniň aşaky görnüşleri tapawutlandyrylýar. Olar: tötänleýin; şatlyk, gynanç, garşylyk duýgularyny ýüze çykarýan; hereket edýän görnüşleridir. Adamlaryň mähellede özlerini alyp baryşy ynandyrma, öýkünme we sosial-psihologiki täsire düşme, ýokary duýgurlyk esaslarda güýjeýänligi bilen häsiýetlendirilýär.

**Taryhda şahsyýetiň orny.** Belli bir şertlerde şahsyýet jemgyýetçilik durmuşyna dürli hili täsir edip bilýär. Şol şertleri häsiýetlendirjek bolalyň. Ol ýa-da beýleki adam taryhy hadysalara takyk sosial toparyň, bütin halkyň bähbidini şöhlelendirip, olaryň goldawyna düşende şeýle täsirlilige eýe bolýar. Şeýle şahsyýet eger özüniň döredijiliginde öz döwrüniň gerekliliklerini şöhlelendirip, ýüze çykýan meseleleriň çözgüdini berip, döwrüniň wajyp jemgyýetçilik gerekliliklerine gulluk etmäge ukyply bolan ýadaýynda beýgelýär. Şu nukdaýnazardan ýurt Ýolbaşçysynyň strategiki akyly, häsiýeti we erki taryhy döwür üçin örän ähmiýetli bolýar.

Taryhyň kesgitleýji pursatlarynda halky täze sepgitlere gönükdirmeklik üçin döwrüň özboluşlylygyny, aýratynlyklaryny kesgitlemeklik gerek bolýar. Biz şeýle gerekliligi Türkmenistanyň häzirki döwrüne degişlilikdäki mysalda hem görýäris. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow öz çykyşlarynda türkmen ýurdunyň demokratik gurluşa geçenligini, onuň öz ösüşiniň Beýik Galkynyş eýýamyna gelendigini yzygiderli belleýär. Ýurt Ýolbaşçysy ýurduň özbaşdaklyga eýe bolaly bäri geçilen ýoluny, ýetilen sepgitlerini we gazanylan netijelerini aýdyň görkezip, öz eserlerinde täze Galkynyş eýýamynyň taglymatyny işläp düzdi. Milletiň ruhy galkynyşyny gazanmaklyk örän wajyp, şol bir wagtda hem çylşyrymly meseledir. Döwür näçe çylşyrymly bolsa, şonça-da geljege

akyl ýetirmegi, geljegi görmekligi talap edýär. Şeýle görüş bolsa diňe ylmy taglymat arkaly mümkindir.

Ýurt ýolbaşçysynyň öňe süren Galkynyş taglymaty häzirki döwürde çözmeli wajyp meseleler bolan döredijilikli zähmeti bilen ykdysady ösüşi gazanýan işewür orta gatlagyň ýüze çykmaklyk, ähli ugurlarda döredijiligiň güýjemegine itergi berýän kuwwatly intellektual elitanyň berkemekliginy açyp görkezýän ylmy garaýyşlar bolýar. Şol çözgütler we garaýyşlar ýurdumyzda amal edilýän ähli reformalaryň esasyny düzýärler. Olardan ugur alýan adamlaryň sany jemgyýetde gün-günden artýar. Olar döwlet Baştutanynyň ýurdy mundan beýläk hem galkyndyrmaklyk we döwrebaplaşdyrmak syýasatyny durmuşa geçiriji esasy güýje öwrülýärler. Döwrüň özboluşlylygyny, onuň hereketlendiriji güýçlerini açyp görkezmeklik täze Galkynyş eýýamynyň täsirliligini kesgitleýär.

Adamlara aýratyn täsirlilik, adamlary özüňe çekijilik diňe bir ýurt Ýolbaşçysyna degişlilikde däl, eýsem, her bir ýolbaşçy üçin hem gereklidir. Ýolbaşçynyň aýratyn täsirliligi bilen baglanyşykly meselä garalanda „harizmatiki şahsyýet“ baradaky düşünjäni hem açyp görkezmelidir. „Harizma“ (grekçe harisma-merhemet, Allanyň peşgeşi) düşünjesi aýratyn täsirliligi aňladýar. Şahsyýeti häsiýetlendirmekde bu düşünjäni nemes akyldary M. Weber giňişleýin ulanýar. Lidere „belent wezipäni“ amal etmeklige mümkinçilik berýän, oňa mahsus bolan seýrek duş gelýan häsiýetdir. Köpçilik bilen lideriň aragatnaşygyna bu ýerde duýgulaýyn-mistiki häsiýet berilip, onuň özüňi doly açmaklygy, çäksiz ynanjy we goldawy talap edýänligi bellenilýär. Bu hili aragatnaşyk „mertligi“, „merdanalygy“, „yzygiderli edermenligi“ göz öňünde tutýar. Harizmatiki taryhy şahsyýet täsirli bolýar.

**Taryhyň manysy hakynda.** Taryhy akyl ýetirmeklik bilen bagly meseleler elmydama adamzady tolgundyryp gelendir. Şol meseleletiň çözgütleriniň ilkinji gözlegi, ony taryhy rowaýatlaryň üsti bilen beýan etmek esasynda gazanmaklyga getirýär. Mysal üçin, rowaýatlar Oguznamalar

geçmişi belli bir derejede aňlamaklyga käbir esaslary döretdiler. Olarda taryhy maglumatlar berilip, taryhy wakalar beýan edilýär. Ýöne olarda taryhy tejribäniň düýp manysy bolan paýhas pikirler berilmeýär. Olarda garalýan pursat agalyk edip, wagt ölçegi duýulmaýar. Ähli wakalar bir giňişlikde berilýär.

Ilkinji taryhçy Gerodot hasaplanylýar. Onuň „Taryhynda“ şindi ösüş, özgeriş görkezilmeýär. Beýan edilýän zatlar aýry-aýry şekillere bölünip, olar yzygiderli bitewiligi berip bilmeýärler. Onuň taryhynyň yzygiderligi fantastiki häsiýete eýe bolýar. Ýöne, Gerodot diňe bir wakalary gyzykly beýan etmän, onuň taryhy eseri örän peýdaly durmuş sapaklaryny hem öz içine alýar. Gerodotyň eserlerinden taryhy filosofiki esasda aňlamaklyga täsir eden üç zady bellemek mümkin: taryh diňe syýasy ýa-da harby taryh bolup biler; döwlet işewür azlykdan we maýdal köplükden durýar; halkyň taryhynda kem-kemden amal edilýän gizlin syr bardyr. Fukidid we soňky taryhçylar Gerodotdan tapawutlylykda taryhy esaslara daýanýarlar. Fukididiň eserlerinden soňra taryha adamlaryň häkimiýet we döwletde täsirlilik üçin göreşini hem-de döwletiň agalyk üçin göreşişini şöhlelendirýän wakalar hökmünde aňlamaklyk döredi. Ýöne taryhy filosofiýanyň ilkinji wekili hökmünde italýan akyldary Wikony görkezse bolar. Onuň „Täse ylym“ atly kitaby taryha adamlaryň dil, kada-kanun, hökümet we başga ulgamlary döredýän özgerişi hökmünde garaýar. Wiko taryhda adamzat jemgyýetiniň we onuň edaralarynyň döreýşiniň we kemallaşyşynyň özgerişini görýär. Wikonyň pikiriçe, taryh geçmiş bilen diňe geçmiş hökmünde meşgul bolmaýar. Ol ilki bilen biziň öz ýaşaýan jemgyýetimiziň hakyky düzümi, bize mahsus bolan gylyk-häsiýetler, däp-dessurlar we bizi gurşap alýan adamlar bilen meşgul bolýar.

Wikonyň pikiriçe, taryhda umumy häsiýetlere eýe bolan döwürler bolýar. Ol häsiýetler her bir zada meňzeş öwüşgün berip, beýleki bir döwürlerde gaýtalanýar. Şonda iki döwür hem öz tebigaty boýunça biri-birine meňzeş bolýarlar.

Dogrudan hem taryhda Wikonyň bu pikirini tassyklaýan mysallar bar. Onda-da oňa mysaly diňe bir Ýewropanyň taryhyndan däl, eýsem türkmen halkynyň taryhyndan hem, Oguz hanyň we Seljuklaryň döwrüni getirip bileris. Olaryň umumy häsiýetleri hökmünde: harby serkerdeleriň agalygyny, oba hojalyk önümçiligini, şahsy batyrlyga we ynama esaslanýan ahlagy w başgalary görkezse bolar.

Wikonyň taryhynda meňzeş döwürler şol bir yzygiderlikde gaýtalanmak häsiýete eýe bolýarlar. Gahrymançylykly döwürlerden soňra klassiki döwürler gelip, ol ýerde paýhas hyýaly oýlanmalardan, senagat oba hojalygyndan, parahatçylyga esaslanýan ahlak, söweşe esaslanýan ahlakdan agdyklyk edýär. Ondan soňra pese düşmeklik häsiýetli bolýar. Taryh gaýtalanýan, aýlawly hereket görnüşinde bolýar. Aýlawly hereket şonda ýöne bir tegelek boýunça hereket bolman, eýsem, spiral aýlawly süşýän ýol boýunça hereket bolýar. Diýmek, her bir täze siklde ösüşiň täze derejesine galynýar.

Görşümiz ýaly, Wiko XIX asyrda ýüze çykan esasy taryhy-filosofiki taglymatlaryň esaslandyryjysy bolýar. Şonda bir ugurly, köp ugurly we aýlawly ösüş taglymarlary peýda boldylar.

**Taryhy progres hakynda.** Gegel, Marks we käbir beýleki taryhçylar adamzat taryhyny bitewi görnüşde häsiýetlendirip, ähli halklaryň - biri ir, beýlekisi giýç – bir maksada barýandyklaryny belleýärler. Progres ýoluna düşen halklaryň maksadyny her bir filosof özüçe kesgitländyr.

Gegel adamzadyň taryhy hereketi öz bähbidine eýerýän aýratyn adamlaryň hereketiniň jemi bolýar diýip adalatly belländir. Ýokarda hem biz bu meseläniň üstünde durup geçipdik. Ähli erkleriň we gözükmeleriň jemi her bir adamyň garaşýan netijesinden düýpgöter başga netijä getirýär. Diýmek, adamlar haýsy hem bolsa has ýokary we olaryň bilmeýän zadynyň gurallary bolýarlar. Taryhda haýsy hem bolsa bir ruh, Dünýäniň paýhasy hereket edýär. Dünýä taryhynyň maksady - Dünýäniň ruhunyň öz-özüne akyl ýetirmekligi bolýar.

Dünýäniň ruhy her bir halkyň ruhunda aňlanýar. Halkyň ruhy ony aňlamaklyga çalyşýar, beýgelýär, ýöne ol soňra pese düşüp öz ornuny beýlekilere, has ýaş halklara bermeli bolýar.

Ösüş ýokary galýar. Bu ýerde progresiň kriteriýasy bolup erkinligi aňlamaklyk çykyş edýär. Adamzat ösüp kem-kemden erkinligi has çuňňur aňlamaklyk ýoluna düşýär. Gegeliň dünýä ruhy ýer ýüzüni gezip öz-özüni aňlamaklygyň belentliklerine galýar. Gadymy Gündogar-onuň çagalyk döwri, Gresiýa-ýetginjekligi, Rim-kämilligi, german dünýäsi-garrylygy, gujuryň we paýhasyň berjaý bolmagydyr.

Şeýlelikde, taryh Gegeliň pikiriçe dünýäniň paýhasynyň progressiw ösüşiniň taryhy bolýar. Adamzat erkinligiň agalygynyň basgançaklaryna (ol basgançaklar bolup aýry-aýry ýurtlaryň we halklaryň erkinligi gazanmaklary bolýar) galýar.

Marks hem, özünde Gegeliň güýçli täsirini duýup, adamzat taryhyny bitewi hasaplaýar. Ähli halklar öz ösüşlerinde jemgyýetçilik-ykdysady ösüşiň bäş formasiýasyny: ilkidurmuş obşina, gul eýeçilik, feodal, kapitalistik we kommunustik formasiýalary geçmelidir. Kommunizmde adamlaryň ähli gereklilikleri doly kanagatlandyrylyp garyplyk ýok bolar. Adamlar maşynlary dolandyryp, işden boş wagtlary öz ruhy ösüşleri bilen meşgul bolup öz-özlerini kämilleşdirerler.

Marks taryhda adamlaryň aňyna we erkine bagly bolmadyk, obýektiw kanunlar agalyk edýär diýip belleýär. Ol bu netijäni taryhda gaýtalanmanyň barlygyna esaslanyp çykarýar. Marksyň pikiriçe, eger, taryhda kanunlar bar bolsa, onda olara akyl ýetirip adamzadyň taryhy ösüşini ol ýa-da beýleki takyklykda dolandyryp bolýar.

Marksam, Gegelem adamzadyň ösüşiniň maksadyny – Zeminde paýhasyň we azatlygyň dabaralanmagynda görendirler. Şu maksada-da ähli halklaryň geljegine ynandyrlar. Marksyň taglymaty öz sadalygy bilen özüne çekiji bolup birnäçe döwletler ony özlerine „dini ynanç“ hökmünde kabul etdiler. XX asyryň ortalaryna kommunistik döwletleriň halkara birleşmesi ýüze çykyp, şol asyryň aýaklarynda ol

birleşme dargady. Oňa giren halklar täzeden ösüş ýoluny gözlemeli boldular. Ony biz Türkmenistanyň mysalynda hem görýäris.

Progres barada ýokarda görkezilen taglymatlardan başga-da köp sanly garaýyşlar bar. Ösüşiň derejeleri taglymatydyr. „Kommunistik däl manifest“ adyny alan amerikan alymy U. Rostouň (1916) „Ykdysady ösüşiň derejeleri“ kitaby marksyň taglymatyna garşy ýazylan hem bolsa, ol ondan kän tapawutlanmaýar. Bu ýerde hem bir ugurly ösüşiň shemasy berilip formasiýanyň ýerine „dereje“ sözi ulanylýar. Rostou ähli adamzat taryhyny tehnikanyň kämilleşmeklik taryhyna syrykdyrýar. Ýewropanyň ösen ýurtlarynyň we ABŞ-nyň ösüşi bu ýerde öňünden kesgitlenen, Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasynyň ýurtlary bolsa Rostouň taglymatynda taryhdan daşky ýagdaýda garalýar.

Şonuň ýaly-da köp ugurly ösüşiň we aýlawly ösüşiň taglymatlary hem bar. Nemes alymy K.Ýaspersiň (1883-1969) „Taryhyň başlangyçlary we onuň maksady“ atly kitabynda köp ugurly ösüş taglymaty beýan edilýän bolsa, nemes alymy O. Şpengleriň (1880-1936) „Ýewropanyň ýaşmagy“, şonuň ýaly-da iňlis alymy A. Toýnbiniň ( 1889-1975) „Taryha akyl ýetirmek“ atly düýpli işinde taryhyň siwilizasion ösüş taglymaty berilýar.

Görşümiz ýaly, ösüş barada taglymatlar az däl. Ýöne, ähli ýurtlar we halklar üçin birmeňzeş, nusgalyk ösüş taglymaty ýok, durmuşyň görkezişi ýaly ol bolup hem bilmez. Her bir ösüş ýoluna düşen döwlet öz milletiniň geçen taryhy ýoluny we umumadamzat ösüş ýoluny düýpli öwrenip, ösen ýurtlaryň bu ugurda toplan tejribesini öz medenýetiniň esasynda özleşdirip, öz geljegini kesgitlemeli bolýar. Biziň türkmen döwletimiziň häzirki ösüş ýoly Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe süren täze Galkynyş eýýamynyň taglymaty esasynda kesgitlenýär. Bu taglymat giňişleýin „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ atly kursda açylyp görkeziler.

# Netije

Biziň ýaşaýan häzirki dünýämiz örän çylşyrymly özgerýän bitewilik bolany sebäpli, kesgitli filosofiki garaýyşsyz ony göz öňüne getirip bolmaýar. Şeýle garaýyş hakykylygy, onuň ähli gurşawlarynyň, taraplarynyň we baglanyşyklarynyň özara täsirinde, ösüşde, ähli kanunlarynyň, gapma-garşylyklarynyň bitewiliginde, dünýäde adamyň ornuny hem-de onuň ömrüniň manysyny we beýleki wajyp meseleleri çuňňur aňlamaklyga kömek berýär.

Filosofiki medeniýet adamyň umumy medeniýetiniň aýrylmaz bölegidir. Her bir adamda şeýle medeniýeti taplamaklyk şu günüň wajyp talaby bolýar. Täze Galkynyş eýýamynda türkmen jemgyýetinde geçýän düýpli özgerişlerleriň şertinde diňe bir pikiriňde däl, eýsem, durmuşy hereketiňde hem döwrüni geçiren steoretiplerden, doňup galan dogmalardan we galyplaýyn pikirlerden arany açmaly bolýar. Şeýle döwürde oňoýly-tankydy, döredijilikli, özgerdijilikli pikirlenmeklik gerekdir. Şeýle sungata eýe bolmaklyk üçin adamzadyň toplan filosofiki baýlyklaryny we onuň usullaryny, akyldarlarymyzyň pähim-paýhasyny özbaşdak düýpli özleşdirmeklige çalyşmalydyr.

Täze Galkynyş we beýik özgerişler döwründe türkmen jemgyýetinde berkeýän täzeçillik ruhy pikir kütekligi, durgunlygy bilen ylalaşmaşar. Ol adamyň kämilleşmegine, hereketiniň görnüşleriniň we usullarynyň täzelenmegine, jemgyýetiň progressiw ösüşine itergi berýär. Biziň gözümiziň öňünde kemala gelýän sosial düzümler we adamlaryň ýaşaýyş görnüşleri diňe taryhyň kemala getiren gowulyklaryny miras alan, jemgyýetçilik ösüşiň ähli tejribesini özlerine siňdiren, doly derejede milli we umumadamzat medeniýetiniň gazananlaryna daýanan ýagdaýlarynda ýaşaýşa ukyply bolup bilerler. Şol medeniýetiň wajyp bölegi filosofiýa bolýar.

Giňişleýin filosofiki umumylaşdyrmalar we ygtybarly usulyýet barlagy taryhyň täze döwrüni dogruçyl şöhlelendirmäge gönükdirmeklige, dürli durmuşy düzümleriň

özboluşlylygyny ýüze çykarmaklyga, häzirki çylşyrymly dünýäde adama gymmatlyklaýyn-dünýägaraýyş gözükmeleri bermeklige, adamzadyň geljekki ösüşini çaklamaga kömek berýär. Täze Galkynyş eýýamynda filosofiki medeniýete eýe bolan türkmen adamsynyň döredijilik ukyplary oýanyp, onuň işewürligi artar. Adamzat paýhasynyň egsilmez çeşmesine utgaşan nesiller ajaýyp Watanymyzy mundan beýläk hem beýgelderler.

# EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. A. 2008.

2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji we 2-nji tom.

3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. A. 2007.

4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny).

5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylyşynyň birinji masalahatynda eden çykyşy. Türkmenistan gazýeti 2009-njy ýylyň ýanwar aýynyň 10-y.

6. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama, 2001.

7. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (ikinji kitap). Türkmeniň ruhy beýikligi, 2004.

8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. A. 2007

9. Ортега-и-Гассет Х. «Дегуманизация искусства» и другие работы. М. 1991.

10. Философия: Учебник (Под ред. проф. В.И. Лавриненко) М. 2004

11. Философия: Справочник студента (Г. Г. Кириленко и др.) Ь. 2002

12. Философия техники в ФРГ:Пер. с нем. и англ. М.1989.

13. Современная западная философия: Словарь. М. 1991

14. Современная западная социология: Словарь. М. 1990

15. Философский словарь. М. 1989

16. N. Suwhanow we başg. Türkmen jemgyýetiniň ösüşinde tehnologiýanyň orny. A. 2003.

## Mazmuny

Giriş 3 s.
Birinji bölüm. Filosofiýa we onuň jemgyýetiň hem-de adamyň ýaşaýyş durmuşyndaky orny we ähmiýeti 7 s.
Ikinji bölüm. Filosofiýanyň ösüş taryhy 12 s.
Birinji bap. Gadymy filosofiýa 17 s.
Ikinji bap. Antiki filosofiýa 17 s.
Üçünji bap. Orta asyr filosofiýasy 24 s.
Dördünjiu bap. Täzeden döreýiş (Renesans) döwrüniň filosofiýasy 30 s.
Bäşinji bap. Tňze döwrüň filosofiýasy 34 s.
Altynjy bap. Nemes klassiki filosofiýasy 42 s.
Ýedinji bap. Marksistik filosofiýa 49 s.
Sekizinji bap. XIX-XX asyrlaryň rus marksistik filosofiýasy we günbatar filosofiýasy 52 s
Dokuzynjy bap. XVIII-XX asyrlarda türkmen akyldarlarynyň filosofiki garaýyşlary 57 s.
Onunjy bap. Häzirki zaman filosofiýasynyň esasy ugurlary s.
Üçünji bölüm. Barlyk hakyndaky taglymat 69 s.
Birinji bap. Barlyk hemme zady öň içine alýan reallyk häkmünde 69 s.
Ikinji bölüm. Barlygyň görnüşleri. Men barlyk 71 s.
Üçünji bap. Materiýa filosofiki garaýyş. Materiýanyň gurluşy, dowam ediş usullary 73 s.
Dördünji bap. Dialektika we metafizika. Dialektika-ösüş taglymaty 75 s.
Dördünji bölüm. Adam we onuň dünýädäki barlygy 79 s.
Bäşinji bölüm. Ruh, aň we paýhas 84 s.
Altynjy bölüm. Akyl ýetiriş teoriýasy 89 s
Birinji bap. Akyl ýetiriş teoriýasyna umumy garaýyş 89 s.
Ikinji bap. Akyl ýetirişiň düzümi we onuň düzüm bölekleri
Üçünji bap. Akyl ýetirişiň derejeleri we usullary 96 s.
Dördünji bap. Hakykylyk, onuň obýektiwligi we düýp manysy
Ýedinji bölüm. Sosial filosofiýa 101 s.

Birinji bap. Sosial filosofiýa we onuň düzümi. Adam, jemgyýet we tebigat
Ikinji bap. Ykdysady filosofiýa 106 s.
Üçünji bap. Syýasy filosofiýa 114 s.
Dördçnji bap. Jemgyýet we adamzat, millet we maşgala 121 s.
Bäşinji bap. Jemgyýetiň ruhy-medeni durmuşy 126 s.
Altynjy bap. Halk köpçüliginiň we şahsyýetiň taryhdaky orny. Taryhyň manysy we taryhy progres ideýasy 131 s.
Netije 138 s.
Edebiýat 139 s.
Mazmuny 140 s.